TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## ATAMÄLIK JÜWEÝNI
## عطا ملک جوینی

# ÄLEM EÝELEÝJINIŇ TARYHY
# تاریخ جهانگشای جوینی

## (HOREZMŞALARYŇ TARYHY)
## II

Pars dilinden terjime eden we
çapa taýýarlan
Aýgözel Geldiýewa

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 950**
**J 83**

**J 83** Alaýeddin Atamälik Jüweýni.
Älem eleýijiniň taryhy, II jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 272 s.

**REDAKTOR**

**Dawut Orazsähedow**

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XIII asyryň ýazary Alaýeddin Atamälik Jüweýniniň (1226-1282) «Älem eýeleýjiniň taryhy» («Taryhy jahanguşa») atly eseri türkmen taryhyny has dogruçyl we giňişleýin açyp görkezýän eserleriň biridir. Eserde Seljuk türkmen döwletiniň ahyrlaryndaky wakalar Köneürgenç türkmen döwletiniň gülläp ösüşi we onuň mongollaryň basybalyjylykly ýörüşlerine duçar bolan döwürleri beýan edilýär.*

*Alaýeddin Atamälik Jüweýniniň «Älem eýeleýjiniň taryhy» atly kitaby ilkinji gezek pars dilinden türkmen diline terjime edilip halk köpçüligine hödürlenýär.*

**TMMMM №54**

**TDKP № 150** **2005** **KBK 63. 3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
A. Jüweýni, II jilt, 2005 ý.
Aýgözel Geldiýewa, terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## HOREZMŞALAR DÖWLETINIŇ BAŞLANGYJY

Ibn Funduk Beýhakynyň «Tejäribul ümem» (Ymmatlaryň tejribeleri) atly kitabynyň soňundaky «Meşarybut tejärib» (Tejribeleriň şerbetleri) atly bölüminde, şeýle-de Razynyň Soltan Tekeşiň adyna ýazan «Jamygul ulum» (Ylymlaryň toplumy) atly kitabynyň taryh bölüminde getirilýän maglumatlara görä, Bilgetegin Seljuk döwletiniň sütünleriniň biri hasaplanylýardy. Ol hem edil Samanlylar döwletinde Alpteginiň mertebedir dereje gazanyp, Horasanyň serkerdebaşysy bolşy ýaly meşhurlyga eýe bolupdy.

Bilgetegin atly garjystanly bir gulamy Nuştegin Garja satyn alypdyr. Bu gulam özüniň akyl-paýhasy bilen her gün bir beýik mertebä we ýokary hormata eýe bolýar. Şeýdip ol Seljuklaryň döwletinde edil Samanlylaryň döwründe Söbükteginiň ýeten derejesi ýaly uly sütüne öwrüldi hem-de taştdarlyk[1] derejesine mynasyp boldy. Ol döwürlerde Horezmden alynýan salgyt taşthananyň[2] çykdajylary üçin sarp edilýärdi. Edil şonuň ýaly Huzurystandan alynýan salgyt hem lybashananyň çykdajylary üçin sarp edilýärdi. Nuştegin Garjany Horezm goşunlarynyň ýolbaşçysy edip belleýärler. Onuň birnäçe ogly bolup, Kutbed-

---

[1] Taştdarlyk – köşkde el-ýüz, el-aýak ýuwdurmaga hyzmat edýän hyzmatkärleriň emiri.

[2] Taşthana – köşkde el-ýüz, el-aýak ýuwdurmaga hyzmat edýän hyzmatkärleriň işleýän ýeri. Muňa aşhana hem degişli bolupdyr.

din Muhammet atly uly ogluny Merwe ýörite mekdebe iberýärler we ol ýerde ylym-terbiýe hem-de dolandyryşyň düzgünnyzamlaryny öwrenýär. Şol ýerde Mälik şanyň ogly Soltan Börkiýaryk Horasanyň emiri Altyndagyň ogly Dadbeg Hebeşlini özüniň hökmürowanlyk edýän ýerinde özygtyýarly oruntutar edip belleýär. Soňky ady tutulan hökümdar barada şol döwrüň şahyrlary örän köp şygyr ýazypdyrlar. Abulmagaly Nahas Razy bolsa, onuň ýörite kasydaçysydyr. 491[1]-nji ýylda Dadbeg Horezmşalyk derejesini Soltan Sanjaryň gulamyndan, ýagny Goçgar ogly Elenjiden Kutbeddine geçirýär. Hut şu adam we onuň Seljuk patyşalary bilen gazanan ylalaşyklary barada taryh kitaplarynda köp göwne makul sözler we maglumatlar getirilendir. Ol otuz ýyllap asudalyk bilen şalyk edipdir. Bir ýyl özi, soňkusy ýyl bolsa Atsyz atly ogly köşge, Sanjaryň huzuryna gelýärler. Atsyz 522[2]-nji ýylda atasynyň ornunda oturýar.

[1] Milady ýyl hasabynda 1097-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasabynda 1128-nji ýyla gabat gelýär.

## ATSYZ

Atsyz ylym-paýhas taýdan örän meşhur bolupdyr. Onuň pars dilinde ýazan örän köp şygyrlarydyr, rubagylary miras galypdyr. Ol merdanalykda we batyrgaýlykda beýlekilerden tapawutlanýardy. Ol Soltan Sanjaryň hyzmatynda bolup, adatdan daşary uly derejä ýetýär we şol bir wagtyň özünde hem gulluk borçlaryny hem doly berjaý edýär. Aşakdaky getirilýän hekaýat şu sözleriň şaýadydyr:

Takmynan, 420-nji ýylda Soltan Sanjar Tamgaç hanyň gozgalaň turzany üçin Mawerannahra tarap hereket edip, Buhara geldi. Şol döwürlerde, bir gün Sanjar aw-şikarda wagty, täzelikde onuň hyzmatyna gelen hyzmatkärleriniň bir topary, onuň janyna kast etmek üçin onuň garşysyna gizlin dildüwşük gurnaýarlar. Şol gün Atsyz awa-şikara gitmändi. Ol günorta wagty ukudan oýanyp, howlukmaç Soltanyň gözlegine atlanýar. Soltan bolsa şol pursatda haýynlaryň arasynda kyn ýagdaýa düşüpdi hem-de dildüwşüjileriň isleginiň hasyl bolmagyna az pursat galypdy. Atsyz ol haýynlaryň üstüne topulýar we Soltany halas edýär. Soltan ondan soraýar:

— Meniň hal-ýagdaýymy nädip aňdyň?

Atsyz jogap berýär:

— Soltanyň awda bir waka duçar bolanyny düýşümde gördüm. Şol sebäpli-de çalt siziň ýanyňyza geldim.

Bu hadysa soňra Atsyzyň dereje almagynda uly ähmiýete eýe bolupdy. Günbe-günden onuň şan-şöhraty artyp ugraýar.

Soltanyň goldamagy bilen ol has kuwwatlanýar. Şol bir wagtda bolsa Atsyza garşy köşkdäki emirleriň we wezirleriň göripçiligi artýar. Şol göripçiligiň, esasynda Soltana ýakyn adamlar hile bilen onuň daşyna tor gurýarlar. Soltan 529[1]-njy ýylyň boş aýynda Bähram şanyň gozgalaň turzany üçin Gazna gidýär. Indiki ýylyň baýram aýynda Balha ýetýär. Bu saparda hem Atsyz onuň ýanyndady. Çünki Atsyz görip emirleriň gurýan dildüwşüklerinden habarlydy. Ýöne Soltandan gorkýardy. Haçanda ol Soltanyň hyzmatyndan gitmek üçin ondan rugsat alanda, Soltan töweregindäki adamlara we ýakynlaryna şeýle diýýär:

— Bu adamyň ýene bir gezek ýüzüni görmek miýesser etmez.

Jemagat aýdýar:

— Eger ol barada şeýle pikir edýän bolsaňyz, näme üçin oňa gitmäge rugsat berdiňiz we ony ezizlediňiz?

Soltan jogap berýär:

— Onuň biziň öňümizde uly haky bar. Biziň şular ýaly derejämizde we kerem-merhemetimizde onuň ýaly adama azar bermekligimiz gadagandyr.

Atsyz Horezme gelenden soň, boýun egmezlik we gozgalaň etmek ýoluna düşdi. Iki tarapyňam gorkusy günbe-günden artýardy. Bu howatyr şeýle bir derejä ýetdi welin, hatda Soltan Sanjar 533[2]-nji ýylyň aşyr aýynda Atsyza jeza bermek üçin Horezme ýola düşýär. Atsyz şanyň leşgerleriniň garşysyna harby güýçleri taýýarlady, emma urşa başlamady. Ol Soltan Sanjaryň harby güýçleriniň köpdügini bilýärdi. Özüniň oňa güýjüniň ýetmejegine göz ýetirenden soň, Atsyz gaçmagy ýüregine düwýär. Atsyzyň ogly Atlygy ele salýarlar we ony Soltanyň huzuryna getirýärler. Ol şol pursatda ony ikä bölmekligi buýur-

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1135-nji ýyla gabat gelýär.

[2] Milady ýyl hasabynda 1138-nji ýyla gabat gelýär.

ýar hem-de Horezm emirligini öz doganoglany Muhammediň ogly Soltan Süleýmana bagyşlaýar we Horasana gaýdýar.

Atsyz bu wakadan soňra, Horezme dolanyp gelýär. Soltan Süleýman ondan gaçyp, Soltan Sanjaryň ýanyna ýetýär. Atsyz entegem başbozarlygyny we boýun egmezligini dowam edýär.

Soltan Sanjar Hytaý urşunda, ýagny 536[1]-njy ýylda Samarkant şäheriniň derwezesine gelip ýeňilýär we gaçyp Balha gelýär. Bu hadysa taryhda örän meşhurdyr.

Atsyz dörän ýagdaýdan peýdalanyp, Merwe zarba urýar hem-de köp gyrgynçylyk we talaňçylyk edýär. Soňra Horezme dolanýar.

Bu ýerde Hekim Hasan Kattan bilen Reşit Watwatyň arasyndaky, hususan-da, Hasan Kattanyň Merwde ýiten kitaplary we olary Watwat alandyr öýdüp edýän şübheler dogrusynda ýazylan hatlary getirýäris:

«Aýdylýan gürrüňlerden we Horezme gelip-gidýänleriň dilinden eşitdim. Biziň hojaýynymyz (goý, Hudaý onuň pähimini uzak etsin!) her wagt, özüniň şahsy möhüm işlerinden we ylym öwretmek wezipelerinden boşaşan wagtyndaky üýşmeleňlerinde, ganyma teşne bolup, meniň adyma köp erbet sözleri aýdýarmyşyn hem-de öz kitaplarynyň talaňçylyk bilen alnandygy baradaky töhmeti maňa ýapýarmyşyn. Meniň hormatymy syndyrmak bilen şerim-haýa perdesini ýyrtýarmyşyn. Eýsem, paýhaslylygyň we batyrgaýlygyň ýoly şunuň ýalymydyr? Juwanmertlik[2] äleminde ýürek agyrdyjy sözleri we töhmetleri ýöňkemek mynasyp zatmydyr?! Heý-de, musulman doganlaryňyza ýalan sözleri aýtmak bolarmy?!

Hudaýa kasam bolsun! Ol wagt – kyýamat gününde, haçanda ýene bir gezek jansyz tenimize täze ruh berilýän wagty,

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1141-nji ýyla gabat gelýär.

[2] Juwanmertlik – jomartlyk, sahylyk.

çüýrän jesetden süňkleriň ýene bir gezek dirilik lybasyny geýen wagtynda, Perwerdigäriň bendeleriniň magşar meýdanyna üýşüp, her ynsanyň amal depderçesi açylyp, her adamyň eden amallary barada soralyp başlananda, çekeläp dowzaha tarap alnyp gidilýän betpygyl adamlaryň we perişdeleriň egninde behişte ugradylýan ýagşyzadalaryň kimdigi aýan bolýan gününde, hiç kim meniň synymdan ýapyşmaz. Biri gelip, kişiniň malyny talapdyr, puluny ogurlapdyr, biriniň ganyna galypdyr ýada biriniň syryny paş edipdir, ýa hak zady nähak edipdir diýse, näme jogap bereýin! Bu zatlardan başga-da, Perwerdigär maňa halal girdeji nesip etdi, ýagny ol ýerden bir müň jilde ýakyn nepis kitaplary we gymmatly ýygyndylary ýygnadym. Men yslam dünýäsinde döredilen ähli kitaplar hazynasynyň (goý, Alla olaryň ömrüni uzak etsin) musulmanlaryň peýdalanmaklary üçindigini bilýärin. Şeýlelikde, şeýle garaýşy özünde jemlän adam, bütin ömrüne ýyrtyk waraklary ýygnan beýik alymlaryň öňbaşçysynyň kitaplaryna hüjüm etmegi özüne nädip kabul edip biler. Ýogsa, ol ýyrtyk waraklary deri jiltleri bilen bilelikde bazarlarda satsalar-da, ol bahalar bilen saçak-da, hatda pes hilli nahar hem taýýarlap bolmaz.

Hudaýa pena! Hudaýa pena!

Biziň ýolbaşçymyz maňa eden töhmeti üçin ýamanlyga duçar bolmawersin hem-de kyýamat güni eden günäsinden saplanawersin diýip Hudaýdan dileg edýärin. Şäriksiz we ýeke-täk Alladan gorksun. Dogruçylyň öz dogruçyllygy üçin sylag aljak we ýalançynyň bolsa öz ýalan sözleri üçin jeza aljak gününi, ýagny kyýamat gününi ýatdan çykarmasyn. Wessalam!».

Her niçik-de bolsa, Soltan Sanjar hakynda aýdylan bu kemsitme[1] Atsyzyň gomparmagyny we burnuna ýel çalmagyny art-

[1] Bu ýerde Soltan Sanjaryň 1141-nji ýylda Hytaý urşunda ýeňlişiniň gürrüňleri göz öňünde tutulýar.

dyrdy. Bu hadysa barada Reşit Watwatyň şeýle kasydasy bar. Ol şeýle başlanýar:

Patyşa Atsyz mülk tagtyna geldi,
Seljuk neberesi ýer-ýegsan boldy.

Watwatyň şuňa meňzeş kasydalary örän köpdür. Soltan Sanjar bu nälaýyk hereketden ar almak üçin 538[1]-nji ýylda Atsyzyň garşysyna onuň bilen söweşmek üçin Horezme ýola düşýär. Ol şäher derwezesiniň öňünde düşleýär we manjanyklary[2] ýerleşdirmeklige buýruk berýär. Şol wagt taraplaryň söweş baýdaklary göterilýär. Horezmiň boýun egdirilmegine we Atsyzyň öldürilmegine sähelçe pursat galanda Atsyz sowgat-serpaýlar ýollap, Soltandan öz günäsiniň geçilmegini isleýär. Soltan oňa rehim edýär we ýaraşykdan soňra yzyna dolanýar. Ýöne Atsyz özüne mahsus bolan duşmançylykly hereketini ýene-de dowam etdirýär. Soltan Edip Sabyry adatdan daşary ilçi edip, onuň ýanyna iberýär. Ol birnäçe gün Horezmde galýar. Şu aralykda Atsyz Horezmiň iki sany tüpbozaryny, ýagny hudaýsyzlaryň ýörelgelerine laýyklykda aldap, olaryň ruhuny ele alyp, duýdansyz ýagdaýda Soltany öldürmek üçin iberýär. Edip Sabyr bu erbet maksatdan habarly bolýar hem-de şol iki adamy suratlandyryp, Soltana hat ýazýar. Haty hem bir kempiriň köwşüne gysdyryp, Merwe iberýär. Hat Soltana gowşan badyna, ol şol iki adamy agtaryp tapmaklygy buýurýar. Gullukçylar olary harabaçylykdan tapyp öldürýärler. Atsyz bu wakany eşidip, Edip Sabyry derýa oklaýar.

Soltan 542[3]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynda ýene-de Horezmiň üstüne goşun sürýär. Ilki Hazarasp obasyny

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1143-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Manjanyk – daş atýan gural.
[3] Milady ýyl hasabynda 1147-nji ýyla gabat gelýär.

iki aýlap gabaýar. Mälim bolşuna görä, bu oba mongollar zamanynda we olaryň ýörişlerinden soň, suwuň düýbüne gidipdir.

Bu ýörişde şahyr Enweri hem Soltanyň hyzmatyndady. Ol Hazarasp galasyna bagyşlap, bir rubagy ýazýar we Soltan Sanjara hödürleýär. Soltanyň buýrugy boýunça bu rubagyny bir oka gysdyryp, Hazarasp galasynyň içine zyňýarlar. Haty okdan alyp, Horezmşa Atsyza görkezýärler. Rubagynyň mazmuny şeýledi:

Eý, şahym, jahanyň mülki seniňki,
Döwlet, ykbal, jahan kesbi seniňki,
Bu gün Hazaraspy eýele – ertir,
Horezmde ýüz müň ýylky seniňki.

Şol wagtda Hazarasp galasynda Atsyzyň ýanynda bolan Reşiteddin Watwat dessine Enweriniň bu rubagysyna şeýle jogap ýazýar:

Şahym, ýagyň Rüstem bolup gelse-de,
Zor boldugy, eşek alyp bilse-de.

Köp kynçylykdan soňra, Soltan Hazaraspy alýar. Onsoň Soltanyň ýadyna Watwat düşýär. Bu rubagy hem-de şuňa meňzeş başga wakalar Soltanyň güýçli gahar-gazabyny getiripdi. Soltan eger ony gola salaýsa, ýedi bölek etjekdigine kasam edýär. Jarçy yzyna jarçy gygyrdyp, Watwatyň adyny gaýtalaýardy, ony yhlas bilen gözledýärdi. Watwat hem her gije bir mekandan başga bir mekana we her gün bir sähralykdan başga bir sähralyga gaçýardy. Ahyry ol gaçmaklyk bilen azatlyga ýetip bilmejekdigine düşünýär hem-de gizlinlikde döwletiň abraýly adamlaryndan hemaýat gözleýär. Ýöne Soltanyň gutarnyksyz

gahar-gazabyndan çekinip, hiç kim arada durmaga milt edip bilmeýärdi. Şu kitabyň ýazarynyň babasynyň babasy, Müntejibeddin Bedig Kätip (goý, rehmet ýagşy onuň gubruna ýagsyn!) bu möhümi bitirmegiň ugruna çykýar. Ol patyşanyň hat-petek diwanynyň başlygy we onuň nedimi[1] eken. Ol her gün irden namaz wagty ýaşululardan, diwan adamlaryndan öňürti patyşanyň ýanyna gelip, namaz okalandan soň, gülküli hekaýatlary, pentdir nesihatlary aýdyp bererdi. Soňra Soltan ýurt meseleleri barada onuň bilen geňeşerdi. Haçanda gürrüň Reşit Watwatyň üstünden baranda, Müntejibeddin hormat bilen ýerinden turup, Soltana ýüzlenýär:

— Bu bendäniň bir arzy bar. Arzymy kabul edersiňiz diýip sizden umyt edýärin.

Soltan oňa söz berýär. Müntejebeddin:

— Watwat bir kiçijik guşdur, onuň ýedi bölek bolmaga gurbaty ýokdur. Eger rugsat bolsa, ony diňe ikä bölmeklige perman beriň!

Soltan bu aýdylan sözlere hezil edip gülýär hem-de Watwatyň günäsini geçýär.

Soltan Horezmiň derwezesine ýeten wagty Keýikderili atlandyrylýan bir derwüş (onuň iýmiti we geýimi keýigiň etinden we derisinden bolupdyr) onuň huzuryna gelýär. Ol ýagşy wagyzlardan soň, şäheriň adamlarynyň günäsiniň geçilmegini haýyş edýär. Atsyz hem ilçiler bilen birlikde sowgat-serpaý hem iberýär. Soltan üçünji gezek onuň günäsini geçip, geçirimlilik edýär. «Atsyz derýanyň kenaryna gelsin we Soltana hormatsylag etsin» diýlip karar edilýär. 543[2]-nji ýylyň aşyr aýynyň on ikisine hoşgüni Atsyz gelýär. Ol ata münüp duran ýagdaýynda Soltana hormat edýär. Heniz Soltan atyň jylawyny yzyna dön-

---

[1] Nedim – ýaran.

[2] Milady ýyl hasabynda 1148-nji ýyla gabat gelýär.

dermänkä, Atsyz yzyna gaýdýar. Soltan onuň şeýle derejede özüne hormat goýmaýandygyna gaharlanýar. Ýöne, hernämede bolsa, ony bagyşlandygy üçin gahar-gazabyny ýuwudýar. «Gazaplaryny ýuwudýan adamlaryň hatalaryny bagyşlaýan kişiler takwalardyr»[1] diýlen aýatyň pazylaty bilen ol öz öňki ýagdaýyna gaýdyp geldi. «Alla beýle ýagşylyk edýänleri söýýär»[2].

Soltan Horasana ýetende Atsyza sowgat we serpaýlar ugradyp, oňa ilçilerini iberýär. Atsyz ilçilere hezzet-hormat edýär we köp sowgat-serpaýlar bilen yzlaryna gaýtarýar.

Bu wakadan soňra Atsyz ýüzüni kapyrlara öwrüp, birnäçe gezek mukaddes uruşlar edip, ýeňiş gazanýar. Ol wagtlar Jendiň häkimi Arslan han Muhammediň ogly Kemaleddindi. Onuň bolsa Atsyz bilen arasy gowudy. Haçanda 547[3]-nji ýylyň aşyr aýynda ol ýerleri eýelände hem-de Sygnaga we başga şäherlere tarap rowana bolanda, Kemaleddin bilen ylalaşyp ýöräpdi. Atsyz Jende ýeten wagtynda Kemaleddin goşuny bilen gaçýar we Rudbar tarapa gidýär. Atsyz Kemaleddin gaçansoň, akyldarlaryň hem-de görnükli alymlaryň birnäçesini onuň yzyndan iberýär we öldürmezlige söz berýär. Kemaleddin onuň ýanyna getirilýär, ol şolbada ony zyndana salmaklygy buýurýar. Zyndanda Kemaleddin aradan çykýar. Kemaleddin Reşit Watwat bilen öňden dostdular. Atsyzy Reşit Watwat Kemaleddiniň halyndan habardar bolupdyr – diýen pikire iteripdirler. Bu iş soňra Watwatyň birnäçe wagt hyzmatdan çetleşdirilmegine sebäp bolupdyr. Onuň bu ýagdaýy barada kasydalarynda we şygyrlarynda bölekler bar. Aşakdaky birki beýt şolaryň mysalydyr:

Eý, şa! Haçanda seniň şan-şöhratly eliň
meniň başymda bolmansoň,

---

[1] Gurhanyň 3-nji (« Imranyň öýi») süresiniň 134-nji aýaty.
[2] Şol ýerde
[3] Milady ýyl hasabynda 1152-nji ýyla gabat gelýär.

Gahar-gazap aýagynyň astynda tenimi owdy, pelek.
Owadan sungatyň we seniň mähribanlygyň,
Älem meň bahamy kemeltdi we azabymy artdyrdy, pelek.
Maňa gowy seret, eger mende bir şekil görseň,
Alla kasam bolsun, meniň ýalyny döretmez, pelek.

Şeýle-de, aşakda beýleki şygyrlardanam birnäçe beýt getirilýär:

Otuz ýyl bäri bu bende seniň hyzmatyňda,
Men taryp ediji, sen tagt üstünde taryp isleýji.
Arşyň Hudasy bilýändir, hergiz bolan däldir,
Meniň deý taryp ediji hiç bir köşkde.
Indi seniň ýüregiň şol otuz ýyl
hyzmat eden bendäňi ýigrendi,
Ýigrenç ýürekde uzak wagtlap saklanýandyr.
Emma şeýle nakyl bardyr, hojaýyn kine etse —
Bendesinden günä gözlär, biçäre bende bolsa günäsizdir.

Şeýlelikde, Jent gozgalaňçylardan we topalaňçylardan arassalanan wagtynda Abulfath Ilarslany ol ýere iberýär we ol etrabyň emirligini oňa tabşyrýar. Şol ýylda guzlar (oguzlar) üstün çykýarlar we Soltan Sanjary tutýarlar. Olar ony gündizlerine tagtda oturdypdyrlar we gijelerine demir kapasa-zyndana taşlapdyrlar. Atsyz köňülden mülk tamakinçiligi, daşyndan bolsa nygmat beren patyşasyna hyzmat etmek bahanasy bilen Amuýa galasyna tarap goşuny bilen bilelikde ýola rowana bolýar. Olar assa-ýuwaş hereket edip, Amuýa ýetýärler. Ol dürli hileler bilen galany almakçy bolýar. Gala goraýjylar bolsa, boýun egmeýärler. Onsoň Atsyz Soltan Sanjaryň ýanyna ilçi iberip, tabynlygyny aýan etmek bilen bir wagtda Amuýa galasyny isleýändigini duýdurýar.

Soltan oňa şeýle diýip jogap berýär:

— Onuň hiç hili kynçylygy ýok. Ýöne siz ilki bilen Ilarslany ähli goşuny bilen bilelikde bize kömege iberiň! Soňra Amuýa galasyny we ondan hem köp ýeri saňa bagyşlarys.

Bu sowal-jogapda ilçileriň gidip-gelmesi iki-üç gezek amala aşansoň, Atsyz ahyry Horezme gaýdyp, ýene-de mukaddes uruş etmegi karar edýär.

Şol wagtlarda Soltan Sanjaryň ýegeni Rukneddin Mahmyt bin Muhammet Bugra han esgerleriň özi bilen ylalaşyk edendigi sebäpli ol soltanyň ornuna geçýär. Ol Atsyz bilen gadymdan dost bolandygy sebäpli, bir ilçini Horasandan onuň hyzmatyna iberýär we guzlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin ondan kömek isleýär. Atsyz Şähristan[1] ýolundan gidip, Ilarslany özi bilen bile alyp gelýär we özüniň beýleki ogly Hytaý hany Horezmde özüniň naýyby edip galdyrýar. Şähristana ýeten wagtlarynda elden giden emläklerini gaýdyp almak üçin etrap emirlerini çagyrýar. Şol wagtlar «Emir Ymadeddin Ahmet bin Abubekr Kumaç müň atly iberip, Soltan Sanjar awdaka, ony ogurlap Termize getiripdir» diýen habar gelýär. Ähli adamlar bu habary eşidip şatlanýar. Atsyz şondan soň Nusaýda Mahmyt hana (Soltan Sanjaryň ýegeni) we beýleki emirlere garaşyp saklanýar. Ýöne Atsyz onuň gelmegine we haýyşyna üns bermedi. Onsoň Ezizeddin Tugraýnyny onuň ýanyna iberýär we ähti-peýman baglaşýar. Atsyz şondan soň ol etraplardan hereket edip, Habuşana Ustuwa gelýär. Rukneddin han hem Nyşapurdan ol ýere gelýär hem-de biri-biri bilen duşuşýarlar we dostluk ýoluny açýarlar. Üç aýyň dowamynda söhbetdeşlikde bolýarlar we ýurduň weýran bolan ýerlerini düzedýärler. Bir gün Atsyz baýramçylyk çäresini gurnaýar hem-de Rukneddin

[1] Şähristan – Nusaýedan bir parsaň demirgazykda eýerleşen şäher.

hany ýanyna getirýär. Olary taryp edip ýazylan öwgi sözleriniň arasynda, Watwatyň kasydasyndan şu beýt okalýar.

Bir asmanda iki parlak ýyldyzyň Aý nury bar,
Bir köşkde iki şähriýaryň
şatlykly owazy bar.

Bu wakalardan soňra, Horezmşa Atsyz ýarawsyz bolýar. Bir gün ýarawsyz ýatyrka, Gurhan okaýan karylaryň owazy onuň gulagyna gelýär. Ol muny ýagşa ýormak bilen şol owaza gulak asdy we ýaranlarynyň sesini peseltdi. Karylaryň Gurhandan okaýan aýaty «Adam nirede öljegini bilmeýär»[1] diýen ýerine ýetipdi. Ol bu sözleri eşiden wagty, ony erbetlige ýorýar. Onuň ýagdaýy has-da agyrlaşýar. Ol 551[2]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynyň dokuzy gijesi janyny tabşyrýar hem-de onuň men-menlikdir sütemkeşligi we tekepbirligi başyndan uçup gidýär. Reşideddin Watwat onuň jeslediniň başynda aglap, eli bilen oňa yşarat edip şeýle diýýär:

Eý, patyşa, seniň zarbyňdan
pelek titrärdi,
Pelek saňa bendi bolmaga ymtylýardy.
Hany nazar eýesi nirede,
ol bir seredip,
Şol hasratlaryň patyşalyga degýäýdigini görsedi.

---

[1] Gurhanyň 31-nji («Lukman») süresiniň 34-nji aýaty.
[2] Milady ýyl hasabynda 1156-njy ýyla gabat gelýär.

## ILARSLAN

Dört günden soňra Atsyz baradaky wakany Ilarslana aýan edýärler. Ilarslan goşuny bilen Horezme tarap hereket edýär. Ýolda ähli emirler we esgerler onuň bilen ähtleşýärler. Ol kiçi dogany Süleýmanşada talaňçylyk alamatlaryny görendigi sebäpli ony tutýar we onuň atabegi Ogulbegi jezalandyrýar hem-de şol ýylyň rejep aýynyň üçi güni şalyk tagtynda ornaşýar. Boýun egmeýän birtopar adamlary tutýar hem-de emirlere we goşundaky beýleki adamlara öz atasynyň zamanasyndakydan köp emläk we hak-hukuk berýär. Şol bir wagtda hem köp haýyr-yhsanlar edýärler. Rukneddin Mahmyt han onuň tagta geçmegini gutlap, şol bir wagtda bolsa, onuň kakasynyň aradan çykmagyna gynanç bildirip, ilçi iberýär. 552[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň ýigrimi altysyna Sanjar aradan çykýar we onuň bu habary gelip ýetende, Horezmiň ilaty üç günläp ýas tutýar.

553[2]-nji ýylda Mawerannahrda ýerleşen garlyk[3] ýolbaşçylarynyň bir topary Laçyn begiň baştutanlygynda Bigu hanyň ogullary hem-de beýleki adamlar Samarkant hany meşhur Jelaleddin Aly bin Hüseýinden Göksagyr etrabyna tarap gaçyp, Horezme geldiler we: «Samarkandyň hany, Bigu hany ýagny

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1157-nji ýyla gabat gelýär.

[2] Milady ýyl hasabynda 1158-nji ýyla gabat gelýär.

[3] Garlyklar asyl nusgada «karlygan». «Karlyg+an» bolmagy ahmal. «an» goşulmasy «lar, ler» manysyny berýär.

karlyganyň serdaryny öldürdi, şeýle-de taýpanyň beýleki serdarlaryny-da öldürmegi niýetine düwdi» diýdiler.

Horezmşa Ilarslan garlyklara göwünlik berýär we şol ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynda Mawerannahra ugraýar. Samarkant hany onuň bu hereketini eşiden badyna galada penalanýar hem-de Garakölden tä Jende çenli aralykda ýerleşen türkmen çarwalarynyň ähllisini özi bilen Samarkanda äkidýär we Garahytaýdan kömek isleýär. Ol Ilek Türkmeni[1] on müň atly bilen bilelikde hana kömege iberýär. Horezmşa Ilarslan Buharanyň halkyna birnäçe wadalary berenden soňra Samarkanda ugraýar. Samarkant hany hem goşunyny düzgüne salýar. Iki goşun Sogd suwunyň iki tarapynda düşleýärler. Şondan soň goşunyň ýaşlary birek-birege temmi bermek üçin özlerini görkezip ugraýarlar. Ilek Türkmen Horezmşa Ilarslanyň leşgerlerini we özüniň goşunyny görensoň, «kiçigöwünlilik» işiginden girip, Samarkandyň ýolbaşçylaryny we ulamalaryny günäsiniň geçilmegini dilemek üçin iberýär. Olar ýaraşyk isleýärler, Horezmşa olaryň islegini kabul edýär we Garlyk emirlerini hormat-sylag bilen gaýtarýar we özi hem Horezme dolanýar.

Sanjar aradan çykandan soňra, Mahmyt han tagta geçipdi. Horasanyň ýagdaýy guzlaryň topalaňy hem-de akyl-paýhasda we söweşde beýleki gulamlardan has tapawutly bolan Sanjaryň öýdeçi gulamlaryndan bolan Müeýet Aýbäniň Mahmyt hana garşy alyp barýan üstünlikli hereketleri netijesinde bulaşyklaga baryp ýetýär. Hut şol gulamlar 557[2]-nji ýylyň oraza aýynda Soltan Mahmydy Nyşapuryň Şähristanyndan çykaryp, onuň gözüni oýýar. Ol galada zyndanda aradan çykýar.

---

[1] Ilek sözi üz manyda getirilýär. Elek, Illik, ýagny illi. Eýelik, ýagny gowulyk, ýagşylyk ediji, ýagşylyk getiriji. Şu ýerde bu şahsyň türkmendigi anyk getirilipdir.

[2] Milady ýyl hasabynda 1161-nji ýyla gabat gelýär.

558[1]-nji ýylda Horezmşa Ilarslan güýçli goşuny bilen Şadyýah tarapa gidýär. Ol Müeýedi Şadyýah galasynda gabaýar. Ahyry iki tarapdan ilçiler gelýärler we ýaraşyk baglaşylýar. Horezmşa bu wakadan soňra Horezme dolanýar. 560[2]-njy ýylda hytaýlylaryň we mawerannahrlylaryň birtopary Horezmşanyň garşysyna dil birikdirýärler. Horezmşa bu wakadan habarly bolup, urşa taýýarlanýar hem-de özüniň goşunynyň öňünden Aýbegi mawerannahrly garlyklar bilen Amuýa tarap iberýär. Ilarslanyň özi gelmezinden öň, iki tarap birek-birek bilen söweşe başlaýar. Aýbegiň goşuny gaçýar we onuň özi ele salynýar. Şu aralykda Ilarslan keselleýär. Ol Horezme ýeten wagtynda şol ýylyň rejep aýynyň on dokuzynda aradan çykýar.

[1] Milady ýyl hasabynda 1162-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasabynda 1164-nji ýyla gabat gelýär.

## SOLTANŞA

Ilarslan aradan çykandan soňra, onuň mirasdüşer bellenen Soltanşa atly kiçi ogly kakasynyň ornunda oturýar we horezmşalar tagtynda ornaşýar. Hakykat ýüzünde döwlet işleri Melike Türkan atly ejesiniň elindedi. Tekeş atly uly dogany şol wagtlar Jentdedi. Ony çagyrmak üçin ilçi iberýärler, emma ol gelmekden boýun gaçyrýar. Soňra onuň garşysyna goşun ýollaýarlar. Tekeş bu wakadan habarly bolup, çykgynsyz ýagdaýdan çykalga gözleýär hem-de Garahytaýyň hanlar hanynyň, şol wagtda hanlyk kürsüsinde oturan gyzyny görmeklige gyssanýar. Bu hanymyň döwletiniň dolandyryş işleri hakykat ýüzünde onuň Perma atly ýanýoldaşynyň elindedi. Tekeş olaryň ýanyna baranda olara: «Eger-de Horezmi alsam, Horezmiň hazynasyny we mal-mülküni size bermekligi wada edýärin» diýip, her ýylda olara salgyt tölejegine söz berýär. Netijede, Perma Tekeş hem-de güýçli goşun bilen Horezme hereket edýärler. Olar Horezme gelip ýetenlerinde, uruş ody tutaşmazyndan öň, Soltanşa bilen onuň ejesi dogry ýol saýlap, Müeýede birleşýärler.

## TEKEŞ

Tekeş 568[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynyň ýigrimi ikisine hepdäniň Başgüni Horezme girýär we şalyk tagtynda oturýar. Şahyrlar we hutbaçylar ony mübärekläp, şygyr we hutba aýdýarlar. Tekeşiň ata-babalarynyň hyzmatynda segsen ýaşa ýeten Reşiteddin Watwaty tagtyrowanyň üstüne mündürip, Horezmşa Tekeşiň huzuryna getirýärler. Watwat aýdýar: «Her kim öz ukybyna laýyklykda gutladylar. Men bolsa süeklerimiň gowşamagy we ýaşymyň könelişmegi zerarly gutlamak üçin ýazan şu rubagym bilen çäklenýärin:

Ataň iliň ýetmezini ýetirdi,
Kakaň adyllykdan işler bitirdi.
Bagtyň çüwüp saňa döndi Soltanlyk,
Indi näme etseň et,
nobat seniňki.

Tekeş adalatlylyk bilen öňki beren sözünde tapylyp, Permany hezzet-hormat bilen serpaýlap, yzyna ugradýar. Soltanşanyň ejesi hem birnäçe gezek Müeýede jöwherdir, gymmatbahaly sowgatlary iberýär we Horezm ülkesini oňa bermekligi teklip edýär. Ol: «Horezmiň halky we goşuny meni hem-de meniň oglumy isleýärler» diýip, bihuda gürleýärdi. Netijede, Müeýedi

[1] Milady ýyl hasabynda 1172-nji ýyla gabat gelýär.

men-menlik belasy gurşap aldy. Şeýtan waswasy bolsa, mal-mülke eýe bolmak ýolundaky maýyl ediji arzuwlary bilen ony dogry ýoldan azaşdyrýar. Soňra ol pytran leşgerleri toplamaga başlaýar. Ol Soltanşa we onuň ejesi bilen Horezme gidýär. Suwbürlä[1] — ol bir şäher bolup, häzirki wagtda onuň üstüni suw basypdyr — ýeten wagtlarynda, Müeýediň goşuny bir bada çöl-beýewandan çykyp, ol sebite girip başarmansoň, bialaç topar-topar bolşup gidýärler. Şeýle hem, Horezmşa Tekeşiň Suwbürlikde düşländiginden olaryň habary ýokdy. Haçanda, Mälik Müeýediň özi goşuna baş bolup, Suwbürlige gelip ýeten wagtynda, Tekeş ol goşuna zabt edýär we olaryň köpüsini öldürýär. Mälik Müeýet ele düşýär we Tekeşiň huzuryna getirilýär. Köşgüň işiginiň öňünde ony ikä bölýärler. Bu waka 569[2]-njy ýylyň arafa[3]gününde bolup geçýär.

Bu uruşda Soltanşa ejesi bilen gaçyp, Dehistana gidýär. Tekeşem olaryň yzyndan Dehistana sürýär. Ol Dehistany eýelän wagtynda, Soltanşanyň ejesini öldürýär we yzyna dolanýar. Ýöne Soltanşa söweş meýdanyndan gaçyp, kakasynyň ornuna geçen Mälik Müeýediň ogly Toganşanyň ýanyna Şadyýaha gelýär. Soltanşa birnäçe wagtlap, Nyşapurda saklanyp galýar. Toganşanyň leşgeri ýa-da harajaty Soltanşanyň ygtyýarynda goýmaga mümkinçiligi bolmanlygy üçin Soltanşa ol ýerden Gur soltanlaryna hemaýat gözläp gidýär. Onuň bu haýyşy ýerine ýetýär we oňa dostluk bilen gelen uly myhman hökmünde garalýar. Şol bir wagtda Soltan Tekeşiň abraýy hem Horezmde güýçlenýär. Döwlet meseleleri düzelip, işler ýola düşýär. Onuň bilen Hytaý ilçileri hem yzygiderli gelim-gidimde we ýakyn gatnaşykdadylar. Şonuň bilen birlikde, olaryň haýyşdyr isleg-

[1] Asyl nusgasy – Subürli. Suw büräp duran diýen manyda bolsa gerek.

[2] Milady ýyl  hasabynda 1173-nji ýyla gabat gelýär.

[3] Arafa – Gurban aýynyň dokuzynjy güni. Zyýaratçylar bu güni Arafat dagynda geçirýärler.

leri köpdi, emma olar edep şertlerini saklamaýardylar.[1] Ynsanyň mertebesi, süteme çydamakdan ýüz öwürýändir we adalatsyzlygy kabul etmäge ýol bermeýändir. Sebäbi: «Batyrgaýlyk we mertlik bilen bezelen ynsanyň köňli buýsançdan doly bolýar» diýipdirler. Hut şu sebäpli hem soltanyň buýrugy bilen paç almaga gelen hytaýly tanymal kişileriň birini edepsiz hereketleri üçin öldürdiler. Şol sebäpli Hytaý kowumy bilen soltanyň arasynda duşmançylyk ýüze çykýar. Soltanşa bu habary eşidip şat bolýar we ol wakany özüniň döwlet başyna geçmekligine sebäp hökmünde kabul etdi. Şu ýagdaýda Hytaý halky hem Tekeşiň garşysyna onuň bilen pikirdeş bolýarlar. Soltanşanyň haýyşyna laýyklykda, Soltan Gyýaseddin ony uly taýýarlyk we üpjünçilik bilen Hytaýa tarap ýollaýar. Soltanşa Gyýaseddiniň ýanyndan gidensoň, Gyýaseddin emirlerine ýüzlenip: «Bu adam sebäpli Horasanda pitneleriň turjagyny ýüregim duýýar. Onuň yzyndan bize köp kynçylyklar gelip ýeter. Hamala diýersiň bu bir Hudaýyň ylhamy ýaly» diýýär.

Soltanşa Hytaýa ýeten wagtynda Horezm halkyny we goşunyny öz tarapyna çekmek üçin olar bilen gürleşýär. Olar Permany kämil goşun bilen üpjüm edip, oňa goltgy bermeklige ýollaýarlar. Soltanşa Horezm sebitlerine ýeten wagtynda, Soltan Tekeşiň buýrugy bilen derýanyň suwy olaryň geçjek ýoluna akdyrylýar. Şol sebäpli olara gidip-gelmeklik örän kyn bolýar. Soltan hem şäheriň içinde urşa taýýarlyk işlerini geçirýär we söweş üçin gerek bolan ýarag-esbaplary tertipleşdirýär. Perma şäheriň derwezesinde düşlände, ol halkda uruş-jeňden başga, Soltanşanyň gelmegine bolan hiç hili islegi görmeýär. Şonuň

[1] Soltan Tekeş garahytaýlylara henizem paç töleýeärdi hem-de bu mesele babatda ol örän biynjalykdy. Garahytaýlylaryň döwlet emeldarlary, ýagny gurlular diňe bir pajy almak üçin öz wagtynda gelmezlik bilen çäklenmän, eýsem, öz duşuşyklarynda edep kadasyny hem saklamaýardylar. Hut şu mesele hem soň Tekeşiň garahytaýlylaryň üstüne hüjüm etmegine sebäp bolýar.

üçinem oňa ýaran bolup gelenine puşman edýär we yzyna dolanýar. Soltanşa hem Horezm wakasyndan özüne peýda bolmajakdygyna we gaçmaga ýolunyň ýokdugyna gözi ýetýär. Onsoň Saragta gitmek üçin Permadan bir bölek goşun haýyş edýär. Bu isleg kanagatlandyrylýar. Şu işden soň, Soltanşa duýdansyz Saragta çozýar we guz emirleriniň biri bolan Mälik Dinaryň goşunynyň köpüsini gylyçdan geçirýär. Mälik Dinar özüni galanyň suwly hendegine atýar. Saçyndan tutýarlar we ony suwdan çykaryp galanyň içine getirýärler. Guzlaryň galanlary bolsa gaçyp galada gizlenýärler.

Soltanşa bu söweşden soňra Merwe gidýär. Ol ýerde mekan tutýar we hytaý leşgerlerini yzyna gaýtarýar. Ýöne ol Saragta guzlaryň ählisi pytraýança, zarba urup durýar. Mälik Dinar galada saklanmakdan ejiz bolup, töweregindäkileriň köpüsi ondan ýüz öwrensoň, ol Toganşanyň ýanyna ilçi iberýär hemde Saragtyň ornuna Bestamyň emirligini haýyş edýär. Bu isleg kabul edilip, emir Omar Piruzkuh ondan Saragty almak üçin iberilýär. Mälik Dinar bolsa Bestama gidýär. Soltan Tekeş Yrak ýolunda Horezmden Jajreme ýeten wagtlarynda, Mälik Dinar öz mal-mülküni taşlap, Toganşa birigýär. Toganşa Omar Piruzkuhy Saragtdan yzyna çagyrýar we onuň ýerine kakasynyň gulamlarynyň biri bolan emir Garaguşy ýollaýar.

Soltanşa üç müňe golaý adam bilen öz ähtini bozup, Toganşa bilen garpyşmak üçin ýola düşýär. Toganşa hemme tarapdan üpjün on müň goşun bilen uruş-dawa niýeti bilen Saragta tarap ýola düşýär. 576[1]-njy ýylyň gurban aýynyň ýigrimi altysyna Sogapgüni uruş başlanýar we iki tarapyň pälwanlary biri-birlerini öldürmäge we gyrmaga başlaýarlar. Soltanşanyň esgeriniň zarba urmagy netijesinde Toganşanyň esgerleri köp zyýan çekýär we Hudaýyň kömegi bilen Soltanşa ýeňiş gazanýar. Bu

[1] Milady ýyl hasabynda 1180-nji ýyla gabat gelýär.

uruşda köp oljalar, mal-mülk we bol baýlyk Soltanşanyň hazynasyna geçýär. Şol sanda üç ýüz sany nard tagtasy hem ele salynýar. Şeýle hem Soltanşa Saragt we Tus sebitlerine eýe bolýar. Onuň ykbal ýyldyzy belent derejä ýetýär.

Ol Toganşanyň tersine söweş we jeň adamsy bolup, ony depdir-saz gyzyklandyrmaýardy. Şonuň üçin ol Toganşanyň üstüne yzygiderli çozuşlary geçirip durýar. Ahyry Toganşanyň leşgeri halys surnugýar hem-de onuň emirleriniň, abraýly adamlarynyň köpüsi Soltanşa birigýärler. Şeýlelikde, onuň döwletinde hiç bir rowaçlyk galmaýar. Şol sebäpli hem Toganşa birnäçe gezek Soltan Tekeşe we Gur soltanyna kömek sorap ýüz tutýar we ilçi iberýär. Hatda bir gezek onuň hut özi-de Hyrada gidip, goşun haýyş edýär. Emma hiç kimden hiç hili kömek bolmaýar. Şeýdip, ol myrat-maksadyna ýetip bilmeýär we 581[1]-nji ýylyň aşyr aýynyň on ikisine Başgüni gije aradan çykýar.

[1] Milady ýyl hasabynda 1185-nji ýyla gabat gelýär.

# SANJARŞA

Kakasy aradan çykandan soňra, hut şol gije onuň ogly Sanjarşany tagta geçirýärler. Onuň atabegi bolan Meňlibeg ýokary göterilýär hem-de birtopar adamlardan mal-mülküni döwlete tabşyrmaklygy talap edip, olary yzarlap başlaýar. Toganşanyň köp emirleri Soltanşanyň hyzmatyna geçýärler we Toganşanyň köp welaýatlaryna häkim bolýarlar. Mälik Dinar Kermana tarap gidýär we her ýerde saklanyp galan guz türkmenleri oňa birigýärler. 582[1]-nji ýylyň ilkinji aýlarynda Soltan Tekeş Horezmden Horasana gelýär. Soltanşa bu pursatda köp goşun bilen Horezme gidýär. Soltan Tekeş Merwe gelýär we şäheriň derwezesiniň öňünde düşleýär. Soltanşanyň pikiriniň garşysyna oňa Horezme gitmäge ýol bermeýärler. Şoňa görä-de ol Tekeşiň Merw derwezesinde düşlemekligine päsgel berip bilmeýär. Haçanda Amuýa ýeteninde, Soltanşa goşunynyň köpüsini ol ýerde goýup, elli sany söweşjeň adam bilen gije Soltan Tekeşiň goşunynyň arasyndan böwsüp geçýär we Merwe gidýär. Ertesi Soltan doganynyň şähere girip jaýlaşandygyny bilen badyna howlukmaç Şadyýaha tarap gaýdýar. 582-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda şäheriň daşynda düşleýär we iki aýyň dowamynda Sanjarşany we Meňlibegi Şadyýahda gabaýar. Iki taraplaýyn parahatçylyk şertnamasy baglaşylandan soň, Soltan Tekeş yzyna dolanýar hem-de uly hajyp gaýdyp gelýär we öz ýaranlary Şyhabeddin

[1] Milady ýyl hasabynda 1186-njy ýyla gabat gelýär.

Mesgudy, saçak emiri[1] Seýfeddin Merdanşiri, kätip Bahaýeddin Muhammet Bagdadyny parahatçylyk meselesini çözmek we ýerleriň şertnamasyny kesgitlemek hem-de Meňlibegiň öz boýnuna alan borçlaryny ýatlatmak üçin onuň ýanyna iberýär. Meňlibeg hem olary Soltanyň goşunynyň ýoklugy sebäpli tutup, Soltanşanyň ýanyna ugradýar. Ol parahatçylyk ilçileri iki doganyň arasynda ýaraşyk baglaşylýança tussaglykda saklanylýar.

Öz döwrüniň beýik we tanymal alymlarynyň hem-de akyldarlarynyň biri, döwrüniň soltanlarynyň ýanynda aýratyn hormata eýe bolan Horasan sebitiniň kazylyk we şyhyl yslamlyk derejesini alan Ymam Burhaneddin Abu Sagyt bin Ymam Fahreddin Abdyleziz Kufy ýokardaky bolup geçen hadysalarda Soltan Tekeşiň huzuryndady. Men onuň ahwallary barada ýazan wagtymda dostlarymyň biri onuň Kufä ýazan şygryndan birnäçe beýt aýdyp berdi. Şygyr şunuň ýalydyr:

Eýsem, ýene-de bir gezek Kufä
dolanmak umydy barmy?
Meniň hyjuwymyň teşneligi
ölümden öň ganarmy?
Zir-zibildir çöp-çalamyň içinde
agşam geçip, heý, daň atarmy?
Eýsem, göz ýaşlarymy olaryň topragynyň
üstüne seçerinmi?
Yrakdaky dostlarymy
aman saklasyn, Hudaýym,
Döwre saldylar talaňy,
Mynda perişandyr halym.

[1] Saçak emiri – patyşanyň iň ýakyn adamsy bolup, şol adamyň üsti bilen patyşanyň huzuryna baryp bolupdyr.

Parahatçylyk şertnamasyndan soňra, bu danyşment adam Şadyýaha gidýär. Meňlibeg ony tutup öldürýär. Soltanşa doganynyň yzyna dolanandygyny eşiden badyna, Nyşapury eline almak tamakinçiligi bilen ýene-de Şadyýaha ýöriş edýär. Birnäçe wagt uruş bilen meşgul bolýar. Ýöne şäher ilatynyň güýç bererli däldigini we ýeňiş gazanmajagyny aňandan soň, ol ýerden Sebzewara zarba urýar hem-de ol ýeri gabap, manjanyklaryny[1] işe girizýär. Sebzewaryň halky oňa köp gargyş aýdýarlar. Şol sebäpli Soltanşanyň kinesi artýar we ol ýeri basyp almakda ýowuzlyk görkezýär. Sebzewaryň halky kynçylyga duçar bolup, gaçmaga gaçybatalgalary bolmansoň, zamananyň seýrek adamlarynyň biri we dini ylymlarda deňsiz-taýsyz akyldar, döwrüniň şyhy Şyh Ahmet Bediliniň ýanyna goldaw gözläp barýarlar. Bu adam Sebzewaryň halkyny halas etmek üçin goranyş galasyndan çykyp, Soltanşanyň ýanyna araçy hökmünde barýar. Soltanşa bu adamyň maslahatyny kabul edýär. Şyh Ahmediň özi hem Sebzewardandy. Ýöne Sebzewarly şyhlar we sopular bilen garşy ýagdaýda bolandygy we ony inkär edýändikleri üçin Şyh Ahmet Sebzewardan çykyp gaýdanda, şäheriň ilaty oňa köp gargadylar. Şyh Ahmet şeýle diýipdir: «Eger bu taýpadan erbedräk kowum hem bolan bolsa-da, pir bolanlygym üçin men biçäre ejizi ol ýere – Soltanşanyň ýanyna ibererdiler».

Ýogsa Sebzewar halky ol şäherden gidip barýarka, onuň yzyndan atýarlar, bir peýkam onuň arkasyna degýär. Ýöne Şyh Ahmet oňa üns bermeýär. Onuň sopuçylyk dogrusynda birnäçe gazaly, risalalarydyr rubagysy bar. Bu rubagy onuňkydyr:

Eý, jan,sen eger-de ten hilesinden arassalansaň,
Mukaddes ruhsuň, pelekdenem
ýokary çykarsyň.

[1] Manjanyk – bu söweş guraly bolup, ondan daş atypdyrlar.

Seniň ornuň arşdadyr, özüňe kiçilik bilmän —
Gelýärsiň-de toprak ülkesinde ornaşýarsyň.

Bu wakadan soň, Soltanşa Sebzewara girýär we öz sözünde tapylýar. Bir sagat şäherde saklanandan soňra, Merwe tarap gidýär.

Soltan Tekeş ýene-de 583[1]-nji ýylyň aşyr aýynyň on dördüne Anna güni Şadyýahyň daşynda düşläp, manjanyklaryny berkidip gaýduwsyz urşa başlaýar. Netijede, Meňlibeg bialaç ymamlary we şyhlary araçy belleýär we olary Soltan Tekeşiň hyzmatyna iberýär. Soltan Tekeş olaryň haýyşyny kabul edýär we aman goýýar. Meňlibeg Soltanyň huzuryna gelensoň, Soltan şol ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň on ýedisine Ýaşgüni şähere girýär. Ol şähere girip, adyllyk we mähremlik halysyny ýazýar hem-de ol ýeri duşmanyň we sütemkeşleriň hapa-haşalyndan arassalaýar. Şondan soň ilatdan nähak ýere alan zatlaryny olara gaýdyp bermegi üçin Meňlibegiň üstünden garamaga bir wekil belleýär. Soňra Burhaneddiniň huny üçin hem-de dini ýolbaşçylaryň pitwalaryna laýyklykda Burhaneddiniň kakasy Meňlibegi Fahreddin Abdyleziz Kufiniň eline tabşyrdylar. Ol hem «Jan ýerine jan, ýara salana bolsa jeza»[2] diýlen höküm esasynda ony öldürdi. Şeýlelikde, bütin Nyşapur onuň süteminden azat edildi. Haçanda ol ýerler Soltanyň ygtyýaryna geçirilende, ol ýerleri dolandyrmaklygy Nasreddin Mälikşanyň ygtyýaryna berýär hem-de şol ýylyň rejep aýynda Horezme dolanýar.

Soltanşa ýene-de ýolunyň azat bolandygyny görenden soňra, derrew Mälikşanyň üstüne ýöriş edip, Şadyýahyň ilatyna urgusynyň we zarbasynyň «tagamyny» dadyrýar hem-de gala

[1] Milady ýyl hasabynda 1187-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Gurhanyň 5-nji («Supra») süresiniň 45-nji aýaty.

küňreleriniň köpüsini weýran edýär. Onsoň iki tarapdan hem goşun çykyp, gapma-garşy bolup söweşýärler we biri-birlerini gyrmakda yhlas edýärler. Mälikşa kakasyndan kömek sorap hat ýazýar we ýyndam ýelmaýalara atlanan çaparlary kakasyna tarap iberýär. Soltan Tekeş eglenmän goşunyny jemläp, hereket edýär. Ol Nusaý şäherinde aýratyn gulamlarynyň birine: «Soltanşanyň ýanyna çalt bar-da oňa: «Tekeş agyr goşuny bilen ýetip gelýär» diý-de habar ber» diýip buýruk berdi. Bu habary eşiden Soltanşa manjanyklaryny otlaýar we şemal tizliginde gaçýar. Soltan Tekeş şähere ýetende, onuň buýrugy bilen harabalary dikeldýärler. Ol gyşyny Mazanderan gyşlagynda geçirýär. Tä şol wagta çenli Soltanyň hyzmatyna gelmedik we oňa birleşmedik Horasan emirleriniň bary oňa gelip birleşdi we onuň dürli aladalaryna mynasyp boldular. Bahar gelip, tebigata gözellik çaýylan wagty Soltan Horasana dolanýar we öz goşuny bilen Tusuň Radkan diýen çemenzarlygynda düşleýär. Şol wagtlar Soltan Tekeş bilen Soltanşanyň arasyndaky parahatçylyk ilçileri gapma-garşylygy çözüp, ylalaşyk baglaşmak maksady bilen gatnaşyp başladylar we ýaraşyk baglaşdylar. Horezmşa Tekeş özüniň dostluk esaslaryny berkitmek bilen Jam, Bahrez we Ziripul diýen ýerleri Soltanşa berýär. Soltanşa bolsa, öz gezeginde Meňlibegiň tutup, özüniň gaşyna iberen Horezmşanyň döwlet adamlaryny halat-serpaýlap gaýtarýar. Şeýlelikde, iki tarapyň arasyndaky duşmançylyk meseleleri hem çözülýär. Horasan sebitleri bolsa duşmanlardan we gozgalaňçylardan arassalanýar.

Soltan Tekeş 585[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň on sekizine hepdäniň Ýaşgüni Tusuň Radkan diýen çemenzarlygynda soltanlyk tagtynda ornaşýar. Onuň at-owazasy dag aşyp, älem etraplaryna ýaýraýar. Şahyrlardyr hutbaçylar onuň

[1] Milady ýyl hasabynda 1189-njy ýyla gabat gelýär.

tagta çykmagyna bagyşlap, gutlag şygyrlaryny ýazýardylar we hutba aýdýardylar. Şol sanda Zuzenini şu aşakdaky kasydasyny ýazypdyr:

Hudaýa şükür, älemiň Gündogaryndan
Günbataryna çenli,
Şanyň gylyjyna älem tabyn boldy.
Belent goşunbaşy ol, älem şalar şasy ol,
Şalara ýüzük (möhür) bagyşlaýjy, älem hökümdary ol,
Il-Arslan ibn Atsyzyň ogly Tekeş han,
Atadan ata patyşadyr Adam atadan bäri,
Ýeňişli hem-de bagtly tagtyň üstünde parlaýar,
Edil mawy asmanyň tagtyndaky güneş ýaly.

Soltan şahyrlara hem-de beýleki adamlara sowgat-serpaý we sylaglar berýär. Şol ýylyň güýzünde ol Horezme dolanýar. Emma iki doganyň arasynda ylalaşyk gazanylan hem bolsa, Soltanşa bilen Gur soltanlarynyň arasynda duşmançylyk bardy we hemişe jeň bolup durdy. Ýöne Soltanşa Merwerut hem-de Penjdeh söweşinde derbi-dagyn edilenden we gaçandan soňra, onuň güýç-gaýraty we kuwwaty ýok edilýär. Onsoň ol ýaraşyk baglaşmagy ýaramly görüp, dogany bilen ylalaşyk baglaşýar.

Şol bir wagtda Soltanşa doganyndan köp borçlary talap edýärdi. Ol onuň ülkesinde ähti-peýmana ters gelýän birnäçe hereketleri hem edip ugraýar. Netijede, Soltan Tekeş 586[1]-njy ýylda Horezmden oňa garşy hereket edýär. Ol Soltanşanyň adamlaryndan hem-de sanardan kän ýarag-esbaplardan doly bolan Saragt galasynyň eteginde düşleýär. Olary güýç bilen basyp alýar we derbi-dagyn edýär. Soňra ol Radkana tarap gaýdyp gelýär we tomsy şol ýerde geçirýär. Ýöne doganlary ikinji

[1] Milady ýyl hasabynda 1190-njy ýyla gabat gelýär.

gezek hem ýaraşdyrýarlar. Soltanşa Saragt galasyny ýene-de dikeldýär we ony hazynadan doldurýar. Bu wakadan soňra doganlaryň arasyndaky dostluk hem-de ylalaşyk aşakdaky getiriljek hadysa çenli dowam edýär.

588[1]-nji ýylda Gutlug Ynanç bin Atabeg Ildeňiz Yrakdan Soltanyň gaşyna ilçiler iberip, Soltan Togrul Seljuklynyň ahwaly barada, onuň tussaglykda ýatan galasyndan azat bolandygyny hem-de Yrak döwletiniň bölünendigi dogrusynda habar berip, ondan kömek soraýar. Soltan ylalaşyk bilen Horezmden çykýar. Bahaýeddin Kätip Bagdady şol wagtlar Soltanyň hyzmatyndady. Haçanda Soltan Jüweýnä gelip ýetende Azadwar obasynda, meniň atamyň atasy, ýagny Bahaýeddin Muhammet Aly onuň hyzmatyna gelýär. Şeýlelikde, atamyň atasy bilen Kätip Bagdadynyň arasynda gyzgyn gürrüňdeşlik bolýar. Soltanyň gözi olara düşen badyna atamyň atasy weziriň yşaraty bilen şu rubagyny duran ýerinde goşýar:

Seniň mähriň gizlin göwheriň şöhratyny aýrar,
Eliň sahylygy Jeýhunyň meşhurlygyny peselder,
Eger höküm etseň, hökmüň şol pursatda,
Bihuda söwdany pelegiň başyndan aýrar.

Soltan şu setirlerdäki öwgülere begenip, giç agşama çenli şerap içýär we atamyň atasyna halat-serpaý ýapyp hormatlaýar. Gün dogan wagty ol garşydaşlaryna temmi bermek üçin Yraga ýöriş edýär. Haçanda onuň owazasy Gutlug Ynanja we onuň ejesine ýetende, olar ony çagyrandyklaryna ökünýärler hem-de goranmak üçin gala gidýärler. Soltan Reý şäherinde düşleýär hem-de birki günüň dowamynda söweş adamlaryndan we uruş

[1] Milady ýyl hasabynda 1192-nji ýyla gabat gelýär.

esbaplaryndan doly bolan Tabarak[1] galasyny eýeleýär. Onuň goşuny ol ýerde köp baýlyklary ele salýar. Soltan tomsy Reý töwereklerinde geçirýär. Ýöne howanyň erbetligi hem-de suwuň ýaramsyzlygy sebäpli, onuň goşunynyň köpüsi heläk bolýar. Soltan Togrul Soltandan gorkýandygy üçin we Gutlug Ynanjyň hem ondan gorkýandygyny aňyp, köp sowgat-serpaý iberýär, özi bolsa aman soraýar. Şeýdip, söweş meýli dostluga öwrülýär. Soltan olja eýe boldy hem-de türk emirleriniň ulularynyň biri Tamgaç hany goşun bilen Reý şäherinde galdylar. Ol gaýdyp gelýärkä, habarçylardan «Soltanşa Soltanyň ýoklugyndan peýdalanyp, Horezmi gabapdyr» diýen habary eşidýär. Onsoň Soltan Tekeş howlukmaç we gyssanmaç Horezme dolanýar. Ol Dehistana ýeten wagtynda ilçiler: «Soltanşa Soltanyň yzyna gaýdyp gelýändigini eşideninden yzyna gaýdypdyr» diýen habary getirýärler. Soltan Horezme gelenden soň bütin gyş paslyny meýlis bilen geçirýär. Ýöne bahar pasly gelende Horasana, doganynyň üstüne çozmak üçin hereket edýär. Ol Abywerde ýeten wagtynda, ilçiler ýene-de ol ikisiniň arasynda ylalaşdyryjy hereketleri alyp bardylar. Birek-birege hat ibermeklik başlanýar. Emma dawa-jenjel meselesi çözülmeýär. Soltanşa özüne laýyk ýaramaz häsiýetleri we çäksiz tekepbirligi bilen asylly ýörelgelerden daş, ylalaşyk we oňşuk hereketlerine ýat bolan sözleri diline alýardy. Şol wagtlar Saragtyň Bedreddin Çagyr atly häkimi Soltanşanyň onuň huzurynda özüniň agzyndan sypan bir erbet sözi sebäpli Soltandan gorkusynyň bardygy üçin ynamy bolmadyk goragçylarynyň bir toparyny tussag edýär we Abywerde Soltanyň huzuryna çapar iberýär. Soltan öňünden uly goşun iberip, özi yzyndan hereket edýär. Haçanda Soltan ýakyn gelende Çagyr ony garşylamak we oňa

[1] Tabarak (kiçi tabar) — Reý şäheriniň golaýyndaky bir kiçiräk dagyň üstünde ýerleşen gala bolup, onuň sag tarapynda Horasan ýoly we çep tarapynda bolsa Reý bolupdyr.

wepadarlygyny bildirmek üçin onuň öňünden gyssanmaç çykýar hem-de galanyň we hazynalaryň açarlaryny oňa tabşyrýar. Soltanşa bu wakalary eşitmek bilen örän gynanýar we ol 589[1]-njy ýylyň oraza aýynda, ýagny bu wakadan iki gün geçenden soňra hepdäniň Hoşgüni aradan çykýar.

Ertesi gün Soltanşanyň ölümi baradaky habar Soltan Tekeşe ýetende, onuň üçin täze şatlykly gün dogdy. Şeýdip Soltanşanyň döwletine we mülküne eýe hem-de onuň tagtyna, bagtyna, goşunyna we hazynasyna mirasdar bolansoň, ol Horezme Mälik Kutbeddin Muhammedi habardar etmek üçin ilçi iberýär. Soltanyň uly ogly Nyşapuryň häkimi Nasreddin Mälikşa laçyndyr we beýleki aw haýwanlary bilen aw-şikara çykmaklygy gowy görýänligi sebäpli, hem-de Merw ülkesinde awuň köpdügi üçin Nyşapury Merw etrapy bilen çalyşmak isläpdir. Soltan Tekeş onuň bu teklibi bilen razy bolýar hem-de Nyşapur Mälik Kutbeddine berilýär. Soltan iki perzendiniň hem bu ülkedäki hukuklaryny güýçlendirýär. Iki doganyň arasyndaky gapma-garşylygyň bar wagtynda Soltan Soltan Togrulyň öz ähdini bozandygyny, onuň Tabarak galasyny basyp almaga we onuň içindäki baýlyklary talamak üçin ýöriş edendigini eşidipdi. Onsoň Soltan 590[2]-njy ýylda Soltan Togruldan ar almak we meseleleri çözmek üçin atlanýar. Ynanç Yrak emirleri bilen bilelikde ony garşylamak üçin Semnana gelýär we öňki etmişleri üçin ötünç soraýar. Soltan onuň günäsini geçýär we goşunyň öňünden Yraga dolanmaga görkezme berýär. Beýleki tarapdan Soltan Togrul hem güýçli goşun bilen bilelikde Reýden üç parsaňlykda[3] söweşe taýýar bolup, garşylyk we jeň baýdagyny dikip, urşa häzir bolup durdy. Haçanda Ynanç ýakyn gelip ýetende, ol öz güýjüni jemleýär we uruş lybasyny geýýär. Aýdyş-

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1191-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasabynda 1193-nji ýyla gabat gelýär.
[3] Parsaň – ölzeg birligi bolup, bir parsaň 6 km barabar.

laryna görä Togrulyň agyr gürzüsi bolup, ol oňa örän guwanypdyr hem-de goşunyň öňünde ony pyrlandyrýan wagty adatyna görä, «Şanamadan» şu setirleri okaýan eken:

Merdana goşunyň çaň-tozy asmana galan wagty,
Biziň gaýduwsyzlarymyzyň ýüzleri saraldy.
Men  gürzimi bir zarp bilen göterdim,
Goşuny hut şol ýerde goýdum.
Eýeriň üstünde arladym,
«Zemin duşman üçin degirmene döndi» diýip.

Ol şu şygyrlara hiňlenip ýörşüne, pelek degirmeniniň özüniň ömür dänelerini agyr daşynyň aşagynda owratjakdygyny we toýunyň ýasa öwrüljekdigini bilmeýärdi. Ol  atyndan ýykylýar welin, Gutlug Ynanç şobada ýetip gelýär hem-de tanaman, oňa zarba urmakçy bolýar. Şol wagt Togrul özüni tanatmaklyk üçin ýüzünden nikabyny aýyrýar. Gutlug Ynanjyň gözleri Togrula düşenden: «Bu aralykda, ähli maksat we matlap sendiň» diýip, bir zarba bilen onuň ömür tanapyny kesýär. Ine, görşümiz ýaly, çarhypelegiň garşysyna Soltanyň buýsanýan agyr gürzüsi garşy durup bilmedi, uly goşun hem zamana bilen söweşip bilmedi. Her näme-de bolsa, ony düýä ýükläp, Soltanyň ýanyna getirýärler. Soltan Tekeş duşmanyny bu halda gören wagty atdan düşýär we Taňrytagala şükür sejždesini edip, ýüzüni ýere sürtýär. Togrulyň kellesini Nasyreddinylla bilen arasynyň gowy däldigi üçin Bagdada iberýär, göwresini bolsa Reýiň bazarynda asyp goýýar. Bu waka 590-njy ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň dokuzyna Sogapgüni bolup geçýär. Togrulyň ýakyn nedimleriniň biri bolan şahyr Kemaleddin hem ýesir alynýar we wezir Nyzamylmülkiň huzuryna getirilýär. Wezir oňa: «Togrul begiň şunça at-owazasy, şan-şöhraty we

güýç-kuwwaty yslam patyşasynyň öň hatarky goşunynyň garşysynda hem durup bilmedi» diýýär.

Kemalledin derrew jogap berýär:

Biženden[1] we Humandan[2]
güýç-kuwwatda artykdy,
Bagtyň ýatsa güýjüňem soňra nepi degenok.

Soltan Reýde uzak saklanmaýar. Ol ýerden Hemedana gidýär. Gysga wagtyň dowamynda Yragyň köp galalaryny basyp alýar. Möminleriň emiri Nasreddinilla «Soltan Tekeş Yrak sebitlerini ýa-da ol sebitleriň käbir ýerlerini berer» diýip, tama edýär. Ilçiler iki aralykda bu işi amala aşyrmaklyk üçin gatnaýardylar. Soltan wagty bilen onuň tamasyny ödemändigi üçin halypa öz weziri Muýeýediddin bin Gasaby sowgat-serpaý bilen Soltan Tekeşiň ýanyna iberýär. Bu ilçi Esedabada ýeten wagtynda Yrak kürtlerinden we arap harbylaryndan on müňdenem gowrak adam onuň ýanynda bardy. Tarapdarlarynyň köplügi we kemakyllygy sebäpli Soltana: «Halypa köşgüniň wekili bir tabşyryk bilen iberilendir. Patyşalygyň abadançylygynyň kepili, ýagny wezir (bolan men) halypanyň halady bilen şu ýere gelip ýetendir. Indi soltan minnetdarlyk hakyny berjaý edip, azajyk adam we köp kiçigöwünlik bilen bizi garşylasyn we hormat we serpaýy ýerine ýetirmek üçin weziriň atynyň öňünden pyýada ýöresin» diýip, habar iberýär.

Bir tarapdan Soltanlyk tekepbirligi we bu garşylamakda bir mekirligiň bardygyny aňanlygy hem-de beýleki tarapdan şu hiläni ýok etmeklikde pursadyň bolmaklygy Soltanyň weziri

[1] Bižen – gadymy eserlerde getirilýän milli gahryman bolan Giwiň ogludyr. Onuň batyrgaýlygy «Şanamada» hem-de Ata bin Ýakubyň «Bižennama» diýen eserinde getirilendir.

[2] Human — Afrasyýabyň serdarlarynyň biri, Piran Wisäniň dogany.

garşylamak üçin goşun ibermegine sebäp bolýar. Heniz bagdatlylar entek şamlyk edinmänkä, bu goşun wezire şeýle bir tagam berdiler welin, hatda ol gaçmaklygy saklanmaklykdan möhüm saýdy hem-de halypalyk öýüniň abraýyny dökdi. Goşun olary Dinawere çenli yzarlaýar. Şeýlelikde, bu wakada olaryň abraýy ýere dökülýär. Soltan dinara-derheme hem-de beýleki baýlyklara eýe bolup, Hemedana gelip ýetýär. Ol şondan soň salgyt ýygnamak üçin emeldarlaryny Yragyň etraplaryna iberip, Yrak mülküni dolandyrmagy emirlere we emeldarlara tabşyrýar. Yspyhany Gutlug Ynanja bagyşlaýar we Yrak emirlerini onuň hyzmatyna belleýär. Şol bir sanda Reýi öz ogly Ýunus hana bagyşlap, Maýanjygy onuň atabegi hem-de goşunyň serdary edip belleýär. Başga etraplary hem şu jähtde özgelere paýlaýar. Şondan soň ýeňiji Soltan Horasana dolanmaklygy ýüregine düwdi.

Ýolda ol Merwiň ýaramaz howasy zerarly, Mälikşanyň ýarawsyzlygy baradaky habary eşidýär. Ol ony getirmek üçin onuň yzyndan adam iberýär. Mälikşa Tusa gelip sagalandan soň, Nyşapuryň emirligini ikilenç oňa tabşyrýar. Özi bolsa ornaşmak üçin Horezme tarap hereket edýär. Şol bir wagtyň özünde-de Horasanda Soltan Muhammet üçin hem mülk bölüp berip, onuň özüni bolsa, öz ýany bilen alyp gidýär.

Soltan 591[1]-nji ýylyň gyşy tamamlanandan soň, Sygnaga Kadyr Buky hanyň garşysyna gazawat etmek niýeti bilen ugraýar. Soltan we onuň köp sanly goşuny Jende gelip ýetende, Kadyr Buky han bu habary eşidip ökjäni göterýär. Soltan onuň yzyndan kowýar. Soltanyň goşunynda ajamlylaryň urugyndan bolan uranlylar taýpasy hem bardy. Olar Kadyr Buky hana: «Häzirlikçe saklanyň, haçanda iki goşun birek-birek bilen garpyşanda biz Soltanyň leşgerinden ýüz öwrüp, size birigeris»

[1] Milady ýyl hasabynda 1194-nji ýyla gabat gelýär.

diýip habar iberýärler. Şu ynam esasynda Kadyr Buky yzyna dolanýar. Şol ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynyň altysyna hepdäniň anna güni iki goşun ýüzbe-ýüz bolup hatara durýar. Soltanyň goşunyndaky uranlylar goşunyň merkeziniň ýeňsesinden çykýarlar we azyk önümlerini talaýarlar. Yslam goşuny derbi-dagyn edilýär, köpüsi gylyjyň astynda heläk bolýar. Köpüsi çölde yssydan we suwsuzlykdan gyrylýarlar. Soltan on sekiz günden soňra Horezme gelip ýetýär.

Soltan bu urşa taýýarlanan wagty Ýunus han ynamdar adamlaryny dogany Mälikşanyň ýanyna iberip, Yraga tarap ýetip gelýän Bagdat goşunlarynyň garşysyna kömege gelmekligi sorap habar iberipdi. Mälikşa hem bu islegi kanagatlandyrmak üçin Yraga atlanypdy. Ýöne heniz ol doganynyň ýanyna ýetmänkä, Ýunus han Bagdat goşunyny derbi-dagyn edip, köp baýlygy ele salypdy. Iki dogan biri-biri bilen Hemedanda duşuşýarlar. Az wagtlyk meýlisden soňra, Mälikşa yzyna dolanýar. Horasana ýeten wagtynda Şadyýahda Arslanşany çagyryp, ony şol ýerde oruntutar edip goýýar. Soňra özi Horezme, kakasynyň hyzmatyna gidýär.

Nyşapurda Arslanşa gidenden soň, pyssy-pujurlyklar we gozgalaňlar döreýär. Ol barka hem-de patyşanyň güýçli gylyjynyň saýasynda şeýtan sypatlylaryň elleri zulum we sütem işine ýetmeýärdi. Indi bolsa Arslanyň ýoklugyndan peýdalanyp, pitneçiler pyssy-pujurlyga ýüz urýarlar. Olaryň biri Toganşanyň ogly Sanjarşady. Bu adamy Soltan çäksiz mähribanlyk we söýgi bilen terbiýeläpdi. Birinjiden-ä, Sanjaryň ejesi Soltanyň aýalydy, ikinjiden bolsa Soltanyň gyzyndan başga ýene bir aýal dogany hem Sanjaryň öýünde ýaşaýardy. Olar betbagtçylyga ýanaşyp, dildüwşügiň üstüniň açylmazlygy üçin gizlinlikde söweş meýilnamalary düzüp başlapdylar hem-de duýdansyz bir uly goşun taýýarlamak isleýärdiler. Meýilnama şeýledi: Ejesiniň isleginiň tersine Sanjarşa gizlinlikde Horezmden Nyşapura

şäheriň görnükli we atly adamlaryny pul bilen aldamak hem-de olaryň garaýyşlaryny dogry ýoldan sowmak üçin zerdir göwherleri eçilýärdi. Emma onuň syry äşgär bolýar. Sanjarşany Horezme çagyrýarlar. Onuň gözlerini kör edýärler we tussaglykda saklaýarlar.

Sanjar bu hadysada büs-bütin kör bolman eken, ýöne ol muny hiç kime duýdurmaýar. Aşakdaky getirilýän rubagy onuňkydyr.

Gözüm kör edende ykbalyň eli,
Ahy-perýat tutdy ýaşlyk älemi.

Birnäçe wagtdan soňra, döwletiň emirleri we ýurt emeldarlary onuň arkasyny alýarlar we ony azat edýärler. Soltan onuň günäsini geçip, öňki bar bolan mülk ýerlerini oňa gaýdyp berýär. Sanjar tä 595[1]-nji ýylda ajal ýakasyndan tutýança, şu işi we durmuşy bilen meşgullanyp ýaşaýar. Sanjaryň gözüniň kör edileninden soňky ömrüniň dowamynda, onuň bütinleý kör bolmandygyny hiç kim aňmaýar. Özi hem bu barada dil ýarmaýar. Şonuň üçin onuň maşgalasy-da, garyndaşlary-da bu barada hiç zat bilmeýärdiler. Ol ýüze çykan her hili ýagdaýlarda-da özüni körlüge salýardy.

Sanjarşanyň ölüminden soňra, Soltan täze urşa taýýarlanmaga başlaýar we ýurduň emirlerini mundan habarly etmek we uruş gamyny iýmekleri üçin dürli etraplara ilçiler iberýär. Şol aralykda Yrak emirleriniň garşy çykýandyklarynyň habary gelip ýetýär. Emma Soltanyň özi ogly Ýunus hanyň bejerip bolmaýan göz keseline sezewar bolandygyny eşidendigi sebäpli — belki-de, bu ahwalat Hudaý tarapyndan iberilen jezadyr,

[1] Milady ýyl hasabynda 1198-nji ýyla gabat gelýär.

ýagny Hudaý: «göz üçin göz» diýipdir — Reýe gaýdyp gelýär we öz ýerine Maýanjygy[1] oruntutar edip belleýär.

Bagdatda weziriň başda durmagynda goşun düzgüne salynýar. Gutlug Ynanç Maýanjygyň kömegi bilen Reýe gelýär. Birnäçe gün olar birek-birek bilen söhbetdeşlikde bolýarlar we soňra Maýanjyk birden Gutlug Ynanjy öldürýär we kellesini Horezme iberýär. Bu işde özüni aklamaklyk üçin bolsa, onuň soltan bilen gapma-garşydygyny bahana edýär. Soltanyň onuň bu erbet bahanasyna we açykdan-açyk hilesine gahary gelýär hem-de bu işe ýene boljak gozgalaňyň bir nyşany hökmünde düşünýär. Emma pikirini aýan etmegi ýerliksiz hasaplaýar. Ahyry 592[2]-nji ýylda Soltan üçünji gezek Yraga ýöriş edýär. Halypanyň weziri goşuny bilen Hemedanyň Mazdakan diýen ýerinde düşleýär.

Uruş başlanandan birnäçe gün geçensoň, Bagdat goşunlaryna gaçybatalga gözlemekden başga çäre tapmaýarlar. Soltan hemişeki adaty boýunça olaryň janlaryna rehim edýär we hormat bilen olary yzlaryna goýberýär. Elbetde, wezir söweşden birnäçe gün öň aradan çykypdy. Ýöne onuň ölümi baradaky habar şeýle bir gizlinlikde saklanypdyr welin, hatda goşun derbi-dagyn edilen wagty hem onuň ölendigini aňmandyrlar. Ölen weziriň kellesini kesip, Horezme iberýärler. Bu hereket ne soltanlygyň peýdasynady, ne-de mertlikdir sahawatlylyga laýyk zatdy. Soltanyň ýeňşiniň at-owazasy bütin arap we ajam[3] Yragyna ýaýraýar. Onuň işi rowaçlanýar we gülläp ösýär. Hut şol aralykda hem Töwrizden, öz doganynyň ýanyndan gaçyp gaýdan Atabeg Uzbeg Soltanyň ýanyna gelýär. Soltan ony hormatlaýar we Hemedany oňa bagyş edýär.

---

[1] Bu at asyl nusgada «Maýajyk» görnüşinde hem duş gelýär.
[2] Milady ýyl hasabynda 1195-njy ýyla gabat gelýär.
[3] Ajam — arap däl halklar.

Soltan bu wakalardan soňra, ol etrapdan Yspyhana gidýär we ol ýerde birnäçe wagt galýar. Şu kytga Hakanynyňky bolup, ol şu waka bilen baglanyşyklydyr.

Buşluk, Horezmşa Sepahan[1] mülküni aldy.
Horasany alşy deý, iki Yrak ýurduny hem aldy.
Onuň saýawany asman galasyny açdy,
Onuň gylyjynyň ujy Süleýmanyň mülküni aldy.

Birnäçe wagtdan soňra Soltan Tekeş gitmekligi niýet edinip, ýola düşýär we özüniň ogul agtygy Dogan Dogdynyň ogly Erbuz hany Yspyhan şäherine häkim belleýär hem-de ýakynlaryndan we ynamdar kişilerinden bolan Samanly goşunbaşysy Peýguny onuň atabegi edip belleýär. Horezme ýeten wagtynda Horasany Nasreddin Mälikşa berýänligi baradaky permany iberýär we howasynyň saglygyna zyýanlydygy sebäpli, Merwe gitmezligi buýruk berýär. Emma Mälikşanyň aw-şikara bolan höwesi Soltanyň diýenini etmezlige mejbur edýär. Ol Merwe gidýär we keselleýär. Soňra ol Nyşapura dolanýar, ýöne keseli beterleýär. Şol kesel sebäpli hem aradan çykýar. Bu hadysa 593[2]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň ikinji aýynyň bäşine bolup geçýär.

Bu habar Soltanyň gulagyna ýeten mahaly ol ahy-nala çekip, perýat edýär we hiç hili çäre tapmaýar. Ol taýýarlanýan urşa bolan niýetini togtadýar. Mälikşanyň ogullarynyň gozgalaň etmäge hyýallarynyň bardygyny hem-de özüne gönükdirilen gapma-garşylygyň boljagyny bilenden soňra, Soltan Nyzamylmülk Sadredin Mesgut Harwyny işleri dolandyrmaklyk üçin we gozgalaňyň öňüni almak üçin Şadyýaha iberýär. Mälikşa-

[1] Sepahan — Yspyhan.
[2] Milady ýyl hasabynda 1196-njy ýyla gabat gelýär.

nyň Hindu han atly uly ogly Horezme iberilýär we parasatly hereketler bilen pitneçiler togtadylýar. Şol bir wagtda Soltan özüniň beýleki ogly, ýagny Kutbeddin Muhammedi weziriň yzy bilen Horasan meselelerine jogapkär bolmaklyk üçin iberýär. Kutbeddin Horasana ýeten wagtynda, wezir öz işini tamamlapdy we pitneleri basyp ýatyrypdy. Şonuň üçin wezir iki günden soňra – gurban aýynyň ikisine Soltanyň hyzmatyna gaýdyp gelýär. Bu wagtlar Kutbeddin Horasany dolandyrmaklyk bilen meşgul bolýar we Kadyr Buka bilen doganoglany Alp Deregiň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykýança parasatlylyk bilen hökümdarlyk sürýär. Alp Derek Jende gelýär we öz ilçilerini Soltanyň ýanyna: «Eger Soltan tarapyndan kömek alsaňyz, Kadyr Bukany aradan aýyrmagy başararsyňyz, onuň mülki bolsa Soltana geçer» diýen habar bilen iberýär:

Şeýlelikde, duşmançylyk ody tutaşýar we bu ýagdaý temmi beriş çäginden ýokary geçýär. Ilçileri goşun toplamak we şertnama baglaşmak, şeýle hem Kutbeddini Şadyýahdan getirmeklik üçin iberýärler. 594[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda ol Horezme gelen wagty Horezmden atasy bilen rowana bolýarlar. Şu wagtlarda Kadyr Buky bolsa, Alp Deregiň üstüne çozmak üçin Jende ýöriş edýär. Ol Jende gelensoň, esasy öňdebaryjy goşun bilen gelen Mälik Kutbeddine gabat gelýär. Iki tarap çaknyşandan soňra, Kadyr Buky derbi-dagyn edilýär, ol gaçýar. Mälik Kutbeddin onuň yzyndan kowýar we onuň goşunyny serdarlary bilen bilelikde zynjyrlap, Soltanyň huzuryna getirýär.

Şol ýylyň dört tirkeşikleriniň ikinji aýynda Kadyr Bukany zynjyrdyr gandallap, Horezme iberýärler. Soltanyň ýeňiş gazanan goşuny paýtagta gelýär. Kadyr Bukynyň galan adamlary umytlaryny ýitirýärler we Alp Deregiň töwereginde jemlenýärler. Soltan bozuk adamyň päliniň hemişe bozuklykdadygyny

---

[1] Milady ýyl  hasabynda 1197-nji ýyla gabat gelýär.

bilýänligi üçin Kadyr Bukyny zyndandan çykarýar we ýesirlik pesliginden emirlik belentligine ýetirýär. Ony uly goşun bilen Alp Deregiň hötdesinden gelmek üçin iberýär. Şol wagtlar Soltanyň hut özi Horasana gidýär we 594-nji ýylyň gurban aýynyň ikisine hepdäniň Ýaşgüni Şadyýaha girýär.

Soltan üç aýdan soňra, ýurtda uzak wagtlap hökmürowanlyk süren Maýanjygy derbi-dagyn etmek üçin Yraga gidýär. Şol ýylyň gyşyny Mazanderanda geçirýär we baharyň gelmegi bilen herekete başlaýar. Maýanjyk daşyna üýşüren köp goşunyna garamazdan, ol Soltanyň goşunynyň derýa kimin meşhur owazyny eşidende gorkýar we garşylyk görkezip bilmejegine gözi ýetýär. Ol gorkudan ýaňa hatda akyl-huşdanam aýrylýar. Maýanjyk ýanynda galan birnäçe adam bilen Soltandan gaçyp, Yragyň daşyndan iki gezek aýlanýar. Şol aralykda ol ötünç sorap, ilçileri iberýär. Soltan onuň ýüreginiň agyrýanlygyny, saglygynyň ugurly däldigini bilenden soňra, onuň yzyndan kowgy goşun iberýär. Olar tötänden onuň üstüni basýarlar we onuň tarapdarlarynyň köpüsini gylyçdan geçirýärler. Onuň özi galan adamlary bilen Piruzkuh[1] galasyna girýär. Ol öň bu galany aldaw bilen Soltanyň dolandyryjylaryndan alypdy hem-de uruş edip, olary öldüripdi. Ol öz dogan-garyndaşlaryny we mülküni ol galada saklaýardy. Maýanjygyň yzyndan kowmaga çykan Soltanyň goşuny galany gabaýar. Manjanyklaryň güýji bilen ony galadan çykarýarlar we düýä daňyp Soltanyň ýanyna iberýärler. Dolandyryjylar Soltanyň dilinden onuň döwlete degişli her hili ýaramaz işlerini – gadyrbilmezligini, hyýanatdyr, jenaýatlaryny, baýlyklary nähak sarp etmegini, Erbuzhany Yspyhandan aýyrmagyny we onuň salgytçy emeldarlaryny diwandan aýyrmagyny sanap geçdiler. Soltan: «Onuň jezasy ölümden pes däldir. Ýöne

---

[1] Demawendiň ýapgydynda ýerleşen meşhur gala. Ýöne muny Gurdaky Piruzkuh bilen çalşyrmaly däl.

men onuň dogany Akjanyň öňünde bergili, ol maňa hemişe päk ýürek bilen hyzmat etdi. Şonuň üçin men ony ölümden halas edýärin. Ol jeza hökmünde bir ýyl zyndanda oturmaly, galan ömrüni bolsa Jendiň ýakasynda bir ýerde geçirmeli»[1] diýip höküm çykarýar.

Bu ýeňiş bilen bir wagtda, Kadyr Bukynyň Alp Deregiň üstünden ýeňiş gazanandygy baradaky habar gelip ýetýär. Munuň üstesine, ilçiler hem merkezi halypalykdan köp dürli baýlyk getirýärler hem-de Soltana Yragyň, Horasanyň we Türküstanyň Soltany diýen ady berýärler.

Soltan niýet eden işlerini tamamlap, halypalygyň meselelerinden boşaşýar, ol dinsizleri ýok etmegiň kül-külüne düşýär. Soňra Arslan bin Togrul tarapyndan eýelenen — soňra ol gala Arslan Guşa ady bilen meşhur bolan — Kahere galasyna goşun çekýär. Dört aýlap bu galany gabamak bilen meşgul bolýar. Ylalaşyk baglaşylandan soňra, goşunyň adamlary yzyna dolanýar we Alamut tarapa gidýär. Alamut Rudbaryň serhedinde ýerleşip, Kazwine golaý bir galadyr. Bu gala diwarlar bilen gurşalyp, onuň adam we azyk ätiýaçlygy kämil däldi. Seýit Sadreddin «Zubdatil towaryhynda» (Taryhlaryň gaýmagy) Soltanyň işlerini wasp edip, ol gala barada şeýle diýýär: «Ol bir daşdan salnan güýçli galadyr, galanyň çür depesi hatda asmana-da ýetýär. Onuň içinde öz janyny gurban etmäge taýýar adamlar we ýaragdan baş çykarýanlar bardyr».

Eger-de Seýit Sadreddin şu günlerde ýaşap, patyşanyň[2] goşunlary tarapyndan galanyň basylyp alnyşynyň şaýady bolan bolsa, onda ol utanardy. Ensurynyň şu beýdinde bolsa ol galanyň patyşa tarapyndan alnyşy beýan edilýär:

---

[1] Mongollar hem käbir garahytaýlylara şeýle jeza beripdirler.

[2] Şu ýerde Hulagu göz öňünde tutulýar.

Beýikler häsiýeti şeýle, ýagny olar
işi etmelisi ýaly edýärler,
Patyşalaryň gylyçlarynyň häsiýeti
şeýle, olar yz goýýarlar.

Ýöne muňa ynanmaýan adam ýerinden tursun-da, Taremiň günbatar tarapyndan, aralygy takmynan üç ýüz parsaň bolan, ýagny Sistanyň serhedine çenli bolan ýoly geçsin hem-de şol ýeri nähili daglaryň we galalaryň gurşap alandygyny görsün. Ol tä «daglar bolsa, tüýdülen ýüň kimin asmanda uçup ýörer»[1] diýen döwre, ýagny kyýamata çenli saklanyp galjakdygyny görer. Ine, şonda daşy berkitmesiz Alamut galasynyň Arslan Guşa galasyndan ýüz esse berkdigini görer hem-de onuň Hulagu hanyň gujurly elleri bilen neneňsilik bilen basylyp alnandygyna düşüner, oýlanyp, ol leşgeriň güýç-kuwwatyny seljerer.

Soltan bu galany eýeländen hem-de Yrakdaky gozgalaňy basyp ýatyrandan soňra, ogly Täjeddin Alyşany Yraga belleýär we Yspyhanda onuň ýaşajak ýerini kesgitleýär. Soňra Horezme gitmeklik üçin atlary eýerleýärler we 596[2]-njy ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynyň onuna Horezme gidýär. Şol wagtlar dinsizler Soltanyň özlerine bolan duşmançylygynyň sebäbini ýurduň baş weziri Nyzamylmülküň ýurt üçin janyny bagyş etmegi bilen baglaýarlar. Onuň kastyna çykan jan alyjylar hepdäniň dowamynda weziri yzarlaýarlar we olaryň biri wezir köşkden çykanda ýeňsesinden, beýleki biri bolsa pyçagy kellesinden urýar. Wezir tiz jan berýär. Iň täsin ýeri hem şu, ýagny Nyzamylmülküň derwezeban Şyhabeddin Megsut Horezmä we Hamydeddin Ariz Zuzenä duşmançylyk garaýyşlary bolupdyr. Soltanyň ýanynda bu ikisi barada erbet sözleri aýdyp, ikisiniň hem öldürilmegini isleýär. Ol Ariz Zuzeniniň kellesini almak

---

[1] Gurhanyň 101-nji («Al-karia») süresiniň 5-nji aýaty.

[2] Milady ýyl hasabynda 1199-njy ýyla gabat gelýär.

kararyna gelip, Şyhabeddin Mesgudy onuň yzyndan iberip, niýetini amala aşyrmanka, pelek Ariziň ganynyň ýerine weziriň öz ganyny döküýär. Elbetde, jan alyjylar ol ýerde derbi-dagyn bolýarlar. Pygamberimiz şeýle buýurýar: «Öldürseň öldüriler-siň, seni öldüren adam hem tizlikde öldüriler».

Soltan Tekeş bu bolup geçen hadysadan örän gamgyn bol-ýar we ar almagy maksat edinýär. Bu işi Kutbeddine tabşyrýar. Soltan ilçi iberip, goşuny taýýarlap başlamagy, ikinjiden bolsa Kuhystana girişmekligi buýurýar. Şu perman bilen Kutbeddin taýýarlyk görüp, Turşize girýär, onuň goşunynyň zarbyna hatda daglar hem lerzana gelipdir. Ol galany gabaýar. Uruş dört aýa çekýär. Turşiziň çuň gowak ýaly bolan hendegini doldurdylar. Bu işi bir hepdä ýetirmän tamamlapdylar.

Horezmde Soltan leşgerini düzgüne salýar we işi tamamla-magy karar edýär. Ýöne ol şu döwürde bokurdak çişme kese-line sezewar bolýar. Lukmanlar onuň keselini bejerýärler we oňa gitmezligi maslahat berýärler. Emma Soltan özüniň güýçli gahar-gazaby sebäpli, uruşmaklygy karar edýär. Ol Çahe Arap diýen ýere ýetende keseli beterleýär we onuň ömür tanapy kesilýär. Soltan Tekeşiň aradan çykan wagty 596-njy ýylyň oraza aýynyň on dokuzyna gabat gelýär.

Soltanyň keseli baradaky habar Mälik Kutbeddine ýetiril-ýär. Kutbeddin bu habary eşidip, özüni ýitirýär. Tötänden, Kut-beddiniň baýdagy sebäpsiz ýere gaçyp döwülýär. Mälik bu hadysany erbetlige ýorýar. Şu hadysadan soňra oňa kakasynyň ölümi baradaky habary getirýärler. Ol bu habary goşundan giz-leýär we keseli bahanalap, yzyna dolanmaklyk kararyna gelýär. Şu jähetden ilçiler iki aralykda gidip-gelýärdiler. Gepleşikler başlanýar. Turşiziň halky Soltanyň ölüminden bihabar bolup, ýüz müň dinar tölemeklige taýýar bolýarlar. Mälik Kutbeddin şol pursat yzyna dolanýar, Şähristana ýetip ýas tutýar we gys-sagly Horezme gidýär.

## ALAÝEDDIN MUHAMMET HOREZMŞANYŇ[1] TAGTA GEÇMEGI

Şondan soňra Kutbeddin döwletiň merkezine ýetýär. Döwletiň emirleridir beýik sütünleri jemlenip, mejlis gurýarlar. 596-njy ýylyň baýram aýynyň sogapgüni Hudaýyň kömegi bilen ony şa tagtynda oturdýarlar.

Ol döwletiň guran şahalaryny we adalatyň ölen ruhuny hoşamaýlyk bilen özgertdi. Ilçiler dürli ýerlere rowana bolýarlar we Tekeşiň ölümi baradaky habary ýaýradýarlar.

### Soltanyň gurlar bilen urşy

Soltan Muhammediň kakasynyň ölümi baradaky habar Gur soltanlary Şyhabeddine we Gyýaseddine ýetende, olar mekirlik bilen bu aljyraňňylykdan peýdalanmagyň ugruna çykýarlar. Netijede, olar betniýetlilik bilen goşunyny Merwe iberýärler. Şol wagtlar Muhammet Hereň ol ýere bellenildi. Olar köp sanly goşun we her biri dag ýaly togsan sany pil bilen ilki Tusa gelip, köp ölüm-ýitim we talaňçylyk edýärler. Ahyry 597[2]-nji ýylyň rejep aýynda Şadyýaha gidýärler. Soltan Muhammediň dogany Alyşa şol wagtlar täzelikde Yrakdan dolanyp gelip beýle-

---

[1] Soltan Muhammet Horezmşanyň soltan bolmagyndan öňki lakamy Kutbeddindir. Tagta geleninden soňra, Alaýeddin bolup, kakasynyň lakamy bolsa Tekeşdi. Ony käwagt Kutbeddin, käwagt bolsa Alaýeddin diýip atlandyrýardylar.

[2] Milady ýyl hasabynda 1200-njy ýyla gabat gelýär.

ki harbylar bilen bilelikde Şadyýahdady. Iki Soltan dogan, ýagny Gyýaseddin we Şyhabeddin we beýleki harbylar berkitmeden urşuň gidişini synlaýardylar. Adamlar hem iki Soltan doganyň garşysyndaky minarada goşuny synlamak bilen meşguldylar. Elbetde, hiç kim dindarlara päsgel bermez ýaly harby serkerdeleri olaryň öýüne iberýärler. Şol gün öýläne çenli talaňçylyga meşgul bolýarlar. Olaryň eýe bolan mal-mülküniň hasaby örän köp bolýar. Şol wagtda hem talaňçylygy soňlamaly hem-de her kim talan zadyny bir ýere jemlemeli diýen perman çykarylýar Kim öz mal-emlägini tanasa, ikinji gezek öz emlägini eýesi bolar diýip, ýene perman berýärler. Çünki bu talaňçylykdan maksat olara temmi bermekdi. Şol bir wagtda Horezm goşunlaryny Täjeddin Alyşa we döwletiň han-begleri hem-de soltanlyk sütünleri bilen bilelikde Şadyýahdan çykaryp, gurlularyň paýtagtyna iberýärler. Mundan başga-da kimde döwlet işleri bar bolsa onuň elinden alnypdyr. Şeýle hem harby serkerdeleri Jürjana[1] we Bistama çenli iberýärler we şol ýerleriň ygtyýaryny öz ellerine alýarlar. Soňra ol ýerden yzyna dolanýarlar we Mälik Zyýaýeddini Nyşapurda uly goşun bilen goýýarlar hem-de ikinji gezek galanyň diwaryny abatlaýarlar. Soňra Gyýasetdin Hyrada, Şyhabeddin bolsa çemenzarlyklary weýran etmek hem-de hudaýsyzlaryň galalaryny derbi-dagyn etmek üçin Kahystan tarapyna gidýär we uruşdan soňra ylalaşyk ýoly bilen taýpanyň ýolbaşçylary boýun egýärler. Kazy Tulegini bu ýere häkim edip belleýärler we ol ýerden Hyrada gidýärler.

Soltan Muhammet Horasan halkynyň arasyndaky bidüzgünçilikler hem-de bulaşyklyklar barada eşidende, ol goşuny bilen bilelikde gaýduwsyz şir kimin Horezmden gaýdýar. 597-nji ýylyň gurban aýynyň on ýedisine Şadyýaha girýär we şäheriň

[1] Jürjan – Hazar deňziniň günorta-gündogar kenarynda ýerleşen şäher.

etraplarynda goşunyny berkidýär. Gurlular şäherden çykýarlar we öz güýç-kuwwatlaryna göwünleri ýetip uruşýarlar. Emma Horezm goşunlarynyň zarbasyny görenlerinden soňra, öz garşy durmaklarynyň biderekdigine göz ýetirýärler. Olar syçan kimin öz hinlerine gaçýarlar. Soltan Muhammediň goşuny galanyň daşyndan manjanyklary gurnap, yzly-yzyna agyr daş atýarlar we galany syndyrýarlar, hendek bolsa doldurylýar. Gurlular öz janlarynyň ajal toruna düşendigini görüp, ilçilerini iberýärler, şyhlary we ulamalary araçy goýup, Soltandan halas etmegini haýyş edýärler. Soltan olaryň günäsini geçýär we köp sowgat-serpaý bilen bilelikde olary güýç-kuwwata eýe bolan wagtlary günä geçmegi öwrener ýaly Gur Soltanynyň hyzmatyna iberýär. Soltan şäheriň derwezelerini büs-bütinleý ýumurmaga buýruk berýär. Soňra Merw we Saragt tarapyna hereket edýär. Ol ýerde onuň doganoglany Hindu han Gur Soltanynyň adyndan höküm sürýärdi. Hindu han Soltanyň gelýändigi baradaky habary eşidip, gaýgy-gama batýar we Gura tarap ugraýar. Soltan Saragta ýeten wagtynda, gala häkimleri ony garşylamaýarlar. Şuňa görä Soltan galany basyp almaklyga buýruk berýär. Goşun bu iş bilen meşgul bolýar we galany boýun egdirýärler hem-de gala häkimlerini ýesir alýarlar. Soltanyň hut özi Merw ýolundan Horezme tarap ýola düşýär we ikinji gezek urşa taýýarlanyp, Hyrada gidýär. Şol ýylyň gurban aýynda Hyradyň gozgalaň eden han-begzadalaryny ýok etmek üçin ugraýarlar. Haçanda Radkan sähralygyna ýeten wagtlary ol ýerde düşleýärler. Olaryň tarapdarlary toplanýarlar we ol Radkandan uly täjik hem-de türkmen goşuny bilen hereket edýär. Olar Hyrada ýetýärler we öz çadyrlaryny gurýarlar. Goşun şäheriň daşyny halkalaýar. Manjanyklar gurnalýar, taranlar[1] hem ulanyşyga gi-

[1] Taran — diwarlary deşmek, derwezeleri çykmak üçin gadym zamanda ulanylan ujy naýzaly agaç guraly.

rizilýär. Gala basylyp alynýar. Galanyň häkimi Yzzeddin Mergezi hiç hili çäresiz galandygyna göz ýetirýär hem-de ilçileri iberip, köp mal-mülk wada berýär. Şeýle hem, öz ogluny girew hökmünde iberýär. Soňra Soltanyň gahar-gazaby peselýär.

Şondan soňra Gur soltanlary öz güýçlerini toplamaga taýýarlanyp başlaýarlar. Soltan Hyrady basyp almaklyk bilen meşgul bolan döwründe, gurlar Horezmşanyň ýoklugyndan peýdalanyp, ol tarapa goşun iberýärler. Bu habary eşideninden soňra Soltan Merwerrut ýolundan yzyna dolanýar. Soltan Şyhabeddin hem Talykan ýolundan geçip barýardy. Soltan Muhammet kölden geçmekligi amatsyz gördi, çünki suw iki goşuna hem päsgel berýärdi. Goşun geçmeli ýa-da geçmeli däl diýen mesele ýüze çykýar. Käbirleri hakykatdanam eýýäm geçipdiler. Soltan gapma-garşylygy islemänligi sebäpli, Merwe çekilmeklige buýruk berýär. Guruň adamlary bolsa Soltanyň goşunynyň yzyndan gidýär. Soltan Saragta ýetip, ol ýerde düşleýär. Ilçiler iki aralykda gatnap başlaýarlar. Gurlar Soltandan Horasanyň käbir welaýatlaryny talap edýärler. Soltan bu talap bilen ylalaşmaklygy özüne peslik bilýär hem-de Saragtdan Horezme gidýär.

Soltan Şyhabeddin bolsa, goşunyny Tusa çekýär we ol ýerleri zorluk bilen eýeleýär, halky ezip başlaýar. Goşunda azyk ýetmezçiligi zerarly, daýhanlary öz ellerindäki barja gallalaryny satmagy mejbur edýärler. Maşada iberilýän Tus gallasyny goýbermän saklamaklyga buýruk berilýär. Gyýaseddiniň yza dolanandygy baradaky habar Şyhabeddine ýetende, ol hereket edýär we Merwe gelýär. Gurlaryň beýik emirleriniň we batyrlarynyň biri, zamanasynyň gahrymany Muhammet Hereňi ol ýerde goýup, Abywerde çozýar. Bu ýerde Soltan Muhammediň emirleriniň käbirini ele salýar, birnäçesini öldürýär. Ol ýerden Täjeddin Halajyň üstüne çozmak üçin Terekä gidýär we öz ogluny girew hökmünde iberýär. Emir Merwe yzyna dolanan

wagtynda hem öz ogluny onuň ýanyna iberýär. Ol men-menlik edip, Merwe ýönelýär. Horezmden gelýän goşun çöllükden geçip Merwe ýetipdir diýen habar gelýär. Iki goşun biri-birine duşanda Soltanyň bagtyýar şemaly Hudaý tarapyn öwüsdi we garşydaşlaryň ýürekleri gobsundy. Şol bir wagtda Horezm goşunlary Gur goşunlarynyň ýarysyça-da ýokdy. Olar Gur goşunyna zarba urýarlar we olar gaçýarlar. Hereň hile bilen özüni şäherden daşyna atýar. Goşun şäheriň derwezesine ýetýär we galanyň diwarlaryny ýarýarlar. Hereňi ele salýarlar. Ol gorkudan ýaňa tötänden emirleriň birini urýar. Onuň kellesini alýalar we  Horezme iberýärler. Onuň ölümi baradaky habar Soltana ýetende, ol onuň ölümine ynanmaýar. Şol habar Soltan Şyhabeddine ýeten wagtynda, ol haýran galyp, oý-pikire çümýär. Güýçden gaçyp, başarnyksyz hala sezewar bolýar, çünki Hereň Gur soltanlarynyň ýüküni göterijidi we olaryň söweşleriniň daýanjydy. Onuň güýç-gaýraty artykmaç bolup, Gur patyşalary ony şirdir, pil bilen uruşdyryp görüpdiler. Hereň her gezek ýeňiş gazanýardy. Patyşalar ony şirdir, piller bilen uruşdyranlarynda, ol ikisini-de öldürip: «Haçana çenli men bu it we doňuz bilen urşup durmaly!» diýýärdi. Ol üç ýaşly aty hem göterip ýykypdy.

Bu söweş Soltanyň ýeňşi bilen tamamlanandan soňra, döwletiň han-begleri ony Hyrada ýöriş etmeklige yryp başlaýarlar. Onuň kalbyny we nazaryny patyşalyga tarap gönükdirýärler. Çünki Gyýaseddin ýoldan sowlupdy we onuň perzentleriniň arasynda miras we soltanlyk ugrunda göreş başlanypdy. Emirleriň köpüsi soltany goldaýardylar. Soltanyň baýdagy ol ýerlerde görünse, onda olar döwletiň daýanjyna öwrülýärdiler. Ol ýere zarba urmaklyk gowy bolar diýýärdiler. Bu sözler Soltana täsir edýär we onuň arzuw-hyýallary ganat baglaýar. Şeýlelik-

de, ol 600[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň üçünji aýynda batyrgaýlyga ýugrulan goşun bilen Hyrada ýöriş edýär.

Şol wagtlar Gurlaryň baş emiri Alp Gazy Hyrat patyşalygyna hökümdar bolýar. Soltanyň atly goşuny Hyrada ýeten wagty, olar patyşa çadyryny gurýarlar. Manjanyklar şähere gönükdirilýär. Şähere we bazarlara yzygiderli daş ýagyp başlaýar. Hyrat ilatynyň ahy-zary eşidilýär. Alp Gazy bir ilçiden şeýle habar iberýär: «Meniň soltan tarapyndan ýaraşmak rugsatnamam bar. Biziň bitewi bolmaklygymyz zerurdyr, çünki bu ýol beýik we parasatly adamlaryň ýoludyr. Şundan soňra Horasan etraplaryna hiç kimiň şol sanda soltanyň goşunynyň azar bermezligine umyt edýärin.

Üstesine-de, şu şertnama we ylalaşyga goşmaça mal-mülk berjekdigini we gurlularyň wepadarlygyny gazanjakdygyny boýnuna alýar.

Soltan hem uruş meselesini ýok etmeklik hem-de musulman doganlarynyň ömrüni we diniň abraýyny gorap saklamak üçin Alp Gazynyň we Hyradyň raýatlarnyň teklibini kabul edýär. Ol Hyrat halkynyň mal-mülküni we janyny aman saklaýar. Alp Gazy Soltanyň huzuryna gelýär we Soltana tagzym edýär. Soltan hezzet-hormat bilen ony şähere iberýär. Alp Gazy söz beren mal-mülküni toplamak üçin halky köseýär. Onuň zorlugy we sütemi baradaky habar Soltana ýetende raýatlara çemeleşmekde ynsaply bolmaklygy hiç elden bermeli däldigini aýdýar. Ýöne onuň goşuny eýýäm Bathyz töwereklerini talaýardy we mal-mülkleri eýelemek bilen meşguldy. Emma hernäme-de bolsa, bu talaňçylyk üçin olar Soltandan gorkýardylar. Bu wakadan soňra Soltan Merwe dolanýar. Özara gatnaşyklaryň tarapdary bolan Alp Gazy soltan yzyna dolanandan iki günden soňra, pany dünýe bilen hoşlaşýar.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1204-nji ýyla gabat gelýär.

Soltan Şyhabeddin ar almak niýeti bilen ýene bir gezek urşa taýýarlanýar. Ol bu gezek Horezm tarapdan zarba urmaklygy niýet edinýär. Onuň hereketi baradaky habar Soltan Muhammede ýetende serasaplylyk bilen hereket edip, çölüň içi bilen gidip, Horezme ýetýär. Gur goşunynyň sany garynja we çekirtge kimin köp bolup, olar döwletiň merkezine ýetýärler. Horezm ilaty gurlularyň niýetinden habarlydylar. Adamlaryň ähli-si agzibirlikde horlugyň we kemsidilmegiň garşysyna ruhubelentlik bilen urşa aýaga galýarlar. Hemmeler öz ýagdaýyna laýyklykda gylyçdyr ok-ýaý ýaly ýaraglaryň ähli görnüşi bilen ýaraglanýarlar.

Diniň saýasy we ýurduň güýji hasaplanýan beýik ymam Şyhabeddin Hywaky duşmana garşy göreşmek üçin münberlerde hutbalar okady. Ol: «Kimde kim öz jany we maly üçin öldürilse, ol şehitdir» diýip, söweşijileri ruhlandyrdy. Şu sebäpli daýhanlaryň söweşmek meýilleri artyp, hemmeler söweş ýoluna çykdylar.

Soltan pyýada we atly adamlary kömege çagyrmak üçin ilçileri Horasan töwereklerine iberýär. Olar Kör handan hem kömek isleýärler. Şol bir wagtda uly derýa bolan Nuraweriň kenarynda hem leşgergählerini dikýärler. Birnäçe günüň dowamynda ýetmiş müň söweşjeň adamlar toplanýar. Aýtmaklaryna görä, leşgeriň we pilleriň köplüginden ýaňa, eger isleseler derýany çöllüge, çöllügi bolsa gandan dolduryp uly derýa öwrüp bilјekdiler. Gurlular beýleki tarapdan olara garşy derýanyň gündogar kenarynda leşgergäh döretdiler. Gur soltany ertir geçer ýaly we Soltan Muhammediň parahat durmuşyny bulaşdyrar ýaly ýol tapmaklyga buýruk berdi. Olar säher bilen söweşi ugrukdyrmak üçin pilleri we söweş ýigitlerini taýýarlamaga meşgul boldular. Birden «Garahytaý goşunynyň goşunbaşysy Taýangu Teraz ot pürküji leşgeri bilen ýakyna gelip ýetdi. Samarkant Soltany hem onuň ýanynda» diýen habar gelip ýetdi.

«Pil eýeleri»[1] şeýtan hilesine duçar bolandygyny bildiler we öz söweşleriniň jeňden, ýasdyr gaýgy-gamdan başga netije gazanmajakdygyna göz ýetirdiler. Gylyçlaryny gynyna saldylar we gaçmaklygy amatly gördüler we şu nakyla laýyklykda: «Seniň höwürtgäňde näme bar? Saňa azar berilýän menzilden düş» diýen işi amala aşyrdylar. Gur Soltany esgerlerine şol gije ähli ýüklerini ýakmaklyga buýruk berýär. Ol gije göze uky gelmeýär. Bar bolan atdyr düýeler duşaklanýar. Olar gaçmaklyga başlan wagtlary Soltan Muhammet edil güýçli şir we batyr pälwan ýaly olaryň yzyndan kowýar. Ahyry olar Hezaraspa ýetýärler. Gur leşgerleri bu ýerde togtaýarlar we uruş başlanýar. Soltan Muhammediň goşuny olaryň sag tarapyndan zarba urýar. Gurlaryň bagty ýatýar we Gur soltanlarynyň köp ýaranlary ýesir düşýär. Galanlary hem giň we suwsuz çöllüklerde: «Göýä şeýtan kakyp, nämälim ýere alnyp gidilip barylýan adam ýaly»[2] güne düşýärler. Horezm goşunlary we ýesir düşenler baýtalyň yzyna ýabynyň eýerişi kimin ýola düşdüler. Duşmanlar masgaraçylyk bilen Seýfabatdan geçýärler. Soltan Muhammet Perwerdigäriň hemaýaty bilen mal-mülk we pilleri, atlar we düýeleri olja alyp, bagtyýarlyk bilen yzyna dolanýar. Ony şu aýatyň mysalynda görmek bolýar: «Alla size köp-köp olja wada kyldy. Indi, ine, muny – Haýbar jeňinde ele salan oljalaryňyzy bolsa nagt etdi we size duşman bolan möminler üçin aýat-ybrat bolgaý we Alla sizi dogry ýola düşürgeý».[3]

Soltan Horezmde meýlis gurnaýar. Soltanyň bir aýdymçy nedimleriniň biri meýlise laýyklykda, bu rubagyny aýdýar:

---

[1] Bu ýerde Käbeýtullany weýran etmek niýetinde gezenleri sebäpli, heläk bolan pil münen leşgerler hakdaky «Pil
eýeleri» kyssasy ýatlanýar we gurlular şolara meňzedilýär.

[2] Gurhanyň 6-njy süresiniň 71-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 48-nji süresiniň 48-nji aýaty.

Eý, şahym, gurlular senden
mekirlik bilen gaçdylar,
Edil jüýjäniň gyrgynyň
elinden gaçyşy ýaly,
Atdan agdy we ýüzüni gizledi,
Pillerini saňa berip,
mat bolmakdan gaçdy.

Gur goşunlary Andhuda ýeten wagtlary nämäniň-nämedigine göz ýetirdiler. Olar säher wagtyndan tä agşama çenli gylyçdyr ok-ýaý bilen birek-birek bilen uruşdylar. Goşunyň köpüsi heläk boldy. Ertesi gün ýeňiş baýdagy belentde pasyrdady. Gurlar birinji urlan zarbada dargadylar. Olaryň goşunynyň elli müň adamdan köpüsi söweş meýdanynda ölýär. Goşunynyň ortarasynda diňe ýüz adamy bilen ýekelikde galan Soltan Şyhabeddin özüni galanyň içine atdy. Hytaý goşunlary diwary deşýärler. Soltan Şyhabeddiniň tutulmagyna sähelçe galdy. Samarkant Soltany onuň ýanyna ilçi iberip: «Musulmanlygym sebäpli, musulman soltanynyň olaryň eline düşüp, soňam öldürilmegini islämok. Galan zatlaryny, atdyr pillerini pida etmeklik dogry ýoldur. Şonda men ýol taparyn we duşmanyň razylygyny alaryn» diýýär.

Soltan Şyhabeddin ähli zadyny janyny halas etmäge bagyşlaýar. Şolbada öz hazynalarydyr ýaraghanalaryny bagyş edip, müň hile bilen Samarkant Soltanynyň şepagaty arkaly öz janyny halas edýär.

## SOLTAN ŞYHABEDDINIŇ ÖLDÜRILMEGI

Gur soltany goşunsyz, mal-mülksüz hem-de horluk bilen ýurduna ýeten wagty, Soltan Muhammet onuň ýanyna emeldarlaryny iberip: «Duşmançylygy ilki bilen seniň adamlaryň başlady. Ilki başlan bolsa hemişe günäkärdir. Ýöne indi duşmançylyk gatnaşyklarymyzy bes edeli! Gowy gatnaşyk ýoluny açaly!» diýýär.

Soltan Şyhabeddin kasam içip, bu ýaraşyga razy bolýar hem-de heran-haçan soltan oňa buýruk berse, ýerini ýetirjekdigini wada berýär. Şu usulda iki soltanyň arasynda ýaraşyk baglaşylýar. Emma iki aýdan soňra, Gur goşunynyň bir bölegi Talykanyň serhedinde toplanýarlar. Olary öjükdiriji bolsa Täjeddin Zeňňi bolup, olar Merwerruda çozýarlar. Bu hereket olaryň başyna ýetýär. Merwerrudyň häkimini ölüm duzagyna oklaýar. Sütem edip, adamlaryň ellerindäki mal-mülklerini talaýarlar.

Bu habar Soltanyň gulagyna ýetýär. Ol Merwden Bedreddin Jagiri, Abywertden Täjeddin Alyny zulumy basyp ýatyrmak üçin iberýär. Uruşdan soňra Zeňňi on sany ele salnan emiri bilelikde gandallanyp Horezme iberilýär. Olar (diňleýjileri şol zatlardan daş etsin!) göwrelerinden kelleleri aýrylyp jezalandyrylýar. Şeýdip gozgalaň basylyp ýatyrylýar.

Iki soltanyň arasynda gatnaşyk ýola goýulsa-da, Soltan Şyhabeddiniň içi düzelmeýärdi. Kapyrlara garşy urşa taýýarlanmak bahanasy bilen goşun toplap, ýaraglaryny jemläp urşa

taýýarlanýardy. 602[1]-nji ýylda ol Hindistana ýöriş edýär. Elbetde, ol şu bahana bilen öňki ýyllarda we Horasan söweşlerinde ýitiren mal-mülküni we enjamlaryny gaýtaryp almak niýeti bardy. Hindistana gelip, ol Allanyň garaşyk etmegi bilen ýeňiş gazanýar. Ol pul we goşun şaýyny tutýar. Soňra ol Hindistandan yzyna dolanýar we Jili geçelgesinden geçip, Jeýlem derýasynyň kenarynda çadyryny gurdurýar. Bu çadyryň ýarysy suwuň üstündedi. Ýöne hiç kim ony bu tarapdan goramaklygy kellesine getirmeýär. Tötänden bir gün günortan Soltan dynjyny alýan wagty ýalyn kimin iki-üç sany hindi çadyrda peýda bolýar. Olar dünýäniň hilegärlerinden habarsyz gapyl bolup ýatan soltanyň üstüne bökýärler we soltany öldürmek bilen onuň goşunynyň röwşen gününi gara güne öwürýärler.

Ajal ýakynlaşan wagtynda adamyň elinden nämeler gelýär. Haçanda, bagtlylyk ýitende köp pirleriň nä peýdasy bar?! Onuň ähli baýlygy, mal-mülki, goşuny, enjamy, agydyr garasy oňa hiç hili peýda getirmedi.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1205-nji ýyla gabat gelýär.

## GUR SOLTANLYGYNYŇ SOLTAN MUHAMMEDIŇ ELINE GEÇMEGI

Soltan Şyhabeddin dünýeden öten wagtynda, hersi bir etrabyň häkimi bolan onuň gulamlary aýratynlykda garaşsyz häkim bolýarlar. Deli we Hindistan töwerekleri Kutbeddin Aýbegiň hökümdarlygyna degişlidi. Ol Hindistana birnäçe gezek dinsizlere garşy uly ýörişleri gurnaýar. Ölen wagtynda yzynda perzendiniň ýoklugy sebäpli, Altutmyş atly onuň ýakyn gulamy tagtda onuň ornunda oturýar. Ol Soltan Şemseddin lakamyny alýar. Onuň abraýy Hindistanyň etraplaryny gurşap alýar. Onuň uruşlarynyň we ýeňişleriniň yzlary mese-mälimdir. Ol Sindiň kenaryndaky Uja, Multan, Luhawur, Berşawer we Gubaja ýaly ýerleri eýeleýär. Soltan Jelaleddin — bu barada geljekde gürrüň beriljekdir — bu etraplary eýeleýär.

Täjeddin Ýyldyz birnäçe gozgalaňlardan soňra Zabulystanyň we Gaznanyň etraplaryny eline alýar we hökmürowanlygyny ýöredýär. Soltan Gyýaseddiniň ogly Emir Muhammet hem atasynyň hökümdarlyk eden ýerlerine, ýagny Hyrada we Piruzkuha bellenilýär. Ol mirasdar gylyk-häsiýetine laýyklykda öz durmuşyny içişlikde we keýp çekmeklikde geçirip, uruşdan uzakda saklanýar, emirler hem onuň işlerini üns bilen seredip gowşaklygy, ejizligi, suslugy hem-de hasaba alyş işleriniň dargap barýandygyny görýärler. Dagynyklyk mese-mälimdi. Hyradyň hökümdary hem-de Gur soltanlaryň daýanjy bolan Yzzeddin Hüseýin Härmil Soltan Muhammet Horezmşa

ynanýanlygyny duýduryp, beýleki emirlere habar ýollaýar. Yzly-yzyna hat-petek, ilçi yzyna ilçi iberip, ilki bilen Hyrady eýelemegi hem-de ol ýerleri onuň hökmürowan ýerlerine birikdirmegi tabşyrýar.

Şol zamanlar Soltan Muhammet Hytaý hany Garahytaýdan howatyr edýärdi. Ol Hytaýyň hanynyň ilki bilen gizlin çozup, Balhy, soňra bolsa Gur soltanyna degişli ýerleri we Hytaý patyşalygynyň ýakynyndaky ýerleri eýelemeginden gorkýardy. Şuňa görä, Soltan olary ýakynlaşdyrmazlyk maksady bilen Horasan goşunynyň Hyrada ýola düşmegine buýruk berip, Şadyýaha ilçi iberýär. Hüseýin Härmil olary garşylamak üçin öňlerinden çykýar we duşmanlyk etmän şäheri tabşyrýar. Ol Soltan tarapyndan sowgat-serpaýyň dürli görnüşi bilen hormatlanýar. Şeýle hem oňa Soltan tarapyndan perman we tugra gowşurylýar. Şol bir wagtda Emir Muhammediň tarapdar emirleri Soltan Muhammediň goşunynyň üstüne çozmak üçin toplanýarlar. Emma olardan öňürti Soltanyň goşunlary ýaňkylaryň üstüne, şiriň öz awunyň üstüne böküşi ýaly we laçynyň käkiligi awlaýşy ýaly zarba urýar hem-de olary derbi-dagyn edýärler. Soltanyň gelmegini isläp, ilçi iberýärler. Olar bu abraýly adamlara garaşyp, ýolda uzak wagtlap durýarlar. Soltan Muhammet Balhyň serhedine ýeten wagtynda gala häkimleri onuň huzuryna gelýärler we galalarynyň açarlaryny tabşyrýarlar. Balhyň baş emiri Ymadeddin Soltan Muhammede ilkinji gowy nazar bilen garanlaryň biri bolup, oňa soňam ynamdarlygyny saklapdyr. Haçanda Soltanyň baýdagy sährа gözýetiminde peýda bolansoň, ol gürrüňleriň biderek we puçlugy gün çykan ýaly aýan boldy. Ymadeddin beren sözlerinden dänip, galasyna daýanyp, ol ýere hazynalaryndaky iň gowy zatlaryny, altyn-kümüşleri jemleýär. Soltanyň ýeňiş gazanyjy atly we pyýada goşunlary bilezek ýaly galanyň daşyna aýlanýarlar we peýkam, daş atmak bilen meşgul bolýarlar. Şeýlelikde, galanyň sütünleri synýar we

galany goraýjylar gaçmak bilen bolýarlar. Ymadeddin çäresiz galanlygy sebäpli, öz islegine görä däl-de, çäresizligi netijesinde Soltandan günäsiniň geçilmegini we janyny aman saklamagyny haýyş edýär. Soltan onuň haýyşyny kabul edýär hem-de garaşyşyndan hem artyk duýgudaşlyk bildirip, oňa öňki häkimlik eden welaýatyny berjekdigine söz berýär. Ymadeddin galadan giden wagty köşgüň bosagasyny ogşaýar. Soltan oňa artykmaç şa duýgudaşlygyny bildirýär. Bagtyýarlyk guşy onuň daşyny gorap, perwaz urup başlaýar. Ol Soltanyň mejlislerinde şeýle bir hezzet-hormatlara eýe boldy welin, hatda oňa göriplik hem edipdirler. «Perwerdigäriňiz olaryň kalplarynda gizlän närselerini, syrlaryny hem äşgär eden närselerini — sözlerini biler».[1]

Tötänlikde ýoldaky garawullar ilçileriň elindäki haty alyp, Soltana eltýärler. Bu hat Bamiýanyň hökümdarynyň adyna ýazylyp, onuň mazmuny Soltana degişli işleri peseltmekden we ony ýerine ýetirmeklikden daşlaşdyrmakdy we şuňa meňzeş beýleki meselelerden doludy. Soltan bu haty eline alan wagty Ymameddine berýär we aýdýar: «Amal hatyňy oka! «Bu gün öz nebsiň özüňe garşy degerli hasapçydyr».[2]

Ol dyza çökýär. Çünki gorkudan ýaňa onuň dili hiç zat diýip bilmeýär. Soltan dönükligi zerarly ony öldürmekligi buýurýar. Ýöne şa kasamyna laýyklykda ýene-de onuň janyny aman saklaýar. Şa ahlagy kasamy bozup biljek däldi. Ony saýlap-seçip alan genji-hazynasy we ýakyn adamlary bilen bilelikde Horezme iberýärler.

Şol wagt onuň ogly Termez galasyndady. Kakasy baradaky habary eşideninden soňra, onuň garşysynda durmak isleýär. Kakasy ony bu işden saklamak üçin ynamdar adamy onuň

---

[1] Gurhanyň 28-nji («Kyssa») süresiniň 69-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 17-nji (« Gijeki seýr «) süresiniň 14-nji aýaty.

ýanyna iberýär. Netijede, ol niýetinden dänýär. Termezi Soltan Muhammediň permanyna laýyklykda Samarkant soltanyna tabşyrýar. Soňra Soltan Balh etrabyny Bedreddin Jagyra gowşurýar we onuň eline güýçli goşun berip güýçlendirýär.

Soltan bu ýerleri özara tolgunyşyklardan saplap, Hyrat tarapyna gidýär. Ýeňiş gazanyjy we beýik patyşa Jerzuwan ýolundan gidýär. Döwür onuň öňünde boýun boldy we zamananyň çarhypelegi onuň arzuwlary ýaly hereket etdi. Ilçiler Hyrat tarapa gitdiler. Ol ýeriň ýaşaýjylary şady-horram boldular. Hanbegler her kimiň mertebesine laýyk garşylanyşy ýola goýmak bilen, galan adamlar şäheri bezemek bilen meşguldylar. Olar güzergähleredir köçelere zerli parçalaryň dürli görnüşini asýarlar, owadan suratlary we şekilleri gerýärler. Şol ýylyň dört tirkeşikleriniň üçünji aýynyň ortalarynda Soltan entek hiç kimiň görmedik we eşitmedik at-owazasy bilen şähere girýär. Perişdeler onuň öňünden çykyp: «Jennetlere rahatlyk bilen sagaman giriň»[1] diýýärdiler. Adamlar bolsa: «Dünýä Perwerdigärine şükür» diýip, garşy alýarlar. Soltan adalatsyzlygyň öňüni alýar we ähli adamlara mähriban hem-de ynsaply garaýar. Etrapdaky ýaranlary bolsa oňa hyzmat edýärdiler. Sistanyň häkimi tizden-tiz Soltanyň hyzmatyna barýar we döwletiň abraýly adamlarynyň hataryna girýär. Öz döwürdeşlerine garanyňda ol örän hormatlanypdyr. Şeýle hem Soltan Kermanly Alama köp wadalar berip, Emir Mahmytdan üstün çykmak üçin iberýär. Şu aşakdaky setirler Alamyň onuň ýanyna giden wagty düzen kasydasyndandyr:

Gündogaryň Soltany we Günbataryň şalarşasy.
Mahmyt bin Muhammet bin Sam bin Hüseýin.

---

[1] Gurhanyň 15-nji («Hijr»)süresiniň 46-njy aýaty.

Emir Mahmyt Kermanly Alamyň ýanyna öz ilçisini goşup, Piruzkuha we ol töwerekdäki ýerlere häkim bellenmegini isläp, Soltana haýyşnama ýollaýar. Şeýle-de ilçi bilen bile ata-babalarynyň toplan hazynalaryndan sowgat-serpaýlary iberýär. Şol zatlaryň üstesine-de ak pili goşýar. Aşakdaky getirilýän kasyda hem Kermanly Alamyňky bolup, ol özi bilen getiren şol pilini suratlandyrýar:

Ýurduň tagtyna men pil getirýärin,
Ýöne men Ebrehe bin Sebah[1] däldirin.

Soltan bu haýyşy kabul edýär we bu teklip bilen razylaşýar. Emir Mahmyt bolsa öz gezeginde Soltanyň adyna hutba okadýar we zikge kakýar, Soltan baradaky eşidilen gürrüňleri ýumşadýar.

Soltan bu ýerlerde asudalyk işlerini tamamlandan soňra yzyna dolanmaklygy niýet edinýär. Yzzeddin Hüseýin Härmili ol etrapda goýup, ähli sowgat-serpaýlary oňa bagyşlaýar. Şeýle hem oňa iki ýüz elli müň dinara, rukni[2] altyna barabar mülki oňa bagyşlaýar.

Şol ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynda özüniň ýeňiş gazanyjy bagtyýarlyk gadamy bilen Horezme hereket edýär.

---

[1] Ebrehe bin Sebah – piller bilen Mekgä hüjüm eden adam.
[2] Rukni – tylla pul bolup, Rukneddöwle Deýleminiň döwründe zikgelenýär.

## SOLTAN YZYNA DOLANANDAN SOŇRA HÄRMILIŇ BAŞDAN GEÇIRENLERI

Soltan Hyrat döwletini dolandyrmaklygy Härmile tabşyryp, yzyna dolanýar. Ol uruşlar bilen birlikde durmuş meseleleri bilen başagaý bolýar. Hytaýa garşy söweşde Soltanyň wepat bolmaklygy ýaly ýalan myş-myşlar hem-de şeýtanyň azdyrmagy Härmili ýadyňa düşmejek işlere ugrukdyrdy we onda birnäçe men-menlikler peýda boldy.

Härmil Soltan Mahmyt Gyýaseddiniň ýanyna ilçi iberýär. Soltan Mahmyt onuň bu hereketini makullap we ony dürli ýagşylyklar bilen sylaglaýar hem-de oňa wadalar berýär. Şu sebäpli Härmil ýene-de hutbadyr zikgäni gurlularyň ady bilen baglanyşdyrýar. Özlerini Soltan Muhammede degişli edýän birtopar adamlary tussag edýär.

Soltanyň şowlulyk bilen gaýdyp gelýändigi baradaky habar Horezme ýaýraýar. Härmil özüniň goýberen ýalňyşlyklaryndan howpa düşýär, Soltanyň gahar-gazabyndan gorkýar. Şol sebäpli göwne ýaramajak bahanalar oýlap tapyp, ikiýüzlülik bilen günäleriniň üstüni örtmek hem-de paýtagta çagyrylmakdan sypmak isleýär. Soltan hem ony bagyşlaýar we onuň etmişlerine gözüni ýumýar.

Gur ilaty Härmiliň ikiýüzlüligini görýärler. Olar ony öldürmekligiň kül-külüne düşýärler. Härmil gurlularyň bu niýetlerini bilen wagtynda Horasandaky Soltanyň adamlaryna duýdurýar hem-de olardan kömek soraýar. Birnäçe han-begler Hyrada

gidýärler we şäheriň daşynda toplanýarlar. Härmil olar kasam içip Soltandan howpsuzlygy haýyş edenden soň, daşary çykýar we hemmeler gurlulary agdarmak üçin birleşýärler. Şu sebäpli hem gurlularyň döwletiniň çeşmesiniň gözbaşy edil: «Eger öz-özünden içer suwlaryňyz ýer teýine siňip gider bolsa, onda kim size akar suw getirip biler?!»[1] diýlendäki ýaly bolýar. Olaryň ähli adamlary dargaýarlar.

Härmiliň özüni alyp barşynda her-hili üýtgeşmeler peýda bolansoň, onuň gürrüňlerine we hereketlerine hiç kim ynanmaýar. Sebäbi ilki bilen hiç bir delilsiz tabyn boldy we hiç gorkyürküsiz gurlaryň tabynlygynda bolmakdan el üzdi. Şuňa görä oňa şeýle hyýanatlar ýüklenip, ilçiden Soltana aşakdaky manydaky habar iberilýär: «Hyrat bir tokaý bolup, Härmil onda şirdir, Hyrat deňiz bolup, ol şol deňizdäki läheňdir. Eger siz ony äsgermezlik etseňiz, onda iş bulaşar».

Soltan tizden-tiz ony ýok etmek üçin emirlerini iberýär. Emirler oňa bolan mähirli garaýyşlaryny saklap, özleriniň oturyşyklaryny dowam edýärler. Ýöne bir gün ony maslahat bahanasy bilen çagyrýarlar we daşyny alýarlar. Onuň bilen söhbetdeş bolýarlar. Söhbetdeşlik tamam bolan wagtynda Zuzeniň häkimi Kywameddin ony nahardyr şeraba öýüne çagyrýar. Härmil dürli bahanalar tapyp, boýun towlaýar. Soňra Zuzeniň häkimi açyk-aýdyň ony tutýar we han-beglerine gylyçlaryny gynlaryndan çykarmaklygy yşarat edýär. Härmiliň ýaranlary gaçýarlar, onuň özüni bolsa süýräp, çadyra alyp gidýärler. Şol ýerden ony Selemut galasyna iberýärler we ol ýerde hem öldürýärler. Birnäçe günden soňra onuň kellesini Horezme iberýärler.

Härmiliň ýakyn egindeşi Sagdeddin Rendi atly bir akylly hem-de mekir adam bolupdyr. Ol tilkiniň awçudan gaçyşy deýin gaçyp, Hyrat galasynda gizlenýär. Şonuň bilen birlikde

[1] Gurhanyň 67-nji («Mülk») süresiniň 30-njy aýaty.

Härmiliň başga egindeşleriniň hem gozgalaň etmek meýilleri bolupdyr. Şu döwürlerde Gözli (ol barada soňky bölümlerde gürrüň bereris) Şadyýahda boýun egmezlik ýoluny saýlap alýar. Netijede, Soltan Muhammet Şadyýaha, ol ýerden hem Saragta gelýär. Sagdeddin Rendiniň ýanyna ilçiler iberilip, onuň öz öňünde goýýan maksadyndan saklamakçy bolýarlar. Ol bolsa bahana tapyp, şeýle diýýärdi: «Men soltanyň permanyny ýerine ýetiriji bende. Soltanyň baýdagynyň gelmegine, şäheri tabşyrmaga hem hyzmata durmaklyga garaşýaryn. Emma men emirlere ynam bildirmeýärin».

Bu habarlar soltana ýetirilýär. Emirler Soltana tizden-tiz Hyrada ýetmekligi maslahat berýärler. Soltan Hyrada gelende Sagdeddin Rendi etmişlerine puşman etmän, garşylyk görkezmegini dowam etdirýär. Soltanyň gahar-gazaby soňky derejesine ýetýär we ol galany suwa basdyrmaga buýruk berýär. Hendegiň kenaryna agaçdyr haşal otlar taşlanýar. Birnäçe wagtdan soňra, suwuň joşguny diwarlary ýykyp, güýçli suw ýel kimin böwsüp çykdy. Bu işden soňra, agaçdyr zibiller suw bilen bilelikde ýokary galyp, iki tarapa-da söweş üçin ýol görkezýärdi. Şol günleriň birinde Rendi tarapdarlary we kellekeserleri bilen meýlis gurap otyrka, batyrlar galanyň diwarlarynda baýdaklaryny dikýärler. Şeýlelikde, olar heniz ertirliklerini edinmänkäler, soltanyň goşuny tarapyndan gabalýar. Rendi özüniň çykgynsyz ýagdaýa düşendigini aňyp, ýoldan azaşanyň çäresizlik geýimini çykaryp, sopuçylyk lybasyny geýip, gaçyp gutularyn öýdýär. Soltan ony tapmaklygy buýruk berýär. Netijede, Rendi Soltanyň huzuryna getirilýär. Şol günüň özünde şäherlerdäki dükanlar açylýar. Soltan goşunyny bidüzgünçiligi ýok etmäge ýollaýar. Rendiniň elindäki ähli mal-mülk gaýtarylyp alynýar. Hyrat adalatsyz uruşdyr sütemden saplanýar we Soltanyň adalatynyň saýasynda güllemegini dowam etdirýär. Soltan bu wakalardan soň Horezme gidýär.

## GÖZLI WE ONUŇ IŞLERINIŇ NETIJESI

Gözli Soltan Muhammediň ejesiniň garyndaşlarynyň biri bolupdyr. Ol Nyşapuryň emiri bolup, şol etraplary dolandyrypdyr. Ol Soltanyň öz garşysyna bir zadyň küýüne düşendigini aňyp, gorkup başlaýar. Soltan Hyrada hereket etmezinden öň (ol wagtlar Hyrat gabalan ýagdaýdady) Gözli birden Hyratdan dolanyp, Şadyýaha gelýär. «Hytaý goşuny Horezme zarba urdy, Soltan tizden-tiz Şadyýahyň diwarlaryny berkitmegi buýurdy» diýip gürrüň çykaryp, ýol alýar. Şeýdip ol Şadyýahy eýeleýär we mal-mülkli adamlary hem-de diwan wekillerini gysyp başlaýar. Şäher diwarlaryny we gala seňňerlerini berkidip, hendek gazmak bilen meşgul bolýar. Şeýle hem Horezme ilçi iberip, şäheri berkleşdirer ýaly hilegärlik bilen Soltany aldaýar. Ol şu aralykda şäher we onuň diwarlary mäkämleşýänçä, baýlyga ýeterin öýdýärdi. Onuň ýurduň perişan hem-de bulaşykdygy üçin Soltan işiň soňunyň ýaramazlaşmagyny nazara alyp, rahatlygy we erkinligi elden bermez hem-de meniň bilen ylalaşyp, zyýan ýetirmez diýen pikiri bardy.

Haçanda Gözliniň ilçisi Horezme gelip ýetende, getiren habaryndan Gözliniň adalat we dogry ýoldan daşlaşandygy mälim boldy. Soltan gaýduwsyz hem-de Bisütün[1] dagyna kybapdaş merdanalary bilen olaryň garşysyna gahar-gazaba münýär. Olaryň lowurdaýan gylyjy bolsa duşmany çapýardy.

[1] Bisütün — Kermanşanyň demirgazygyndaky beýik dagyň ady.

Gözliniň ilçisi gaçyp, Şadyýaha ýetýär hem-de bu wakalardan habarly edýär. Gözli başga çäräniň galmandygyna göz ýetirensoň, gaçmak bilen bolýar. Öz ýany bilen tarapdarlaryny, han-beglerini we diwan adamlaryny äkidýär. Şolaryň arasynda wezir Şeref-il Mülk, Seýit Ylaheddin atly ýarany, baş kazy Rekneddin Mägisi ýaly diwan adamlary bolup, şol garaňky gijede türk hem-de täjik esgerleri bilelikde Turşiz ýoluna gadam basýar. Ol ýere ýetenlerinde Turşiziň hökümdary onuň ýany bilen gelen han-beglerini, diwan adamlaryny boşatmagyny soraýar. Ol gorkudan ýaňa talaby kanagatlandyrýar we ýany bilen gelen adamlarynyň ellerinden ähli zatlary alyp, olary goýup Kermana gidýär. Soltan 604[1]-nji ýylyň oraza aýynyň on birine Şadyýaha gelýär hem-de ol ýerden Maşada zyýarat etmek maksady bilen Tusa gidýär. Ol ýerden hem Hyrada Saragtyň ýoly bilen gitmegi ýüregine düwdi.

Kermanyň häkimi Gözlini garşy almaýar we Horasandan Soltanyň hereketi baradaky habary eşidip, howlukmaç Kermandan yzyna dolanýar. Tebesden habar getirijiler gelip: «Gözli yzyna dolanýar we onuň näme niýetleriniň bardygy mälim däl» diýip aýdýarlar. Soňra onuň Turşize ýetendigi baradaky habar hem gelýär. Üçünji güni Gözliniň ogly ýaranlary we käbir tarapdarlary bilen şäherde gozgalaň turuzýarlar. Şäher adamlary tizden-tiz derwezeleri ýapýarlar. Ol topar birnäçe wagtlap şäheriň töwereginde aýlanýarlar we daş bolmadyk ýerde düşleýärler. Gitmelimi ýa-da galmalymy diýen soragy öňlerinde goýýarlar. Birden Isfahbadyň Tusa gelendigi baradaky hoş habar gelýär. Şeref-il Mülk derrew Gözliniň gozgalaň edendigini habar bermek üçin we şol betbagtçylygy togtatmaklygyny isläp, onuň ýanyna ilçi iberýär. Isfahbat eglenmän, bir müň atlyny Gözliniň garşysyna iberýär. Olar Gözliniň üstüne

---

[1] Milady ýyl  hasabynda 1207-nji ýyla gabat gelýär.

çozýarlar, ol bolsa gaçyp, janyny halas edýär. Isfahbadyň goşuny soňra talaňçylyga meşgul bolýar. Gözli we onuň ýaranlary yzyna dolanýarlar. Çünki ol şähere girmäge özüniň ýol tapmajagyny, Isfahbadyň hem Şadyýaha ýetendigini we soltanyň Hyrat derwezesindedigini bilenden soňra, ol towugyň kellesi kesileňden soňra ala-tapyrdy bolşy ýaly, howsala düşýär. Awçynyň we tazynyň öňünde jereniň howsala düşüşi ýaly pursady başyndan geçirdi. Ol etmişlerine puşman edýär we netijesiz gozgalaňy gurnandygyna ökünip, barmagyny dişleýär. Ýaranlary bilen gitmelimi ýa-da galmalymy diýen sorag olaryň öňünde keserýär. Olaryň käbirleri Horezme gidip, Soltanyň ejesinden hemaýat tapmaly diýýärler. Ýazyr ilinden bolan bir türkmen olaryň arasyndady. Ol şeýle teklibi orta atýar: «Biziň iň amatly ýolumyz Ýazyra gitmekdir we şol ýeriň galalarynyň birinde gizlenmekdir. Öňünden men gideýin hem-de aňsatlyk bilen galany eýelemekligiň hilesini guraýyn».

Türkmeniň aýdanlaryny Gözli makullaýar. Ony bir topar bilen iberýär. Türkmen Ýazyra ýetende halk onuň niýetini aňýar. Ony zynjyrlap, Soltanyň huzuryna iberýärler.

Bu maksat amala aşmandan soňra, olaryň aladalary has-da artýar. Şol bir wagtda Gözli bilen onuň oglunyň we ýaranlarynyň arasynda agzalalyk döreýär. Gözliniň ogly:

— Biz Mawerannahr tarapa gitmeli we janymyzy Hytaý hanyna tabşyrmaly — diýip aýdýar.

Onuň kakasy bolsa:

— Geliň, Horezme gideliň. Özümizi Soltanyň ejesiniň howandarlygyna tabşyralyň! — diýýär.

Olar biri-biriniň pikiri bilen ylalaşmaýarlar. Ogly kakasynyň hazynasyny talaýar we Mawerannahra rowana bolýar. Olar derýanyň güzerine ýetenlerinde, Soltanyň han-beglerinden ybarat bolan bir topar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Birek-birek bilen uruşýarlar. Garşydaşlarynyň zarbasyndan soňra Gözliniň ogly

boýun egýär. Onuň we ýaranlarynyň kellesini kesip, Soltanyň huzuryna iberýärler. Gözli Horezme ýeten wagtynda Türkan hatyn oňa hemaýat edýär we:

— Bu işiň dermany şudur. Sen sopuçylyk geýimini geý we Soltan Tekeşiň guburyna sakçy bol — diýýär.

Gözli diýlenini edýär we sopuçylyk ýoluna laýyklykda Soltan Tekeşiň guburna ugraýar. Bir gün Türkan hatyn onuň kellesiniň alnyp, Soltanyň ýanyna iberilendigi baradaky habary eşidýär. Şeýlelik bilen, olaryň gozgalaň şemaly ýatyrylýar we Soltanyň adalatlylygy ýagşa-ýamana ýaýraýar.

Bu dünýe bir  aýlanyp duran gümmezdir,
Deňeşdireňde ýagşy-ýamany
dürs tanaýandyr.

Şol ýyl Hak Tagala: «Haçan Ýer öz iň apatly titremesi bilen lerzana düşende»[1] diýen jümläniň howplulygyny öz bendelerine äşgär etdi. Perwerdigäriň aýdyşy ýaly boldy we röwşen günleri garaltdy. Adamlar gorkdular we ähli zatlaryny şäherde goýup, özlerini sähralyga atdylar. Bu ýer titremede ähli obalar we galalar ýere sežde edýän kimin ýykyldylar. Şäher galalarynyň diňe käbirleri saklanyp galdy. Adamlar şäheriň daşynda wagtlary hem betbagtçylyk dowam edýärdi. Iki müň aýal we erkek şol şäheriň diwarlarynyň aşagynda galdy. Obalarda heläk bolanlaryň sanyny sanamaklyk asla mümkin bolmadyk derejä ýetdi. Däne we Benasek atly obalar bir pursatda ýumruldy. Ýekeje adam hem ol ýerden sag-aman gutulyp bilmedi.

Beýik Allatagala biziň o dünýe, bu dünýe şol belalary başymyza salmasyn!

[1] Gurhanyň 99-njy («Ýer titreme») süresiniň 1-nji aýaty.

## MAZANDERANYŇ WE KERMANYŇ AZAT EDILMEGI

Bagtyýarlyk Soltana ýar bolanda sagatma-sagat möhüm işler peýda boldy. Şol uly maksatlaryň biri hem Mazanderan bolupdy.

Soltan 606[1]-njy ýylda Mawerannahr tarapyna gidende: «Ýezdigert Şähriýaryň» öwlady bolan Şa Gazy ata-babalarynyň mesgeni bolan Mazanderandan başga ýerleri elinde saklamaýardy. Ol Bureza atly serkerdebaşy bolan bir adamy hormatlap, onuň bilen patyşalygy paýlaşýar. Şeýle hem aýal doganyny oňa berýär. Burezanyň işi şeýle bir ýokary derejä göterildi weli, hatda onuň permanlary patyşalaryň permanlaryndanam täsirliräk boldy. Netijede, Bureza ähli patyşalygy eline almak tamasy bilen aw-şikara çykanlarynda Şa Gazyny öldürýär. Onuň aýaly bolan, ýagny Şa Gazynyň aýal dogany mertlerçe durup, doganynyň aryny almak maksady bilen ärini öldürýär.

Şol zamanlarda Meňli Soltanyň huzuryndan dolanyp, Gürgene ýetende bu habary eşidýär. Mazanderan ýerlerini eýelemek tamasy bilen soňra şol ýere gidýär. Şa Gazynyň gadymy patyşalardan we şalardan galan hazynasyny eýeleýär, aýal doganyny aýallyga almak isleýär. Aýal razylyk bermeýär hem-de ol Soltan Muhammediň huzuryna, özüni gelinligine we mal-

[1] Milady ýyl hasabynda 1209-njy ýyla gabat gelýär.

mülküni ygtyýaryna berýändigi baradaky habar bilen ilçi iberýär.

Soltan Mazanderan ülkesini eýelemek hem-de ol aýaly getirmeklik üçin adam iberýär. Aýal Soltan özüne öýlener diýen tama bilen Horezme gelýär. Soltan ony özüniň emirleriniň birine berýär. Bir ýyldan soňra Mazanderany Emineddin Dehistana tabşyrýar.

Şeýlelik bilen, Mazanderan ülkesi eýelenýär. Bir ýyldan soňra, ýagny 607[1]-nji ýylda Kerman hem Soltanyň eline geçýär.

[1] Milady ýyl hasabynda 1210-njy ýyla gabat gelýär.

## MAWERANNAHRYŇ AZAT EDILMEGI

Horasan ülkesi dürli-dürli gapma-garşylyklardan saplanandan soňra, Mawerannahryň görnükli wekilleri ol ýerleri saplamak hem-de Hytaýyň süteminden azatetmeklik üçin Soltany hat üsti bilen çagyrýarlar.

Mawerannahryň halky butparazlar tarapyndan sütem berlip kemsidilýärdi hem-de olaryň permanlaryna garaşlydylar.

Hytaý halkyndan, has takygy, onuň neberesinden bolan galkan satyjynyň ogly Sanjardan ezýet çekýänleriň biri hem Buhara halkydy. Sanjar agalygy bilen ýurduň hormata mynasyp adamlaryny-da kemsidýärdi. Onuň ady indi Sanjar Mälikdi.

Beýleki tarapdan Soltanyň özi-de Hytaý kowumynyň agalygynyň kemsidiji häsiýetlerinden bizar bolupdy. Atasy Soltan Tekeşiň birwagtlar dogany Soltanşa garşy bolanda, hytaýlylardan kömek sorap, olar bilen baglaşan şertnamasyna laýyklykda salgyt töläp, indi halys bolupdy. Her ýyl Hytaý ilçileri gelip, olardan salgyt ýygnanlarynda gam-gussa batýardy hem-de bu şertnamany bozmaklygyň tärini gözleýärdi. Ahyry 606-njy ýylda Hytaý ilçileri adat bolşy ýaly, Tuşiniň baştutanlygynda salgyt ýygnamaga gelenlerinde bu iş amala aşýar. Olar hemişekileri ýaly Soltana hormat-sylag etmediler, hatda töhmet atmakdan hem gaýtmadylar. Soltan ýüregi her näkesiň edepsizligine çydamaýar. Olary bölek-bölek edip, derýa taşlamaklygy buýurýar. Ol hytaýlylara garşy aç-açan uruş yglan edýär.

Soltan geçelgeden geçip, Buhara ýeten wagtynda ol ýeriň halkyny adalaty bilen çoýýar. Şäher giňişliklerine Soltanyň at-owazasy dolýar. Galkan satyjynyň ogly etmişiniň miwesini görýär. «Bu olaryň durmuşy dünýäde edip öten amallarynyň sylagydyr».[1] Soltan ol wagt Buharadan Samarkant tarapa gidýär. Bir ilçisini bolsa Samarkant soltanynyň, ýagny Osman soltanyň ýanyna iberýär. Osman bilen Hytaý hany Kör hanyň arasynyň daşlaşandygynyň sebäbi-de, Kör han Osmana gyzyny bermeklige razy bolmandy. Şonuň üçin Osman Soltan Muhammediň bu ýerlere gadamynyň düşmegini oňlaýar, buýruklaryna garaşýandygyny we olary ýerine ýetirjekdigine ynandyrýar. Şeýle-de Soltanyň adyna hutba okamaklygy we zikge kakmaklygy boýun alýar. Samarkant halky Soltanyň gelmegine begenýärdiler, iki Soltan bolsa öz aralarynda Kör hana garşy nähili söweşmelidigi barada maslahatlaşýardylar. Oňa garşy urşy yglan etmekligi karar edýärler. Soltan ätiýaçlygy we çuňňur oýlanyşykly hereket etmegi talap edýär. Ol şäher derwezelerini berkitmekligi tabşyrýar. Soňra Soltan Muhammet ejesiniň garyndaşlaryndan bolan emir Tertiýany Samarkant soltany bilen wekil edip belleýär. Gaýduwsyz, batyr, naýza zyňmaklyga ezber merdanalary bilen uruş etmäge ýola düşýär.

Bu habary eşiden Kör han Hytaý özüniň Terazda höküm süren we öz döwletiniň zynaty bolan Taýanguýa gelmekligi buýruk berýär. Taýangu özüniň tekepbir we ummasyz goşunyny düzdi.

«Dowzahyň odunyň tutaşdyrlygy adamlar hem-de daşlardyr. Ol kapyrlar üçin taýýarlanylandyr» diýen aýat bilen otparazlara urgy urmakçydylar. Belki, yslamyň pessaý ýelleri öwsüp başlap, olaryň ýurtlarynyň betbagtçylyk ýellerini ýatyrar

---

[1] Gurhanyň 56-njy («Wakyýa») süresiniň 24-nji aýaty.

hem-de kynçylyk ýelkenini uçurup we mezhep din gumuny olaryň gözlerine sepip, olaryň betbagtçylyk elleri kesiler.

Şu tertipde Soltanyň goşuny Aýlamyş sährasyna ýetdiler. Taýangu hem ýeser hyýallary, özüniň şöhratparazlygy bilen hem-de özüne göwni ýetýän ýaraglanan merdanalaryna guwanyp, Allanyň başyna saljak kysmatyndan bihabar Seýhun geçelgesine gelýär.

Suwa daýanma, ýogsa köpük deý biderek bolarsyň
Suwa nagyş çekme, ýeli ölçeme.

607[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda hepdäniň Anna güni iki garşydaş goşun ýüzbe-ýüz bolýar. Soltan:

— Saklanyň! Yslam hatyplary[2] metjitleriň münberlerine çykyp doga edensoň we musulmanlar oňa «omyn» diýensoň, çar tarapdan çozuň. Belki, yslam hatyplarynyň omyn etmegi bilen, Hudaýtagala ýeňiş berer — diýip buýruk berdi.

Soltanyň permanyna laýyklykda garaşylýan pursat gelip ýetdi. Iki tarapyň juwanlary söweşenlerinde uruş tamdyryny has-da gyzdyrdylar.

Depregiň sesi we naýzaň owazy göterildi,
Ýer edil asman deýin ýerden galdy,
Goşunbaşylar tuglaryny ýokary göterdiler,
Batyrlar ýüküni uruş meýdanyna çekdiler.

Iki tarapdan okdur ýaý atylyp, jöwherdir gylyçlar gynyndan çykaryldy. Soltanyň hataryndan beýik owaz, ol şeýtan tarapyndan bolsa şöhratparaz goh-galmagal eşidilip, tozanlar bulut

[1] Milady ýyl hasabynda 1210-njy ýyla gabat gelýär.
[2] Hatyp – hutbaçy

kimin ýokary galyp, gylyçlaryň çaknyşygyndan bolsa ýyldyrym döreýärdi. «Eý, Muhammet, täki Alla siziň günäleriňizden owal öten we soň geljek närseleri (günäleriňizi) geçirmek üçin we size öz nygmatlaryny kemally edip berip, sizi dogry ýola düşürmek üçin hem-de size Allanyň gudratly ýardam bermegi üçin, hakykatdan hem, biz size açyk-röwşen ýeňiş eda etdik»[1]. Şu öwüşginiň eýesi Soltandy. «Öz Perwerdigäriň aýatlary bilen pent-nesihat edilenden soň, olardan ýüz dönderen kimseden zalymrak kim bar?! Elbetde, biz beýle jenaýatçy kimselerden ar, öç alýandyrys»[2]. Duşmanlar şu aýata nusga bolup, olaryň ýürekleri howsala düşýär. Namaz wagtyndan tä beýleki namaz wagtyna çenli goşundaky hemmeler gohlaşyp, ol bagtyýatanlara zarba urýarlar. Bir gezekde Hytaý kowumy ýok bolýar. Soltanyň ýeňiş gazanyjy goşunynyň her biri duşmanyň müň adamsyny ýere ýykýar. Olaryň her biri göýä müň keýige garşy çykan şir dek bolýarlar. Duşman toparlarynyň köpüsi gylyçdan geçirilýär. Hytaý hanynyň ýaranlarynyň ählisi heläk bolýar we Taýangu hem uruşda ýaralanýar. Bir keniz onuň ýanynda otyrdy. Bir adam Taýangunyň kellesini teninden aýyrmak isleýär. Taýanguny göterip, soltanyň huzuryna getirýärler, Soltan ony ýeňişnama bilen paýtagty Horezme iberýär. Şu ýeňiş zerarly goşun gurplaşýar we bagta ýetýär. Her kim özüne mynasyp eşretiň tarapdarydy. Bu ýeňiş bilen birlikde olarda göýä, Mejnunyň Leýlä, Wamygyň Uzra ýetişi ýaly aşyk-magşuklyk hem peýda bolýar. Şeýlelikde, her kim maksat-myradyna ýetýär. Kimde-kim atdyr düýe edinmek niýeti bar bolsa, olaryň şol maksatlary hem amala aşýar.

Soltanyň döwletiniň çar künjegine ýeňşiň buşlukçysy hökmünde ilçileri iberýärler. Bu ýeňiş habarlary eşiden her bir

---

[1] Gurhanyň 48-nji («Ýeňiş») süresiniň 1-3-nji aýatlary

[2] Gurhanyň 32-nji («Sejde») süresiniň 22-nji aýaty.

bagtly kişiniň ruhy göterilýär. Soltanyň şan-şöhraty ýüreklerde öň ýeke bolsa, indi müňe öwrülýär.

Soltan Muhammede şol döwrüň däp-dessurlaryna laýyklykda Isgender ikinji diýip lakam goýýarlar. Şondan soňra Soltan şeýle buýruk berýär:

— Eger ol lakamy ýazmak isleseňiz örän gowy. Ýöne Soltan Sanjar köp ýyllap patyşalyk etdi. Gowulyga ýorup, şol lakamy hem beýleki lakamlaryň yzyna goşaly.

Ymam Zyýaýeddin soltanyň ýeňiş, şan-şöhraty we Soltanyň bu lakamy barada pars dilinde kasyda aýdypdy. Şondan ýadymda galan birnäçe beýdi getirýärin:

Ýüzleriň älem-jahana görk berdi,
Yşgyň ýürek perdesine öwüşgin berdi.
Indi seniň ýüzüň dolan aýyň şuglasy,
Seniň saçlaryň şemalyň badyny berdi.
Seret bu tumara, gijäni müşk ysyna garanda,
Seniň saçlaryň hem müşk
ysyny berdi.
Onuň duşuşykda maňa
beren şatlygy,
Ýagşyzada Hysrowyň gelmegi
ýaly gönençlik boldy.
Beýik Alaýeddin dünýä Soltan Sanjary,
Halkyň arasyndan çykaryp Şa saýlady.
Dünýäniň patyşasy – ikinji Isgender,
Türki döwleti basyp almak üçin
agyr goşun çekdi.
Eger howa kapyrlardan doldurylan bolsa,
Onuň gylyjy ýeňiş şemaly dek parlar,

Gün kimin Gündogarda adalat
bolup doglar,
Hem-de ýamanlygyň ýurduny ýykar.

Daýymyň ogly Sadr Ymamdan eşidip, ol bolsa soňky danalardan bolan merhum Şemsetdin Aly bin Muhammetden (goý, Beýik Alla onuň günälerini geçsin!) eşidip şeýle gürrüň beripdi:

Habar getirijiler Şadyýaha Soltanyň hytaýlylar bilen söweşde ýeňiş gazanandygy baradaky habary getirenlerinde, ähli halk şady-horram bolýar. Her kim okdur ýaýyny birek-birege sowgat edýärdi. Takwalar Hudaýyň dergähinde şükür etmek bilen meşgul boldular. Atly adamlar hem-de han-begler baýramçylygyň şanyna saz gurallaryna bat berip, keýpi-sapa çekýärdiler. Bagtyýar ýaşlar bolsa goh-galmagal bilen bossançylyklarda şatlanýardylar, garrylar bolsa biri-birleri bilen şüweleňli gürleşýärdiler. Men dostum bilen ussadym Seýit Sadreddiniň ogly Seýit Murtazadan (goý, Beýik Alla ony aman saklasyn we onuň günälerini geçsin!) habar tutdum. Men onuň gaýgy-gama batyp, öýüniň künjeginde oturandygyny gördüm. Biz ondan şu şatlykly günde gam çekmegiň sebäbini soradyk. Ol:

— Eý, tentekler! Bu türküleriň ýolbaşçylarynyň yzynda ar almakda we batyrgaýlykda gahar-gazaply we elhenç, aldajy adamlar dur. Olaryň sany äjit-mäjitlerdenem[1] artykdyr. Hytaý kowumy bolsa biziň we olaryň arasyndaky «Zulkarneýniň» galasydy. Eger ol ýykylsa, onda ýurtda parahatçylyk we asudalyk ýiter. Bu gün men yslamyň ýasyny tutýaryn — diýip jogap berýär.

[1] Gurhanda we Töwratda gelýän iki kowumyň ady. Gurhanda günäkär adamlar hasap edilýär. Isgender Zulkarneýn olardan goranmak üzin diwar gurýar.

Ýaşlar aýnada bir zady görse,
Garry kerpije seredibem, şol zady görer.

Hernäme-de bolsa, Soltan mukaddes uruşdan ýeňiş bilen gaýdyp gelýär. Otraryň mäligi kuwwatyna hem-de şan-şöhratyna bil baglap, Soltanyň garşysyna çykýar. Birnäçe gezek ilçiler onuň gahar-gazabyny ýumşatmaklyk üçin iberilýär. Ýöne ol şermendelik ýakasyndan kellesini çykarmak islemeýär hem-de kellesindäki tekepbirligi hem-de gopbamsylygy aýyrmagy islemeýär. Olaryň pent-nesihatlaryny kabul etmän, dogry ýoldan azaşyp, hytaýlylar bilen agyz birikdirýär. «Adamlara hidaýat gelen wagtynda, olary iman getirmekden we Perwerdigärden magrypat soramakdan, diňe olara ötenleriň sünnetiniň-heläketleriniň gelmegi ýa-da açyk azap gelmegine (garaşmaklary) kesdi (ýagny, diňe olaryň ozalky dinsiz kimselere inen bagtsyzlyga ýa azaba laýykdyklary olara mömin bolmagy gadagan etdi)».[1]

Soltan onuň boýun synmazaklygyny eşidende, onuň üstüne çozmak kararyna gelýär. Ol kowmuň ýakynyna ýeten wagty Otraryň halky hetsiz-hasapsyz goşunyň ýetip gelýändigini hem-de olaryň gahar-gazap uçgunynyň çäksizdigini görüp, mäligiň ýanyna gelip:

— Öz gödekligiň bilen ýeňip bolmajak jeňňel şirini biziň başymyza inderdiň we özüňi hem-de bizi kuwwatly läheňiň agzyna okladyň. Bu iş ýaranjaňlyk etmekden başga zat bilen çözülmez, gödeklik uýanyňy gowşat – diýýärler.

Otraryň mäligi ejizje guşlaryň laçynyň penjeleriniň zarbasyna bäs gelip bilmeýändigini görende we aňanda bu işiň çäresizligini bildi. Ol gylyjy hem-de kepeni bilen ölümiň hem umydyň arasynda galyp daşary çykýar. Ol köşge ýüzin ýyky-

---

[1] Gurhanyň 18-nji («Gowak») süresiniň 55-nji aýaty.

lyp, ähli günäleriniň hem kanun bozmalarynyň geçilmegini soraýar. Soltan onuň günälerini geçip, mal-mülki bilen birlikde ony aman saklaýar. Onuň mal-mülki, adamlary, aýallary bilen bilelikde Otrardan Nusaýa göçmekligi hakynda şertleşilýär. Ylalaşyga laýyklykda, ol Nusaýda asuda oturmalydy.

Şeýdip adamlaryň gany dökülmeýär. Otraryň mäligi Nusaýa gidenden soň, Samarkant soltanynyň üstüne ýöriş etmek üçin ol ýerden gaýdýar. Soltan Osman soltanlyk nesilşalygynyň sadabyndan bir göwheri we uly asman ýyldyzlaryndan bir ýyldyzy[1] öýlenmek üçin dileýär. Soltan Muhammet tarapyndan bu teklibiň kabul edilmegi onuň hormatlanýandygynyň alamatydy. Ol barada indiki bölümlerimizde gürrüň bereris.

Soltan Türkan hatynyň garyndaşlarynyň biri bolan Tertiýeni Samarkanda şihne edip belländen soňra, Horezme ýola düşýär. Onuň öňünden we yzyndan, çepinden we sagyndan bagtyýarlygyň buşlukçysy bolan ilçiler ýola düşýärler.

Güni egnine jul edip goýdy,
Aýy gulakdaky halka kimin üzeňňisi etdi.
Şanyň depesinde käbelileriň baýdagy
Edil Aýyň üstündäki bölek bulut ýaly,
Naýzaň agzy gülküden ýaňa açylýardy,
Uzakdan pelege «daş dur» diýip aýdýardy.

Soltan Horezme gelenden soňra meýlis gurnamaklyga buýruk berýär. Ol Taýanguny öldürip, derýa atmaklygy karar edýär. Bu ýeňiş arkaly ýüreklerdäki Soltanyň şan-şöhraty birden müňe ýetdi. Etrap emirleri Soltanyň huzuryna öz ilçileri bilen birlikde sowgat-serpaý iberýärdiler. Soltanyň tugralarynda «Allanyň ýerdäki wekili» diýlip ýazylýardy. Aşakdaky getirilýän

[1] Şu ýerde Zöhre ýyldyzy dek owadan gyz göz öňünde tutulýar.

setirler ýurduň baş buýruk ýazyjysy Fehrilmälik Nyzameddin Ferit Jamyňkydyr:

Şalar şasy jahan sahawatlysy sensiň,
Seniň hümmetiňden pelek karz alar.
Hümmetiň gözüňe kemter görünmesin

Sebäbi bar aladaň bu jahanda birje zerredir.
Ähli päk perişdeler seniň döwrüňde,
Sünnetdir parz şertini
berjaý edensoňlar
Her bir doga-tumarlarynda gaýtalaýarlar:
«Soltan Allanyň ýerdäki saýasydyr».

## SOLTAN MUHAMMET BILEN KÖR HANYŇ IKINJI ÇAKNYŞYGY

Soltan Horezmde ýok wagty Jent töweregindäki Kadyr hanyň diri galan tarapdarlarynyň birnäçesi gozgalaň edýärler. Şu sebäpli Soltan Horezmde uzak saklanmaýar we olary basyp ýatyrmaklyk üçin Jende gidýär. Soltan Osman bolsa toý şaýyny tutmak üçin Horezmde galýar.

Soltan gozgalaňçylary derbi-dagyn eden wagty «Hytaý goşuny Samarkandyň derwezesine ýetip, şäheri gabapdyr» diýen habar gelýär. Soltan Jentden ol ýere gidýär. Etraplara ilçi iberip, ýurtdaky ähli goşunyny çagyryp getirtmek isleýär. Şol bir wagtda Hytaý goşuny Samarkandyň derwezesiniň töwereginde, derýanyň kenarynda düşläpdi. Şu wagt içinde, ýetmiş gezek söweş bolup, olar her gezegem ýeňlişe sezewar bolýar. Diňe bir gezek ýeňiş gazanýarlar we Samarkant goşunyny şäheriň daşyna çykarýarlar. Hytaý goşuny Samarkant halky bilen uruşda hiç zat gazanmadyklaryna hem-de tizara biabraý ýagdaýda galjakdyklaryna göz ýetirenlerinden soň, «bu gyzgyn tamdyrdan çörek alyp bolmajakdygyny» görýärler.

Şeýle-de ýene bir tarapdan Soltanyň ýetip gelýändigi we Güýçlük hanyň at-abraýynyň owazasy baradaky habar gelýär.

Soltan Samarkanda gelen wagty etraplardan hem goşunlar toplanýar. Samarkantdan ýola düşüp, Agnak şäherine ýetýär. Bu şäheriň häkimi musulman bolsa-da, onuň gylyk-häsiýeti musulmançylyga gelişmeýärdi. Ol Hytaý kowumynyň tarapda-

ry bolupdyr. Soltan birnäçe gezek ony boýun etjek bolup, gowy wadalar berýär. Ýöne ol boýun gaçyryp, Soltandan daşlaşýardy. Onuň mäkäm galasy bardy. Şeýtan onuň beýnisine tekepbirlik şemalyny salypdyr. Soltan derýa tolkuny deý gazaply uly goşunyny ol ýere iberýär we oňa jeza berýärler. Göz açyp-ýumasy salymda Agnagyň hökümdaryny galadan çykaryp, zynjyrlap we gandallap Soltanyň huzuryna getirýärler. Soltan Güýçlügiň ýeňişlerini eşidýär. Soltan bilen Güýçlügiň arasynda şertnama baglaşylýar. Şoňa görä, Kör hany aradan aýyrmalydy. Eger Soltan onuň bilen söweşde ýeňiş gazansa, onda ol Hotandan Kaşgara çenli ýerleri eýelemelidi. Eger Güýçlük ýeňiş gazansa, onda onuň eýeçiligine Fenaket derýasyna çenli ýerler geçýärdi. Güýçlük birbada ýeňiş gazanýar, soňra bolsa ýeňilýär. Bu barada Garahytaýlylara degişli bölümde gürrüň berilýär. Soltan Samarkantdan çykyp ýola düşýär. Kör han bu habary eşidip, taýýarlyk görýär. Iki goşun birek-birege duşanlarynda Isfahbat Kabudjame we Samarkandyň şihnesi Tertiýe gizlinlikde Soltana garşy dil birikdirýärler hem-de Kör hana ilçi iberýärler. Olar aýdýarlar: «Biz söweş güni soltany taşlap, leşgerimiz bilen gaýdarys we saňa birigeris. Ýöne bir şerti bar. Eger sen ýeňiş gazansaň, onda Horezmi Tertiýe, Horasany bolsa Isfahfada bagyşla».

Kör han olara iki esse köp zady wada berýär. Iki goşun ýüzbe-ýüz bolanda, yzygiderli zarbalar urlanda, hytaýlylaryň çep ganaty soltanyň sag ganatyna zarba urýar. Tertiýe we Isfahbad ylalaşyşlary ýaly yza çekilýärler. Olaryň goşunlary hem gizlenmek bilen bolýarlar. Şol birwagtda Soltanyň çep ganaty hytaýlylaryň sag ganatyndan üstün çykýar. Hytaýlylar bu ganatda gaçmaklyga başladylar. Iki biri-birine gyslyşan goşunda kimiň ýeňijidigini, kimiň bolsa ýeňlendigini bilmek mümkin däldi. Iki tarap hem ogurlyk we talaň bilen meşguldy. Soltanyň söweş wagtynda duşmanynyň lybasyny geýmeklik adaty bardy. Sol-

tanyň ýaranlarynyň birnäçeleri hem şeýle edýärdiler. Bular hem-de Soltan Hytaý goşunynyň arasyna düşdüler.

Bu ýat ýurtlularyň arasynda Soltan birnäçe günläp tanalman galýar. Ol amatly pursaty tapyp, Fenaket derýasyna ýetýär. Onuň gelmegi goşuna täze ruh goşýar.

Soltanyň ýitendigi baradaky habar etraplara ýaýranda, her kim bir zat pikir edýärdi. Käbirleri ol ýat goşunyň eline ýesir düşüpdir diýseler, käbirleri ol öldürilipdir diýýärdi. Hiç kim hakykaty bilmeýärdi.

Ilçiler çar tarapa şatlykly habarlary we hatlary iberýärdiler. Soňra Soltan Horezme gaýdyp gelýär we ýene-de urşa taýýarlyk görýär.

## PIRUZKUHA WE GAZNA ÝÖRIŞ

Hytaý sebiti Soltana miýesser edensoň, Piruzkuhy Soltan Mahmyda tabşyrýar we oňa hiç hili zeper ýetirmeýär. Ol hem Soltanyň adyna hutba okap, zikge kakýar. Soltanyň uruşlary döwründe Täjeddin Alyşa Soltan Muhammetden öýkeläp, Soltan Mahmydyň ýanyna gidýär. Soltan Mahmyt ony hezzet-hormaty bilen garşy alýar. Özüniň ýakyn we abraýly adamlary bilen deň hatarda goýýar. Günleriň birinde kimdir biri haremhananyň suw geçelgesinden (tokurtgasyndan) geçip, tagtda oturan Soltan Mahmydy görýär we ony öldürýär. Ony kimiň öldürendigini hiç kim bilmeýär. Ýöne halkyň arasynda «Alyşa patyşalygy eýelejek bolup, bu işi edipdir» diýen gep-gürrüň ýaýraýar.

609[1]-njy ýylda Mahmyt ölenden soňra, Gur soltanlygyny berkitjek hem-de onuň ornuny eýelejek, onuň öz öwladyndan hiç kim ýokdy. Şonuň üçin Piruzkuhyň han-begleri Täjeddin Alyşany tagtda oturdýarlar. Ol Soltan Muhammet Horezmşa hormat-sylagyny bildirýär. Bolup geçen wakany gürrüň berip hem-de doganynyň ýerine oruntutar bolup, soltanlygy öz eline almagyna rugsat sorap, ilçi iberýär. Soltan bu teklipleri kabul edýär hem-de öz tarapyndan Muhammet Beşiri ilçi edip, gymmatbaha sowgat-serpaýlar we patyşalyk möhüri bilen iberýär.

Gutlag däp-dessury tamamlanandan soňra, toý mynasybetli halatlaryny egnine geýmek üçin Alyşa eşik çykarylýan jaýyna

[1] Milady ýyl hasabynda 1112-nji ýyla gabat gelýär.

gidýär. Beşir hem onuň yzy bilen çykyp şol ýere barýar. Ol geýnip durka, gylyjyny çykaryp, bir demde Alyşanyň kellesini kesýär. Şeýlelikde, ýagşy habary getiriji Beşir ýamanlygyň nyşany boldy.

Alyşa ölenden soňra, onuň hem tagta geçer ýaly mirasdüşeri galmaýar. Soltanyň adamlara teselli bermek üçin ýazan hatlary okaldy. Piruzkuh, Gur we onuň töweregi Soltana geçýär.

Bu wakadan soňra 611[1]-nji ýylda Täjeddin Ýyldyz aradan çykypdyr diýen habar gelýär. Onuň hem yzyny tutar ýaly nesli ýokdy. Gulamlarynyň biri onuň ornunda oturýar. Soltan patyşalygyň iň oňat mekanlarynyň biri hasaplanýan bu ülkäni basyp almak üçin bar güýjüni we ünsüni şol ýere gönükdirýär. Şeýlelik bilen, bu ýerler hem onuň ülkesine birikdirilýär.

Gazna hazynasy Soltan Şyhabeddinden miras galan hazyna bolup, onda halypalar öýüniň permanlary ele salyndy. Olarda Soltan Muhammet Horezmşanyň etmişleri we hereketleri ýamanlanyp, gurlular olaryň üstüne küşgürilipdi. Şonuň üçin halypanyň köşgüne Soltanyň betgümanlygy has-da artdy we gurlulary öjükdireniň halypadygyny bildi.

Hindistan tarapdaky Gur soltanlygynyň ülkelerini eýeläp, Soltan Muhammet Samarkanda dolanýar. Emma häzirlikçe ol buýruklaryň ýaýrap, äşgär bolmagyny islemeýärdi. Çünki ol ilki bilen gündogar welaýatlary basyp almak isleýärdi. Bu barada soňra gürrüň berler. Hyrat we Gur, Gürjüstan we Sistandan Hindistanyň serhedine çenli bolan ýurtlar Soltan Muhammediň agalygyna geçýär. Bu ýurduň hökmürowanlygy indi Soltanyň ogly Jelaleddine miýesser edipdi. Çünki soltanlygy her kişä boýun egdirmek başartmaýar. Bu ülkeler Soltan Mahmyt Söbükteginiň soltanlyk eden ýerleridi. Onuň nebereleri tä Gur soltanlyklarynyň döwrüne çenli höküm sürüpdi.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1214-nji ýyla gabat gelýär.

## GARAHYTAÝ HANLARY WE OLARYŇ GOZGALAŇLARY HEM-DE BETBAGTÇYLYKLARY

Garahytaý hanlygynyň serhedi Hytaýdan gözbaş alyp gaýdýar. Şol ýerde olar at-abraýly kowumyň biri bolupdyr. Käbir sebäplere görä olar ýurdundan kowlup, sergezdançylyklaryň dowamynda dürli kynçylyklara we howp-hatarlara sezewar bolupdyrlar.

Olaryň emirini Kör han diýip atlandyrýardylar. Ol hanlaryň hanydy. Aýdyşlaryna görä Kör han Hytaýdan çykyp gaýdan wagty, onuň ýanynda kowumyndan segsen adam bolanmyş. Başga rowaýata görä bolsa olaryň we tarapdarlarynyň sany köp bolup, Gyrgyz serhedine ýetenlerinde ol ýeriň taýpalaryny basyp alýarlar. Öz nobatynda olar hem bu kowumyň üstüne çozýardylar.

Soňra Hytaý kowumy şol ýerden hereket edip, Aýmile ýetýärler. Olar şol ýerde şäherlerini döredipdirler. Bu ýerde Kör hanyň töwereginde türkmen we başga-da taýpalar toplanyp, olaryň sany kyrk müňe ýetýär. Şuňa görä ol mekanda hem ornaşmaklyk miýesser etmeýär. Soňra hereket edip Balasuguna gelýärler, häzir mongollar ony Garbalyk diýip atlandyrýarlar. Balasugunyň hökümdary aslyny Afrasyýapdan alyp gaýdypdyr, ýöne güýç-kuwwaty we häkimiýeti bolmandyr. Şol töwerekde ýaşaýan garlyk, kaňly ýaly türkmen taýpalary emiriň buýruklaryna boýun bolman, häli-şindi onuň mülküne we mal-garasynyň üstüne çozup, talaň edýärdiler. Emir bolsa olaryň garşysy-

na durmaga ejizdi. Ol Kör hanyň ýeňişleri we onuň tarapdarlary baradaky habary eşidende, onuň ýanyna ilçilerini iberip kaňly hem-de garlyk taýpalaryna garşy durmaga ejizdigini duýdurýar we onuň bu ýere gelip, ýurdy golastyna almaklyga kömek etmekligini sorap çagyrýar.

Kör han Balasuguna gelip, aňsatlyk bilen tagtda oturýar. Ol Afrasyýabyň neberesinden hanlygy kabul edýär. Ony Eýlek Türkan ady bilen atlandyrýarlar. Soňra welaýatlaryň her etraplaryna, ýagny Gomgypjakdan tä Tarserhana we Terazdan Namneje çenli ýerlere öz häkimlerini iberýär.

Birnäçe wagt geçenden soňra, Kör hanyň ýurdy gülläp ösýär, mal-garalary semräp, köpelip başlaýar. Kaňlylary öz golastyna alýar. Soňra goşunyny Hotana we Kaşgara ýollaýar, ol ýerleri hem boýun egdirýär. Gyrgyz halkyndan ar almak üçin ol ülkä hereket edýär. Bäşbalygy hem eýeläp, ol ýerden Fergana we Mawerannahra goşun iberýär. Ol ýerleri hem boýun egdirýär. Soltan Osmanyň ata-babalary bolan Mawerannahryň soltanlary Kör hanyň permanlaryna boýun bolýarlar.

Bu ýeňişlerden soňra onuň goşunynyň adam we atlarynyň sany artýar. Serkerdebaşysy Erbuzy Horezme iberýär. Ol Kör han tarapyndan şol ýeriň obalaryny düýp-teýkary bilen ýok etmek, talamak, başaryp bildiginden ilatyny gyrmak barada tabşyryk alypdy.

Horezmşa Atsyz Erbuzyň ýanyna ilçi iberip, onuň talaplaryny kabul edipdi. Ol ýaraşyk şertnamasyna laýyklykda ýylda üç müň dinar paç tölemeklige borçlanýar. haryt ýa-da mal bilen tölegiň üstüni ýetirmelidi. Ylalaşyk baglaşylandan soňra, Erbuz yzyna dolanýar. Şol aralykda Kör han aradan çykýar. Onuň ornuny Kuýuň atly aýaly tutýar we ýurdy dolandyryp başlaýar. Hemmeler oňa boýun bolupdy. Kuýuň howaýy arzuw-hyýallara çümýär. Şol aralykda onuň ýaranlaryndan biri ony öldürýär.

Kör hanyň heniz diri iki doganynyň biri oruntutar hökmünde saýlanýar. Patyşalyga göz gyzdyrýan beýleki dogany tagtdan çetleşdirilýär. Şeýlelikde, onuň bu tagta geçen dogany agalygyny berkitdi we her kimi bir wezipä belleýär hem-de etraplara häkimleri iberýär.

Horezmşa Atsyz hökümeti ogly Tekeşe tabşyrandan soňra hem paç tölemeklik dowam etdirildi. Tekeş her hili ýagdaýda Kör hanyň tamasyny ödejek bolupdyr. Haçanda ol ölüm düşeginde ýatyrka, ogullaryna Kör han bilen hiç haçan dawa-jenjel etmezligi wesýet edýär hem-de şol düzgüni bozmazlygy tabşyrýar. Çünki ol düzgün uly diwar bolup, onuň beýleki tarapynda ýyrtyjy duşmanlar ýatyrdy.

Soltan Muhammet tagta geçenden soňra, belli bir wagta çenli bu düzgüni ýöredýär, olaryň arasynda hiç hili duşmançylyk ýokdy. Soltan Şyhabeddin Soltan Muhammede zarba uranda Kör han on müň adamy bilen kömege gelipdi. Olar Andhud[1] derwezesinde uruş edýärler we gurlular ýeňilýärler. Emma Soltan güni öz saýawanynyň astynda hasaplaýanlygy sebäpli, Kör hana paç bermeklik we salgyt tölemek, iki-üç ýyl gijikdirýär, öz borçlaryny ýerine ýetirmeklige howlukmaýardy.

Netijede, Kör han Mahmyt Taýy karzlaryny talap etmek üçin iberipdi. Mahmyt Taý Horezme ýeten wagty, Soltan gypjaklara garşy urşa taýýarlanýardy. Soltan olara gödek jogap berip, kakasynyň wesýetinden çykmak islemeýär. Üstesine-de, Kör han pursat tapyp zyýan ýetirmez ýaly soltanyň ýokdugyny duşman bilmeli däldi. Ýene bir tarapdan bolsa, şertnamany kabul edendigine namys edýärdi. Şonuň üçin hem ilçiniň jogaby barada ýagşy-ýaman söz açmady. Onuň geňeşini ejesi Türkan Hatyna goýup gidýär.

---

[1] Andhud – Owganystanyň demirgazygynda Balh bilen Merwiň arasynda Şybyrganyň golaýynda ýerleşen kiçiräk şäher. Oňa Andhoý hem diýýärler.

Türkan Hatyn ilçileriň hormat-sylag bilen garşy alynmagyny buýurýar. Ol ilçilere hormat bilen ýüzlenip, ähli karzyny üzýär. Han-begleriň birnäçesini ilçileri ugratmak üçin Mahmyt Taýa goşup goýberýär. Gijikdirilip berlen paç üçin ötünç soraýar, häli-häzire çenli dowam edip gelen ylalaşygy ýöredýändigini tekrarlap, olary yzyna ugradýar.

Mahmyt Taý Soltanyň tekepbirligini we ulumsylygyny görüp, ony tanaýar. Ol mertebesini şeýle bir belent hasaplaýardy welin, hatda özi ýaly adamyň ýanynda hem kiçelmegi we ýaranjaňlygy peslik görýärdi. Şoňa görä Soltanyň ýagdaýy barada Kör hana şeýle gürrüň berýär: «Soltan açyk göwünli däl, mundan soňra ol paç tölemez».

Şonuň üçin Kör han Türkan Hatynyň iberenlerine artykmaç hormat-sylag etmeýär we üns bermeýär. Soltan gypjaklara garşy uruşdan ýeňiş bilen gaýdyp gelensoň, Mawerannahr ülkesine ýöriş etmegi ýüregine düwüp, goşunyny Buhara sürýär. Welaýatlara we etraplara ilçilerden gizlin habarlary iberip, birnäçe wadalary berýär. Esasan hem, soltan Osmana köp-köp hoşamaýlyk bildirýärdi. Bular uzaga çeken Kör hanyň hökmürowanlygyndan hem-de ýerlerdäki bikanun we gaýduwsyz hereket edýän Kör hanyň salgyt ýygnaýjy wekillerinden ýadapdylar. Olar Soltanyň çakylygyny kabul edýärler we açyk ýürek bilen umyt edýärler.

Soltan şu karar bilen bir ýyldan soňra Buhara gaýdyp gelerin diýen umyt bilen yzyna dolanýar. Şol wagt gündogarda hem Kör hanyň emirleri gozgalaň edýärdiler. Şu zaman Güýçlük Kör han bilen bilelikdedi. Ol Kör hanyň patyşalygynyň dargaýandygyny görüp, yzyna dolanmak isleýär. Özüniň ýerlerdäki goşunyny toplap, kömek bermek bahanasy bilen gidýär. Kör han Güýçlügiň sözüne ynandy. Ony Güýçlük han diýip atlandyrdy. Haçanda Güýçlük han yzyna gidende, Kör han ony iberenine ökündi. Ýöne peýdasy ýokdy. Ol bialaç serhet ýakasyn-

da oturan Soltan Osman ýaly her bir emirine we ynamdar adamlaryna Güýçlügiň meselesinde taýýarlyk görsünler diýen niýet bilen bir adam iberýärdi.

Soltan Osman Kör handan onuň gyzyny sorapdy. Emma onuň bu haýyşy kabul edilmändi. Şu sebäpli olaryň arasynda sowuklyk döredi. Şu jähtden Osman buýrugy kabul etmeýär. Osman Soltan Muhammede ilçi iberip, razylygyny duýdurýar we Samarkantda onuň adyna hutba okap, zikge kakýar. Bu hereket Kör hana garşy aç-açan duşmançylykdan habar berýärdi. Kör han bu wakadan habarly bolan wagty üç müň adamy urşa taýýarlap, Osman bilen söweşmeklige iberýär. Ol iki gezek Samarkandy gabaýar, emma şähere çozmaýar. Sebäbi ol Samarkandy özüniň hazynasy hasaplaýardy. Haçanda Güýçlügiň işleri ugruganda, leşgere Samarkantdan onuň etrabyna çozup azar bermekligi we gaýtawul bermäge rowana bolmaklygy buýurýar. Soltan Muhammet hemişe Güýçlük meselesinde howsala düşýärdi. Haçanda «Kör han Güýçlügi agdarmak we halyny harap etmek üçin goşun iberipdir» diýip eşideninde, pursaty amatly bilip, Samarkanda hüjüm edýär. Soltanlaryň soltany onuň öňünden çykýar we Samarkant ülkesini oňa bagyşlaýar. Soňra bular birlikde Kör hana tarap ýola düşýärler. Soltan Muhammet Teraza ýeten wagtynda, Taýangu goşun bilen olaryň öňünde durdy. Ýüzbe-ýüz bolup, söweşe başlaýarlar. Iki tarapdan hem zarbalar urlup, her tarapyň çep ganaty birek-biregiň sag ganatyny syndyrýar. Mundan soňra iki goşun hem yza çekilýär. Kör hanyň goşuny yzyna dolanýar. Ýöne Taýangu ele düşýär. Şol wagt Soltanyň goşuny hem yzyna dolanýar.

Hytaý goşunlary yzyna dolanyp, Emakende ýeten wagtlary ilaty talap, daýhanlary öldürip, gozgalaň edýärler. Haçanda Balasuguna ýetenlerinde ol ýeriň ilaty «Bu sebitleri Soltan Muhammet basyp alar» diýip, göz öňüne getirýändikleri üçin hytaýlylara garşy derwezelerini ýapdylar. Garahytaý goşuny ol

ýere ýetip, başga ýoluň ýokdugyny görüp, urşa başladylar. On alty günläp söweş bolýar. Sebäbi olar Soltan Muhammet olaryň yzyndadyr diýip pikir edýärdiler. Mahmyt we Kör hanyň emirleri olara hernäçe wada, umyt hem nesihat berseler-de, täsir edip bilmeýärler. Çar tarapa pytran Hytaý goşunlary jem bolýar we Soltan Muhammediň goşunyndan gaýtaryp alan pillerini şäher derwezelerine sürüp, olary haraplaýarlar. Goşun güýç bilen şähere girýär. Olar elleri gylyçly hiç kime rehim etmän, halky üç gije-gündiz gyrýarlar. Kyrk ýedi müň atly-abraýly han-begler öldürilýär. Kör hanyň goşuny bol olja alýar. Kör hanyň hazynasy talaňçylyklar, napaga, aýlyk-günlükler tölegi sebäpli boşap galypdy. Mahmyt Taý birden Kör han özüniň Karunyň hazynasyndan artyk baýlygyna göz diker öýdüp gorkup: «Hazynalardan, aýratynam, leşgeriň Güýçlük handan gaňryp alan baýlyklaryndan näme zat bar bolsa, ählisiniň jemlenilmegi gerek» diýýärdi.

Bu ahwalaty eşiden we duýan emirler gorkdy hem ondan ýüzlerini sowdular. Şeýdip gozgalaň başlandy. Bu işlerden baş çykarýan Güýçlük dagynyklygy eşidýär hem-de goşunyň Kör handan ýüz öwrendigini halk babatda nähili bidüzgünçilik edendigini eşidýär. Ol bu pursady amatly saýyp, bulutlaryň arasyndaky ýyldyrym dek oýanýar hem-de ony gapyl otyrka eýeleýär. Allatagala aýdýar: «Eý, Muhammet! Biziň kapyrlara olary (günä magsyýata) ugradýan şeýtanlary iberenimizi görmediňizmi?!»[1]

Kör han ähli goşunynyň dargandygyny, başga çäräniň ýokdugyny gören wagty, Güýçlük babatda salyhatlylyk hyzmatyny edýär. Ýöne Güýçlük oňa atalyk gözi bilen garaýardy we ony sylaýardy. Onuň horlanmagyny islemeýärdi, ony eziz görýärdi we hormatlaýardy.

---

[1] Gurhanyň 19-njy («Merýem») süresiniň 83-nji aýaty.

Kör han uly emirleriň biriniň Zöhre ýyldyzynyň taýy deýin gyzyna adaglanýar. Kör han Güýçlügiň hökümi bilen tussag edilende, Güýçlük ol gyzy özüne alýar. Kör han birki ýyldan soňra aradan çykýar.

Şeýdip Kör han nesilşalygynyň döwleti çökýär. Nesilşalyk üç asyr togsan bäş ýyl döwran sürýär. Kör hanyň bar baýlygy küle sowruldy we ähli kowumy pytrady.

Haçanda wagt gelse,
galmaz ol patyşalyk,
Ol iş we patyşalyk tagallasy
bilenem gaýdyp gelmez.
Gelende peýda bolar gidende renj,[1]
Şeýle baýlykdan garyplyk hem ýegdir.

Allatagala buýurýar: «Olaryň kylmyşlary edil pyragun adamlarynyň we olardan öňki kimseleriň kylmyşlaryna meňzeýär. Pyragun adamlary Perwerdigärleriniň aýatlary ýalan diýenleri üçin, olary günäleri sebäpli heläk etdik we deňze gark etdik. Çünki ähli̇si zalym kimselerdi».[2]

[1] Renj – kynçylyk.
[2] Gurhanyň 8-nji («Olja») süresiniň 54-nji aýaty.

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ BAŞDAN GEÇIRENLERINIŇ DOWAMY WE ONUŇ SOŇKY BETBAGTÇYLYKLARY

Her kimiň bagt ýyldyzy batsa, bir döwürde bagtyýarlyk gözýetiminden şöhle saçýan ykbal güneşi bagtyýatgynlyk günbataryna eňip gaýdar. Şeýle bagtyýatgynlyk eger akylly-paýhasly we aýdyň yradalar bilen bezelen bolsa-da we durmuşyň synagyndan geçse-de, eden işi betbagtçylyk we şowsuzlyk bilen tamamlanar. Onuň garaşyp oturan ýagşy niýeti hem gamgussaň döremegine sebäpkär bolar. Onuň bagta sepleşip duran ýyldyzynda betbagtçylyk nyşany görnüp, ýagty paýhasynyň nury garaňky deryanyň ýüzünde aý kimin şöhle saçyp duran hem bolsa, tutulan aýyň perdesinde we betbagtçylyk howply gara buludynda gizlenip galar we onda arzuw-isleg ruhy öçüp, ýitip gider. Şeýle kişide mäkämlik keşbi ýapylar we halas bolmaklyk ýoly ýiter. Her bir işe el ursa, puşmançylyk hasyl bolar we bihabarlyk örtügi köňlüne we görejine perde çeker.

Eý, egindeşlerim! Wakadaşlarymyz! Eý, syrdaş dostum! Eger şu ýazgylara şek-şübhäň bar bolsa, mundan öňki hadysalary dogruçyl hasaplamaýan bolsaň we ynanmaýan bolsaň, gel, menden şu ýagty nyşany al. Hakykat gözi bilen şol wakalaryň nähilidigini bil, huşuň, gulagyň bilen şu hekaýaty diňlegin! Şol wagt tejribe höwesi bilen bu täsinlikleriň gazanyndan bir susak al we kabul ediji burnuň bilen şu pendiň gowy ysyny ysga!

Bu sözleriň we nagyşdyr suratyň syrlaryny we gizlinlikleri-ni aýan ediji Soltan Muhammetdi. Haçanda keç pelek we ýa-

lançy dünýä, gözsüz çarhypelek onuň isleg-arzuwyna görä hereket edýärkä, hiç bir zada ýykgyn etmäge çalyşmasa-da, bagtyň täsinlikleri, üstünlik, ýeňiş jylawdarlygy onuň owsaryny öňe sürüp, ýeňiş çaparlary leşgeriň merkezine we ganatlaryna gelip ýetýärdi. Entek atynyň jylawuny bir tarapa çekmänkä, gün-günden ösüp barýan döwletiniň beýikligi onuň berkligi, kuwwatlylygy we güýçlüligi howp-hatar leşgeri bolup, garşydaşlarynyň we duşmanlarynyň ýüregine barýardy. Onuň serkerdesi, ýol görkezijisi hem-de oýa wagty sakçysy Perwerdigärdi. Göýä, onuň goşunynyň merkezi we sag ganaty perişdelerden, çep ganaty bolsa asmanyň bagtyýar ýardamçylaryndan gurşalan ýalydy. Göýä takdyr we ýazgyt onuň bilen sazlaşyp, ýeňiş wagty ýeňiş baýdaklaryny onuň üçin parladýan hem-de maksada ýetiriş galamy «We Alla size ýene başga siziň söýýän bir nygmatyňyzy hem berer ki, ol Alla tarapyn bolan ýeňiş we ýakynda ýüz berjek Mekge ýeňşidir»[1] diýen kelama laýyklykda, Taňryň ýardamy bilen süýjülikleri onuň maňlaýyna ýazýan ýalydy.

Sagynda bagtyýarlyk, solunda hem ýeňişler,
Pelek üzeňňisiniň öňünde, zamana jylawy elinde.

Emma bagt dargady. Şumluk şemaly ykbal oduny öçürdi. Bagtyýarlyk suwuny şowsuzlyk topragyna gardy. Ýollary açýan pikirler we çäreler dogry ýollardan daşlaşdy we hakyky ýollardan çetleşdi. Bolup geçen wakalaryň ilkinji alamatlarynyň biri hem Soltan 614[2]-nji ýylda Salamlyk öýi Bagdada (Alla hemişe ony abat etsin!) ugramagydy. Şol zamanda halypalyk lybasy möminleriň emini Nasyreddinullany bezeýärdi. Soltan

[1] Gurhanyň 61-nji («Sap») süresiniň 13-nji aýaty.
[2] Milady ýyl hasabynda 1217-nji ýyla gabat gelýär.

bilen halypanyň arasyna tow düşüpdi. Şol näsazlyklaryň biri hem halypa hajylaryň kerwenini we täzelikde musulman bolan Jelaleddin Hasanyň baýdagyny[1] Soltanyň kerweninden ileri hasaplaýardy. Soltanyň dostlaryny-da masgaralapdy. Başga-da sebäpler hem köpdi. Umuman, Soltanyň ondan göwni galypdy. Şol sebäpli hem Soltan ýurduň din geňeşdarlaryndan Beni Apbas neberesi halypalyk etmäge mynasyp däl, Pygamber neberesinden Hüseýin seýitleri oňa laýykdyr diýip pitwa aldy. Şeýdip her kim başardygyça hak zady hak eýesine gowşurmalydyr. Ýene, üstesine, ol «Apbasy halypalary hak ýolunda din ugrundaky söweşde yzda galýardylar» diýýärdi. Ähli mümkinçiliklere garamazdan, serhetleri goramak we kapyrlary yslama çagyrmak (bu bolsa häkimlere diňe bir wajyp mesele däl-de, eýsem, zerur işlerdir) işlerinden boýun gaçyryp, bu yslamyň uly sütünini gowşadýardylar.

Şu bahanalary tutalga edinip, beýik seýitlerden bolan Ala-al-mülki halypa etmek üçin belledi. Şu pikirler bilen ýola düşdi. Haçanda Damgana ýetende «Atabeg Sagyt Yrak ýurduny halas etmek pikiriniň höwesi bilen Reýe ýetipdir» diýen habary eşidipdi. Soltan örän tizlik bilen söweşjeň goşuny bilen Heýli Bozorgda[2] Atabeg bilen çaknyşdy. Bu söweşde Yrak goşuny hem onuň golastyndady. Ýöne Yrak goşuny hiç bir sebäpsiz yza çekilip başladylar. Soltan Sagytdan üstün çykdy we ony tussag etdi. Ony öldürmekçi boldy. Ol Atabeg Mälik Zuzenä penalandy we ony tutalga edindi. Soltan onuň isleýşi ýaly onuň günäsini geçdi. Ol özüniň uly ogly Atabeg Zeňňini girew

[1] Ol aslynda Ysmaýyllar toparynyň ýolbaşçysydy. Ýalandan ysmaýyl dininden el çekip, musulman bolupdy. Ol birnäçe jan pidaçylary Apbasynyň halypy Nasyryň ygtyýaryna goýupdy hem-de garşydaşlaryny, şol sanda hem Horezmşalaryň ýolbaşçylaryny garakçylyk bilen ýok etmekçidi. Şu sebäpli halypa onuň hajylarynyň baýdagyny we kerwenini Soltan Muhammediň kerweninden mertebeli görýärdi.

[2] Heýli bozorg – Gazwiniň töwereginde ýerleşen bir oba.

hökmünde soltana berdi. Estahr we Iskenan galalaryny dört dang[1] salgydy bilen oňa bermeli boldy. Şeýdip yzyna dolanmaga rugsat aldy. Estahr galasyna ýetenlerinde, Atabeg Abubekr ähti-peýmandan we ylalaşyk şertlerinden habarly bolup, gahar-gazaba mündi. Ataly-ogul birek-birege pyçak urdy. Atabeg Sagyt ogluny tussag edip, beren sözünde we baglaşan ähtinde durdy.

Şol zamanda Atabeg Uzbegiň kellesinde hem Yrak mülküni söwdalaşmak niýeti ornaşypdy. Ol Genjä we Hemedana gelipdi. Soltanyň goşuny Hemedana ýetende, ol gaçdy. Ony yzarlamakçy boldular. Emma Soltan: «Bir ýylyň içinde iki patyşany tussag etmeklik gowy alamat däl» diýip buýurdy. Şeýdip onuň gitmekligine ýol berdiler. Atabeg Uzbeg sag-aman Genjä gelip ýetdi, soltanyň adyna hutba okap, zikge kakdy. Köp ilçileri peşgeşler bilen Soltanyň hyzmatyna ugratdy. Soltan Hemedandan Bagdada tarap ugrady. Ol Esedabada gelip ýetende güýz paslydy. Deý[2] aýynyň sakçysy birden çozdy we agyr garyň ýagmagy zerarly gijäni howply gündize öwürdi. Ýeliň we sowuk şemalyň naýzasyny hiç bir sowut saklap bilmedi. Agyr sowugyň howpuny gözleri bilen gördüler. Köp sanly ilat sowukdan heläk boldy. Haýwanlardan nam-nyşan galmady. Diňe hasrat, gaýgy-gam we puşmanlykdan özge hiç zat hasyl bolmady.

Aýat: «Asmanlaryň we ýeriň goşunlary Hudaýyňkydyr we Hudaý bilimli ägä we berkdir»[3]. Bu bolsa Soltanyň ykbalynyň ýarasydy hem-de durmuşyna-da şübhedi. Şondan soňra bet-

---

[1] Dang — her bir zadyň altydan bir bölegi.

[2] Deý – Eýran gün kalendarynyň onunjy aýynyň ady. Bitaraplyk aýynyň 22-23-ünden Türkmenbaşy aýynyň 20-21-ine gabat gelýär.

[3] Gurhanyň 48-nji («Ýeňiş») süresiniň 4-nji aýaty.

bagtçylyklar we gam-gussa, sussupeslik kerweni yzly-yzyna gelmäge başlady.

Men şuny bilýän, saňa mynasyp aşyk däldim,
Ýöne, wah, takdyra hiç zat aýdyp bolanok.

Haçanda sussupeslik we ejizlik oňa hemra bolanda, Muhammediň dininiň ýagşylyklary we gülläp ösüp duran zatlary ondan elini çekdi.

Döwrüň eli menden bagtymy ýüz öwürmäge mejbur etdi.
Şonuň üçin, arman, arzuw-hyýallarym amala aşmaýar.

Mejbury ýagdaýda ol Bagdada ýöriş etmek pikirinden el çekip, birnäçe günläp Yrakda galdy. Hyzmatkärleriniň we goşunlarynyň hal-ýagdaýyna seredip, ýurduň işlerini şübheli garaňkylyklardan çykarynça ol ýerde galdy. Yrakdan yzyna dolanjak wagty Otraryň emiri Gaýyr han tarapyndan iberilen bir ilçi tatarlara degişli söwdagärler bilen baglanyşykly habary getirdi. Soltan bu habar barada geňeşmezden, onuň peýda we zyýanyny, şer we haýryny ölçemezden hem akyl-paýhas bilen müşgül işleri ýeňletmezden, şol bada özüniň amanlyk haremhanasyna penalanan musulman toparyny öldürmeklerine, olaryň baýlyklaryny talamaklaryna görkezme berdi.

Eger-de, bir adamyň bagty ýataýsa,
Ähli eden işi netije bermez!

Gaýyr han perman gelip ýeten wagty dört ýüz elli sany musulmany öldürip, parahatçylygy ýele uçurdy. Haýsydyr bir iş başda akyl-paýhassyz çözülse, birbada bela ýüze çykmasa-da, soňra birden bir erbetligiň ýüze çykmagyna garaşyber.

Elbetde, Çingiz han bu söwdagärleriň üsti bilen Soltana şeýle habar iberipdi: «Bize ýakyn serhetleriň ählisi duşmanlardan saplandy. Hemmesi bizden ýeňildi. Aramyzda goňşuçylyk borjy bardyr. Ynsan paýhasy iki tarapdan hem ylalaşyk ýoluny arçamaklygy talap edýär. Dogruçyllyk ýoly saklanylmalydyr. Ýüze çykjak wakalarda we hadysalarda birek-birege dost we ýakyn bolmagymyz zerurdyr. Söwdagärlerimiz arkaýyn gidip-geler ýaly ýollarymyzy açyp, parahatçylygy saklaly».

Ýöne Soltan bu pent-nesihatlary akyl gulagy bilen eşitmezlik bilen çäklenmän, eýsem ilçini hem öldürdi. Şular ýaly nälaýyk we ters hereketler gahar-gazabyň hem kinäniň ýüze çykmagyna sebäpkär bolup, ar almak ody ýandy. Haçanda bu wakalar Çingiz hana ýetende, onuň gahar-gazabynyň ody şeýle bir güýçli tüweleýiň üstünde oturdy welin, Soltanyň ýurduny we topragyny jebir-jepa bilen tekizledi.

Çingiz han ilki bilen naýman taýpasyndan bolan Güýçlügiň üstüne hüjüm etdi. Ol Çingiz hanyň elinden gaçypdy hem-de Garahytaýlylaryň hanyny gaçyryp, onuň ornunda oturypdy. Şu işi bilen hem Çingiz hanyň aýagynyň öňündäki böwedi aýrypdy. Muny öň beýan edipdik.

Soltan Muhammet Yragy terk edip, Mawerannahr ýoluna düşende, Soltan Rukneddini Yraga berkidýär. Bu barada aýratyn bir bölümde aýdylyp geçiler. Soltan Horasanyň Nyşapur şäherine gelýär. Ol ýerde bir aýlap galýar. Tebigy häsiýetiniň garşysyna salyhatlylyk ýolundan daşlaşyp, höwesiniň ugruna kowalaşýar. Birnäçe günläp şatlyk-şagalaňlar edip, durmuşyň lezzetleri bilen keýp çekýär.

Meý iç, mawy asman
biz ýalylary köp görer,
Gowy ýaşa, Akmaýanyň ýoly
biz ýalylary köp görer.

Bu birje amanat demden haýyr gör,
Bilgin, zamana biz ýalylary köp görer.

Soňra Buhara tarap ýola düşýär. 615[1]-nji ýylyň meret aýynyň sekizinden, tä baýram aýynyň onuna çenli ol ýerde galýar. Bu döwür bahar pasly bolanlygy sebäpli hem-de jahanyň juwan gelin deý bezenmegi, ony çarhypelegiň duşmançylyk niýetlerinden daşlaşdyrdy.

Täze gelen bahar gülläp, gül açan çagy,
Gülgün şerap, aýdym-saz, ýaryň zülpi meniň bilen.

Soltan galan ömrüniň höweslerini kanagatlandyrmak bilen meşgul bolup, wagtyny aýdymçylaryň, raksçylaryň arasynda geçirdi. Melewşe reňkli şeraplary içmeklik bilen meşgul boldy. Ykbalyň mähremsizligine bolsa şeýle sözleri aýdýardy:

Şerap iç, hemişe gül pursady bolup durmaz,
Gül dagy näme, soňky demiňe  çenli şerap iç.
Aýlanyp duran pelegiň bu köne kewensaraýynda,
Iň soňy, hiç kim galmaýar, şerap iç, şerap iç.

Soňra ol Güýçlügiň garşysyna hem-de ol töwereklerdäki goşunyny toplamak üçin Samarkanda gidýär. Samarkantda hem özüniň howpsuzlygy däl-de, eýsem tekepbirligi zerarly durmuş şowlulygynyň ýüz öwürendigi sebäpli, ol ýerde hem Zöhre ýyldyzy kimin şatlyk-şagalaňyň saçagyny giňden ýazýar. Şatlyk meýdanynda arzuw hyýallaryň çadyryny gurýar. Saz-gurallarynyň tarlarynyň we kereşmeleriniň owazy bilen Soltanyň dilinden şeýle şirin sözler eşidildi:

---

[1] Milady ýyl  hasabynda 1218-nji ýyla gabat gelýär.

Eý, saky, ýürek çölüni gan tutupdyr,
Eý, saky, jahandan ýürege meslik düşüpdir.
Aç-açan şerap guý-da otur, hiç kim bilmeýär,
Eý, saky, bu sahnanyň aňyrsynda
näme bardygyny hiç kim bilmeýär.

Şu şatlyk-şagalaňyň arasynda Tuktegaýyň mongol leşgerlerinden kaňlylaryň ýaşaýyş mekany bolan Garaguma tarap gaçanlygy baradaky habar Soltanyň gulagyna ýetdi. Ol Samarkantdan Buharanyň ýoly bilen Jende gidýär. Ýöne Çingiz hanyň, onuň emirleriniň we esasy goşunynyň olary yzarlaýandygy baradaky habary eşidip, özüni goramak üçin Samarkanda gaýdyp gelýär. Samarkantda galan goşuny alyp, öňdebaryjy goşun bilen Jende gelýär. Şeýle etmek bilen ol bir ok bilen iki aw edinmekçidi. Emma ol «Köp zady isleýän, köp zady hem elden gidirer» diýen sözleri ýatlamaýardy. Soňra olaryň yzyndan gidýär. Kaýly we Kaýmaç atly iki derýanyň aralygyndan geçip, söweş meýdanyna ýetýär. Ol ýerde köp sanly ölüleri we täze dökülen ganlary görýärler. Ýer bilen ýegsan edilenleriň arasynda bir ýaraly adamy tapyp, ondan sorag-ideg etdiler. Mongol goşunynyň ýeňiş gazanyjydygyny we şol günüň özünde ol mekany terk edendiklerini bilensoňlar, Soltan hiç hili oýhyýalsyz, ýüzüni ýola öwrüp, olaryň yzyndan kowdy.

Ertesi gün säher synçylary güneş tyglaryny gündogaryň gözýetiminden lowurdadyp, garaňkylyk söwdasyny gije goşunynyň aňyndan çykaranda, Soltan olaryň yzyndan ýetýär we söweşe taýýarlyk görýär.

Mongol goşunlary penjelerini uruş etegine urmaýarlar we geplerini köpeldip: «Biziň siziň bilen uruşmagymyz barada Çingiz handan rugsadymyz ýok. Biz başgaça pikirler bilen geldik. Başga iş-aladalar bilen gelip, torumyzdan gaçan awumyzy gözleýäris» diýdiler.

Eý, şazada, ýaşlyk, ganygyzmalyk etme,
Belanyň garşysynda perwaýsyzlyk etme.
Eý, patyşa, biziň köňlümizi gaýga batyrma,
Hem janyňa hem biziň
janymyza rehmiň gelsin.

Emma Soltan ilki bilen urşa başlasa, biz alaçsyz, uruşdan ýüz öwrüp bilmeris, biz urşa girişeris. Eger Soltan urşy terk edip, özüni bela-beteriň oduna oklamasa ýagşydyr. Bu zatlaryň ählisiniň netijesi jebir-jepa we puşmançylykdyr. Ol pent-nesihaty diňläp, ýylanyň guýrugyndan çekmese, rahat tenimizi ýaraly ruhy bilen gozgamasa, hödürlenen sowgat-serpaýlary kabul etse, bu işde öz diýenini tutup durmasa, asudalyk garaşýar. Ýurt bela-beterden hem-de kynçylyklardan daşda bolar. Ýöne:

Her kişiniň bagty ýatsa we gaharlansa,
Işiň mum ýaly bolsa-da, gaty daşa döner.

Soltanyň bagt aýnasy garalypdy. Ol synag gözünden geçip, bu ägäliklerden saklanmady.

Biler bolsaň şähriýaryň ýaman gylygy,
Jeňňeldäki agaçlar ýaly hemişe miwelidir.

Söweş başlandy. Gylyçlaryň çaknyşygyndan we atlaryň kişňeýän owazyndan hem-de goşunyň we atlylaryň owazlaryndan ýaňa älemiň gulagy ker boldy. Çaňdyr-tozan zerarly günüň ýüzi tutuldy. Her tarapyň sag goly gapma-garşy tarapyň çep goluna ýöriş etdi we ýerinden gozgady. Mongol goşunlaryň ähligi Soltanyň duran merkezi ganatyna hüjüm etdiler we ýerinden süýşürdiler. Goşun dagamaklyga az galanda, sag ganatda perman beriji Soltan Jelaleddin birnäçe atlylar bilen ýardam berýär

hem-de garşylyk görkezip, zarbany dep edýär. Söweş ilkagşama çenli dowam etýär. Iki tarap bar güýji bilen söweşdi, ýöne hiç bir tarap ýüzüni gaçyşa öwürmediler:

Gijäniň garaňky zülpüni darap başladylar,
Wagta garşy durdular, garaz, garaňky düşdi.

Söweşden el çekdiler. Birek-biregiň garşysynda düşlediler. Mongol goşuny her bir adam üçin ot ýakyp, zamananyň gözüne çaň çekip, çapar atlaryna atlanyp rowana boldular.

Soltan hem ol mekanyň boşap galanyna göz ýetirýänçä, öz düşlän ýerinde birnäçe wagt galýar.

Jahanda arassa daň atanda,
Asmanyň ýüz ýaprakly güli açyldy.
Garaýagyz tümlük jadygöýlük bilen,
Göýä dünýäniň agzyndan ot çykan ýaly boldy.

Soltan gyssagly Samarkanda dolanýar. Ony şübheler gurşap alýar. Içindäki gaýgy-hasratlar ýüzüne çykypdy. Ol kowmuň güýç-kuwwaty barada pikir edende we başdan geçiren elhenç wakalaryny ýada salanda hem-de ähli bela-beterleriň özünden gaýdýandygyna göz ýetirende, ol perişan bolup, elhenç hala düşdi. Gep-sözünde puşmanlyk alamatlary peýda boldy. Sebäbi Soltan deňizden bir damja, toprakdan bir gysym, tokaýdan bir şaha bolan bu topardan ýeňlipdi. Soňra çuň pikirlendi. Hergiz harasat derýasy tolkun atyp başlanda we kynçylyk ýelleri öwsüp başlanda, asudalyk gämisi derýanyň kenaryna ýetmegi başarmaz we şol wagt tupan ähli zady öz içine alar. Hyýaldyr gümanyň üstün çykmagy bilen dogruçyllyk gapysy onuň üçin ýapylypdy. Onuň ýüregi çarhypelegiň salýan kynçylyklary we jebir-jepalary bilen ýaralandy. Gorky we çekinjeňlik ony gurşap alypdy. Ukudyr asudalyk ondan daşlaşypdy. Milletiň hem-de ýurduň at-

abraýy ryswa bolup, elhenç başarnyksyzlyk we sussupeslik höküm sürýärdi. Ýurduň tawus guşy bela-beteriň awy bolan baýguşa öwrülipdi. Kowus patyşa bolsa gam içinde gandallanyp, gara diwanyň elinde galýar. Ol ýüregini gam-gussa bilen «hoşlady», ejizlige we gowşaklyga ten berdi. Başyny betbagtçylyga tabşyrdy hem-de Allatagalanyň yradasyna kaýyl boldy.

Müneçjimler hem aýtdylar: «Bagtlylyk bagtyýarlyk merkezinden betbagtçylyga tarap ýüz urupdyr. Bu ugur tamam bolmasa, duşmanlar bilen çaknyşyp, olara çäre görüp bolmaz».

Bu sözler onuň işini has hem gowşatdy. Jylawy başga ýana sowup, howlukmak bilen boldy. Şuňa görä Mawerannahr we Türküstan şäherlerinde köp sanly goşunyny goýdy. Garaz, bir ýüz on müň adam Samarkantda galdy. Ol Samarkant berkitmesini gurmaklygy we hendegiň bir tarapyny suwa ýetirmekligi buýurdy. Soltan hereket eden güni ol ýerden geçdi we şeýle diýdi: «Biziň yzymyzdaky goşunyň her biri şu hendege öz gamçysyny oklasalar-da hendek dolar».

Leşger we adamlar bu sözlerden göwnühoş boldy. Soltan ol ýerden Nahşebe tarap rowana boldy. Her bir ýere ýetende: «Işiň çäresini özüňiz görüň, gaçybatalgalary we penagähleri eýeläň, mongol goşunlarynyň garşysyna durmak mümkin däl» diýip, wesýet edýärdi. Soňra aýalyny Horezmden Mazanderana ugratmak üçin bir adam iberdi. Günbe-günden perişanlyk, mätäçlik we gaýgy-hasrat artýardy. Köşgüň han-beglerinden hersi bilen bu dertden nädip dynmaklyk barada maslahat etdi. Bu işiň çäresi nämede? Haçanda yzly-yzyna elhenç habarlar gelip başlanda ýagdaýy üýtgetmeklik örän kyn boldy.

Her gün pelek täze bir hadysany gopdurýar,
Akyl-paýhas oňa ýetip bilmeýär.
Günden hem ýagtyrak bir pikir gerek,
Zamananyň kynçylyklaryny çözer ýaly.

Ähli akylzadalaryň we han-begleriň her biri akyl-paýhasyna laýyklykda söz aýdýardylar we maslahat berýärdiler. Durmuş közünde erän adamlar bolsa:

— Mawerannahryň işi häzirki ýagdaýda oňa gözegçilik etmekden geçdi. Ýöne Yrak we Horasan etraplary elden gitmezlik üçin tagalla etmek gerek. Şäherlerde we onuň töweregindäki goşunlary çagyrmak we jemlenip göreşmek gerek. Olary suwdan bäri aýaklaryny sekmez ýaly Jeýhuny hendege öwürmeli. Belki, Allatagala bize ýeňiş berer —diýýärdiler.

Beýleki bir topar bolsa:

— Gazwine gitmek gerek. Ol ýerde adamlary we goşunlary jemlemeli. Eger şeýtsek, onda duşmana gaýtargy bermegi başararys. Eger başarmasak, Hindistany duşmana garşy söweşimizde böwet ederis – diýdiler.

Soltan soňky pikiri makullady we Balha geldi. Soltanyň ogly, ýagny Rukneddin şol wagtlar Ymadylmäligi sowgat-peşgeşler bilen Soltanyň hyzmatyna iberipdi. Ymadylmälik abraýly we hormatlanýan adamdy. Ähli işleri ol dolandyrýardy. Onuň watana, maşgalasyna, il-ýurduna bolan söýgüsi Soltana şeýle sözler bilen ýüzlenmegine mejbur etdi:

— Meniň pikirimçe, şeýtsek gowy bolar. Haçanda bu kowum üstün çyksa, biz Yraga gitsek, özümizi olardan uzak aralykda saklap bileris. Yrak goşunyny toplarys we köp sanly adamlar bilen söweşe gireris.

Soltanyň beýleki ogly, ýagny Jelaleddin bu sözlere garşy çykyp:

— Dogry ýol şudur. Biz hernäçe mümkin bolan goşuny toplamaly we olara garşy bilelikde söweşmeli. Eger Soltanyň muňa gurby çatmasa, goý, ol Yraga gidibersin. Ol goşuny maňa tabşyrsyn. Men tä serhede çenli giderin we söweşip, ol taýpa şeýle agyr zarba uraryn. Eger bize bagt ýar bolsa, üstünlik çeňňegi bilen isleg-arzuw sowgadyny alarys. Eger üstünlik bize hemra bolmasa, bendeleriň melamatyna galmarys. Olar birnäçe

wagtlap bizden salgyt alyp, iş ýüze çykan wagtynda bize kömek edenoklar diýmezler – diýdi.

Bu sözleri ol birnäçe gezek tekrarlady. Sebäbi kakasyndan rugsat almaklygy wajyp bilýärdi. Onuň buýruklaryndan boýun towlamaýardy.

Soltan oglunyň sözlerine hormat goýman şeýle diýdi:

Täç üçin kelläni boş ýele beräýme,
Çünki hiç ene täçli patyşany dogran däldir.

Atasy oglunyň gürrüňlerini çaga sözleri hasaplady we oňa üns bermedi. Çünki şan-şöhrat babatda ykbal ýyldyzy öçüpdi.

Garaz, Soltan Ymadylmäligiň pikirini makullady we Yrak tarapyna ýola düşdi. Ol Balhdan gam-gussa bilen gitdi. Balhda öňdebarjy goşuny wakalardan habar almaklyk üçin Penjaba iberdi. Soltan şol wagtlar Termez derýasynyň kenaryna gelip ýetipdi. Öňdebarjy goşun ýetip gelip «Buharany ele salypdyrlar» diýen habary getirdi.

Soltan onuň yzýany Samarkandyň hem elden gitjekdigini aňdy. Derrew ähli zatdan elini üzdi. Patyşalyk gelnine üç gezek talak diýip, ondan umydyny üzdi. Indi Soltanlyga gaýdyp gelmek umydy ýokdy. Ýüzüni ýola öwrüp, ýagşy-ýamandan pikirini sowdy we «Hudaýtagala bolmaly işi ahyryna çenli ýetirýändir» diýip, ýola düşdi.

Soltanyň köp sanly goşuny öz ejesiniň taýpasyndan bolan türkmenlerdi. Olara «uraniýanlar» diýip at beripdiler. Şu aralykda ähli derbi-dagynlyklar we perişanlyklar üçin olar Soltany öldürmeli diýip dil düwüşýärler. Olaryň biri bu hyýaldan Soltany habarly edýär. Soltan şol gije dynç alyş otagyny çalyşýar. Gijäň ýarynda olar ellerini ýaýa ýetirip ok atdylar. Säher wagty bolsa elek ýaly eleme-deşik düşegi gördüler. Şu sebäpli Soltanyň gorkusy has-da artdy.

Pelekden gelen her bir ok,
Perişan we hassa ýürege duz ýaly ýapyşýar.

Soňra Soltan Nyşapur tarapa hereket etmegini güýçlendirýär. Her bir ýere ýetende adamlaryň gorkusyny görýärdi. Halka galalaryny mäkämlemegi wesýet edip, gorkuzýardy. Bu sözler adamlaryň gorkusyny müň esse artdyrýar we aňsat işi kyn edýär. Haçanda Tusuň Habran diýen ýerindäki Kelata ýetenlerinde, bir topary oňa «Töwerek-daşy ýedi parsaň bolan, içinde ekerançylyk meýdany bolan Kelat galasynyň içinde bir ymarat gurmak, genji-hazynalary ol ýerde toplamak we esgerleri, taýpalary ol mekana göçürmek gerek. Pelek ahyry işi nirä elter, görübiris!» diýip maslahat berdiler. Soltan bu teklibe bil baglaman ýoluny dowam etdirdi. 618[1]-nji ýylyň sapar aýynyň on ikisine Nyşapura geldi. Döwlet işleriniň soňuna çykdy we aýşy-eşrete meşgul bolup, wagtyny aýdymçylardyr raksçylara sarp etdi. Ol arzuwlaryna tarap gadam urmagyna, göwnühoşluk howasyndan dem almagyna, adalatsyz çarhypelegiň we sütemkär eýýamyň oňa ýol bermejekdigine doly göz ýetirýärdi. Biraz wagtlyk jahan gamyny iýip şeýle diýdi:

Bu gün jahany bal kimin içeli,
Ertir görseň jiger ganyn içersiň.

Şu rubagy hem onuň dili bilen aýdylypdy:

Haçanda gül açylanda biz hem bir salym turaly,
Şatlykdan elimize meý alyp, gam-gussalarymyzy egseli.
Eý, ýaranlar, ýene bir bahar pasly geler,
Gül ýere döküler we biz hem
topraga garylarys.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1221-nji ýyla gabat gelýär.

Şeýle delillendirmeler bilen Soltan şerap bulgurlaryny elinden düşürmeýärdi hem-de käýinç peýkamyndan saklanmaýardy. Şu usulda aladasyz durmuşy alyp barýan ýaranlarydyr, şadymanlar onuň daş-töweregine üýşýärler we onuň bilen bilelikde oturyşyp, ýoldaş bolýarlar. Aýşy-eşret çekmekden başga işleri bolmaýar. Aýallar bilen dost boldular, ýöne edermenleri terbiýelemekde gapyldylar. Halka göz-gulak bolmagy, ýaramazlyklary dep etmegi we beýleki esasy işleri ýatdan çykardylar.

Bu zamanda Hoja Şerefmälikden soňra Müjiril Mälik Kafieddin Omar Rähi Nyşapuryň weziri bolýar (goý, Hudaý oňa rehmet etsin!), onuň asly abraýly adamlardan bolupdyr. Soltan Nyşapurda bolanda buýruk berjilerden, jebir-jepa çekenlerden we beýlekilerden dürli-dürli adamlar onuň hyzmatyna gelýärler. Ýöne olaryň isleglerine jogap berere hiç kim ýokdy. Soňra serkerdeler we perişan adamlar yzlaryna gaýdýarlar. Günlerde bir gün hemmeler Müjiril Mäligiň öýüne üýşýärler we goh-galmagal turzup, sögüp başlaýarlar. Müjiril Mälik daş çykýar. Olara seredip aýdýar:

— Siziň sözleriňiz büs-bütin dogry we şikaýatlaryňyz hem hak. Emma bilimli adamlaryň ýanynda meniň ötünjim kabul edilýändir. Sebäbi men muhabbet serişdeleriniň işini tertipleşdirmekden ötri häzirki işläp ýören serkerdeleriň işine goşulmaýaryn. Gyzlaryň azyklaryny häzirlemek bilen diwan kagyzlaryny tertipleşdirmäge ýetişmeýärin. Soltanyň şatlyk-şagalaňlyk meýlisini gurmagymyza hem-de şondan başga hiç bir iş bilen meşgullanmaly däldigimize perman berenine birnäçe wagt boldy. Soltanyň buýrugyny ýerine ýetirmek we mätäçleriň gerek zatlaryny bitirmegem wajypdyr.

Şu gürrüňler aýdylyp otyrka, leşgere baştutanlyk edýän mongol Ýeme we Sepdaý Bahadyryň baştutanlygyndaky go-

şunyň derýadan geçendigi barada şum habar ýetip geldi. Şatlygyň hemme damjalaryny içip gutarypdylar.

Başga hiç bir çäre tapylmady. Pygamberleriň sünnetleri esasynda gaçmaklyk Allatagalanyň parzyna görä: «Eý, möminler, isle ýeňil, isle agyr halyňyzda, ýagny isleseňizem, islemeseňizem jyhada çykyň we malu-janlaryňyz bilen Alla ýolunda göreşiň! Eger bilseňiz, şu özüňiz üçin ýagşydyr».[1] Baş ýazgyt sakysy sabyr tagamyndan doly ajy we gaýgyly käseleri adamlara hödürleýärdi. Olar ajy därileri dogruçyl mähirlilik bilen başa götermeli boldular. Aýdymçylar, sazandalar «Ymam Hüseýniň ýasyndaky ahy-nalaly agylar ýaly» gaýgyly sazlary çalýardylar. Soltan gaýgy-gamdan, gorkudan doly ýüregi bilen 670[2]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň ýaşgüni Yrak ülkesiniň Esferaýn şäherine ugrady. Ol ýürek ahyndan şu gazaly aýdypdyr:

Irden dogan Zöhre ýyldyzy ýaly,
Döwür meniň ahy-nalamy artdyrdy.
Erbet zamana meniň başymdan,
Şatlygyň, tüýdükdir gopuzlaryň hoş owazyndan mahrum etdi.

Onuň weýran bolan we dertden doly ýüreginiň içinde aýdym ýaňlanýar:

Dost hem galmady, ýaranlar,
hezil lezzetem,
Gaýgy-gamdan başga hasyl galmady.

---

[1] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 41-nji aýaty.
[2] Milady ýyl hasabynda 1271-nji ýyla gabat gelýär.

Maksada ýetirýän
düzgün-kadalardan,
Göz açyp-ýumasy salymda
yz hem galmady.

Soltan Reý şäherine gelensoň, Horasan leşgerleriniň başy bozuldy. Bu, hakykatdanam, ýürek agyrdyjy habardy. Ýat goşunlar golaýlaşdy diýip habar berdiler. Soltan Yraga gidenine puşman etdi. Öz akylyny Reýde goýandygyny bildi. Soňra Ferzin galasyna tarap ugrady. Ogly Rukneddin otuz müň goşun bilen ol ýerde Soltanyň alnyndan çykdy. Onuň aýak basan ýerini gözüne sürme etdi. Şol güni Soltan Gyýaseddin ejesini we başga zenanlary Täjeddin Taganyň ýanyna Karun galasyna[1] alyp bardylar. Soň Soltanyň gelenini duýdurmak üçin Hazaraspa, mäligiň ýanyna ilçi ugratdylar. Hazaraspyň Mäligi gadymy lur mäliklerindendi. Duşmanlar bilen uruşmak barada Yrak emirleri bilen maslahat etdi. Yrak emirleri Başiran daglaryna baryp, ony özlerine pena tutunmagy makul bildiler hem-de şol ýerde mongollar bilen urşarys diýdiler. Soltan dagyň daş-töweregine seredip: «Bular ýaly ýerde penakärlik bolmaz. Bular ýaly ýerde mongol goşuny bilen garşy durup söweşip bolmaz» diýdi.

Leşgeriň bu sözlerden ruhy peseldi we dagdan düşenlerinden soň, Hazaraspyň mäligi Nasreddin Soltanyň ýanyna gelip, ýeriň ýedi ýerinden ogşady. Soltan oňa girmäge rugsat berdi. Soltan çadyra girenden soň, Ymadylmülki we Döw hany şu kyn we ölümli waka barada maslahat etmek üçin Mälik Nasreddiniň ýanyna ugratdy. Ol aýtdy:

— Wagt ýitirmän bu ýerden göçeli. Pars bilen Luryň arasynda bir dag bar. Oňa Täňtiku diýýärler. Şony özümize pena edeli. Ol ýerde nazy-nygmatlar köp. Soň ýüz müň pyýada leşger lur, şul we parsdan toplaly we ol dagyň her ýoluna goşun

[1] Karun galasy – Hemedanyň töwereginde ýerleşen gadymy gala.

goýaly. Şeýlelikde, mongollar bilen gowuja söweşeli. Eger Soltanyň gorkan goşuny bu gezek üstün çykaýsa, ol öz gudratyna ynanar hem-de batyrgaý bolar.

Soltan diýdi:

— Bu tekliplerden onuň maksady duşmanlygyny we parslaryň atabegleriniň öňdebarjylygyna garşylygyny görkezmekdir. Bular ýaly pikir, eger biz parahatçylykda ýaşasak ýagşy pikirdir. Emma häzir duşman biziň alnymyzda dur. Duşmandan üstün çykmakdan başga pikir edere wagt ýok. Biziň tekliplerimiz töwerek-daşymyza habarçy iberip, goşun ýygnaň diýip buýruk bermekdir.

Soltan sözüni soňlamanka Reýden habarçy geldi we aýtdy: «Mongollar Reýi eýelediler. Ähli halaýygy öldürdiler we talaň etdiler».

Soltanyň we ol jemgyýetiň gaýgy-gamdan, perişanlykdan başga arzuwlary başa barmady. Basra weýran bolansoň, şu sözleriň manysyny bildi:

Her işi wagtynda etmeli,
Biwagt edilen iş bitmez, hiç bolar.

Mälik Nasreddin gaýdyp geldi. Goşunyň hersi bir tarapa gitdi. Soltan ogullary bilen Karun galasynyň ýoluny tutdy. Ýolda mongol leşgerleri olary tanaman, birnäçe ok atdylar. Soltanyň aty birnäçe ýerinden ýaraly boldy. Ýöne Soltany ölümden alyp çykdy. Şeýlelikde, Karun galasyna ýetdiler. Bir gün ol ýerde galdylar. Emirlerden birnäçe at alyp, bir ýolbelet hem tapyp, Bagdada gitjek diýip yzlaryny ýitirdiler. Şol wagt mongol goşuny hem ýetip geldi. Soltan galadadyr diýip güýçli söweş etdiler. Soltanyň ol ýerde ýokdugyny bilip, onuň yzyndan gitdiler. Ýolda gaýdyp gelýän Soltanyň ýolbeletleri bilen duşuşdylar. Olar Soltanyň Bagdada gidendigini aýtdylar. Mongollar Soltanyň yzyndan hereket etdiler. Emma Soltan ýarym ýol-

dan Serjahan galasyna tarap gidipdi. Mongollar Soltanyň yzyny ýitirdiler. Ýolbeletleri öldürip yzlaryna gaýtdylar.

Soltan ýedi gije-gündiz Serjahan galasynda bolup, ol ýerden Gilan tarapa gitdi. Gilanyň emiri Saglug ony garşy aldy. Ol Soltanyň Gilanda galmagyny haýyş etdi. Ýöne Soltan ýedi gije-gündizden soň Espidar welaýatyna gaýdyp geldi. Ol ýerde barja hazynasy tükendi, soň Dabuýe diýen etraba bardy. Amul welaýatynyň häkimi we Mazanderanyň emirleri ony garşy alyp hyzmat etdiler. Soltan her ýere barsa-da, mongollar onuň yzyndan gelýärdiler. Soltanyň maşgalasy-da Horezmden gaçyp gaýdyp galalara gidipdiler. Soltan Mazanderanyň birnäçe ynamdar emirlerini ýygnap maslahat etdi. Oňa Abeskun derýasynyň bir adasyna baryp, şol ýerde ýaşamagy maslahat berdiler. Soltanyň ol ýerde gizlenendigini mongollar eşidip, ol ýere bardylar. Ýöne Soltan ol adadan başga bir ada geçen eken. Ýemäniň baştutanlygyndaky mongol goşunlary ol adadan Soltany tapmadylar. Soňra yzlaryna gaýdyp, Soltanyň maşgalasy we baýlyklary gizlenen galalaryny alyp başladylar. Soltan bu gorkunç myşmyşlary eşidip, maşgalasynyň hormatsyz, ýaşulularynyň abraýsyz bolandygyny, oglan-uşaklarynyň gylyjyň astynda galandygyny, juwan gyzlaryň ýat adamlaryň eline ýesir düşendigini, tutyň aňyrsyndaky oturan aýallaryň her biriniň ýat erkege we gedaýa aýagasty bolandygyny hem-de ähli dost-ýarlarynyň azap gapanyna düşendigini we aýaklarynyň bela deşiginde bent galyp, ölüm diwarlary üstüne ýykylyp, zamananyň ertekisi bolandyklaryna göz ýetirdi.

Eşidip Soltanyň gözi garaňkyrady,
Onuň göwnüne jahan daraldy.

Dert dermandan ötüşipdi. Jana ajal ýakynlaşdy. Ol dirilikden ölümi, barlykdan ýoklugy seçip aldy. Ol perişanlykdan towlanyp, bagtygaralykdan ahy-nala edýärdi. Bu wakalara

çydap bilmän, janyny jan berijä tabşyrdy. Çarhypelegiň diriliginiň gaýgylaryndan boşandy. Onuň dünýäden öten wagtyny şygyr bilen şeýle beýan edipdirler:

Eý, kynçylyga uçrap har bolan adam,
Birleşmekde doglup, aýralykda ýogalan adam,
Deňiz gyrasynda teşnelikden heläk bolan,
Genji-hazyna üstünde mätäçlikde ölen adam.

Ony şol adada topraga tabşyrdylar. Soň soltan Jelaleddiniň buýrugy bilen onuň çüýrän süýeklerini Erdehin[1] galasyna getirip gömdüler. Şol ýagdaýda alymlaryň biri şeýle diýipdir:

Eý, şahym, sen ýaman gözden,
şeýle bolduň,
Sen gitdiň, din köp heläkçilikler çekdi.
Soltanlyk täji bilen bu dünýäni terk etdiň,
Seniň mülküň Çyn tarapdan weýran boldy.

Bu wakalardan yslam dininiň ýüregi gaýgyly bolup galdy. Gaty daşlardan ganlar akyp, musulmanlaryň ýüregi hassa we perişan boldy.

Daşlarda gan görýäň, magdandan çykan damja däl,
Daglardan ses çykýar, ses däl naladyr.

Her künjekde we her bir öýde bu wakadan halkyň ýüregi ýaraly bolup, ahy-nala çekip, saçlaryny ýolup, ýakalaryny ýyrtyp aglaýardylar we şeýle aýdym aýdýardylar:

---

[1] Soňra mongollar Soltan Muhammediň süýeklerini Erdehin galasyndan çykaryp, Oktaýa ugradýarlar. Ol hem ystyhanlary ýakýar.

Nirede musulmanlaryň patyşasy?
Nirede möminleriň ýolbaşçysy?
Hany ol paýhasy ýiti gylyç ýaly,
Zarbasy naýzanyň gyny ýaly emir.

Elbetde, bu uly waka birnäçe kynçylyklary döretdi. Bular halas bolup bolmajak bela-beterlerdir. Ýoldan azaşanlaryň ýoluny taşlamaly we külpet ýollaryndan daşlaşmaly.

Bu waka akylly adam pany dünýäniň başynyň we ahyrynyň nähili boljakdygyny biläýmeli. Dünýä gahar-gazaply hilegärdir. Ak gözli betgylyklydyr. Oňa göwün bermeklik aýralygyň başlangyjydyr. Onuň bilen güzeran etmeklik bolsa päliýamanlygyň alamaty. Ol bugdaý sypatly arpalary satyjydyr. Bala meňzeş zäher, owadan gyza meňzeş ýüpek geýimli garry aýaldyr. Ähli adam müňlerçe ahy-nala çekip huşundan gidýär.

Bölünen jahanyň başy çüýrükdir,
Görnüşi başga, edişi başga.
Mähirli çagyryp, kineli kowar,
Onuň bolşy müdimilik şeýledir.
Nirä bar diýlenini sen aňmaýaň,
Nirä git diýlenini-de sen bilmeýäň.
Sen öz islegiň bilen gelmediň,
Gitmegem seniň islegiňçe bolmaz.

Ýaşaýşyň lezzetiniň dünýä dost bolmakdan saklanýan, dünýäniň peýda-zyýanyny birmeňzeş hasaplaýan, hantamalyk elini dünýäniň hapa we durnuksyz binýadyndan çekip, kanagat suwy bilen ýuwýan kişilere degişlidigini bilmek üçin aňly-düşünjeli bolmak gerekdir.

Zamananyň emrini, gadaganlygyny
bir düýş bil,
Sen onuň şerabyny tutuş salgym bil.

Bu pany dünýäniň owadan geýimlerinden, altynlaryndan el çekmelidir.

Haçan Allanyň yzzaty ýalkym saçar,
Ylahy mukaddeslik bir gümranyň ýüreginde näme işlesin.

Ruhy dünýäniň arassalygy olaryň nurana ýürekleriniň arasyna düşer ýaly Allatagalanyň beýikligine ýüz tutupdyrlar. Hümmet we akyl ganatyna münüp, keramat we ruh mekanynda uçupdyrlar. Ruhanylar bilen ýürekdeş we hemra bolup, perişdeler bilen pikirdeşlige berk ýapyşypdyrlar we bu toprakdan ýasalan dünýäniň bir şemala baglydygyna çuňňur ynanypdyrlar. Onuň üstünde bina gurar ýaly ol durnukly we mäkäm däldir. Ondan peýdalanyp, onuň nazy-nygmatyna göwün baglap bolmaz.

Ýar zülpüniň halkasy belanyň duzagydyr,
Kalby oňa bagladyk, bu hakyky hatadyr.

Dünýäden uzaklykda gaýgyly we perişan bolmak ýa-da dünýäniň şatlygyna köňül bermek, ýa onuň gaýgysyndan hassa we gussaly bolmak, nadanlaryň işidir. Onuň gaýgysy we şatlygy dana adamlaryň ýanynda birmeňzeşdir.

Onuň bagtyndan näz etmek,
Ýüz öwürmesinden nalamak nämä gerek,
Bir gözüň açyp-ýumýançaň,
Ol hem galmaz, bary geçer

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ MÖMINLERIŇ EMIRI NASIREDDINYLLA ABU APBAS AHMETDEN ÖÝKESINIŇ SEBÄPLERI

Heniz Soltan Tekeş döwründe Yrak sebäpli dawa ýüze çykýar. Tekeş Bagdat goşunyny gaçyryp, weziri öldüripdi. Bu barada öň beýan edilipdi. Halypa her zaman pursat tapyp, Garahytaý hanlaryna Soltan Muhammediň üstüne ýöriş etmeklik barada hat üsti bilen ilçilerini iberýärdi. Şeýle-de Gur soltanlaryna hat yzyna hat iberýärdi. Soltan Muhammet Gazna gidende we ol ýeriň hazynasyny ele salanda, bu syrlar äşgär boldy. Halypanyň bu beýannamalarynda, olar Soltana garşy öjükdirilip, Hytaý goşunyndan kömek isleýärdiler. Soltan bu syry paş etmän, permanlary şaýatnama hökmünde öz ýanynda saklaýardy.

Jelaleddin Hasan[1] maslahatda yslamy özüniň şygary edinende, halypa oňa ynanýar we onuň bu hereketiniň ýaýramagyny isleýär hem-de kerwen bilen haja iberýär. Halypa onuň baýdagyny Soltan Muhammediň baýdagynyň öňünden alyp gitmekligi buýurýar. Bu habar Soltana ýeten wagty, ol gamgyn we hapa bolýar. Halypa Jelaleddinden birnäçe jan pidaçylaryny[2] soraýar. Ol hem bir topary halypanyň hyzmatyna iberýär we ol näme buýursa, onuň aýdanyndan çykmazlygy tabşyrýar.

---

[1] Alamutyň häkimi.

[2] Jan pidaçy – garadan gaýtmaz, ölüme göni baryp, janyny pida edip bilýän urşujy.

Halypa bilen Mekgäniň emiriniň arasynda agzalalyk peýda bolýar. Bu jan pidaçylardan bir toparyny ony öldürmek üçin iberýär. Ýöne jan pidaçylar ýalňyşyp, emiriň ýerine onuň doganyny öldürýärler. Bu erbet hereket arafa[1] gününde bolup geçýär. Şol bir wagtda halypanyň buýrugyna görä jan pidaçylaryň birnäçesi Yglamyşy Yrakda pyçaklap öldürdiler. Yglamyş Atabeg Uzbegiň ýanyna Soltan Muhammet tarapyndan iberilipdi. Ol özüni Soltanyň bendesi, soltan bolsa özüni onuň howandary hasap edýärdi. Ol Soltanyň tagallasy bilen ýokary wezipä çekilendigini bilýärdi. Şunuň ýaly sebäpler başga meseleleriň ýüze çykmagyna getirdi. Bulardan başga-da, Soltan Muhammet öz mertebesini we derejesini Äli Buýäniň we Seljuk soltanlarynyň mertebesidir derejesinden kem görmeýärdi. Belki, ol öz emirlerinden bir emirini Äli Buýe bilen mertebedeş hasaplaýardy. Öz gadyr-gymmatyny Seljuk soltanlaryndan has ýokary hasaplaýardy. Sebäbi Bagdat halypa tarapyndan doly eýeçiligine geçen wagtyna çenli ol hakykatda seljuklylaryň hökümdarlygy astyndady. Aýtmak gerek, Taýyg, Müsterşit we beýlekiler ýaly şol döwrüň halypalary Seljuklylaryň hökümine tabyn emrdir gadaganlyklaryna boýun bolupdylar. Munuň nähilidigi dürli taryhlarda getirilýär. Okyjylar şolary okamak bilen bu meselä göz ýetirip bilerler. Şuňa görä soltan hem bir bahana bilen adam ogullarynyň we etrap patyşalarynyň bendelik kemendinden boýnuny halas etmek isleýärdi. Emma «Yslama eýerýän soltan mülk höwesi we halypa (yslam sütüni oňa daýanmak bilen mäkämleşýändir) kast etmek niýeti bilen öz imanyny ýele berdi, Alla tagallanyň salamy bolmuş resulyň «Her kim bir öňbaşçy bilen ähtleşmän ölse, göýä jahylýet döwründäki ölüler ýalydyr» diýen sözüne eýermedi» diýmezlikleri üçin, özüniň

[1] Arafa — Gurban aýynyň dokuzynjy güni. Zyýaratçylar bu güni Arafat dagynda geçirýärler.

ülkeleriniň dini ýolbaşçylaryndan pitwa talap etdi. Bu pitwalaryň manysy şular ýalydyr:

Her halypa ýokarda aýdylýan hereketlere meňzeş hereketleri etse, onuň halypalygy hak däldir. Yslama ýardam edýän we wagtyny mukaddes uruşlara sarp edýän her bir soltan eger islese, beýle halypany işinden aýryp, ýerine başga bir halypany oturdyp biler. Üstesine-de, Hüseýni Seýitleri halypalyga has mynasypdyr we Apbasylar ony güýç bilen alandyrlar.

Soltan şu pitwa bilen halypanyň adyny ýurduň ähli ýerindäki hutbalarda öçürýär. Emma bu hereket Soltana at-abraý getirmeýär.

## SOLTANLARYŇ SOLTANY OSMANYŇ ALAÇSYZLYGY WE ONUŇ SEBÄPLERI

Bu Soltanyň gelip çykyşyny Mawerannahr hanlaryndan bolan Ilege we Bugra hana ýetirýärler. Olaryň gozgalaňlary we galkynyşlary Utbynyň «Ýemeniň taryhy» atly kitabynda beýan edilýär. Osmana Mawerannahrda Soltanlaryň soltany diýýärdiler. Garahytaý hanlary Mawerannahr şäherlerini basyp alanlarynda, Soltan Osman hem Kör hanyň hökümine girip, oňa doly tabyn bolupdy. Kör han hem Mawerannahr ülkesini oňa bagyşlaýar we ony özünden daşlaşdyrman, ýylda ujypsyzja paç belläp, bir häkimi onuň ýanynda goýup razy edýärdi.

Ol parahatlykda we asudalykda ýaşap, her wagt Kör hanyň ýanyna hezzet-hormat bilen gelip, ýüzbe-ýüz bolýardy. Kör hanyň aýa kybapdaş bir gyzy bolup, gözellik onda jemlenipdi:

Soltanlaryň soltany onuň jemalyna aşyk boldy we onuň küýseginde sabyr köýnegini ýyrtdy. Ýusup-Züleýha dek söýgüde meşhur bolan wagtlary Soltanlaryň soltany gudaçylyga iberýär. Kör han döwletden uzakdygy sebäpli ylalaşmaýar we saklanýar. Soltan Osman gaýgy-gama batyp ejizleýär. Şu ejizlik we gam-gussa sebäpli salgyt gullukçylarynyň we Kör hanyň häkimleriniň närazylyklary artýar. Şol döwürlerde yslamyň goralýan günlerinde etrap patyşalary we han-begleri Soltan Osmany bir kapyr patyşa paç töleýänligi babatda günäkärlediler. Şu ýagdaýda närazylyklaryny bildirdiler. Olar: «Soltan näme

üçin musulman soltanlarynyň eteginden ýapyşmady we olardan ýaranlyk talap etmedi?» diýýärler.

Beýik Hudaýtagala buýurýar: «Olar möminleri goýup, dinsizleri dost tutýarlar. Olar dinsizlerden güýç-gudrat gözleýärlermikä?! Elbetde, bar güýç-gudrat Allanyňkydyr».[1]

Şol döwürlerde Soltan Muhammediň güýç-kuwwaty, at-abraýy we şöhraty ýüreklerde orun tutýar hem onuň ýurdunyň meýdany giňeýär. Her kim onuň wepaly aragatnaşygyna ynanmaýardy we onuň dostluk goluna gol goýmaýardy. Zamana şübhelidi. Elbetde, Kör han bilen gapma-garşy boljak bolsaň, güýjüňe daýanmalydy hem-de Soltan Muhammet bilen ylalaşmalydy. Şeýlelikde, Osman Soltanyň ýanyna ilçi iberýär we Mawerannahr sebitleriniň münberlerinde onuň adyny äşgär edýär we onuň adyna hutba okap, zikge kakýar.

Soltan garahytaýlar bilen urşa giden wagty Soltan Osman hem onuň ýanyndady. Bu söweşden gaýdyp gelenlerinden soňra asmanyň dolan aýy kimin soltanlyk nesilşalygyndan bir göwhere ony öýerýär. Toý dabarasy we garyndaşlyk nahalyny dikmek sebäpli, ony ýany bilen Horezme alyp gidýär. Iki soltan birek-birege güýçleri ýetdiginden dürli-dürli sowgat gowşurýardylar. Soltan Osman ýaş çatynjalyk dabaralaryny tamamlaýar. Şol wagt öz ýaşaýan ýerine dolanmaklyk kararyna gelýär. Türkan hatyn türk däp-dessuryna laýyklykda hormat-sylag we hoşamaýlylyk jähetden giýewsine öýüne gaýtmaklyga rugsat bermeýär. Soltan Muhammet bir gezek Hytaý meselesini basyp ýatyrmak üçin gidende we Samarkanda ýetende, Soltan Osmanyň gaýtmagyna närazylyklary sebäpli halkyň we han-begleriň arasynda şübhe we ýaýdaňjaňlyk dörändigi mälim bolýar. Ol öz ýanyndakylardan bir topar adamy soltana mynasyp bolan derejede Soltan Osmana we onuň gelnine gaýtmaga rugsat ber-

---

[1] Gurhanyň 4-nji («Aýallar») süresiniň 139-njy aýaty.

meklik üçin, olary adam we hyzmatkärler bilen bilelikde ugratmaklygy tabşyryp iberýär.

Soltan Muhammet Horezme gaýdyp gelen wagty gün-günden giýewsiniň şan-şöhratyny belende galdyrýar. Günlerde bir gün habarçylar soltanyň gyzynyň ýanyndan gelip: «Soltan Osman Soltandan ýüzüni öwrüp, ýene-de Kör han bilen ylalaşypdyr. Munuň üstesine-de, ol Soltanyň gyzynyň barlygynda, ýagny öz aýaly heniz dirikä, Kör hanyň gyzy bilen nikalaşyp, öz aýalyny masgaralapdyr» diýen habary getirýärler.

Soltan Muhammet ýene bir habar gelýänçä muňa ynanmaýar. Çydam edýär, gepleşik geçirmekden saklanýar. Şol gelen habarçy: «Samarkant halky Soltan Osmanyň permanyna laýyklykda Soltan Muhammediň gyzynyň ýanyndaky topary we leşgerden ol ýerde galanlaryny öldüripdirler» diýýär.

Bu habar bilen Osmanyň garşy duranlygy mälim bolýar we Soltanyň gaýraty geçirimlilik etmekden saklaýar. Ilki bilen, bir etraby dolandyrýan we ony eline almak isleýän Utekin atly onuň doganyny Horezmde zyndana salýar. Soňra Samarkanda gidýär. Samarkantlylar derwezelerini ýapýarlar. Ýöne keýikleriň şirlere garşylyk görkezip bilmejekdiklerine göz ýetirýärler. Şondan soň Osman gylyç hem kepen bilen Soltanyň huzuryna gelýär. Soltan olary uçdantutma öldürmegi buýruk berýär. On müňe ýakyn musulmany öldürýärler. Seýitler, ýagşyzadalar, dindarlar we ulamalar Kör hana ellerine Gurhan alyp, hatym edip, olara Allanyň rehim etmegini diläpdir. Ahyry gylyçlary gynyna salmaklyk buýruk berilýär.

Soltan Osman huzuryna gelen wagty Soltan Muhammet oňa bakyp aýdýar:

— Eý, bigaýrat! Men sebäpli bir aýaly masgaraladyň. Eýsem, ol seniň aýalyň dälmidi? Merdanalyk däbinde gaýratlyga gabat gelmeýän zatlara gadam basmaga neneň het etdiň?!

Soltan Osman utançdan ýaňa ýüzüni aşak sallaýar. Soltan onuň janyna zeper ýetirmezligiň tarapdarydy. Ýöne Hansoltan atly Soltanyň gyzy onuň diri galmagyna razylyk bermeýär. Şol sebäpli ony agşam çagy öldürmekligi buýurýar. Bu hadysa 607[1]-nji ýylda bolup geçýär.

Bu wakadan soňra Soltan Muhammet Samarkant halky tarapyndan garşy alynýar. Soňra ilçileri Fergana we Türküstan emirleriniň ýanyna iberip, olary özüne eýermeklige çagyrýar. Şol wagt Penjaba, ol ýeri goramaklyk we täzeden güýç toplap, gozgalaň döretmez ýaly Kör hanyň leşgeriniň diri galanlarynyň üstüne çozmak üçin goşun iberýär.

Güýçlük Soltanyň güýç-kuwwatyny we ýeňişleri baradaky habarlary eşidip, Soltanyň ýanyna ilçi iberýär we Kör hanyň üstüne iki tarapdan çozmaklyk kararyna gelýärler. Şu şerte laýyklykda, eger Soltan ondan öňinçä ýeňiş gazansa, Kaşgardan Hotana çenli ülkeler onuňky bolmalydy. Eger-de Güýçlük tiz ýeňiş gazansa, onda Fenaket kölüne çenli ýerler oňa geçmelidi. Şu tertipde ylalaşýarlar. Soltan yzly-yzyna goşun iberýär, Kör hany derbi-dagyn edýär we onuň goşuny Bäşbalyga çenli ýetýär. Paýtagt Samarkant soltanyňky bolýar. Soltan ol ýerde uly metjidi gurýar we beýleki ymaratlary bina edýär.

Geň zat, tatarlar soltan nesilşalygyny alanlarynda, Soltan Osmandan kineli bolup galan Hansoltan bir boýagçynyň eline düşýär. Ol ikisi tä Hansoltan aradan çykynça ýaşaýarlar.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1210-njy ýyla gabat gelýär.

## SOLTAN JELALEDDIN

Ýoldan çykaryjy Ezraýyl Soltan Jelaleddiniň kakasynyň ýüregine şeýle bir gorky salypdy welin, ol bu ýetip gelýän sansyz goşundan gaçyp gutulmak üçin zeminde girer ýaly çukur we olaryň pitnesinden daşlaşmak üçin asmanda merdiwan gözleýärdi.

Ol tatarlaryň gelip ýetmeginden heder edip we gizlenmek üçin Samarkanda göçýär hem-de uzak ýyllaryň dowamynda bu güne garaşan öňdebaryjy leşgerlerini we gaýduwsyz merdanalaryny şäherleri goramak üçin ýurduň ähli künjegine ýaýradýar. Onuň ogullarynyň ulusy, iň batyrgaýy we gaýduwsyzy, patyşalygyň täji we ylahy dininiň lowurdawuk çyrasy Soltan Jelaleddindi. Dünýäniň başga aladalary, hezillikleri bilen başagaý bolup ýören Soltan Muhammediň beýleki ogullaryndan tapawutlylykda Jelaleddin kakasynyň ýanynda bolupdyr. Bu oglan hakykatdan daşda bolan kakasynyň pikirleri bilen ylalaşmandyr. Ol adalatlylyk bilen aýdýar: «Heniz duşman ýakyna gelmänkä we ýerinden gozganmanka leşgerleri ýurduň ähli künjegine ýaýratmaklyk we gaçyp gitmeklik betbagtlygyň we gorkaklylygyň alamaty. Bu hereket maksada okgunlynyň we paýhasly kişiniň işi däldir. Eger soltan öňe çykyp, söweşip, aýgytly ädim ädip, garşylyk görkezip bilmejek bolsa, goý, gaýduwsyz goşuny maňa tabşyrsyn. Elden pursat gitmezinden öň, aýaklarymyz haýran we gorky batgalygyna çümmänkä, sakgyç ýaly

ýazgaryş agyzlarynda çeýnelmänkäk agyr kynçylyklary çözmeklige ugraly».

Eger ýalkymly bagt oýa bolsa,
Bu işler kyn bolmazdy.

Şu sözler bilen birlikde, kakasy aýdýar: «Zamananyň haýry we şeri belli bir ölçegdedir. Işlerde islegiň we sarsgynlylygyň belli bir ölçegi bardyr. Ezeli[1] günde takdyr edilip, ýazgyt we takdyr depderçesinde ýazylan zatlar tamamlanmanka we ýüze çykan hadysa ahyrlamanka gowşaklyk we haýal-ýagallyk bilen özüni almaklygyň we ony dep etmekligiň netijeleriniň biridir. Agyr synaglar döwründe adam nadanlyk bilen ejizlik çäreleriniň netijesinde onuň soňundan ägä bolmaýar we işiň soňy nirä ýetjegini hyýalyňa-da getirip bolmaýar. Halas bolmaklygy göz öňüne getirmeklik mümkin däl. Bu ýagdaýda başarnyklylyk ýa-da başarnyksyzlyk birmeňzeş bolýar. Üstesine-de, her bir kämilligiň ýetmezçiligi we her bir dolan aýyň aý tutulmasy bardyr. Her nogsanlyk kämillige ýetmese, onuň merkezi ynsanlaryň hal-ahwalatlary bolan ýer tegeleginiň topragyna asmanlaryň täsir edijiliginden zeper ýetip, ol hem birýüzli bolmasa, ot şuglasy öçmese we ezýet beriji şemaly ýatmasa we çözgüdi düzgünden çykyp, olaryň sütünleri biri-birinden üzlen bolsa uruş-söweşiň dalaş etmegi bilen diňe kynçylyk we ýagyny köpeltmekden başga peýdasy ýok. Çünki bokurdak çişme keseliniň perişanlygynyň çalt ölümden başga alajy ýok we artykmaç hyýal-güman etmeklik däliremekden başga zada eltenok diýlipdir».

Jelaleddin birnäçe gezek kakasy bilen şu ýagdaý babatda jedelleşýär. Ýöne kakasy her gezekde hem ogly bilen razylaş-

---

[1] Ezeli – başlangyjy bolmadyk iň gadymy döwür.

maýar. Ony Soltan Muhammet tä bu köne saraýdan baky dünýä ötýänçä we bu şorluk toprakdan päklik bossanyna gidýänçä zor bilen saklaýardy. Şondan soňra Soltan Jelaleddin kiçi doganlary hem-de barmak basyp sanaýmaly adamlar bilen Abeskundan yzyna dolanýar.

Jelaleddin merdanalyk meýdanynda jöwlan urmagyň, mawy gümmezli çarhypelegiň üstünde paýhaslylykda üstün bolmagyň, zeminu-asmandan gopan topalaň belasyny ýatyrmagyň we ýazgydyň sütem gynyndan çykaran dert gylyjyny küteltmegiň arzuwyndady. Emma üşükliler we hakykat deňzinden ägä kişiler adamyň bagty gaýdyp, düýesi ýaban laýyna çökende we pelek sütem ýüzüni görkezende, hiç bir babatda: «Pelek ýene-de wepa ýüzüni görkezer» diýip, umyt etmeli däldigini ýa-da gazap we hile dişini ýitelden wagtynda dile süýjülik myradyny bagyşlar, ýa-da aýagy duşaklanan wagtynda ýardam berer, gaýgy-gam gandalyny uşadar, mähir-muhabbeti herekete getirer, düwlen duşmançylyk düwnüni ylalaşyk ýylgyryşy bilen çözlär, ýa-da pelek bir gylça ýüz öwren bolsa ony yza öwürmäge hernäçe jan etseler-de, ony jan gulagy bilen diňlär öýdüp garaşmaly däldigini, eger öz jaýyndan dyrnak ýaly hem üýtgäp hereket eden bolsa, ony gaýtadan ele getirmegiň mümkin däldigini bilýärler. Eger endigiň tersine birnäçe gün özüni gülüstan ýaly edip görkezse-de, ahyrynda «Ol göýä bir suw ýalydyr ki, Biz asmandan ýagdyranymyzdan soň, bir-birine aralaşyp-çyrmaşyp gider, soňra durmuş güýzi gelenden soň, şemal uçuryp gidýän çöp-çalamlara öwrülip galar».[1]

Soltan hem söweşiji asman bilen duşmançylyk etmegiň we pyrlanýan çarhypelekden kine saklamagyň ahyrynyň jebir-jepadan başga zat däldigini we işleriň öwrüminiň ählisiniň ýazgyda esaslanýandygyny bilýärdi. Takdyrdan dolanmak ýok we

[1] Gurhanyň 18-nji («Gowak») süresiniň 45-nji aýaty.

Hudaýyň hökümini üýtgedip biljek kişi ýok. Ýele sowrulan bagty dolamak ne siziň eliňizde, ne-de biziň. Belki, jahanyň hut özi bela duzagydyr we hilesi köp hilegärdir.

Sen pikir-alada etmezden gyra çekil,
çünki jahan deňziniň —
Kenaryny, älemi gören adamlar
hem gören däldirler.
Ah-wah hem-de ertekä ne üçin
köňül baglaýarsyň,
Çünki jahan ahwaly
ah-wah we ertekidir.

Bagtdyr döwlet Tekeşiň nesilşalygyndan ýüz öwürdi. Bagt ýyldyzlary güýçli bagty ýatgynlyk bilen ýaşamaklyga ýüz öwrüpdi. Ony berkitmäge hiç hili umyt ýokdy. Başga bir tarapdan bolsa «Eý, mülk, döwlet eýesi bolan, Allam, Sen islän kişiňe mülk eda kylar sen»[1] diýen manynyň syrly hökümi Çingiz we onuň perzentleriniň döwletli maňlaýyna ýazylypdy we äşgär bolupdy. Şonuň ýaly-da «we islän kişiňden bu mülki alar Sen»[2] diýen ýazgydy hem onuň duşmanlarynyň ahwal depderlerinde aýdyňlaşýardy. Bu islegi tirmek adam aňyndan daşardady, emma ogly atasy ýaly adamzat diliniň käýinjine duçar we Perwerdigäriň bendeleriniň kemsidiji okunyň nyşanasy bolmak islemeýärdi.

Mongol goşunlarynyň Yrak tarapyna hereket edendigini eşiden Soltan Jelaleddin Maňgyşlaga gidýär. Ol Horezme ilçileri ýollaýar. Ol doganlary, kakasynyň oruntutary Uzlag soltan hem-de ýene bir dogany Ak soltan bilen biledi. Uly emirlerden

[1] Gurhanyň 3-nji («Imranyň öýi») süresiniň 26-njy aýaty.
[2] Şol ýerde.

Uzlag soltanyň daýysy Nuh Pälwan, Kuçaý Tegin, Ogul Hajyp Mälik dagylar togsan müň goşunlary bilen Horezmdediler.

Türkan hatyn Uzlag soltana hoşamaý garaýandygy üçin Muhammet oňa soltanlyga hem-de Horezme gözegçilik etmegi tabşyrýar. Uzlag soltan heniz örän ýaş we pikirlenişde gowşak bolupdyr. Soltanlar toplanan wagtlary olaryň pikirleri dürli-dürli bolupdyr. Uzlag soltanyň gowşaklygy zerarly hersi bir tarapa meýil edýärdi. Emirleriň arasynda näsazlyk bolandygy sebäpli, her bir gul häkim, her bir sütem çekiji sütem beriji boldy. Wezipede we güýçlülikde ýokary, emma nadanlyk atyna münen käbir emirler iş bitirjek bolup şeýle diýýärdiler: «Eger berk we gudratly köke eýe bolan Jelaleddin soltan bolsa, her kime dereje berer. Şeýdip adamlar öz çäklerinden çykyp bilmezler. Şeýlelik bilen, işler mynasyp hetdinde galar». Soltanyň tarapyna köp sanly goşun bilen bilelikde onuň köp sanly oruntutarlary we beýleki adamlaryň aglabasy maýyl boldular. Öten günlerde durmuşyň sowuklygyny we ýylylygyny, gussasyny we şatlygyny görenler soltanyň hyzmatyna geldiler.

Şonuň bilen birlikde, doganlaryň arasynda hem ylalaşyk baglaşyldy. Ýöne muňa garamazdan garaýyşlary duşmançylykly bolan emirler Soltan Jelaleddini ýok etmekligiň kül-külüne düşüp, amatly pursata garaşýardylar. Şolaryň arasyndan biri soltany bu niýetlerden habarly edýär. Şonda Jelaleddin adamlaryň kyn pursatda ýeňiş hem-de birlik barada pikir etmän, dawa-jenjel barada pikir edýändiklerine we niýetleriniň Soltanlykda we Horezmdedigine göz ýetirýär.

## JELALEDDIN BILEN MONGOLLARYŇ ÝÜZBE-ÝÜZ BOLMAGY

Gaýratly Jelaleddin Nusaýyň ýolundan Şadyýaha gidýär. Ustuwa[1] ýeten wagtynda Şaýakan baýyrlygynda tatar goşunlary bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Özüniň az sanly goşuny bilen uzak wagtlap söweşýär. Şol pursatda Pur Zal[2] hem bolan bolsa, yza çekilmekden başga ýol saýlamazdy. Ýöne Jelaleddin zamana gara çadyryny geýýänçä olara garşy göreşdi.

Serkerdebaşy aždarhanyň
jylawuny tabşyryp,
Çaň bilen jahanyň ýagtylygyny
alyp gitdi.

«Biz olardan hem birnäçe asyr öň öwlady nesilleri imansyzlyklary sebäpli heläk edenimizde, olar başlaryna azap düşýän wagtynda ýardam sorap neda-dileg edendirler, emma ol wagt azapdan gutulyş wagty däldi».[3]

Soltan Jelaleddiniň Horezmden gaýdandygyny eşiden töweregindäkiler we duýgudaş goşuny derrew onuň yzyndan gitdiler. Soňraky gün Soltan Jelaleddiniň mongollar bilen söweşen

---

[1] Ustuwa – Horasanda bir ülkäniň ady.

[2] Pur Zal – edebi gahryman, Zalyň ogly Rüstem.

[3] Gurhanyň 38-nji («Sad») süresiniň 3-nji aýaty.

şol meýdanynda ýüzbe-ýüz boldy. Ak soltan, Uzlag soltan we uly han-begler tatar kowumyny görüp, misli günüň öňünden ýyldyzlaryň gaçyşy kimin gaçdylar. Olar bir zarba uranlarynda söweşden el çekip, ökjäni göterdiler. Şeýlelikde, şol döwrüň soltanlary tatar şeýtanlarynyň eline ýesir düşýärler. Olar iki günden soňra ýesirlige sezewar bolup, patyşalara edilen jezalaryny gördüler hem-de topraga gömüldiler. Ähtimal ýyrtyjylara we syrtlanlara iýmit bolandyrlar. Hököm iki jahanyň perwerdigäriniň hökümidir.

Eger güýçli we ýiti şemal gelse,
Bişmedik turynjy[1] ýere gaçyrar.
Eger adalatly kişini sütemkär
diýip hasaplasak,
Onda hünärli kişä hünärsiz
diýip aýtdygymyz bolar.

Soltan Jelaleddin Şadyýaha ýeten wagty iki-üç gün taýýarlyk üçin meşgul boldy. Birden gijäniň ýarynda:

Ne guşuň sesi geldi, ne-de ýyrtyjyň arryldysy,
Zamana ýagşydan-ýamandan asla hiç zat diýmedi.

Jelaleddin ýalpyldaýan ýyldyz kimin atlanyp, 617[2]-nji ýylyň gurban aýynyň on bäşine kakasynyň oňa tabşyran Gazna şäherine gitmek niýeti bilen ýola rowan bolýar.

Soltan Jelaleddiniň şäherden çykyp gaýdandygy mälim bolansoň, mongol leşgerleri onuň yzyny çalyp, iki ýoluň çatrygynda yzyndan ýetýärler. Soltan eger-de yzyndan goşun ýetse,

---

[1] Turynj — pyrtykala meňzeş turşy miwe.
[2] Milady ýyl hasabynda 1220-nji ýyla gabat gelýär.

özi bilen duşmanyň arasyna uzaklyk düşer ýaly duşman bilen birnäçe wagtlap söweş etmek üçin Mälik Ilderegi ol ýerde goýýar. Bir wagtdan soňra mongol goşunlary gelip ýetýär. Çünki Ilderek olara garşylyk görkezip bilmändi. Ol Soltanyň gitmedik ýolundan gidipdi. Tatarlar hem Soltan şu ýol bilen gidendir öýdüp, şol ýola düşýärler. Soltan bolsa beýleki ýoldan arzyly agsak aty bilen dört parsaň ýoly geçipdi. Mongol leşgerleri onuň yzyna düşmegi goýbolsun edip, ondan geçýärler. Soltan Jelaleddin Zuzene ýeten wagtynda, atdan düşüp, biraz dynç almak isleýär. Ýöne halk oňa garşy bolýar. Hatda ony gala hem salmaýarlar. Olar: «Eger mongol goşunlary gelip, seniň öňüňde ok-ýaýly we gylyçly peýda bolsa, biz hem seniň yzyňdan daş bilen zarba urarys» diýdiler.

Keramatly Gurhanda şeýle ýagdaýy suratlandyrýan aýat bar. «Soň olar ýene ýola düşdüler. Ahyry bir şäheriň halkynyň alnyna gelip, olardan tagam-owkat soradylar, olar myhman almakdan baş çekdiler. Soň şol ýerde ýykyljak bolup duran diwary görüp, Hydyr ony dikeldip goýdy. Musa diýdi: «Eger isleseň, bu işiň üçin hak-heşdek almagyň mümkindi».[1]

Her halda bolsa Jelaleddin Zuzeniň wepadarlarynyň söýgüden doly haltalarynyň düýbünden deşikligini görüp, Mabežnabada gidýär we gijäň ýarynda ol ýerden ýene hereket edýär. Säher çagy mongollar ol ýere ýetýär. Berduýe ülkesine çenli, Hyrat töweregine gelip, yzarlamakdan el çekýärler. Soltan Gazna ýeten wagty Emir Mälik elli müň goşun bilen onuň öňünden çykyp garşylaýar. Ähli goşun we raýatlar onuň gadamyny mübärekläp, onuň barlygyna guwandylar. Soltan Emir Mäligiň gyzyna öýlenýär we ol gyşy Gaznada, gök meýdanda geçirýär. Onuň barlygy mälim bolan wagtynda goşunlar we tarapdarlary her biri ýoldan: ýetip gelip edil aýatdaky ýaly «Adamlar ara-

[1] Gurhanyň 18-nji («Gowak») süresiniň 77-nji aýaty.

synda ýörüp, olary haja çykargyn, olar saňa, ýagny seniň çakylygyňa jogap edip pyýada we uzak ýollardan horlanan düýeleri münüp geler»[1] – diýýärler.

Şeýlelikde, Seýfeddin Agrak kyrk müň batyry bilen, şeýle hem Belad ülkesinden Gur emirleri Jelaleddiniň huzurynda toplandylar.

Her tarapdan onuň ýanyna leşger geldi,
Hem üpjündiler, hem-de söweşjeň.

Soltanyň şan-şöhraty artyp, ol güýçli goşun taýýarlady. Jelaleddin Gaznanyň ilkinji nowbahar gülleri açylan wagtynda, ol ýerden çykyp, Perwan tarapyna gidýär. Ol ýere ýetende Tekejik we Melgur mongol goşunlary bilen Walýan galasyny gabamaga meşgul bolup ýörendiklerini we ony ele salmaklarynyň daşda däldigi baradaky habar gelýär. Soltan azyk önümlerini we agyr goşlaryny Perwanda goýup, ýanyndaky goşuny bilen mongol emirleri bolan Tekejegiň we Melguryň üstüne çozýar. Tatarlardan müň adama golaýyny öldürýär. Mongol goşunlary bolsa derýadan geçip, yzlaryndaky köprini ýykýarlar. Derýa iki leşgeriň arasyna böwet bolýar. Birek-birege ok atyp başlaýarlar. Agşam çagy mongol goşunlary göç edýärler. Soltan bol oljany ele salyp, goşuna paýlaýar we Perwana dolanýar. Habar Çingiz hana baryp ýetýär. Soltanyň işleriniň ugrugandygy oňa mälim bolýar.

Çingiz han Şiki Kutukyny otuz müň adam bilen söweşiň jümmüşine iberýär. Soltan Perwana ýetenden bir hepde soňra mongol goşunlary säher bilen gelýärler. Soltan tiz atlanýar we bir parsaň öňe gidýär. Goşuny duşmanyň garşysynda düzýär. Soltan sag ganaty Emir Mälige tabşyrýar, çep ganaty bolsa

---

[1] Gurhanyň 22-nji («Haj») süresiniň 27-nji aýaty.

Seýfeddin Mälik Agraga berip, özi goşunyň merkezinde durýar. Ähli goşuna atlarynyň jylawuny ellerinde tutup, pyýada gitmekligi buýurýar. Olar janlaryndan geçýärler. Emir Mäligiň elinde bolan sag tarapyň sany mongol goşunyndan artykdy. On müň söweşjeň merdanlar sag ganata çozup, ony böwüsýärler. Mongol goşunyny merkeze eltýänçäler, merkezden we çep ganatdan yzly-yzyna kömek gelýär. Bu zarbada iki tarapdanam köp adam ölýär. Agyr söweş bolýar. Taraplaryň hiç biri-de gaçmaýar. Gözýetimiň çanagy şapagyň ganyndan dolup, gün ýaşan wagty her kim öz merkezine gaýtdy. Mongol goşunlaryna garantgylary[1] ýasap, ideg atlarynyň üstünde oturtmaklyk barada buýruk berilýär.

Ertesi gün şäher bilen ýene-de iki tarap hatara düzülýär. Soltanyň goşuny mongol goşunynyň yzynda bir hatar görýär. Olara kömek gelendir öýdüp pikir edýärler we gorkýarlar. Emirler soltan Jelaleddine Beste we Tirehi daglarynda gizlenmekligi maslahat edýärler. Soltan olara razylyk bermeýär we olaryň pikirlerini kabul etmekden saklanýar. Adatça, öňki gündäki bolşy ýaly pyýada gidýärler. Mongol goşunlary Agragyň gaýduwsyz, batyr goşunyny görüp, batyrlary saýlap, çep ganatda goýýarlar. Agragyň söweşjeňleri ok atýarlar we garşylyk görkezýärler. Zarba urup, mongol hüjüminiň öňüni alýarlar. Soltan tebil kakmaklyga buýruk berýär. Goşunyň ählisi atlanyp, birden çozýarlar. Soltan jeňňeliň ýolbarsy, derýanyň läheňi kimin söweşe girende mongollar gaçýarlar. Serdarlaryň[2] ikisem az sanly goşuny bilen Çingiz hanyň ýanyna gaçyp gelýärler.

Soltanyň goşuny oljalar bilen meşgul bolýar. Emir Mälik we Seýfeddin Agragyň arasynda olja almak babatda oljany

---

[1] Çingiz han öz goşunynyň sanyny köp görkezmek üçin ýasama, ýagny içine saman dykylan «adamlary» atlara oturtmagy buýruk berýär.

[2] Şu ýerde iki serdar Tekejik bilen Melgur göz öňünde tutulýar.

paýlaşmakda sene-mene başlanýar. Emir Mälik gamçy bilen Agragyň kellesine urýar. Soltanyň Seýfeddin Mälige ynamy bolmansoň, ony öz ýanyna çagyrýar. Gije ol misli Jeblet bin Eýhem kimin öýke-kineli Kerman we Sikran daglaryna tarap ugraýar.

Soltan Jelaleddin güýç-kuwwaty Mälik Agragyň dawasy sebäpli bozulyp, dogry we göni ýol oňa ýapylypdy. Ol Sind derýasyndan geçmek niýeti bilen ýüzüni Gazna tutýar. Çingiz han Talykan bilen baglanyşykly işlerini birýüzli edip, ýene soltanyň ýaranlarynyň dagynyk ýagdaýdadyklaryndan habarly bolýar. Soňra ýalynly ýyldyrym we düýbi-teýkary bilen gark edýän sil kimin ýüregini ar almak hyjuwyndan dolduryp, oňa tarap okdurulýar. Onuň hereketi baradaky habar Soltan Jelaleddine ýeten wagtynda, onuň goşunynyň örän köpdügine we oňa garşy durmagyň mümkin däldigine we Çingiz han bilen gapma-garşylygyň kyn işdigine göz ýetirýär.

Jelaleddin Sind derýasyndan geçmegi niýet edip, gämileri taýýarlamaklyga buýruk berýär. Goşunyň başynda duran Kör han Çingiz hanyň goşunlarynyň öňündäkileri bilen biraz söweşýär we  ýeňlip soltanyň ýanyna gelýär. Şeýle hem Çingiz han soltanyň niýetinden habarlydy. Öňürti onuň öňüni alýar we leşgerleri onuň yzyndan we öňünden goýberýär. Daňdan, agşamyň nury gündiziň gül ýüzünde lowurdap we säheriň süýdi gözýetimiň göwsünden joşup ugranda soltan otdur suwuň arasynda galýar. Soltanyň bir tarapy Sind derýasy we beýleki tarapy ýalyn kimin goşundy. Soltan dowla düşmeýär. Onuň gaýduwsyzlyk duýgulary oýanýar hem-de alowly söweşde misli şir-peleňe meňzeýär. Ar alyş çapgyr atyny eýerläp, özüni howp astyna atýar. Jahanyň ýeňiş gazanyjysynyň, ýagny Çingiz hanyň saýlama goşuny Emir Mäligiň ygtyýaryndaky sag ganata çozýarlar we köpüsini öldürýärler. Emir Mälik söweş meýdanyndan gaçýar we Berşawer tarapa gidýär. Meger, ol mongol

goşunlary ýollary beklemänkä, janyny halas edendir. Çep ganat hem eýelenýär. Ýöne soltan goşunyň merkezinde ýedi ýüz urşujysy bilen garşylyk görkezýärdi. Daňdandan tä günortana çenli uruşdy. Çepden saga we sagdan merkeze zarba urup, her zarbada birnäçe adam öldürýärdi. Çingiz hanyň goşuny şol bir wagtda öňe süýşýärdi we sagatma-sagat köpelýärdi. Soltan üçin söweş meýdany barha daralýardy. Işiň soňunyň nähili gutarjagyna göz ýetirenden soňra, ýaşly gözi we guran lebi bilen ar-namysdan geçdi. Soltanyň daýysynyň ogly bolan Ejaş Mälik onuň atynyň uýanyndan tutup, ony ýene yzyna gaýtarýar. Soltan perzentleri we jigerbentleri bilen ýüreginiň alawy hem-de gözleriniň ýaşy bilen hoşlaşýar. At getirmekligi buýurýar hem-de atlanyp, bela derýasyna tarap läheň kimin çaýkanyp çapýar. Leşgeri ýaryp, içinden geçýär. Arkasyndaky sowudy taşlap, ata gamçy çalýar. Atyny suwa sürýär we edil algyr ýolbars kimin halas boluş kenaryna ýetýär.

Çingiz han onuň derýadan geçýändigini görüp, atyny derýanyň kenaryna sürýär. Mongollar ony kowalap, özlerini suwa urmak islediler. Çingiz han olary gaýtardy. Ellerini ok-ýaýa ýetirdiler. Bu sahnany gören birnäçe adamlar aýdýar: «Oklaryň ýetýän ýerine çenli adam öldi, derýanyň suwy gandan ýaňa gyzyl boldy».

Soltan bir gylyç, galkan we naýza bilen derýadan çykdy.

Çingiz han we mongollaryň ählisi haýran galmakdan ýaňa ellerini agyzlaryna ýetirdiler. Bu sahnanyň şaýady bolan Çingiz han ýüzüni ogullaryna öwrüp aýdýar:

— Ine, atanyň ogly şeýle bolmalydyr. Iki girdabyň odundan geçip, halas boluş kenaryna özüni atdy. Ol uly işleri we sansyz tolgunyşyklary amala aşyryp biler. Şeýle akylly adamdan dana adam nädip gapyl galsyn?!

## SOLTAN JELALEDDINIŇ HINDISTANDAKY AHWALY

Soltan durmuş girdabynda Sind derýasynyň gark ediji suwundan, Çingiz hanyň gözüniň odundan halas bolandan soňra, oňa durmuş suwuna gark edilmedik we bela-beteriň ody ýok boluş topragyna gyrylmadyk kişiler, ýagny bäş-alty sany batyrgaý adam oňa birikdiler. Çünki gaçgaklykdan we tokaýlarda gizlenmekden başga olaryň mümkinçiligi ýokdy. Başgada elli adam olara goşulýança birki gün geçdi. Şol wagtlar habar almaga giden ilçiler gaýdyp geldiler. Olar atly we pyýada hindileriň soltanyň iki parsaň golaýyna gelendikleri baradaky habary getirdiler. Soltan hem adamlaryna öz eltaýagyny almaklygy we olaryň üstüne gije duýdansyz çozmaklygy buýurdy. Hindileriň köpüsi birinji hüjümde öldürildi, atlary we ýaraglary olja alyndy. Olara ýene birnäçe topar goşuldy. Şol wagtlar kimseler ata münse, galanlary sygyrdyr gäwmişe atlanypdylar. Bu waka barada şeýle gürrüň berilýär. Hindi goşunynyň sany iki-üç müň adam bolup, soltan ýüz ýigrimi adamdan ybarat goşuny bilen hüjüm edip, hindileriň köpüsini gylyçdan geçirýär hemde soltan eline düşen harby oljadan goşunynyň hal-ýagdaýyny düzedýär.

Soltanyň Hindistandaky gazanan üstünligi mälim bolanda Belala we Rekala dagynda jem bolan bäş-alty müň atly soltanyň üstüne gaýdýar. Soltan bu habary eşidip, bar bolan bäş ýüz atlysy bilen olaryň garşysyna çykýar we hindi goşunyny derbi-

dagyn edýär. Birtopar adam we goşunyň käbir bölegi Soltana birigýär. Şeýlelikde, olaryň sany üç-dört müň adama ýetýär.

Bu habar Çingiz hana ýetende, ol Gaznanyň töweregindedi. Ol özüniň bir goşun bölümini soltana garşy ugradýar. Mongol goşuny Turbaý Tekeşiň buýrugy bilen derýadan geçenlerinde, soltan olaryň hötdesinden gelip bilmejegine göz ýetirýär. Soňra Delä gidýär. Mongollar soltanyň gaçandygy baradaky habary eşidip, yzlaryna gaýdyp, Melekpuruň töweregini talaýarlar. Soltan iki-üç günüň dowamynda Deliniň kenaryna ýetýär. Ol Eýnelmelek lakamly bir adamy habar ýetirmeklik üçin Soltan Şemseddiniň ýanyna iberýär. Oňa: «Gowy adamlara jomartlaryň ýanynda orun bardyr» diýip, şeýle mazmunly haýyşnama ýollaýar: «Pelegiň gerdişiniň hökümi bilen goňşuçylyk haky, watan ýakynlygy subut bolandyr. Ykbal şunuň ýaly myhmanlary örän seýrek duşurýandyr. Onsoň iki tarapdan dostluk çeşmesi arassalansa, dostluk gatnaşyklary kämilleşse şatlykda we gam-gussada hyzmatdaşlyk we arkadaýançlyk şertleri ýerine ýetirilse, arzuwlar amal lybasyny geýner. Aýratynam, haçanda duşmanlar biziň ylalaşygymyzy görseler, söweşjeň dişleri küteler. Muny aňan duşmanlaryň kesgir dişleri küteler». Ahyrynda, soltan özüniň galmagy üçin bir ýer bellenilmegini haýyş etdi hem-de şol ýerde birnäçe gün galmak isleýändigini mälim etdi.

Soltanyň köp ýerlerde gazanan ýeňişleriniň we batyr goşunynyň at-owazasy dilden-dile geçip, dünýä ýaýrapdy. Soltan Şemseddin bu habary eşidensoň, birnäçe gün oýlanýar. Soňky betbagtçylyklardan we onuň ýeňişlerinden gorkýardy. Hernäme-de bolsa, Soltan Şemseddin ilçini myhmana laýyk hezzet-hormatlap, köp sanly serpaý bilen gaýtaryp, ötünç hökmünde şu sözleri aýtmaklygy tabşyrýarlar: «Bu ýerleriň ýagdaýy öwerlikli däl. Bu mekanda şa mynasyp rahatlyk ýok. Eger soltan rugsat berse, Deli welaýatyndan bir ýeri kesgitläli.

Soltan ol ýerde mekan tutar we şol bir wagtda ol töweregi gozgalaňçylardan saplar».

Bu habar soltana baryp ýetende, ol Belala we Rekala töwereklerine dolanýar. Etraplardan gaçgaklar topar-topar bolşup, onuň ýanyna gelýärler hem-de onuň azat ediji gylyjynyň astynda jemlenip başlaýarlar. Jelaleddiniň goşunynyň sany on müňe ýetende, ol Täjeddin Melek Halajyny goşuny bilelikde Jud dagyna iberýär. Olar talaňçylykdan soňra, köp olja bilen gaýdyp gelýär. Şol wagtlar Jelaleddin Raýkukar Säňgiň ýanyna onuň gyzyna sawçylyk üçin adam iberýär. Raja[1] ony kabul edip, ogluny goşun bilen bilelikde hyzmata iberýär. Soltan onuň ogluna Gutlug han derejesini berdi. Şol döwürlerde Gubaja atly bir emir bolup, ol soltanlygyň çetinde ýerleşen Sind welaýatyna häkimlik edýärdi. Onuň bilen Raýkukar Säňgiň arasynda duşmançylyk gatnaşyklary bardy. Soltan Gubajanyň üstüne goşun iberýär. Bu goşunyň baştutany bolsa Uzbeg Taýdy. Gubajanyň Uça[2] diýen ýerden bir parsaňlykda ýerleşen Sind derýasynyň kenarynda ýigrimi müň adamdan ybarat harby düşleg ýeri bardy. Uzbeg Taý ýedi müň adamsy bilen olaryň üstüne gije çozýar. Netijede, Gubajanyň goşuny pytrap, gaçmaklyga ýüz urýar. Gubaja adada ýerleşen Eker we Beker atly iki gala gämili gidýär. Uzbeg Taý onuň harby düşlegine girip, ol ýerdäkileri ýesir alyp, soltana gutlag iberýär. Soltan hereket edip, şol harby düşlege baryp, Gubajanyň çadyrynda peýda bolýar. Gubaja bolsa Ekerden we Bekerden gaçyp, Multana gidýär. Soltan ilçi iberip Sind urşundan gaçan we betbagtçylyga sezewar bolan Emir hanyň ogluny we gyzyny yzyna gaýdyp almak isleýär hem-de emläk talap edýär. Gubaja ol talaplary kabul edip, Emir

---

[1] Golýazmada rajanyň ady getirilmändir.
[2] Uça – bu ýeriň nirededigi anyklanmady.

hanyň gyzyny we ogluny köp mal-mülk bilen soltanyň hyzmatyna iberýär hem-de öz üstüne çozmazlygy haýyş edýär.

Howanyň yssy günlerinde Soltan Jelaleddin Uçadan Jud dagyndaky we Belaladaky hem-de Rekaladaky ýaýlaklara tarap hereket edip, ýolugra Besrawer galasyny gabap uruş edýär. Ol uruşda soltan elinden ýaralanýar. Umuman, gala alynýar we köp adamlar öldürilýär. Şol ýerde mongol goşunlarynyň olardan yzlaryna dolanmagy we Multan şäheriniň serhedinden geçmekligi talap edýän habar gelýär. Gubaja özleriniň geçelgeden geçýändiklerini hem-de nalbaha[1] talap edýändiklerini habar bermek üçin ilçi iberýärler. Bir sagat söweşden soňra Uça gelýärler. Uçanyň ilaty gozgalaň turuzýar. Soltan ol ýerde iki gün galyp, şäherde ot açandan soňra Sedustan tarapyna gidýär. Gubaja tarapyndan Fehreddin Salary, Sedustan goşunynyň başynda bolsa Lajin Hetaýidi. Soltanyň gözleg-agtaryş goşunynyň başynda bolsa Ur han durdy. Söweş bolýar we Lajin Hetaýi öldürilýär. Ur han Sedustan şäherini gabaýar. Soltan ýetip gelen wagtynda Fahreddin Salary mekirlik edip, gylyjy we kepeni bilen onuň ýanyna gelýär. Soltan şähere girip, bir aý ol ýerde düşleýär hem-de Fahreddin Salaryny sylap, Sedustanyň häkimligini oňa tabşyrýar. Soňra Diwer we Demril tarapyna hereket edýär. Heniser atly ol welaýatyň häkimi gaçyp, gämi bilen derýa girýär. Soltan Diwel we Demriliň ýanyna gelip, Hashany goşunynyň bir bölegi bilen ýöriş etmek üçin Nahrewala iberýär. Nahrewaldan köp sanly düýe getirýärler. Soltan Diwerde juma metjidini gurdurýar. Bu metjit öňki butparazlaryň ybadathanasynyň ýerinde salnypdy.

Şol wagtlar Yrakda Soltan Gyýaseddiniň ornaşandygy baradaky habar gelýär. Ol toprakdaky köp adamlaryň arzuwy bolsa, soltanyň dem alýan howasyndan dem almak islegidi.

---

[1] Nalbaha – kontribusiýa

Şol bir wagtda Barak Hajyp Kermanyň töwereginde ýerleşen Juwaşir şäherini gabapdyr diýen habar bilen mongol goşunlarynyň soltanyň gözlegine çykandyklary baradaky habar hem gelýär.

Soltan Mekran tarapyna gidýär. Bu ýerde howanyň erbetligi zerarly, soltanyň leşgerleriniň köpüsi heläk bolýar.

Barak Hajyba Soltanyň ýetip gelýändigini habar berenlerinde, ol köp sowgat-serpaý iberip, şatlygyny we bagtyýarlygyny duýdurýar. Ötünç sorap, gyzlarynyň birini aýallyga teklip edýär. Soltan bu teklibi kabul edýär we öýlenýär. Galanyň açaryny soltana getirýärler. Soltan gala girip, täze çatynjalyk durmuşyna başlaýar. Iki-üç gün geçenden soňra soltan aw-şikara çykmak niýeti bilen atlanýar. Barak Hajyp aýagynyň agyrýandygyny bahanalap, soltana ýoldaş bolmaýar. Orta ýolda soltana onuň jögülik edýändigini habar berýärler. Soltan özüniň buýrugynyň ýerine ýetirilmezligi sebäpli gozgalaň turmagyndan we masgara bolmagyndan gorkup hem-de synap görmek maksady bilen bir dindary Barak Hajybyň ýanyna ugradýar. Ol dindara Barak Hajyba şu sözleri aýtmaklygy tabşyrýar. «Biz çaltlyk bilen Yraga gitmeklik kararyna geldik. Bu pikir dogrudyr hem-de ilkinji edilmeli işdir. Barak Hajybyň şikargähe gelmegi hökmanydyr. Ol gelenden soňra maslahat ederis. Çünki, ol ähli işlerde tejribeli we başarjaň. Yrak meselesinden başy çykýar. Onuň maslahat bermegi bilen söweşe taýýarlanyp başlarys!».

Barak şeýle jogap berýär: «Aýagymyň agyrysy maňa päsgel berýär. Emma Yraga gitmeklik örän zerur we bu maksady tizräk amala aşyrmalydyr. Çünki, Juwaşir mekany soltanlyga mynasyp ýer däldir. Bu ýerde mekan tutmak we goşun saklamak bolmaz. Emma bu ýerde bir häkimiň we gala gözegçisiniň bolmagy hökmanydyr. Bu işde menden mynasyp kim bar! Men soltanyň hyzmatynda saçymy agardan bendedirin. Öňki hyz-

matlarym bulara şaýatdyr. Üstesine, men bu ýeri gylyjym bilen azat etdim we edermenligim bilen eýeledim».

Şu jogap bilen Barak Hajyp ilçini yzyna iberýär hem-de şäher derwezelerini gulplamaklygy buýruk berip, soltanyň ol ýerde galan adamlaryny kowýar. Soltan üçin ne galar ýaly jaý, nede ar almak üçin tutalga galdy. Şiraza gitmek üçin ýola düşýär we özüniň gelendigini habar bermek üçin Atabeg Seýidiň ýanyna ilçi iberýär. Ol Selgurşa atly ogluny bäş ýüz atly bilen bilelikde onuň hyzmatyna iberýär hem-de: «Özümiň gelip bilmejegime ötünç soraýaryn, çünki men öň: «Hiç kimi garşy almaryn» diýip, keffaraty bolmadyk kasam[1] içendirin» diýip, habar berýär.

Soltan onuň ötünjini kabul edýär. Selgurşa köp hezzet-hormata mynasyp bolup. Garyndaş atly lakamy kabul edýär.

Soltan Şirazyň serhedine ýeten wagtynda Pesa welaýatynda görnükli adamlar şunuň ýaly myhmana laýyk köp sowgatlary, ýagny hazynalary, ýörite lybaslary, dürli reňkli geýimleri, dinardan doly haltalary, atlary, gatyrlary, düýeleri, zikgehana, öýüň şerap, aşhana serişdelerini we her ugra degişli türk hemde hebeş gulamlaryny gowşuryp, onuň bilen garyndaş bolmaklyga isleg bildirýärler. Ol ýerde päklik galasynda we parasatlylyk süýdi bilen terbiýelenen bir gyzy soltana nikalap berýärler. Bu nika iki tarapyň gatnaşygyny berkidýär. Soltan ol ýerde biraz düşländen soňra, Yspyhana ýola düşýär. Şol zaman Atabeg Seýit ogly Muzaffreddin Abubekir dolanyp gelýärkä, Soltan Muhammediň görkezmesi bilen atasy bilen urşup, ony ýaralandygy üçin zyndana düşüpdi. Soltan onuň tussaglykdan boşadylmagyny talap edýär. Atabeg şeýle jogap berýär:

— Perzendim Abubekir perzentlik borjuny bozdy. Ene-atasy tarapyndan gargyş iýdi. Ýöne hernäçe ata-enesine boýun

[1] Keffaraty bolmadyk kasam—toba edip bolmajak kasam.

bolmasa-da, soltanyň permany tendäki jan ýaly biziň üçin zerurdyr. Soltanyň hereketinden soňra ony gowy taýýarlyk bilen yzyna ibererin.

Ol wada berşi ýaly öz sözlerinde tapyldy.

Soltan ugramaga taýýar bolanda Yzzeddin Sekmazyň Yspyhandan gelen Gylyç atly bir gulamyny huzuryna getirýärler. Takdyr nakgaşy onuň keşbini günden alyp, onuň owadanlygyny we görmegeýligini Ýusup bilen deň eden bir türk gulamydy. Onuň mysaly şudur, ýagny şahyr şu rubagyda ony şeýle wasp edýär:

> Tanasoha[1] ynanýan mezhepli adamlar,
> Düýn sen gideňde saňa seredýärdiler.
> Olar biri-biriniň öňünde kasam içýärler,
> Bu şol öňki Ýusubyň gaýdyp geldigidir.

Soltan Gylyjy hormatlaýar we öz ýanynda gulluga goýýar. Soltan Yspyhana ýeten wagtynda dogany Gyýaseddiniň görnükli adamlar we han-begler bilen Reýdedigi baradaky habar gelýär. Soltan Jelaleddin doganynyň we onuň ejesiniň ýanyna bir adam iberýär we aýdýar:

— Myhmanlardan gaçmak we gizlenmek boljak iş däldir. Üstesine, häzir garşy çykmagyň we uruşdyr jeň etmegiň ýeri däl. Uly arzuwlaryňyz hem-de açyk göwün bilen bäri geliň. Kalbyňyzda şek-şübhä ýol bermäň.

Soltanyň hyzmatyna gelen her kim kabul edildi. Gyýaseddin ähli özüne çekijiligiň we ünsüň doganyndadygyny görüp, köne ýaranlarynyň birnäçeleri bilen gyzgyn mähirli doganynyň hyzmatyna geldi. Soltan her kime derejesine görä orun berdi.

---

[1] Tanasoha — bu pelsepewi pikir bolup, jan tenden çykandan soňra ruh täze doglan jandara ýa-da adama geçýärmiş.

Zerur şa permanlaryny we buýruklaryny çykardy. Soltanyň işleri bilen welaýatlarda we sebitlerde berklik ýüze çykyp başlady. Ýurt işleriniň dolandyryjysy Nureddin kätipdi. Nureddin yzygiderli şerap içmeklik bilen meşgul bolýar. Bir gün säher bilen Kemaleddin Ysmaýyl Yspyhanyň belli adamlary bilen Nureddiniň ýanyna gidýär. Ol heniz serhoşluk ukusyndan oýanmandy. Aşakdaky rubagyny goýup yzlaryna gaýdýarlar:

Seniň bilimiň we bu badaparazlygyň[1],
Edil belentligiň we pesligiň
bilelikde bolşy ýalydyr.
Seniň ahwalyň, gözelleriň
gözüne meňzeýär,
Ýagny hemişe nurdur meslik
olar biledir.

Nureddin kätibiň hem soltan hakynda kasydasy bardyr. Ol şudur:

Gel, eý jana, älem ýene-de
şady-horram boldy,
Uly patyşa – beýik soltan
Jelaleddiniň şuglasyndan.

[1] Badaparazlyk – şeraphorluk.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ BAGDADA ÝÖRIŞI

Soltan 621[1]-nji ýylyň ilkinji aýlarynda Testere gidip, şol ýerde gyş paslyny geçirmeli diýen karara gelýär. Ilki bilen aňtawçy topar bolan Ilçi Pälwany iki müň adam bilen şol ýere iberip, özi onuň yzyndan gidýär. Ýöriş wagtynda Süleýman şa soltanyň hyzmatyna gelip, aýal doganyny oňa berýär. Soltan Şaburhasta ýetip, bir aý ol ýerde galýar. Şaburhast uly we meşhur şäher bolup, onuň ady taryhy ýazgylarda bardyr. Ýöne häzir ondan köp alamat galmandyr.

Atlar dem-dynçlaryny alanlaryndan soňra, soltan Yrak tarapa ýola düşýär. Ol möminleriň emiri Nasireddinyllanyň özüniň ygtyýaryna berjek kömegi bilen duşmanyň garşysyna diwar döretmek kararyna gelipdi. Özüniň barýandygyny we pikirini habar bermek üçin ilçi iberýär. Möminleriň emiri ol sözlere hiç bir ähmiýet bermeýär. Heniz Jelaleddiniň geçen günlerde atasyndan we ata-babalaryndan galan duşmançylygy möminleriň emiriniň kalbynda galypdy. Şoňa görä Nasreddinylla ýurdunyň sebitlerinden gelen emirlik derejesine ýeten gulamlaryndan bolan Guşdemiri ýigrimi müň adamy bilen Soltan Jelaleddini özüniň ülkesiniň sebitlerinden kowmagy tabşyrdy. Şeýle hem habarçy kepderilerini Erbil tarapa iberip, Muzaffareddiniň hem soltany gysmak üçin on müň goşun ibermegini sorap habar etdi.

Guşdemir Erbil goşunlarynyň özüne goşulmanka adamlarynyň köplügine, soltanyň goşunynyň azdygyna baýrynýardy.

[1] Milady ýyl hasabynda 1224-nji ýyla gabat gelýär.

Soltan Jelaleddin ýakyn gelen wagtynda Guşdemiriň ýanyna bir adamy iberýär we aýdýar: «Biziň bu ýerlere gelmekden maksadymyz möminleriň emiriniň saýasyndan aman-esenlik gözlemekdir. Sebäbi güýçli duşmanlar galkyndylar hem-de şäherlerdir bendeleriň üstünden agalyk gazandylar. Häzir hiç bir goşunda olaryň garşysyna çykmaga güýç-kuwwat ýok. Eger halypadan kömek alsam we onuň razylygy bilen arkalansam, ol goşuny dep etmek elimden geler».

Guşdemir pendi-nesihaty eşitse-de, eşitmezlige saldy we leşger toplamaga meşgul boldy.

Soltanyň hem söweşmekden we meseläni çöp döwen ýaly etmekden başga çäresi bolmady. Onuň leşgeriniň sany Guşdemiriň leşgeriniň ondan biriçe-de ýokdy. Soltan bir topar atlyny gizlin ýerde goýup, özi bäş ýüz atly bilen durdy hem-de olaryň merkezine we ganatlaryna iki-üç gezek hüjüm edip, yzyna dolandy. Guşdemiriň leşgerleri «Duşman goşuny gaçdy» diýip pikir etdiler. Soňra yzyndan kowdular. Bukuda duranlar olaryň yzyndan geldiler. Soltan ýene yzyna dolanyp, olara tarap gaýtdy. Olar gaçdylar. Soltan Bagdada çenli olaryň yzyndan kowdy. Ol ýerden hem geçip, Dekuk tarapyna ýola düşdi. Haçanda ol ýerden gaýdyp gelenlerinde aňtawçylar yzlaryndan ýetip, Muzapbareddiniň Erbil leşgerleri bilen ýetip gelýändigini hem-de leşgeriň öňünde kiçiräk goşunyň bardygyny aýdyp, soltanyň üstüne bukudan tötänlikde çozmakçy bolandyklaryny habar berdiler.

Soltan iýer-içer ýaly azyklary alyp gitmegi buýruk berip, özi batyr atlylary bilen dag tarapdan gitdi. Goşunyň garşydaşlaryndan üstün çykjagy mälim bolanda Soltan hüjüme girişdi we birden Muzapbareddiniň ýanyna ýetdi. Muzapbareddin gudraty güýçli Soltanyň penjesine düşen wagty soltan onuň öňki etmişlerine göz ýumup, günälerini geçdi. Muzapbareddin öz etmişinden utandy we ötünç sorady. Ol şu güne çenli soltanyň açyk göwünliligine, sabyrlylygyna we belentligine ýetik

däldigi üçin gynandy. Soltan Muzapbareddini uly ýollarda asudalygy üpjün edýänligi we gozgalaňlary basyp ýatyrandygy üçin ony öwdi. Ony uly sylaglar bilen hormatlady.

Muzapbareddin soltanyň rugsat bermegi bilen şähere gitdi we köp işleri bitirdi.

Soltan ol etraplardan Arrana tarapa gitdi. Şol wagtlar häkim Atabeg Uzbegdi. Ol soltan bilen söweşmäge güýjüniň bolmandygy üçin aýaly Soltan Togrulyň gyzy Melikäni şäherde goýup, Töwrizden gaçdy. Soltan Töwriz derwezesine gelip, şäheri gaban wagty ol ýerdäki Uzbegiň emeldarlary onuň bilen söweşdiler. Melike soltany ýerinden gozgap bolmajagyna göz ýetirýärdi. Üstesine-de, öz kalbynda Uzbegden hem öýkelidi. Ol soltanyň ýanynda adamsy Uzbeg bilen duşmançylykdadygyny bildirmek üçin gizlin habar iberdi. Şeýle-de Bagdat we Şam kazylarynyň mezheplerine laýyklykda üç talak baradaky pitwasyny ugratdy. Soltan bilen ylalaşyk etjekdigi barada karara geldiler. Ylalaşyk boýunça Melikä hazynalary we agyr ýükleri bilen Nahçewana gitmeklige rugsat edilmelidi. Ondan soňra Soltan Nahçewana gelip öýlenmelidi. Soltan hem nyşan hökmünde Melikä ýüzügini iberýär.

Iki günden soňra Melike şäheriň han-beglerini we şäheriň tanymal adamlaryny çagyryp aýdýar: «Ol beýik soltan, Uzbeg-de bolsa ondan goranar ýaly güýç ýok. Eger onuň bilen ýaraşyk baglaşmasa, ol şäheri basyp alanda, kakasy Samarkandy basyp alanda näme eden bolsa, ol hem şeýle eder. Eger-de maslahat bolsa, kazylary we alymlary onuň ýanyna ibereli. Uzbegiň we onuň töweregindäkileriň namysyna degmeseler we olaryň her ýana gitmegine päsgel bermeseler, şäheri olara tabşyrarys. Meniň gözüm ýetýän zatlar şulardyr. Siz, ýagny Uzbegiň ýaşululary, nämäni göz öňüne getirýän bolsaňyz aýdyň».

Adamlaryň hemmesi biragyzdan: «Melikäniň pikiri şanyň pikiridir. Bu akylly maslahatdyr» diýip jogap berýärler.

Şu tertipde zamananyň baş kazysy Yzzeddin Kazwinini gizlin goşun bilen soltanyň ýanyna iberýärler. Geçirimlilik edip, günäleriniň geçilmegini soraýarlar. Melikä we Uzbege degişli adamlara hiç hili zyýan ýetirilmän, islän ýerlerine gitmeklige rugsat bermeklerini soraýarlar. Soltan bularyň haýyşyny artygy bilen kabul etdi we: «Nirä gitseler gitsinler» diýip rugsat berdi. Ertesi gün dogan wagty Uzbegiň han-begleri we şäher ýaşulularynyň ählisi sowgat-serpaýlar bilen soltanyň köşgünde peýda boldular we tagzym etdiler. Olar soltanyň ýüzünde mälim bolan açyk ýürekliligi, dilewarlygy we gowy gylyk-häsiýeti görýärler. Melike hem öňden bellenen ýol bilen ýöredi.

Soltan 622[1]-nji ýylda şähere girdi. Adamlar onuň gelmegini mübärekläp, gutlag sözlerini aýtdylar. Soltan birnäçe günläp şäherde galdy. Soňra Nahçewana geldi we ulamalaryň pitwasyna laýyklykda Melikä öýlendi. Soň Uzbegiň ýörän ýolundan ýöredi.

Şol wagtlar Uzbeg Elneje galasyndady. Soltanyň Nahçewana ýetdi diýen habaryny eşiden wagty nähili wakanyň bolandygyny aňdy. Içindäki dermansyz derdi daşyndaky derdi bilen birleşip, keseli beterläp, şol gün jan tabşyrdy.

Jan gitmekligi niýet etdi, men aýtdym gitme.
Aýtdy, nädeýin öý (göwre)
ýykylyp barýar.

Ynsan namysa we maşgala degişli gabahat ýagdaýlara çydamaýar. Beýik pygamberimiz aýdýar: «Aýallar we aýallary ýatlamak baradaky kynçylyklara çydamak, başga kynçylyklara çydamakdan agyrdyr».

[1] Milady ýyl hasabynda 1225-nji ýyla gabat gelýär.

## SOLTAN WE GÜRJÜLER, OLARYŇ ÝOK EDILMEGI

Adatça bolşy ýaly, Atabeg Uzbegiň döwleti dargadylyp, onuň patyşalygy Soltan Jelaleddiniň eline geçende, ähli etraplaryň adamlarydyr goşuny ýüzlerini Soltan Jelaleddine tarap öwürdiler. Ine, şol wagtlar hem kapyr gürjüler welaýaty eýelemek islegleri bilen gurşadylar. Olar ilki bilen soltany kowup, Töwriz patyşalygyny eýelejek bolýardylar. Soňra Bagdada gidip, halypanyň ornunda Jaseliki oturtmagy we metjitleri ýykyp, hristian ybadathanalaryny gurmagy niýet edýärdiler. Şu arzuwlara umyt baglap we tekepbirlikleri bilen elleri ok-ýaýdyr taýak bilen ýaraglanan otuz müň adam toplanyp ýöriş etdiler.

Bu habar gelip ýeten wagty soltan heniz aladalaryndan saplanmandy, goşuny azdy. Muňa seretmezden, ol hiç hili ikirjiňlenmän, gürjüleriň garşysyna bar goşuny bilen çykdy. Ertirki günüň nury gijäniň garaňkylygyny ereden wagty olaryň Gerbi jülgesinde ýerleşen düşelgesine ýetdiler. Olar heniz şerap içişlikden soňky ukularyndadylar. Gürjüler ellerini söweşe galdyrmaga ýetişmänkäler, soltan üstlerine çozup ýeňiş gazandy. Gerbi jülgesinde çuň gowak bardy. Gürjüler özlerini şol ýere atýarlar. Ýöne gozgalaňçylaryň baştutany Şilwany hem-de Iwany ele salýarlar we zynjyrlap, soltanyň huzuryna getirýärler. Daşky sypaty jeň adamsyny ýada salýan daýaw pyýada Şilwandan soltan soraýar:

— Hany, öňki gahar-gazabyň nirede? «Kesgir gylyjyň eýesini maňa görkeziň» diýýärdiň-le?!

Ol jogap berýär:

— Bu ýagdaýy soltanyň bagtly ýyldyzy amala aşyrdy.

Soňra oňa musulman bolmaklygy teklip edýärler. Ol aýdýar:

— Ekerançylyk meýdanlarynyň içinde göz degmezligi üçin eşegiň kellesini asmak däpleri bar. Yslamyň bossanlygyna hem eşegiň kellesi gerekdir.

Soltan ýeňiş gazanandan soňra Töwriziň merkezine gidýär. Şol ýurtlarda soltanyň şöhratyndan kalplarda titreme döräp, duşmanlary gorky basýar. Onuň goşuny indi öňküsine seredeniňden artykdy. Soltan Şilwany we Iwany hormatlaýar hem-de bular gürjüleri basyp almaklykda kömek eder diýen niýet bilen Merendi, Selmasy Urmiýa we Uşnuny olara berýär.

Takwasyzlardan näme umyt bar,
Poslan zat ýuwulmak bilen ak bolup bilmez.

Soltan köp pyýada hem-de atly goşun taýýarlap, Şilwany we Iwany (olar ýalan wadalary berip, şol bir wagtda hem ýalançylyk tanapynyň üsti bilen mekir tilkiniň şiri zynjyrlajak bolşy deý olar hem soltany ölüm çukuryna oklamak isleýärdiler) şol goşun bilen iberýär. Özi bolsa nikalap alan aýalynyň ýanyna däl-de, nikalaşmadyk aýalynyň ýanyna gitmegi maksat edinip, Hoýa ugraýar. Ol ýerden Gürjüstana gidýär we Gürjüstanyň merkezi bolan Dwine baryp, öz goşunynyň başyndaky Mälik Taşytdary Gyzmäligiň ýanyna ilçi hökmünde iberýär. Gyzmälik bütin Gürjüstanyň patyşasy bolan aýal maşgalady. Möminleriň emiri Abubekir (goý, Hudaý ondan razy bolsun!) Ajamyň şasy bir aýal maşgaladygy baradaky habary eşidende şeýle diýipdir: «Her kim öz işini aýala tabşyrsa, har bolar».

Günlerde bir gün Mälik Taşytdar Kür derýasynyň kenarynda durka, Şilwanyň ýanyndan gelýän bir serhoş adam onuň ýanynda özüni gödek alyp baryp:

— Tiz wagtdan Gyzmälik goşun ýollar. Soltany we onuň goşunyny Merkap jülgesinde ele salarys we güýjümizi görkezeris – diýýär.

Şol pursatda Mälik Taşytdar ony öldürýär we guş kimin soltanyň ýanyna howlugýar. Azançylar säher wagty namazhonlary ukudan oýarýan wagty, soltanyň ýanyna baryp ýetýär. Oňa ýagdaýyň hakyky tarapyny we ýalňyşdyrýan ugruny aýdýar. Soltan Şilwany, Iwany hem-de olar bilen bilelikdäki kyrk emiri getirmekligi buýurýar. Olardan:

— Siz bilen maslahatlaşmak isleýäris. Biz haýsy ýol bilen gitsek gowy bolarka?! Gors ýolundamy ýa-da Merkap jülgesinden? –diýip – soraýar.

Şilwan we emirler aýdýar:

— Gors ýoly şäherler bilen gurşalyp, ondan geçmek kyn bolar. Ýöne Merkap ýoly ýollaryň ortarasynda ýerleşip, Tiflise ýakynrakdyr. Biz ol ýere baranymyzda soltanyň gelendigi sebäpli goşun dargar we Tiflisi boýun egdireris.

Soltan olaryň gara niýetleri mälim bolan wagty, ýerinden turýar-da, elindäki gylyjy bilen Şilwany göwresiniň ortasyndan çapyp ikä bölýär. Onuň ganyndan gylyç hapalanýar. Soňra olaryň ählisini dowzaha ibermekligi buýurýar. Soňra haýsy ýoly saklamaklyk babatda emirleri bilen maslahatlaşýar. Her kim öz pikirini aýdýar, soltan aýdýar:

— Meniň maslahatym şeýledir, ýagny olar entek Şilwan we Iwan baradaky täzelige garaşyp otyrlar. Heniz bu ikisi baradaky habar baryp ýetmänkä, olaryň üstüni basalyň.

Şeýlelikde, on müň batyrgaý adamy bolan goşun dessine ýöriş edýär. Diňe bürgüdiň uçup geçip biljek Bendi penbe geçidine çenli pyýada ýöreýärler we goşun hem onuň yzy bilen

barýar. Eger-de sugunlar olaryň dagdan we jülgeden nädip ýol geçýändiklerini gören bolsalar, onda olar ýüzlerini utançdan ýaňa sallardylar. Olar säher wagty duşmanlar bilen garpyşdylar. Iki tarapdan güýçli söweş başlandy. Heniz hakykat üstün çykýança iki tarapyňam elleri gylyçdyr ýaýdan aýrylmady. Hudaýa şek ýetirýänleriň köpüsi ýokluk duzagyna düşdüler. Ýoldan çykanlar ajal ýylanynyň torundan heläk boldular. Soltanyň daş-töweregindäkiler ýeňiji boldular, şeýtanyň dostlary ýeňildiler. «Eýsem, olar özlerinden ozal hem ençe asyrlary, öwlat-nesilleri we olaryň öz ýanlaryna gaýdyp gelmediklerini görmedilermi?!».[1]

Şol gün garaňky düşen wagty, soltanyň goşuny ol ýerde ornaşýar we ertesi gün säher bilen Lur sähralygyna gelýär. Aýaklaryň tozany şeýle bir belende galanlygy sebäpli, olar biri-birlerini-de tanamaýardylar. Tozan ýatyp, günüň ýokary galan wagty olar gürjüleriň halynyň duzaga düşen awyň ýagdaýyndaky ýalydygyny hem-de olaryň bäş-bäşden we on-ondan toparlara bölünendiklerini gördüler. Her kim gürjüni gören ýerinde öldüripdir. Şeýlelikde, gürjüleriň köp sanlysy öldürilýär we öz öldürilen ýaranlarynyň yzyndan gidýärler.

Soltan Lura gidýär we onuň ilatyna amanlyk berýär. Ol ýerden Alyabat galasyna gidýär. Halk amanlyk soraýar. Soltan olara-da hiç bir zyýan ýetirmeýär. Bütin aşyr we sapar aýlarynda goşunda galýar. Haçanda maňlaýy dört tirkeşikleriň birinji aýyna diränden, soltanda şikara çykmak höwesi döreýär. Muny eşiden gürjüler bäş ýüz sany atlyny soltany duýdansyz mekir kemerleri bilen baglamak we yslam alawyny öçürmek üçin iberýärler.

---

[1] Gurhanyň 36-njy («Ýasin») süresiniň 31-nji aýaty.

Sam dessanyň ogly jahan çapyksuwary
Oýunda başyny duzaga düşürmedi.

Soltan olary gören badyna güýçli siliň gaýdandygyny bildi. Belki, Perwerdigär tarapyndan kömek bolar we ykbal ýeli öwser hem-de hak olaryň gözüne görner diýip umyt etdi. Uruş başlady. Hut ýeke özi «bir adam bäş ýüz adamy agdararyny» etdi, her urgusynda olardan birnäçe adamy ýykdy. Haçanda soltanyň goşuny bu ýagdaýdan habarly bolanda dessine ýetip geldi. Olaryň sany on müň adama ýetdi. Ur han Tiflisiň goňşusynda penalandy. Ahyry soltan ýaranlarynyň we ruhanylarynyň bir topary bilen duşmanlara tarap ýöneldi we gylyçdyr naýza bilen olaryň köpüsini topraga gardy.

Dag ýaly tolkunly deňiz öýdýärsiň,
Gylyç onda yzyny goýýar.
Güneş buludyň astynda öýdýärsiň,
Ýogsa, haýbaty ondan ýokarda.

Gürjüstan halky soltanyň ýara salşyny gören wagtlary gaçdylar. Haçanda şähere girýänleriň gaýduwsyzlygyny görenlerinde, eýerlerini derýa tarap öwürdiler we gorkudan ýaňa ýaraglaryny hem atlaryny derýa taşladylar. Özleri bolsa ýele sowrulyp, dowzah oduna gitdiler. Galanyň ýaşaýjylary bu ýagdaýy gören wagtlary söweşe başladylar. Soltanyň goşuny jan alyjylyk bilen olary biçäre we perişan etdi. Olar Gyzmäligiň hazynasyny derýa okladylar we ertesi gün gürjüler günäleriniň geçilmegini soradylar. Soltan olaryň arzyny kabul etdi we soltanyň hut özi ol kowum ýurtdan çykyp, Abhazyň töweregine ýetýänçä dik durdy. Tiflisiň töweregindäki goşunlary ähli obany we galalary düýbi-teýkary bilen ýok etdi. Goşun bihasap olja eýe boldy. Soltan ir döwürlerden bäri taglymat ýaýratmakda

uly ähmiýeti bolan Tiflis ybadathanalarynyň ählisini ýykyp-ýumurdy hem-de olaryň ýerinde yslam metjitlerini bina etdi.

Şu aralykda Barak dostluk gatnaşygyny kesip, Kermandan Yragy basyp almak üçin ýola düşdi diýen habar gelip ýetdi. Soltan ony ýok etmek üçin ýyldyrym kimin ýerinden gopdy we başardygyça goşuny özi bilen äkitdi. Goşun giňişlikdäki ýel kimin öňe gidýärdi we howadaky ot kimin ýokary galýardy. Menzillerde we ýollarda esasy goşun Jelaleddinden yza galýardy. Olar on ýedi günüň dowamynda Tiflisden Kermana ýetdiler. Soltanyň ýanynda üç ýüz atlydan artyk goşun ýokdy. Barak Hajyp Soltanyň at-owazasyny eşidip, bol peşgeşleri onuň huzuryna iberdi we ötünç sorady. Soltan birnäçe gün dynç almak üçin Yspyhana geldi. Yragyň han-begleri oňa hyzmata gaýtdylar. Kemaleddin Ysmaýyl bu uzak kasydany onuň şanyna aýdýar:

Ýene-de abadançylyk ýer ýüzüne ýaýrady,
Jahan patyşasynyň goşunynyň bereketi bilen.
Ynsanlardan we haýwanlardan diri galanlar
Diri galandyklary üçin bir-birini gutlaýarlar.
Soltanlyk bossanyndan şu nahal gögerdi,
Nahalyň ýapragy adyllyk, miwesi yhsandyr.
Onuň dergähinde ýene-de gulluk etmek üçin,
Ynsanlar täzeden gelşip başlady.
Dünýä we din abraýy Meňburny[1] ol şeýle bir şadyr,
Ony Hudaý jahana mynasyp Soltan edip ýaratdy.
Berekella, seniň güýjüňe we kämil garaýşyňa,
Berekella, beýan etmeden daşary manyly sözleriňe.
Ýaradyjy Hudaý seni iberipdir,
Dünýäniň çar künji seniň patyşalygyňda bossan bolar ýaly.

[1] Meňburun – Soltan Jelaleddiniň lakamy.

Seniň baran ýeriňde adyl bolmagyň seniň patyşalygyňa şaýatdyr,
Öz dürs hökmüň bilen muňa şaýatsyň.
Sen Nuh kimin ömür sür, sebäbi älem-jahanda,
Tupandan soň sen sebäpli abadançylyk geldi.
Sen haçlylardan yslam münberiniň aryny aldyň,
Sen azanyň ýerine goýlan jaňy aýyrdyň.
Sen adyllygyň ýüzünden zulum perdesini sypyrdyň,
Sen imanyň ýaňagyndan kapyrlyk örtügini aýyrdyň.
Seniň güýjüň bilen yslam sütüni güýçlendi,
Yslam kapyrlar bilen çaknyşyp, täç weýran bolupdy.

Soňra gürjüler jemlenişýärler we Soltanyň Tiflisde ornunda goýan weziri Ýyldyrjyny alaçsyz ýagdaýda Töwrize gitmäge mejbur edýärler. Gijäň ýarynda Melek Eşrep Hajyp Alyny üstlerine çozmaklyk üçin Ahlata iberýärler. Şuňa görä ol Ahlata gidip, oňa kast edýär. Gürjüler ýene bir gezek Tiflise gelip, metjitleri weýran edýärler we musulmanlary kowýarlar. Soltan bu habarlary eşidip, alaçsyz bolup, janyny agyrdýar hem-de derrew Genjä dolanýar.

Soltanyň goşuny Ahlatyň derwezesine ýetip, özlerini şäheriň içine atdylar hem-de ellerini ölüm-ýitime we talaňçylyga urdular. Adamlaryň dady-perýady ýokary göterildi. Soltan ol jemagat şäherden çyksynlar diýip buýruk berdi. Duşmanlar hem gozgalaň turuzdylar. Goşundakylaryň birnäçesini öldürýärdiler we galanlaryny çykarýardylar. Işiň gidişi peseldi. Habar gelip ýetenden soň «Naýmas we Taýnal Yrak tarapa gitdi. Ol ýerden saklanmaga mümkinçilik bolmansoň Töwrize geldiler» diýen habar gelende, Soltan ol ýerden Yspyhana gitdi. Soltanyň her ýerde bolan az sanly goşuny we adamlary onuň hyzmatyna gelýärdiler. Mongol goşuny hem Reýe gelip ýetdi. Soltan işi düzgüne saldy we söweşmek üçin ýeňlerini çermedi. Ähli hanlary we begzadalary leşgerden çagyrdy we aýtdy:

— Uly wakalar we elhenç bela ýüze çykdy. Eger özümizi gorka we nalajedeýinlige aldyrsak, onda hiç zada umyt galmaz. Biziň goranmagymyz gowudyr. Eger sabyr etsek bu beladan gutularys. Eger iş başgaça bolaýsa, şehitlik we seýitlik derejesinden mahrum bolmasak gerek.

«Eý, möminler, dinsiz jemagat bilen garşylaşanyňyzda sabyrly boluň we hemişe Allany ýat ediň. Hökman hajat taparsyňyz»[1].

Hemmeler bir dil, bir ýürek bolup, Soltanyň sözlerini makulladylar. Soltan goşuny düzgüne saldy. Goşunyň merkezini we iki ganatyny berkitdi. Sag ganaty özüniň biwepa dogany we zalym egindeşi Gyýaseddine tabşyrdy. Özi goşunyň merkezinde durdy we goşuny harby düzgüne saldy. Ol çep we sag ganat bilen bilelikde garşydaş goşunyň merkezine hüjüm etmek isledi. Dogany Gyýaseddin, Ýyldyrjy Pälwan, ýaranlary we başga-da bir topar muňa garşy çykdylar. Şu sebäpli Soltan Jelaleddin ynjady. Närahatlygyny hiç kime bildirmän, merkeze hüjüm etdi. Goşunlar çaknyşdy. Soltan mongollaryň çep ganatyny derbi-dagyn etdi. Mongol goşuny soltanyň merkeziniň arkasyndan geldi we soltanyň baýdagy ýerinden gozgandy. Sag ganat çep ganatyň yzyndan kowalady. Biriniň hem mundan habary bolmady. Soltan merkezde çykalgasyz ýagdaýa düşdi. Onuň ýanynda Mirahurdan başga adam galmandy. Her tarapdan tebil kakdylar. Soltan bu tebilçileriň merkezinden birini atdan ýykdy we beýlekisini ýaralady, ortaradan çykyp, Lurystana gitdi hem-de jülgede ornaşdy. Gaçanlardan bir-iki adam onuň yzyndan ýetdi we oňa birikdiler. Yspyhan ilatyndan we goşunyndan hiç kimiň soltanyň halyndan habary ýokdy. Käbirleri «Ony söweşde ýok etdiler», käbirleri bolsa «ýesir alnypdyr» diýip gürleýärdiler.

---

[1] Gurhanyň 8-nji («Olja») süresiniň 45-nji aýaty.

Mongol goşunlary Yspyhanyň derwezesine çenli geldiler we ol ýeriniň ilatyny gyssagly üç gije-gündiziň dowamynda Reýe kowdular. Ol ýerden Nyşapura ýola düşdüler we yzyna dolandylar. Soltan Yspyhan tarapa gitdi. Ilçileri öňden iberdi we özi yzyndan geldi. Ähli adamlar ony garşy aldylar. Onuň gadamyny mübärekleýärdiler we belalary dep ediji hasaplaýardylar.

Haçanda eýranlylar onuň
ýüzüni görenlerinde,
Birden hümerlenişip onuň
ýanyna gitdiler.

Soltan köp han-beglerden gaharly we öýkeli bolupdy. Soltan söweş güni hiç bir iş etmedik öz nesilşalygyndan bolan döwletiň atly-abraýly adamlaryny ýanyna getirmekligi hem-de olaryň kellelerine gyňaç atmaklygy we halkyň arasynda aýlamaklygy buýruk berdi.

## SOLTANYŇ GÜRJÜSTANA DOLANMAGY

Soltan 625[1]-nji ýylda Yspyhandan Gürjüstana gitdi. Rum, Şam, Ermeni hem-de şol töwerekleriň soltanlary onuň zarbasyndan, ar almagyndan, basyp almagyndan we soltanyň batyrgaýlygyndan gorkup, söweşde agzybir bolmaklyk barada birekbirek bilen ylalaşdylar. Şuňa görä gürji, alan, ermeni, serir, legzi, gypjak, sunrlar, abhaz, janyýet, şam we rum goşunlarynyň hemmesi jemlenişdiler. Şol goşunyň arasynda pelegiň odunyň gyzgynyny we durmuşyň kynçylyklaryny başdan geçiren adamlar hem bardy. Soltan wezir Ýyldyrjy we beýleki hanbegler bilen maslahat etdi. Ýyldyrjy şeýle diýýär:

— Biziň adamlarymyzyň sany ýüze-de ýetenok. Dogrusy, biz Mendurdan geçeli we olaryň yssydan ýaňa güýçleri gaçar hem-de atlary surnugar ýaly suwy saklaly. Şeýtsek daş-töwerekden leşgerleriň bize kömege gelmegine mümkinçilik dörär. Soltan hem häsiýetine laýyklykda gahar-gazaba münýär we ýanyndaky syýadany alyp, weziriň kellesinden guýýar. Ol:

— Olar mal sürüsidir. Ýolbarsa süriniň köplüginden arz-şikaýat etmek nämä gerek?! – diýipdir

Ýyldyrjy ýerliksiz aýdan sözlerine ökündi.

Soltan buýurdy:

— Iş diýseň kyn we agyr. Emma çykalga diňe söweşde we Hudaýa sygynmakdadyr. Kimiň ýeňiş gazanjagy belli däl.

[1] Milady ýyl  hasabynda 1227-nji ýyla gabat gelýär.

Soňra hazynalaryň gapysyny açdy. Atlary taýýarlady. Orta-ça we adaty adamlardan başga-da emirler we soltanyň ýakyn-lary hem başardyklaryndan bar zady göterdiler, Soltan taýýar boldy.

Goşunlar tebildir tüýdük, düýe we beýleki haýwanlar bilen gelip, birek-biregiň yzyndan hatara durdular we söweşe taýýar-landylar. Soltanyň leşgerini özleriniň leşgeri bilen deňeşdireň-de, ony derýadan gaýdýan bir kiçijik ýap ýaly gördüler.

«Eger sizden ýigrimi sany sabyr-takatly kişi bolsa, iki ýüz duşmany ýeňer! Eger sizden ýüz kişi bolsa, dinsizlerden müň ýagyny ýeňer! Muňa sebäp olaryň aňsyz kowumdyklarydyr»[1]. Gürji goşuny ýetip gelende soltanyň goşuny hem ýaraglandy. Soltan olary gözden geçirmek üçin belent baýyrlyga çykdy hem-de saýlama ýigrimi müň adamsy bilen gypjak goşunlary-nyň baýdaklaryny we nyşanlaryny gördi. Şol wagt Soltan Jela-leddin Kaşgary ýanyna çagyrdy. Nan bilen biraz duz berip, ony gypjaklylaryň ýanyna iberdi we aýtdy:

— Olary kakamyň zamanynda zynjyr astynda har saklanan-larynda, meniň olara şepagat bolandygymy we halas edendigi-mi ýatlat. Eýsem-de, şol eden ýagşylygym üçin gylyç çykarýa-ňyzmy diýip aýt.

Bu sözler jüpüne düşdi. Gypjak goşunlary durup, derrew mekanlaryndan daşlaşdylar we bir gyra çekildi. Soňra soltan olaryň ýolbaşçylary Iwana habar iberdi:

— Siz bu gün uzak ýoldan gelipsiňiz we atlaryňyz surnu-gyp, adamlaryňyz ýadapdyr. Bu gün şu görnüşde durarys. Sö-weşjeň batyrlar her tarapdan biri-biriniň yzyndan söweş meý-danyna gelsin. Uruş we sütem ýolunda ýekme-ýek çyksyn. Biz bu gün tomaşaçy bolaly we ertirki işi düzedeli.

---

[1] Gurhanyň 8-nji («Olja») süresiniň 65-nji aýaty

Iwan bu sözler bilen ylalaşdy we gaýduwsyz edermenlerini, dag bilen bäsleşip biljek serdarlaryny meýdana iberdi. Bu tarapdan hem soltan gizlin meýdana gitdi.

Ol leşgerden ýolbars kimin atylyp çykdy,
Hamala ýalyndan çykan gaýduwsyz adam kimin.

Adamlar daş-töwerekden tomaşa etdiler. Soltan Jelaleddin hem atyň üstünde tekbir aýdýardy.

Garşydaşynyň onuň kemerine naýza urdy,
Onuň kemerini üzüp, söweş eşigini ýyrtdy.

Iwan lagnat siňen atdan ýere gaçdy-da, jan berdi. Onuň üç ogly bardy. Oglanlaryň her biri ýeke-ýekeden gelip uruşýardylar. Soltan Allatagalanyň gudratly güýji bilen olara zarba urup, kakalarynyň yzyndan dowzaha ugradýardy.

Onuň haýbaty awa topulan bürgüt ýalydy,
Laçyn ýaly kepderileriň
ykbalyny çözýärdi.
Eý, seniň naýzaň söweş wagtynda,
Bagt ýyldyzlaryň gözüni ýumdurýardy.

Başga taýpanyň ýaşulusy Bisütün dag ýaly göwresi we uly sütün ýaly naýzasy bilen pil dek atyny münüp topuldy. Soltanyň aty ýorlup, hereketden galypdy. Gorkudan ýaňa aty ýöränokdy. Ol daýaw adam güýçli zarba urýardy. Ýöne soltan çaltlyk bilen onuň zarbalaryny ret edýärdi. Birnäçe gezek gelip soltana zarba urdy, ýöne agyr urgular däldi. Ýagdaýlar erbetleşdi. Mähriban soltan, şeýtanyň üstün çykmaklygy mümkindi. Patyşa gara döwüň eline düşüp barýardy. Bu gezek duşman hüjüm

edende soltan aty çapyp barýarka, onuň üstünden böküp ýere düşdi.

Şol wagtda ýerdäki perişdeleriň «berekella» diýýän owazlary asman jennetine çykdy. «Öz bendelerine kömek edýän Allatagala şükürler bolsun» diýen sesler yns-u jynslaryň gulagyna ýetdi. Iki tarap hem şeýle sahnany görüp, Rüstem Zal hem şular ýaly bolan däldir diýip haýrana galdylar we her biri şeýle diýýärdi:

Her birisi diýdi, bu Rüstemdir,
Ýa bolmasa dogup gelýän Günüň özüdir.

Birnäçe ýolbars ýaly adamlar bir pursatda bir atla iýmit boldy. Olaryň jesetleri itler bilen dazzarkellere şam boldy. Ol bagtyýatanlar gorkup, sussupes bolup başladylar. Yslam leşgerinden gorky gaýyp boldy. Soltan şol ýerden gamçynyň ujy bilen söweş adamlary meýdana girsin diýip yşarat etdi. Bir tarapdan gürji goşuny hem gaçdy. Garaz, üstünlik nyşanlary görnüp, ýeňiş nury ýüzüni görkezdi. Bir pursatda ölülerden minara döredi. Ýer ýüzi gandan boýaldy. Garamaňlaýlar gaçmakdan başga çäre tapmadylar, gijäniň garaňkylygyndan peýdalanyp gizlendiler. «Alla bendelerine zulum ediji däldir».[1] Daglarda, derelerde, sähralarda üstünlik owazlary möwç alýardy. Ýerde gorkan haýwanlaryň sesi belende galýardy. Şeýle bir uly oljalar ele salyndy weli, atdyr gatyrlary hasaba almagy-da goýdular. Pygamber dininiň düýbüni güýçlendirenden soň, soltanyň beýikligi, haýbaty dünýä ýaýrady. Bu hoş habar ähli ýerlere ýetdi. Mälikler we patyşanyň töweregindäkiler öz haklaryny aldylar. Soltan bu işleri ýerine ýetirenden soň Ahlata gitdi.

---

[1] Gurhanyň 3-nji («Imranyň öýi») süresiniň 182-nji aýaty.

## SOLTANYŇ AHLATA ÝÖRIŞI WE OL ÝERDÄKI ÝEŇŞI

Soltan Ahlata ýetip gelýärkä, gelendigini habar bermek üçin özüne hezzet-hormat edilmegini isläp, Ahlata ilçi iberdi. Ol ýeriň häkimi şähere kesekileri girizip, olary kabul etmekden boýun gaçyryp, garşylyk görkezdi. Derwezelerini bekläp, ol tagtyny depýändigini we özi üçin tikenli ýer taýýarlaýandygyny bilmeýärdi.

Soltan olar tarapyndan pendiň kabul edilmeginden näumyt bolup, leşgerlerine şäheriň daşyna halka çekmekleri we öýleri gurmaklygy buýruk berdi. Soňra manjanyklar bilen bir hatarda tire çarh[1] ýaly beýleki gurallar hem peýdalanylyp, nebit ulanyldy. Şäheriň daşynda-da urşa taýýarlanmaga başladylar. Manjanyklar iki tarapdan hem işe girizildi. Tire çarhlardan we el oklaryndan oklar jöwenek kimin ýagýardy. Ot açyjy söweşijiler derwezelere zarba urýardylar. Şäherliler hem olaryň garşysyna dürli-dürli hileleri ulanýardylar. Günler we aýlar şu tertipde geçýärdi. Şäherde açlyk peýda boldy. Olar gizlinlikde soltanyň ýanynda araçy bolmak üçin Bagdada, Ruma we Şama ilçilerini iberýärdiler. Möminleriň emiri Mustasyr Billa we Rum hem Şam soltanlary soltanyň olaryň günälerini geçmegi we Ahlatyň halkyna rehim-şepagat etmegi üçin ilçilerini iberýär. Emma ol ýeriň ýaşaýjylary boýun egmeýärdiler hem-de Ahlatyň nadan

[1] Manjanygyň bir görnüşi bolup, ol daşa derek ok atypdyr.

halky gedemsi bolup, sögünç agyzlaryny açypdylar we hapa samramalar bilen agyzlaryny ýyrtansoňlar, göýä şeýtan olaryň aňdyr damarlaryna giren ýaly bolansoň, soltan olaryň ilçileriniň getiren tekliplerinden ýüz öwrüp, eşitmezlige saldy we söweşden dänmedi.

On aýa golaý şu ýagdaý dowam edýär. Şäher açlykdan alaçsyzlyga düşýär. Soltan leşgerlerine her tarapdan zarba urup, özlerini şäheriň içine atmaklyga buýruk berdi. Ol ilatyň sögünçdir, gargyşlary sebäpli, soltanyň we onuň emirleriniň gazaby püre-pürdi. Şuňa görä daň atandan tä gün çykýança olaryň başyna ölüm salýarlar. Soltanyň gahar-gazabynyň şuglasy ýatyşanda ol biçärelere nebsi agyryp, gan dökmekligi tamamlamagy buýruk berdi.

Bu hadysadan soňra Soltan Mälik Eşrebiň köşgünde düşledi. Mälik Eşrebiň dogany Mejreddin özüniň Yzzeddin Aýbeg atly guly bilen azyksyz-suwsuz içki gala gitdi. Mejreddin soltanyň hyzmatyna geldi. Soltan oňa hezzet-hormaty rowa gördi. Mejreddin Yzzeddin Aýbegiň ganyny ötmek we täzeden äht etmek baradaky habaryny aýtdy. Soltan ýüzüni Mejreddine tarap öwrüp, şeýle diýýär:

— Sen soltanlyk dawasyny etmek bilen, nädip pula satyn alnan muhannes guluň töwellaçysy bolup bilýärsiň?! Seniň köňlüň nädip şu zatlara rugsat berdi. Bu zatlara rugsat bermek bolmaz. Näme isleseň et.

Soltanyň muny makul görmeýändigini bilip, köp haýyş etmegiň peýdasy ýokdugyna göz ýetirip, Aýbeg daşary çykdy. Ol birnäçe adamlary uruş lybaslaryny geýdirip, ellerine ýarag berip, içeri girenden soň gozgalaň turzup, birden patyşa zarba uruň diýdi. Gapyda duran sakçylaryň gözi olaryň geýimlerine düşdi, olaryň bir erbet pikiriniň bardygyny aňyp, olary içeri girmäge goýman, Aýbegiň ýeke özüni soltanyň ýanyna alyp

bardylar. Soltan oňa üns bermän, topary bilen zyndana salmaklygy buýurdy.

Pelekleriň jemşidi şam saparyna gidende[1] soltan wagtyny Iwanyň gyzy, ýagny Mälik Eşrebiň aýaly bilen geçirdi. Ol hatynyň durmuşa çykanda galan kinesini täzeledi. Okyjylar şu wakadan pent alsynlar. Mälik Eşrebiň hazynasyndan köp malmülk hem-de şäher baýlaryndan ondan hem köp baýlyk alnyp, Soltanyň hazynasy ýene-de jöwherdir, altyn kümüşden doldy.

Nureddin kätip şu waka barada «Fathnama» diýen kitabyny ýazýar.

[1] Gün ýaşyp garaňky düşende.

## SOLTANYŇ RUM SOLTANLYGYNYŇ GARŞYSYNA HEREKET ETMEGI

Gürjüler özlerini ulumsy alyp barýan, berk galalary döredip köp zatlary toplaýan şanly-şöwkatly halkdy. Bular zamananyň geçişinden, dünýe wakalaryndan uzakdylar hem-de rahatlykda ýaşaýardylar. Gurumyň[1] at gazanan adamlary, Şamyň, Rumuň ýaşululary birnäçe wagtlap gürjülere tabyn boldular. Soltan şeýle kowumdan üstün çykyp, olary boýun egdirdi. Şu ýeňişleriň owazasy we onuň zulumynyň täsiri ähli ýere ýaýrapdy. Şu sebäpli Rum we Şam patyşalary Bagdat patyşasy ýaly yzygiderli uly we gymmatbaha sowgatlary soltanyň huzuryna ugradýardylar. Onuň dergähi ýaşulularyň ýygnanýan ýerine öwrülip, tarapdary köpeldi, işi rowaçlandy. Hazynalary doldy. Ýurdy abadan boldy we adalatlylyk berkarar boldy. Şol wagt alymlaryň biri şu rubagyny aýtdy:

Eý, jahan şasy, hemme zat seniň islegiňe görä,
Bu jenjelli dünýä seniň guluň bolmaly.
Men sabyr edýän, älem-jahan zikgesi,
Seniň adyň bilen, seniň hutbaň bilen bezeler.

Soltan Ahlatdan Mulazjorda geldi. Ol ýerden Heretbirte gitdi. Şu aralykda soltan näsaglady. Soltan Ahlaty gaban wagty

[1] Garagurum bolaýmagy ähtimal.

iýmit-azyk kömegini berendigi üçin Arzyrum soltanyna köp sowgatlary we hormat bildirdi. Arzyrum soltany aýtdy:

— Soltan Alaýeddin Halapdyr we Şamyň patyşalary bilen şertnama baglaşyp, soltanyň garşysyna birleşdiler hem-de goşun toplamak bilen meşgul bolup ýörler. Şu günler maňa-da: «Eger sen soltan Ahlaty gabaýarka Arzyrumyň azygy bilen kömek etmedik bolsaň, soltana ol ýerde ornaşmaga mümkinçiligi bolmazdy» diýip, haýbat atýarlar.

Soltan bu zatlary eşidensoň, näsag hem bolsa, çalt ol ýerini terk etdi. Soň Muş sährasyna geldiler. Ol ýerde alty müň goşun Şama tarap barýardy. Olary gabap öldürdiler. Birnäçe günden soň, iki goşun biri-biri bilen duşuşdy. Rum soltany, Mälik Eşrep we başga soltanlar duşuşdylar. Şeýle bir leşger toplandy we olary uruş esbaplary bilen bezediler welin olaryň sany sanardan köp boldy. Olar bir belentlige çykyp, ot açyjylar, manjanykçylar, galkançylar, atlylar, pyýadalar öňünde hatara durdular. Uruş ody tutaşyp, şöhleler göterilip, ykbal şemaly öwsüp, arzuw gunçasy açylmaga ýüz uranda soltan kejebeden çykyp, ata münjek boldy. Ýöne şeýle bir horlanypdy weli, atyň üstünde-de oturyp bilmedi. Ata münmekden el çekdi. Ýaranlary dynç alsyn diýip maslahat berdiler. Baýdaklar üýtgedildi. Sag tarap we çep tarapdaky soltanyň esgerleri bu ýagdaýy görüp: «Soltan gaçandyr» diýip, pikir edip, yza çekildiler. Duşman leşgeri soltan hokga çykaryp, olary çöle çykarýandyr diýip pikir etdiler we hiç kim ýerinden gozganmasyn diýip buýruk berdiler. Soltanyň leşgeri her ýana pytrady. Soltan haýran galdy. Ol öz topary bilen Ahlata gaýdyp geldi. Ol ýerdäki goraýjy topary çagyryp, Hoý diýen ýere geldi.

Ol ýerde Mälik Eşrebiň doganlary, ýagny Mejreddini hormat bilen yzyna gaýtardy we Täkiýeddini musulmanlaryň emiri Mustansir Billanyň arada durmagy bilen hezzet-hormatlap, gaýtmaga rugsat berdi. Hasaleddin Kymry gaçdy. Onuň aýaly

Mälik Eşrebiň aýalynyň doganydy we ol hem şol ýerdedi. Soltan onuň hem abraýyna degmän, yzyna gaýtardy. Yzzeddin Aýbeg Dezmar galasynda ýogaldy. Örän täsin zat, eger pelek goldasa, oýnuň soňunda hokganyň içinden täzeçe oýun çykarmazdy!

Soltan heniz öňki bagtsyzlykdan gutulmanka şeýle habar geldi: «Täze Jurmagun Noýan Amyderýadan geçdi».

Jelaleddin weziri Şemseddin Ýyldyrjyny Kiran galasyna goragçy belläp, maşgalasyny oňa tabşyryp, Töwrize geldi.

Soňra Soltan özüniň möminleriň emiri hem-de Rum, Şam patyşalary bilen arasynda garşylyk bolsa-da, olaryň ýanyna ilçi ugradyp, şeýle habar iberdiler: «Çingiziň goşuny Amyderýadan geçdi. Tatarlaryň tüweleý ýaly goşunynyň yzynda ne şäher galar, ne-de adamlar. Şu ýeriň adamlarynyň kalbynda olara bolan gorky döredi. Eger meni ýyksalar, siz hem olaryň garşysyna durup bilmersiňiz. Men siz üçin Isgenderiň diwary ýalydyryn. Sizden haýyş edýärin, heriňiz bir leşger bilen bir baýdagy maňa ugradyň. Eger olar muny eşitse, biziň dostlukly gatnaşyk açyp dilleşenimizi görüp, dişleri ötmez. Biziň goşunymyz güýçlener. Biz edip bilen zadymyzy etdik. Eger siz bu barada kemakyllyk etseňiz, onda özüňizden görüň».

Her haýsyňyz öz janyňyza çäre tapyň,
Bu işde paýhasy doly ulanyň.

Haýp! Haýp! Eger her bir ýürekde garşydaşlyk nahalyny ekseň we ony ýürek gany bilen suwarsaň, ol agaçdan tiken bilen ýaradan başga nähili miwä garaşmalydyr! Zäher atylan bulgurdan süýji tagamly şeraby tama etme! Birtopar gandöküjilikden soň, ötünç soramak uruşda ölenleriň ýarasyna melhem çalan ýaly, Suhrap ölenden soň direlýän derman getiren ýalydyr!

Çingiz hanyň güýçli bagty ähli patyşalaryň arasyna agzalalyk saldy hem-de Soltany gaýgy-gama we ýeňlişe sezewar etdi. Mongol leşgerleri Sarap diýen ýere geldi diýip habar geldi. Soltan derrew Beşkin tarapa ugrady. Gije bir öýde düşledi. Ol öý ýykyldy. Soltan bu hadysany erbet nyşan hökmünde gördi. Bu ýyllarboýy müňlerçe halka ölüm getiren döwletiň ýykylyşyndan habar berýärdi we ol döwletiň ölümini jar edýän sesi gulaklarda ýaňlanýardy. Ol jar şeýle diýýärdi: «Patyşalyk deprekleri başga nesilşalyklarda kakylýardy. Hakykatda, soltan diňe özüni görkezjek bolup, bokurdagy kesilen towuk ýaly tapyrdaýar. Şeýle bir ýyrtyjy haýwana meňzeşdi welin, ol şadyýanlyk bilen aýlanyp oýun görkezer ýaly awçy ony tutup, daňyp onuň üstünden gülmek üçin kähalat ýüpüni boşadýar. Oýun gutarandan soň ýene-de ýüpünden dartyp berkidýär. Pelek dünýä onuň bilen şeýle gatnaşyk edip, ony aldaýardy. Gör, nähili gowy sözler: «Haçanda özlerine berlen zatlar üçin şat bolup durkalar, olary Biz duýdansyz tutduk. Şeýdip bütinleý namyrat bolup galdylar».[1]

[1] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 44-nji aýaty.

## MONGOLLAR WE SOLTAN

Hernäme-de bolsa, Jelaleddin ertesi gün Mugana gitdi. Bäş gün düşländen soňra, mongollar onuň yzyndan bardylar. Soltan ähli ýüküni goýup, Kuban daglaryna gitdi. Mongollar soltanyň ambarlaryny boşadanlaryndan soňra saklandylar. Soltan 628-nji ýylyň gyşynda Urmiýada we Eşnuda galdy. Kiran galasynyň ybadathanasynyň başyna bellenen wezir Şerepeddin Mälik Ýyldyrjy soltan ýok wagty gözlerini onuň namysyna hem-de hazynasyna dikdi diýip töhmet atdylar. Bu habar Soltana ýetýär. Soltan tä ol töwereklere gelýänçä Ýyldyrjy bu wakadan gorkup galadan çykmaýar we onuň özüni aman saklajakdygy barada kasam içmegini isleýär. Soltan Buky hany ony güýç ýa-da öwüt-nesihat bilen çykarmak üçin iberýär. Ol atlaryň baglanýan ýerine gelip saklandy. Onuň diwan ýaranlaryndan hem-de ynamdarlaryndan we ýoldaşlaryndan bolan han-begler hem-de ulamalar bu işi mese-mälim görensoňlar, Ýyldyrjydan gaçyp başlaýarlar. Weziriň baş ýazgydy ýetjek derejesine ýetdi. Jelaleddin bu meseläni şeýle düşündirdi:

— Men Ýyldyrjyny pahyrlyk çukuryndan çykaryp, ýokary derejelere göterdim. Iň aşaky basgançakdan uly derejä ýetirdim. Ýöne ol meniň duzuma hyýanat etdi.

Soltanyň görkezmesi bilen köşkdäki gullukçylar onuň toparyny taladylar hem-de ony gala saklaýjysyna tabşyrdylar. Biraz wagt soň gybatçylaryň sözüne ynanyp, ony ebedilik bendilige, belki, ölüme buýurdy. Soň hem eden işine puşman etdi.

Soňra soltan Diýarbekire üns berdi. Jurmagun leşgeri bilen yzyna gaýtdy. Çingiz han ony soltany gözlemändigi üçin günäkärläp oňa şeýle diýdi: «Jelaleddin ýaly güýçden gaçan duşmana we bizden gizlenen adama näme üçin pursat berdiň. Şeýle duşmany gözlemekde gaflatlyk bolarmy?!».

Çingiz han soň Naýmas we başga emirleriň ýolbaşçylaryny Soltana garşy birnäçe türkler bilen, mysaly Afrasyýabyň Gürkenden ar alşy ýaly ýyldyrym tizliginde Soltanyň yzyndan ugratdy.

Soltan Buky hany mongol leşgerleriniň ýagdaýlaryny bilsin diýip öňden aňtawçy edip ugratdy. Ol Genjä gelende, yraklylar Soltana garşy çykdylar diýip habar berdiler. Ol ne ol ýerde, nede bu ýerde mongollardan nam-nyşan gördi. Buky han emirlere mynasyp ätiýaçlyga üns bermedi. Ol bu töwerekde mongol ýok diýip, Soltana habar berdi. Soltan bu habara begenip, toýa başlady:

Patyşa şeýle bir toýa başlady,
Onuň köşgi bahar bagyna döndi.

Şeýle rowaýat bar:

Bir gün Mütewekgil öz ýaranlarynyň birine oýun-güýmenje bilen meşgullanmak we gadagan edilen işleri etmek dogrusynda sowal berdi. Onda ol adam şeýle jogap berdi:

— Durmuşy hezillik bilen ýaşaýmasaň mümkin däl, sebäbi bu dünýäniň gaýgy-gamyny şadyýanlyk bilen göteräýmeseň, başga çäre ýokdur.

Ýöne beýle diýmek her ýagdaýda hem dogry däl. Wakalar tapawut edýär. Ýolbaşçylar we emirler soltan bilen ylalaşyp, bulgurlary elden-ele berip, halka ýardam etmekde gowşaklyk etdiler. Şeýle ýagdaýda aýdym-saza we eşrete ýüz urdular. Urşa taýýarlyk görmän, deprek bilen gopuza ýapyşdylar. Aýalla-

ryň garynlaryny alymlaryň ýazan kitabyndan gowy gördüler. Owadan aýallaryň inçe bilini arassa bedew atlaryndan gowy gördüler. Bulgurlarda gan gaýnasa-da, olara şerap bolup göründi. Gopuzlaryň ahy-nalasy olara raks sazy boldy. Patyşanyň tagty bir wagtlar atyň üstüdi, geýimi uruş lybasydy, jylawy öz elindedi. Owadan, ýüzi perdeli gyzlar bilen oturym-turum etmän, gije-gündiz howply uruşlary saýlap alypdy. Indi Soltan ol däp-dessurlaryň garşysyna, söweşi eşrete çalyşdy. Pelek ýaralaryna şerap melhemini guýdy. Dostlaryň şerbetiniň ýanynda duşman zäheriniň bardygyny unutdylar. Sazyň taryny ýaýyň taryndan gowy gördi. Köne şeraby alyp, mukaddes aty unutdy. Bir adam şu ýagdaýy şygyr bilen şeýle beýan edipdir:

Eý, Soltanym, agyr meýden ne peýda,
Her zaman mesligiň soňunda näme bar?!
Dünýä weýran boldy, öňde-yzda duşman bar,
Soltan mes boldy, munuň soňy düşnükli.

Iki-üç gün şeýle eşretde geçdi. Birden göwreli gijeler hadysa çagalaryny dünýä inderdiler. Ýarygije Soltanyň akyl mesgeni nadanlyk we şeýtan öýüne öwrüldi. Ýürek söwdasy ynsan söwdasynyň merkezine öwrüldi. Nebis howasy jahan soltanynyň pikirlerini üýtgedip, emirleriň, wezirleriň mesligi olaryň akyl-paýhasyny gysgaltdy. Olar uzakdan görüjiligi unudyp rahatlandylar. Ulumsylyk leşgeri ynsan beýnisini işläre goýmady. Ähli adamlaryň we köp emeldarlaryň serhoşlukdan aýaklary daňlyp, elleri döwlüp, çöküp galdylar. Ahyry:

Garaňky gijeden bir bölek geçensoň,
Daň ýyldyzy pelekde görünensoň,

tatar goşuny, ýagny gaharly, gorkunç we wagşy adamlar arkaýyn we goragsyz ýatan kowumyň üstüne döküldiler. Olaryň goşunbaşysy Naýmasdy. Kagan tarapyndan Soltanyň yzyndan ugradyljak wagty Jurmagun Naýmasa garap: «Soltanyň soňuna sen ýetersiň» diýip aýdypdy. Şeýle hem boldy.

Mongollar sakçy bolaýmasyn diýip, oduň üstünden ýöreýän ýaly ýuwaşlyk bilen geldiler. Ur han olaryň gelenini aňdy. Soltanyň ýanyna bardy. Soltan parahat ýatyrdy. Ýöne wakalar irden gapyny kakar diýlişi ýaly, ol ümsümligi duýdy. Öz ýalňyşyny aňdy we indiki çäräniň kysmatyň elindedigini bildi. Pikir aty ýazgydyň garşysynda ejizledi. Hilegärlik oklary ýaýlarda çekilgi durdy.

Daň atmanka gelen myhman öz taýýarlygyny görkezdi. Soltan mes we gyzan kelläni sowatjak bolup, soň bir käse suw diledi. Demirçiň körügi ýaly gyzan ýüregi bilen, döwlüp suwy akyp duran küýzä meňzeş gözi bilen, az sanly goşun bilen, birtopar garakçylary we wezir-wekilleri bilen ýola düşdi. Patyşalygy bilen hoşlaşdy. Belki, ykbal hem bagt bilen-de hoşlaşandyr.

Eý, ýaşlyk, gijäň rahat bolsun,
Biz bilen sen kyýamatda duşarsyň.

Soltan az sanly goşuny bilen çykyp, Ur hana baýdagy ýerinden gozgatman, öňe gitmegi we duşmana garşy durmaga buýruk berdi. Ur han ol permany ýerine ýetirjek bolup, elinden gelenini etdi. Mongol leşgeri ol soltandyr öýdüp, yzyndan kowup, bürgüt ýaly yzarladylar. Onuň Soltan däldigini bilip, yzlaryna gaýdyp gelip, ak öýlerdäki soltanyň emirdir wezirlerini we esgerlerini gylyçlap, guşdur gurtlara şam etdiler.

Soltanyň men-menlik pikirinde jahangirlik bürgüdi ýumurtgalapdy. Ýöne ol jüýje çykarmanka eden arzuwlary topraga ga-

ryldy. Dirilik geýimi ölümiň ötgür dişleri bilen ýyrtyldy. Eger öň Ýedigen ýyldyzlary ýaly belentlikde bolsalar, indi çöp-çalamlara bulaşyp ýatan jeset boldular.

Bu garry çarhypelegiň işidir,
Kähalat ýaýdyr, käte ok bolar.
Käte mähir içre, käte zäherdir,
Bu dünýäniň ahwalaty şeýledir.

Soltan arzuwyna ýetip bilmejegine doly göz ýetirip ýola düşdi.

Ine, dünýäniň wepasy şeýle. Gör, nähili bolýar. Duzak içinde gurlan duzaga jahan diýerler we wagtyň, zamananyň wakalaryna gapan diýerler. Gaýgy merkezine ýürek diýerler. Pikir mesgenine jan diýerler.

Meň tutuş barlygym seň bilen bir boldy,
Bu gam çekýän menmi ýa sen, bilmedim.
Gam ýüregi halkalady «gir» diýdi.
Menem, senem birek-birege ýat däl.
Menden hiç zat daşaryk çykmaz,
Biziň üçin sarp edilen zat bizdendir.
Parahatlyk, dynç alyş döwri däl,
Apat möwsümidir pitne döwrüdir.
Bu jahan hemişe gozgalaňdan doludyr,
Jahan şasynyň döwleti synagdan geçýär.
Eý, sahawatly kişi, bil bu
dünýäň gowgasynyň—
Bary birje garry aýalyň ýürek ahydyr.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ IŞLERINIŇ AHYRLAMAGY

Soltan Jelaleddiniň ömri hakynda dürli-dürli garşylykly pikirler bar. Käbirleri ol Kuhustanyň Amyt diýen ýerine ýetende, gije bir ýerde ýatyrka, kürtler ony talamak niýeti bilen gursagyna agyr ýara salýarlar we nähili iş hem-de kimi öldürendiklerini bilmediler diýilýär. Elbetde, bu geň galar ýaly zat däl. Her ýerde Humaý guşy bar bolsa-da, ol bimahal baýguşyň penjesine düşýändir. Her ýerdäki ýolbars hem it bilen söweşende itden ýeňler. Şol adamlardan bir adam Soltanyň eşiklerini geýip, ýaragy bilen şähere gelipdir diýip aýdýarlar. Soltanyň ýaranlaryndan biri onuň eşigini we ýaragyny tanaýar. Wakadan habarly bolansoň, ony öldürýär hem-de gabyr gazyp, öldüren adamsyny Soltanyň ady bilen jaýlaýarlar. Ýene birnäçe adamlar «Soltan öz ýakynlarynyňky ýaly lybasy we sopularyň eşigi ýaly eşik geýip, şäherde we adamlaryň arasynda aýlanyp ýör» diýýärdiler.

Herhal-da bolsa, ol bu dünýäden ötdi we bu dünýäniň diwanalyk ýarasyndan dyndy. Birnäçe ýyllardan soňra «Soltany pylan mekanda görüpdirler» diýen gürrüňler ýaýraýar. Esasan, ony Şerepeddin Aly Teberşiniň wezirlik eden Yragynda köp görüpdirler diýilýärdi. Bu sözler köp ýyllap dillerden düşmeýär. Birnäçe gezek şäherde we etrapda «Soltan pylan galada we pylan mekanda» diýip, şatlykly habar berýärdiler. 633[1]-nji ýyl-

[1] Milady ýyl hasabynda 1235-nji ýyla gabat gelýär.

da Espidarda bir adam «Men Soltan» diýip, gozgalaň turuzýar. Onuň at-owazasy köp ýerlere ýaýraýar. Jandemiriň zamanynda ol adamy mongol emirleriniň birnäçesi yzarlap, ony öldürýärler. 652[1]-nji ýylda söwdagärleriň birnäçesi Jeýhun derýasynyň kenaryna ýetýärler. Olaryň biri «Men Soltan Jelaleddin» diýipdir. Ony hem öldürýärler. Herhal-da, bolsa bu boş gürrüňler we habarlar peýda getirmeýär.

«Alladan gaýry bir ylaha dileg etmäň! Hiç hili ylah ýok, meger diňe onuň özi bardyr. Barça zatlar gurban bolar, meger, diňe onuň özi bakydyr. Höküm onuň hökümidir we barçaňyz ýalňyz oňa gaýtarylarsyňyz»[2].

---

[1] Milady ýyl  hasabynda 1254-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Gurhanyň 28-nji («Kyssa») süresiniň 88-nji aýaty.

## ÝEMIN MÄLIK, AGRAK WE OLARYŇ IŞLERINIŇ SOŇY

Soltan Muhammet derýa kenaryna gaçyp gelende Ýemin Mälik Hyradyň ykta[1] ýerleriniň eýesidi. Ýemin Mälik Hyratdan howply ýollary geçip, Gazna bardy. Şol wagt Muhammet Aly Harpust Gur soltany tarapyndan iberilip, ýigrimi müň esger bilen Gaznadady. Ýemin Mälik Gaznanyň iki-üç menzillik ýolunda düşledi. Soň Muhammet Ala ilçi ugratdy we aýtdy: «Soltan Yraga gaçdy. Tatarlar Horasana geldi. Nähili ýagdaý bolsa-da, bile bolaly».

Şol wagtyň özünde Soltan Jelaleddiniň Şemsilmälik Şyhabeddin Saragty atly weziri Gaznadady hem-de Soltan tarapyndan Şähristana we şäher galasyna häkim bellenilen Salaheddin Misan hem ol ýerdedi. Soňra Harpust we onuň emirleri Ýemin Mäligiň hatyna şeýle jogap ýazdylar: «Biz Guruň adamlary. Siz bolsa türk. Biz siz bilen bir ýerde ýaşap bilmeris. Soltan her kowumdan her kime ykta beren bolsa, her kim öz ýerinde bolsa gowy bolar. Başymyza näme gelse göreris».

Ilçiler birnäçe gezek baryp gelseler-de, netije bermedi. Şemsilmälik wezir we Salaheddin Harpustyň garşysyna dil düwşüp, şeýle diýdiler: «Soltana bolan gahary gurlular henizem ýüreklerinde saklaýarlar. Ýemin Mälik Soltanyň golaý garyndaşy. Oňa Gazna girmäge ýol bermeýärler».

---

[1] Ykta – mülk.

Şol wagt Gazna leşgeri şäherden ýarym parsaň uzaklykdaky leşgergähde ýerleşýärdi. Şemsilmälik wezir we gala häkimi Salaheddin Harpustyň garşysyna dil düwşüp, ony bir baga myhmançylyga getirdiler. Şol myhmançylykda Salaheddin Nusaýy duýdansyz Harpusty pyçaklap öldürdi. Olar ony öldürensoň, leşgere habar ýetmänkä, özlerini şähere atyp, galany eýeläp, gurlulary dargatdylar. Iki-üç günden soň Ýemin Mälik Gazna gelip, häkim boldy. Birnäçe wagtdan soň «Çingiz han iki-üç müň mongol esgerleri bilen howply ýollary geçip, Balhyň Talykan diýen ýerine geldi we Ýemin Mäligi yzarlaýar» diýip habar geldi. Ýemin Mälik goşun toplap, mongol leşgerine tarap hereket etdi. Mongollar köp sanly leşgeri görüp, ýüzbe-ýüz bolman yza gaçdylar. Ýemin Mälik olary yzarlap, Pust we Tekinabada bardy. Mongollar bu ýerden geçip, Hyrada we Horasana gitdiler. Ýemin Mälik Kastar ýoly bilen Sistana gitdi. Ol Şemsilmäligi Kejuran galasynda tutdy we Tekinabatda zyndana oklady. Salaheddini gitmezinden öň, Gazna galasynda goýupdy. Ýöne gaznalylar Ýemin Mäligiň ýokdugyndan peýdalanyp, gozgalaň turuzdylar we Salaheddini öldürip, termezli iki dogany, ýagny kazy Razyýylmäligi we Umdatylmülki Gazna häkim etdiler. Ikisi ylalaşyp Gazna patyşalygyny Razyýylmälige berdiler. Şu wagtyň özünde Horasan we Mawerannahrda halaç we türkmen kowumlary birek-birek bilen urşup, Perşawura ýygnanypdylar. Olaryň başlygy Seýfeddin Agrak Mälikdi. Razyýylmälik pursatdan peýdalanyp, olaryň üstüne dökülip ýeňdi, soň Hindistany basyp almak pikiri bilen goşun taýýarlap, Perşawura çozdy. Türkmenler we halaçlar ondan üstün çykyp, köp leşgerlerini öldürdiler. Onuň dogany Umdatylmülk Gaznada häkim boldy. Agzammälik, ýagny Ymadeddin Balhyň ogly we Kabul häkimi Melekşir gurlaryň taýýarlan goşuny bilen Gazna çozdular. Gazna şäherinde Umdatylmülki gabap aldylar. Manjanyklar atyp, urşa başladylar. Kyrk günden soň, galany basyp

aldylar. Şol gün hem Şemsilmälik mongollardan gaçyp, Horasana gelende, Soltan Jelaleddin Kejuran galasyna ýetip ony bendilikden boşadyp Gazna ugradýar. Ol: «Men barýançam Soltan Jelaleddin gelýär diýip, Gazna ilatyna aýt. Şol ýerde patyşalyk tertibini ýöret» diýýär.

Bir hepdeden soň, Soltan Jelaleddin Gazna barýar. Etraplardan leşgerler onuň töweregine ýygnanýar. Ol patyşalyk tertibini ýöredýär. Ýemin Mälik Hindistanda wagty Soltanyň Gazna gelen habaryny eşidýär. Çalt Gazna ýetişýär. Agrak Mälik hem halaçlar we türkmenler bilen soltanyň hyzmatyna gelýär. Agzammälik we Mälikşir, gurlar we başgalar topar-topar bolup, Soltanyň huzuryna gelýärler. Altmyş, ýetmiş müň goşun toplanýar. Soltan Jelaleddin goşun bilen Perwana girýär. Bamyýanyň serhedinden köp ýollar ol ýere uzalyp gidýärdi. Soltanyň ýagdaýyndan habar almak üçin, takmynan, on-on iki müň mongol atlylary onuň yzyndan gelýärdi. Olar Gazna ýetdiler. Gaznada goşun bolmansoň, päsgelçiliksiz şähere girdiler. Gazna halky olar şähere girenden soň bilip galdylar. Olar juma metjidini otladylar, köçelerde adam görseler öldürdiler. Bir günden soň ýolbelet tapyp, soltanyň yzyndan Perwana gitdiler. Ol ýerde soltan bilen uruşdylar. Soltan ýeňdi. Mongol goşuny Çingiz han bilen Talykana gitdi. Soltan ýeňenden soň, olja alnan zatlary bölüşmekde halaç, türkmen, gurlular we horezmlileriň arasynda uruş-dawalar turdy. Şeýlelikde, soltanyň leşgeriniň arasynda agzalalyk döredi.

Agrak Mälik bilen Agzammälik halaç, türkmen, gur kowumlary bilen gaýdyp, Perşawura gitdiler. Soltan hem özi bilen galan türk we horezmli esgerler bilen Gazna gitdi. Agrak Mälik, Agzammälik we başga halaç, türkmen, gur han-begleri soltandan aýrylyşyp, Bekerhara gitdiler.

Agzammäligiň yktasyna bardylar. Ol myhman alyp hezzet-hormatlar etdi. Ýöne elinde bäş-alty müň öýlüsi bolan halaç

emiri Nuh Jandar bilen Agrak Mäligiň arasynda duşmançylyk bardy. Agrak Mälik ýigrimi müň adam bilen Perşawura ugrady we Nuh Jandar Bekerharyň baýyrlarynda saklandy.

Seýfeddin Agrak Mälik Bekerhara bir menzil golaý barandan soň, Agzammälige bir kişini ugradyp şeýle diýdi:

— Meniň bilen seniň gatnaşygyň ata bilen ogul gatnaşygy ýaly bolsun. Men ataň, sen hem meniň perzendim. Meni razy etjek bolsaň, Nuh Jandara öz welaýatyňda ýaşamaga rugsat berme. Ony ol ýerde goýma.

Agzammälik bolsa şeýle jogap iberdi:

— Şeýle ýagdaýda musulmanlaryň arasynda garşylyk we uruş gowy däl.

Şonuň üçin hem elli müň atly öz golaý garyndaşlary bilen Seýfeddin Agragyň ýanyna bardy. Ony Nuh Jandar ylalaşdyrmagyň ugruna çykdy. Seýfeddin Agrak ony gowy garşy alyp, şerap içişmek mejlisine çagyrdy. Agzammälik Nuh Jandar barada gürläp başlady. Agrak Mälikden onuň günälerini geçmegi haýyş etdi. Agrak Mälik özüne erk edip bilmedi. Seýfeddin Agrak mes ýagdaýda ýüz atly bilen atlanyp, Nuh Jandaryň leşgergähine bardy. Nuh ol ýaraşmaga ýa-da maslahata gelendir diýip oýlanýardy. Soňra onuň özi ogullary bilen onuň öňünden çykdy. Agrak Mälik mes bolup, gylyjyny çykaryp, Nuhuň süýrdepesinden urjak boldy. Nuhuň leşgerleri ony bölek-bölek etdiler. Bu habar leşgergähe gelip ýetdi. Adamlar:

— Bu Agzammäligiň dildüwşüp eden işidir. Agrak Mälik şonuň üçin öldi – diýdiler.

Şu pikir bilen olar Agrak Mäligi tutup öldürdiler. Soňra Agrak Mäligiň goşuny Nuh leşgergähine gije ýöriş edip, Nuhy ogullary bilen öldürdiler. Garaz, iki tarapdan hem birnäçe adamlar öldi. Gurlardan hem birnäçe adamlar urşa gatnaşyp öldi.

Şeýle ýagdaýda Tekejik we Seýit Alal Mälik Gunduz Çingiz hanyň permany bilen öz wagtynda ýetişdiler. Tekejik mon-

gol goşunynyň goşunbaşysydy. Alal Mälik bolsa pyýada goşunyň serkerdesidi. Bular halaç, gur, türk leşgerlerini ýok etdiler. Gysgaça aýdanyňda, şol ýigrimi-otuz müň halaç, türkmen, gur goşuny Soltan Jelaleddiniň ýanyndan gidenlerinden soň iki-üç aýda bir-birleri bilen ýa-da Çingiz hanyň goşuny bilen urşup, ölüp, dargap gitdiler. Olardan hiç hili yz, nam-nyşan galmady.

## SOLTANYŇ EJESI TÜRKAN HATYN

Onuň asly türkmenleriň kaňly taýpasyndan diýip aýdýarlar. Türkan ady hem onuň türkmenlere degişlidigini aňladýar. Bu kowum köp işlerde ýokary derejelerde bolupdyr. Şol wagtyň özünde-de olary ajamlylar diýip hem atlandyrypdyrlar.

Türkan hatynyň özüniň köşgi, diwany, depderçesi we şahsy adamlary hem bolupdyr. Şonuň ýaly-da aýratyn yktasy bolup, şol bir wagtda onuň hökümi Soltana, emeldarlara hem ululara ýöräpdir. Türkan hatyn gizlin şatlyk-şagalaň mejlisini hem gurupdyr. Şeýle şatlyk-şagalaňlar gadymy nesilşalyklaryň köpüsiniň ýok edilmegine sebäp bolupdyr. Her bir etrapdyr sebit eýelense, ol ýeriň eýesini (häkimini) girew edip, Horezme getirýärdiler. Emma Türkan hatyn oglunyň mülki kynçylyksyz bigänelige öwrüler ýaly girew alnanlaryň hemmesini agşam çagy derýa okladýardy. Ol Perwerdigäriň bu dünýäde hem jeza berjekdigini we baky älemde hem öz eli bilen onuň jezasyny belli etjekdigini bilmeýärdi.

Hernäme etseňem gazaply älem,
Maňlaýyňa ýazar galamy bilen.

Soltan Muhammet gaçmak maksady bilen Termed derýasyndan geçende, ejesiniň beýleki haremhanadakylar bilen Mazanderana gitmeklerini we ol ýerdäki galalarda gizlenmeklerini aýtmak üçin çapar iberýär. Türkan oglunyň permanyna laýyk-

lykda hereket edýär. Beýleki ogullaryny, agtyklaryny we haremhanadakylary ýany bilen alyp gidýär. Leşgerlerini uly hanbegler bilen Horezmde goýýar. Hereket eden wagtlarynda girew hökmünde zyndanda ýatan etrap özbaşdaklygyna ymtylýan häkimleriniň birnäçesini derýa oklamagy buýruk berýär. Türkan hatyn perzentleri we hazynasy bilelikde Dehistan ýolundan Mazanderana gidýär. Nasreddin wezir onuň hyzmatyndady. Soltan Mazanderana ýetende, Türkan hatyny öz aýallary bilen bilelikde, Larjan we Ilal galalaryna iberýär. Sebtaý Soltanyň yzyndan Mazanderana ýetýär we ýokarky galalary gabamaga meşgul bolýar. Garaşylmadyk bir waka bolýar. Ilal galasy suwa mätäçlik çekmändir. Belki, tebigatyň ýagşy adamlary suw mätäçliginden halas edendir we bulut gözýaşy halkyň agyzlaryny güldürendir. Ýöne mongol leşgerleri gelenden soňra ýagmyr hem halka ýardam etmedi.

Soltan şeýle bir kişidi
suw çekýän pillerden
Hem-de howadan toprak meýdanyna
tagamly suw bagyş edýärdi.

On-on bäş günüň içinde suw gutardy. Biçäre Türkan hatyn, beýleki aýallar we Nasreddin wezir galadan aşak düşýärler. Olar galanyň aşagyna ýeten badyna gün ýüzi çytyklykdan elini çekdi, bulut nikabyny daşa zyňdy we aglamaga başlady. Ördegiň balyga «Biziň ölümimizden soň älem deňiz boldy nä, salgym boldy nä» diýen hekaýaty emele geldi.

Şeýlelikde, 618[1]-nji ýylda Türkan hatyny, ogullary, Soltanyň aýallary we Nasreddin wezir bilen bilelikde Talykana Çingiz hanyň huzuryna iberýärler. Çingiz hanyň ýanyna gelen

[1] Milady ýyl hasabynda 1222-nji ýyla gabat gelýär.

wagtlary Nasreddini jezalandyrýarlar. Soltanyň ogul perzentlerini kiçi bolsa-da öldürýärler. Türkan hatyn bilen gelen aýalgyzlaryň ählisini Çingiz hanyň buýrugyna laýyklykda, ömürleriniň ahyrky günlerine çenli soltanyň we döwletiň ýasyny tutup, günlerini ahy-zar, agy bilen geçirmeklik höküm edilýär. Jelaleddin suwa zyňlan wagtynda onuň haremhanasyndakylar hem getirilip, olara goşulýar. Türkan hatyny Garaguruma iberýärler. Ol birnäçe agyr ýyllary başyndan geçirip, 630[1]-njy ýylda aradan çykýar. Gyzlaryndan bolan iki gyzy Çagataýa berýärler. Çagataý olaryň birini özüne alýar, beýlekisini bolsa, weziri Kutbeddin Hebeş Umyda berýär. Beýleki ordanyň paýyna düşen bir gyzy Umyt Hajyba berýärler. Jurmagunyň alan Soltan Jelaleddiniň haremhanasyndakylarynyň içinde Türkan atly Jelaleddiniň iki ýaşly gyzjagazy bardy. Ony kaganyň huzuryna iberýärler. Kagan gyzy ordada terbiýelemegi buýurýar. Haçanda şazada Hulagu günbatar döwletlerine gidende, Mengu kagan Türkany Hulagu bilelikde iberýär we ony kime laýyk bolsa birine bermekligi maslahat berýär. Mosul häkimi öňki hyzmatlaryna hem-de häzirki ýagdaýa seredeniňde beýlekilerden tapawutlydy. Hulagu Türkany şaý-sepler bilen onuň ogly Melek Salyha berýär hem-de şerigatyň düzgünine laýyklykda nika gyýýarlar we gelinlik goşlaryny we enjamlaryny berýärler. Bu waka 655[2]-nji ýylda bolup geçýär.

[1] Milady ýyl hasabynda 1232-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasabynda 1257-nji ýyla gabat gelýär.

## SOLTAN GYÝASEDDINIŇ WAKASY

Onuň ady Pirşa bolup, ol Kermanyň häkimidi. Emma «Bende çäre gözlär, Hudaý takdyr» diýipdirler. Onuň kakasy Yrakdan Mazanderana gidende, maşgalasyny Karun galasyna ugradypdy. Soltan Gyýaseddin hem şol ýerdedi. Abeskun adalarynda Soltan Muhammet ölenden soň we mongol goşuny gidenden soň, ol galadan çykdy. Ol kakasynyň bellän ýeri bolan Kerman döwletine bardy. Mälik Zuzeniň nökerleriniň biri Şujageddin Abylkasym Juwaşir galasynyň häkimidi. Ol jahanyň bulam-bujar ýagdaýdadygy üçin Gyýaseddine gala girmäge rugsat bermedi. Ýöne sowgat-serpaý iberdi. Hem-de «Bu gala ynamdar bir häkim gerek. Men hem şol gadymy ynamdar bendäňiz hem-de siziň permanyňyz esasynda bu ýerde oturandyryn» diýip bahana etdi.

Soltan Gyýaseddin onuň ýoluny urdurandygyny bilip, uruş etmän, öz toparyny alyp, Yraga gitdi.

Yrakda gizlenen köp sanly emirler, adamlar onuň daşyna üýşdüler. Barak Hajyp bilen Ogul Mälik hem onuň hyzmatyna birikdiler. Olar Atabeg Sagydy boýun egdirmegiň ugruna çykdylar. Atabeg Dine diýen ýerdedi. Soltanyň ýowuz amalyndan ýaňa ol elewreýärdi. Haçanda Soltanyň goşuny ol ýere gelip ýetende, olar ähli mal-garalary olja hökmünde alyp gaýdyp geldiler. Barak Hajyp bilen Soltan Gyýaseddiniň Täjeddin Kerim Şark atly weziriniň arasyna sene-mene düşdi. Soltanyň gahary gelýär we öz adamlary bilen Hindistana gidýär.

619[1]-njy ýylda Gyýaseddin Parsa ýöriş edýär. Atabeg şäheri boşadýar. Soňra soltanyň goşuny şähere girýär we talaňçylyk edýär. Soňra ol ýerden Hindistana gitdiler we Muzapbareddin Wejhes Sebh bilen dawa ýüze çykdy, soňra ylalaşyk baglaşyp yzlaryna dolandylar. Haçanda olar Reýde ornaşanlarynda gyş paslydy. Birden Soltan Jelaleddin jeren sürüsiniň üstüne bökýän şir kimin ýetip gelip, onuň leşgergähine düşýär. Soltan Gyýaseddin gorkdy. Jelaleddin oňa azar bermedi. Säher bilen Gyýaseddiniň emirleridir han-begleri onuň huzuryna geldiler.

Soltan Jelaleddin bilen duşuşmagyň we oňa hyzmat etmegiň arzuwynda bolan birnäçe adamlaryň derejelerini we mertebesini Soltan Jelaleddin artdyrdy. Dogry ýol bilen ýöremeýän, aladalaryň döremegine sebäp bolýan toparlary bolsa dergähinde öldürmeklige buýruk berdi. Soltan Gyýaseddin we onuň esasy ýaranlary Soltan Jelaleddiniň hyzmatynda galdy. Jelaleddin Gyýaseddine doganlarça mährem boldy. Ýöne günlerde bir gün Gyýaseddin şerap içişlik mejlisinde onuň gullugyndaky Härmiliň ogly, ýagny Mälik Nasreddiniň hyzmatyndaky birini bahanalap, Mälik Nasreddinden soraýar:

— Näme üçin meniň gulamymy öz ýanyňa aldyň?

Mälik Nasreddin Soltan Jelaleddiniň iň ýakyn adamlarynyň biridi. Ol emirleriň arasynda hem esasy adamdy. Ol soltanyň ynamyna giripdi. Soltan Jelaleddin onuň bilen degşip-gülüşýärdi. Mälik Nasreddin hem öz nobatynda Jelaleddin bilen degişýärdi. Mälik Nasreddin Gyýaseddine şeýle žogap berdi:

— Serkerdebaşa gulluk etmek üçin ilkibaşda nan gerek!

Soltan Jelaleddin doganynyň ýüzünde gahar-gazaby gördi we Mälik Nasreddine çykmaklygy gözi bilen yşarat etdi.

Soltan Gyýaseddin giç agşama çenli doganynyň ýanynda galdy we örän serhoş boldy. Soňra gaýtdy. Mälik Nasreddiniň

[1] Milady ýyl  hasabynda 1223-nji ýyla gabat gelýär.

öýüniň ýanyndan geçip barýarka bir adamy iberip, oňa myhman bolmak isleýändigini aýtdy. Mälik Nasreddin derrew öýünden çykdy we Soltan Gyýaseddini atdan düşürdi we bilelikde öe girdiler. Soňra şerap içişlik başlandy. Pyýalalar aýlanyp başlady we serhoşlyk aňrybaş derejesine ýetdi. Soltan Gyýaseddin gaýtmakçy boldy. Däp-dessura laýyklykda Mälik Nasreddin ony ata oturtdy we üzeňňisini tutup ugratdy. Birden Soltan Gyýaseddin elini gylyja ýetirdi we onuň iki pilçesiniň arasyndan saldy. Köçede gykylyk başlandy. Üçeklerden kerpiçlerdir kesekler ýagdy. Gyýaseddin atyny çapdyryp, ol köçeden öz öýüne gitdi. Soltan Jelaleddin derrew bu hadysanyň habaryny eşidýär. Säher wagty hut özi Mälik Nasreddiniň ýagdaýyny soramaga geldi. Ol lukmanlary getirmegi buýruk berdi. Ýöne iş dermandan geçipdi. Çünki gylyç süňkden geçipdir. Birki günden soňra Mälik Nasreddin janyny Haka tabşyrdy. Soltan Jelaleddin «Ähli han-begler, merdanalar, begzadalar, hyzmatkärler we Yspyhan şäheriniň ilaty onuň ýasyny tutup, derwüş lybasyny geýsinler» diýip buýurdy.

Gyýaseddin özüniň masgaraçylykly hereketi zerarly utanyp, bir hepdeläp dogany bilen didarlaşmady. Soňra Soltanyň buýrugy bilen ony daşky girelgeden köşge getirmeklik buýruldy. Emirleriň dilinden Soltan ony gowuja dalady. Soltanyň käbir täsirli köşk emirleri onuň arkasyny aldylar. Utançdan ýaňa onuň kellesi aşak egildi, dili hem özüni aklamazlyk üçin baglandy. Birnäçe gün Gyýaseddin özüniň eden bu hereketleri üçin utançhaýada boldy we Soltandan gorkdy. Taýnal Yspyhanyň derwezesine gelende Soltan Jelaleddin goşunyny çykaran wagty, Gyýaseddin hem öz ýakynlary, goşuny bilen yzyna dolandy we Lur ýolundan Huzystana gitdi. Munuň sebäbi Soltanyň ýaşlygy we gorkusy zerarlydy. Gyýaseddin öz gaýynatasynyň we beýleki emirleriň ýanyna Hazarsefe gidende ony hormatladylar. Soltandan özlerine geljek zyýandan gorkup, olar ony başga ýere

ibermekligi amatly gördüler. Ol ejesini we emirlerini Tusterde goýup, özi Bagdat töwereklerine ýola düşýär. Halypa oňa köp sylag-serpaý edýär, ol Alamuta gidýär. Biraz wagt ol ýerde galýar. Alaýeddin Alamut ony ähli söýgüdir hormaty bilen kabul etdi we oňa şazadalara laýyk sowgatlary edip durdy. Ýöne ol geljegini alada edip, birden ol ýerden göçmeklik pikirine gelýär. Alamutlylar onuň göçenliginden habarlary ýokdy. Ol Huzustana geldi.

Huzustanda özüniň gelendigini bildirmek üçin Barak Hajybyň ýanyna, Kermana bir ilçi iberýär. Olaryň arasynda dostluk ylalaşyklary baglaşylýar. Werkuh çöllüginde Barak Soltany garşylamaly diýip karar edýär. Barak karara laýyklykda üç-dört müň adam bilen ýetip gelýär we iki-üç günläp hezzet-hormat edýär. Ýöne Soltanyň ýaranlary Soltan bilen bilelikde bäş ýüze-de ýetmeýärdiler. Barak Soltanyň ejesine öýlenmekligi niýet edinýär. Ol özüne meňzeşleriň ornundan has ýokary orna çykýar we Soltan bilen bir halyda oturýar. Soltanyň töweregindäkileriň her haýsynyň ornuny emirleriň biriniň golaýynda belledi. Ol gürrüňdeşlikde Soltana «hormatly oglum» diýip ýüzlenipdir. Soňra onuň ejesine söz aýtmak üçin bir ilçini iberýär. Ýagdaýlaryň nähili amala aşjakdygyny göz öňüne getirip hemde şol zatlaryň öňüni alyp, Soltan bu işi çözmekligi ejesiniň özüne tabşyrýar. Ejesi hem boýun towlamalardan soň, ahy-zar bilen olaryň islegine razy bolýar we nikalaşýarlar. Barak nökerleriniň bir topary bilen öz egnine sowut geýip, haremhana gelýär we öýlenýär. Bu ýagdaýy suratlandyryp, Firdöwsi (goý, behiştiň hoşboý yslary oňa ýetsin!) şeýle aýdýar:

Başdan we kökden orun boş galsa
Haşal otlar dik serwiniň ornuny eýelär.

Bu ýerde ýene bir meşhur edebiýatçynyň, ýagny Ferideddin Beýhakynyň Şerepil Mäligiň oruntutar wezirleriniň biri barada düzen beýdini getirmek mynasyp we ýerliklidir.

Başyňy oturan ýeriňden ýokary galdyr
– ähli zady görer ýaly,
Jaýyňdan gymyldaman
oturmaklyk neneňsi erbetlikdir.

Gyýaseddin şähere gelýär. Birnäçe gün geçen soň, Baragyň iki sany garyndaşy onuň ýanyna gelip:

— Baraga ynanmaly däl. Biz ondan dynmaklygyň çäresini tapdyk. Şonda siz soltan bolarsyňyz, biz bolsa siziň ynamdar bendäňiz bolarys – diýdiler.

Oňa päk ahlagy we adamkärçiligi güýçli kasamlary we ähtipeýmanlary basgylamagy rugsat bermedi we kasamyny bozmagy we olary gowşak saýmaga güýç-gurbaty çatmady.

Hemişe ýumşaklyga göwün berme,
Ýerinde gaşyňy çyt, gaharlan.
Ýumşaklyk bilen islegiň hasyl bolmaz,
Bu ýagdaýda gazaplylyk ýumşaklykdan gowudyr.

Ýöne Gyýaseddiniň nesilşalygy tamamlanyp, ornuna duşmanlaryň döwleti döredi. Gyýaseddiniň iň ýakyn ýaranlarynyň we gulamlarynyň biri bu hadysa barada Baragy habarly edýär. Barak derrew garyndaşlaryny we Soltan Gyýaseddiniň özüni sorag-ideg edýär. Olar günälerini boýun alýarlar. Ilki bilen Soltanyň garyndaşlaryny şol sagatda adamlaryň arasynda para-para etmekligi buýurýar. Soňra bolsa Soltany hem-de onuň bilen baglanyşykly ähli adamlary gorag astyna almaklygy buýruk

berýär. Birki hepdeden soňra Soltanyň boýnuna ýüp salýarlar. Soltan perýat çekýär we aýdýar:

— Eýsem, biz birek-birege garşy tow gurmazlyk barada ylalaşmadykmy näme?! Hiç bir sebäpsiz nädip bu şertnamany bozup bilýärsiň?

Ejesi oglunyň owazyny eşitdi we oglunyň başyna tanap salnandygyny aňdy. Öz mähribanlygyny we ýürek agyrysyny saklap bilmän, ahy-zar edip aglamaga başlady. Ol hem boglup öldürilýär. Şeýdip ähli edilen kasamlardyr ylalaşyklary bozup hem-de zamananyň gözüne çaň çekip, Gyýaseddiniň ähli goşunynyň başyna hem ölüm saldylar.

Eý, çarhypelek! Siziň oýundyr mekirligiňiziň ahyry bir barmy? Eý, pelek, seniň sütemiňi haçana çenli çekmeli? Her bir soltany bende çekip, her bir iblisi we her bir pisi her jomardyň emiri edýärsiň. Her bir patyşany bir guýa oklap, her bir nämynasyby horluk topragyndan göterip, hormat tagtynda oturdýarsyň. Eý, habarsyz bende, eý, dana dost, bu hadysalardan harsydünýälik nebsiniň duzagyna düşmez ýaly pent al. Bu ykballara ybarat gözi bilen nazar sal, habardar bol, birden dar agajy başyň mekany bolaýmasyn.

Takdyrdyr ýazgytdan gelýän her bir oka
Ezizleriň ýürekdir didelerinden başga galkan ýokdur.
Pelekden gaýdan her bir gaýgy-gama
Misgin garyplaryň mesgeninden başga güzer ýokdur.
Her kim bir gapa girer, emma agşamyna
Biçäre garyba öýem, gapam ýokdur.
Biçärelik odundan çekilen ahy-nala,
Jähennemde hem onuň ýaly alawy ýokdur.
Biçärelik görejinden dökülen göz ýaş
Iriňdir bagyr ganyndan başga zat däldir.

## SOLTAN RUKNEDDINIŇ WAKASY

Soltan Muhammet Yrakdan gaýdyp gelende ogly, asyl ady Gursanjy bolan Soltan Rukneddini Yrak döwletine hökmürowanlyk etmäge belleýär. Ol oglunyň ýanyna Ymadylmülk Saweni onuň atabegi edip hem-de döwlet meselelerini çözüjisi edip iberýär. Haçanda Rukneddin Reýe ýetende, Yragyň ýerli häkimleri onuň garşysyna agyz birikdirýärler. Soltan Muhammet Şerepeddin Emir Mejlisini goşuny bilen ogluna kömek etmäge iberýär. Ol ýeňiş gazanýar hem-de Yrak häkimleriniň birnäçesini ýesir alýar. Ýöne ol hiç kime hiç hili zyýan ýetirmeýär we olaryň ýaşaýşa bolan umytlaryny gaýdyp berýär. Ol olaryň hersiniň günäsini bagyşlaýar hem-de her birini bir welaýata berkidýär. Şu mähribanlyga laýyklykda, olaryň ählisi ýüreklerini duşmançylykdan saplaýarlar. Soltan Muhammet Mawerannahrdan gaçmak bilen halas bolupdyr diýen habar Rukneddine ýetende, ol Soltany Yraga çenli getirmeklik üçin Ymadylmülki hyzmatyna iberýär. Netijede, ogly, ýagny Rukneddin kakasyny garşy almaga howlukdy. Ýöne iş başa barmandan soňra, Soltan Mazanderana, Rukneddin bolsa Kermana gidýär. Birnäçe wagtdan soňra, Kewaşire ýetýär. Ol ýerde bolsa Mälik Zuzeniň goşunyndan birnäçe adam galypdy. Birbada olar gorkýarlar we gaçmak üçin ýol gözleýärler. Soňra Soltan Rukneddini tananlaryndan soň, ony garşylamak üçin ugraýarlar. Soltan Mälik Zuzeniň hazynasyny açyp, goşunyna paýlaýar. Soňra ýene-de Yraga ýola düşýär. Yspyhana gelip ýeten

wagty dargan emirleridir leşgerleri töweregine jemleýär. Şeýtmek bilen öz güýjüni aýaga galdyrýar. Soltan Rukneddin şäherden gitmegiň pikirini edýär we şäheriň daşynda çadyrlaryny gurdurýar. Kazynyň buýrugy bilen şäher adamlary gozgalaň turzup, ellerini okdur ýaýa ýetirýärdiler. Olar ýokardan daş oklaýardylar. Müňe ýakyn adam heläk bolýar. Rukneddiniň goşuny hem şäher ilatynyň birnäçesini öldürýärler. Şonuň üçin Rukneddin Yspyhandan gaýdýar we Reýe gelýär. Reýde iki aýlap galýar. Mongol goşunlary ýene ýetip gelenlerinde, Soltan Piruzkuh galasyna gidýär. Mongollar galany gabaýarlar we bäşalty aýdan soňra, ony ähli adamlary bilen bilelikde galadan çykarýarlar. Oňa näçe dyza çökmekligi buýursalar-da, ol dyzyny epmeýär. Netijede, ony ýaranlary hem-de ähli gala adamlary bilen öldürýärler.

Bu nähili oýunlar! Jahan her pursatda bize bir hokga çykarýar. Hatda biz onuň ellerini görüp hem ýetişmeýäris. Ýa özi elini uzatman, zäher jamyny eliňe berýär. Oýun monjugyny takdyryň özi eli bilen goýan bolsa, ony üýtgetmek mümkin däldir. Bu iş pikir bilen amala aşmaýar. Şonuň üçin hem barmagyňy dürtme, zyýan eder. Aýagyň gapjalmaz ýaly töwekgellige gadam basma.

## KERMANYŇ AZAT EDILMEGINIŇ BEÝANY WE BARAK HAJYBYŇ WAKASY

Barak Hajyp we onuň dogany Hamydyň asly garahytaýlylardan bolupdyr. Garahytaý hany[1] döwründe Hamyt bilen Soltanyň arasynda ilçilik meselesi babatda näsazlyk ýüze çykypdy. Taýangu Terazy[2] tussag astyna alan wagtlary Soltanyň hemaýaty bilen iki doganyň biri Hamyt emir boldy, Barak bolsa hajyp boldy. Soltan Mawerannahra giden wagty Hamyt birnäçe müň adam bilen Buharada goýýar. Bu adam Soltanyň işiniň gowşap başlan ilkinji günlerinde aradan çykýar. Emma Barak Yrak töwereklerine gelýär we Gyýaseddiniň hyzmatyna birigýär. Ol onuň uly emirleriniň biri bolup, Gutlug han derejesini alýar. Barak ähdi-peýmanyny berkidip, kasam içmelerden soňra, Yspyhanyň emirlik wezipesine ýetýär. Tulan Jerbiniň baştutanlygyndaky mongol goşuny ýetip gelende, ol Gyýaseddinden Yspyhana gitmeklige we Kerman ýolundan Hindistana ugramaklyga rugsat alýar.

Şu maksat bilen Barak Jeýrofte we Komada ýetende Juwaşir galasynyň adamlary Şüjageddin Abylkasymy olaryň yzyndan kowmaga, talamaga hem-de hytaý gullaryny ele salmaga mejbur etdiler. Bäş-alty müň adam ýola düşdi. Bular öňdäkileri

[1] Bu hanyň ady golýazmada getirilmändir.

[2] Uruşda Mawerannahrda Taýangu Ilameş etrabynda ýaralanýar. Ony Soltanyň huzuryna getirýärler we Horezme iberýärler. Horezmde şa ony öldürmegi we suwa oklamagy buýurýar.

özleri üçin aw hasaplap, taýýar duran saçak hökmünde gördüler. Barak bu topary görenden soňra, iş işden geçendigine göz ýetirýär hem-de aýallara-da erkek lybasyny geýmeklige buýruk berýär. Soňra söweşe taýýarlanýarlar. Olar dört topara bölünişip, çar tarapdan hereket edýärler. Türk toparlaryndan, ýagny taýpa tarapgöýlükleri zerarly Şüjageddinden aýrylanlar Baraga birigýärler. Harak we Apbasy atly iki gala olaryň golaýyndady. Şol ýerde gizlenmeklik üçin ol ýere tarap ugraýarlar. Baragyň türkleri ýyldyrym kimin olara topulýarlar we täjikleri biri-birinden jyda edýärler. Köpüsini sährada öldürýärler. Şüjageddin bir topar kişi bilen galada gizlenýär. Birki günläp ol ýeri gabaýarlar. Azyk hem-de ätiýaçlyk enjamlary bolmandygy üçin daşary çykmaga mejbur bolýarlar. Şüjageddin ýesir alnyp, gandallanýar. Bu ýeňişden soňra Juwaşire gelýärler. Şüjageddiniň ogly galany tabşyryp, atasynyň başynydyr janyny satyn alar ýaly Şüjageddini gandaly bilen galanyň derwezesine getirýärler. Emma oglunyň kakasyndan göwnühoş däldi. Kakasyny öldürýärler we iki galany hem gabaýarlar. Garawul galadan ökjäni göterýär:

— Men ýolagçysy ýok bolan gala eltýän ýoly görkezeýin we goşuny şol ýol bilen gala elteýin – diýýär.

Barak oňa köp wadalar berip, ony razy edýär. Ýöne dolulygyna onuň sözlerine ynanmaýar we wesýetnama ýazdyrýar. Ertesi agşam ol, ýagny gala garawuly galadan öz aýalyny gizlinlikde aşak getirýär. Şondan soň adamlary şol aýdan ýolundan äkidýär. Säher wagty tebil kakyp, goh-galmagal bilen galany alýarlar. Soňra derwezeleri açyp, agyr goşuny salýarlar.

Şüjageddiniň ogly galadady. Ony gabamagyň ugruna çykdylar. Şol wagt Soltan Jelaleddiniň Hindistandan gelýändigi baradaky habar gelýär. Barak Hajyp peşgeşleri iberýär we özi hem onuň hyzmatyna howlugýar. Öz gyzyny hem Soltana adaglaýar. Soltan gelen wagty gyzy durmuşa çykarýarlar. Bir

adamy Şüjageddiniň oglunyň ýanyna Soltanyň gelendigini habar bermek we ony çagyrmak üçin iberýär. Ol tä Soltanyň saýawanyny öz gözleri bilen görýänçä ynanmaýandygyny aýdýar. Soltanyň hut özi galadan öňe çykýar. Şüjageddiniň ogly derrew hyzmat kemerini dakynýar we her dürli sowgat-serpaýlary iberip, soňra özi gylyç we kepen bilen Soltanyň huzuryna gelýär. Soltan onuň günäsini geçýär. Soňra Soltan Barak bilen gala gidýär.

Günlerde bir gün Soltan özüniň köp ýaranlary bilen awa-şikara çykýar. Ýöne Barak Hajyp özüniň keselini bahanalap, galadan çykmaýardy. Ol ýerden Şiraza gidýär. Barak Hajyp assaýuwaş özüni tutýar. Ol etraplaryň ählisini basyp alýar. Onuň töweregindäki adamlar we ýarag esbaplary köpelýär. Soňra özünden kömek islän Soltan Gyýaseddini öldürdi. Möminleriň emiriniň ýanyna bir ilçi iberip, şeýle habar berýär:

— Musulman boldum. Soltan lakamyny bermegiňizi haýyş edýärin.

Onuň islegi kanagatlandyryldy hem-de oňa Gutlug han derejesi berildi.

Gün-günden Baragyň güýç-kuwwaty artyp, onuň ýaranlarynyň we goşunynyň sany köpelýär. Şol wagta çenli Soltanyň töweregini gurşan emirler Gaýyr Bahadyryň baştutanlygynda Baragyň ýanyna ilçi ugradýar. Ondan özüne boýun egmekligi haýyş edýär hem-de goşun kömegini isleýär. Barak Hajyp akyllypaýhasly adam bolup, ol indi häkimýetiň Çingiz hanyň nebereleriniň elindedigine düşünýärdi. Onuň ilçilerini kabul etmeklik bolsa olaryň agalygyny kabul etmekligi hem-de olara boýun egmekligi aňladýardy. Ol goh-galmagallardan goranmak üçin şeýle jogap berýär:

— Men adamlarym bilen mongol goşunlaryna hiç hili zeper ýetirmän, Sistan meselesini çözerin. Emma ýaşymyň birçene

baranlygy sebäpli, hereket edere güýç-kuwwatym ýok. Oglumy köşge, gulluga ýollaýaryn.

Aýdyşy ýaly hem ýol enjamlaryny taýýarlap, Rukneddin Hoja Mübäregi 632[1]-nji ýylda kaganyň[2] huzuryna iberýär.

Rukneddin heniz kaganyň hyzmatyna ýetmänkä, kakasynyň ölümi hem-de Kermany dolandyrmaklyga dogany Kutbeddiniň girişendigi baradaky habary eşidýär. Ýöne ol tä paýtagta ýetýänçä eglenmeýär. Kagan özüniň tebigy adatyna laýyklykda Rukneddine mähir-muhabbeti rowa görýär. Şu sebäpli hem kagan Kerman döwletini onuň hökmürowanlygyna berýär we oňa kakasynyňky ýaly Gutlug soltan derejesini berýär hem-de Jinkaýy oňa halypa edip belleýär. Soňra Kutbeddin huzurymyza gelsin we hyzmatymyzda bolsun diýlip perman berilýär. Rukneddin yzyna dolanan wagty Kutbeddin Hewisiň ýolundan Zuzene ýetýär. Ol ýerden paýtagta ýola düşýär hem-de Hytaýa gitmeli diýlip perman berilýänçä Mahmyt Ýalawajyň hyzmatynda bolsun diýlip buýruk berilýär. Permana laýyklykda birnäçe wagtlap onuň ýanynda bolýar. Ýalawaç oňa atalyk gözi bilen seredip, mynasyp hormat goýýar.

Giwekhanyň gurultaýy döwründe Kutbeddin hem geldi. Ol soltanlygyň işini ikinji gezek düzgüne salmaklygy göz öňünde tutýardy. Gutlug soltan Rukneddiniň halypasy bolan Jinkaý ol islegi ret edýär. Kaganyň çykaran permanyna laýyklykda Kutbeddin Sahyp Ýalawaç bilelikde bolsun diýlip, ikinji gezek perman berilýär. Soltan Rukneddin hem özüne degişli işi bilen meşgul bolýar.

Rukneddin bellenilen Kerman etrabyna eýe boldy we altyn-kümüş we düýeleri bellenilen emirlere gowşurdy. Tagta çykan döwürlerinde Kutbeddin Sahyp Ýalawaç bilen Mengu kaga-

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1234-nji ýyla gabat gelýär.

[2] Şu ýerde Çingiz hanyň ogly Oktaý kagan göz öňünde tutulýar.

nyň[1] köşgüne gelmeklige mynasyp bolup, paýtagta geldi. Kutbeddiniň hatyrasyna Mengu kaganyň mähir-muhabbeti artyk boldy we ol töwerekleriň soltanlygyny oňa bagyş etdi hem-de bir mongol nökerini onuň ýanyna goşup bile iberdi.

Kutbeddin Hyrada ýeten wagty öňüräginden Rukneddiniň ýanyna jahan patyşasynyň onuň hakynda rowa gören mähir-muhabbetiniň we çykaran permanynyň neneňsiliginden ony habardar etmek üçin bir ilçi iberdi. Soltan Rukneddin ýagdaýlaryň başgaçadygyny bilen wagty, ilçileri yzyna dolaýar. 650-nji ýylyň oraza aýynda mümkinçiligi bar bolan harytlary çykardy we Kutbeddine boýun egmezekleriň biri bilen bilelikde Lur ýolundan ýola düşýärler. Ýezdden Ymameddöwle atly bir ýegeni ejesi bilen bilelikde oňa birigýärler. Olar Bagdada gitmekçi bolýarlar diýip gürrüň ýaýraýar we ilçini möminleriň emiriniň ýanyna iberýärler. Möminleriň emiri «Eger olara ýol bersek, onda başymyza derdeser bolar» öýdüp gorkdy. Soňra Rukneddin ýol enjamlarynyň köpüsini Lurda goýup, özi ýekelikde paýtagta tarap ýola düşýär. Gerdkuhyň etegine ýeten wagtlary, bir günüň dowamynda haýwanlary otlamak üçin boşadýarlar. Şol gün hudaýsyz kowmy olar dynç alyp otyrkalar we atlaryny idedýärkäler, tötänden olaryň üstünden inip, olary öldürmeklik üçin iberýärler. Howpuň ýetip gelýändiginden habarly bolan Rukneddin derrew sanalgy bäş-alty adam bilen atlanýar hem-de onuň ýaranlary atlanyp gelip, oňa birigýänçä şeýle bir gazaply söweş edýärler. Şonda ol dinsizleriň köpüsini öldürýär we ol ýerden ýola düşýär. Ertesi gün Buka ýetýär. Ol ýerden jahan patyşasy, ýagny Mengu kaganyň gullugyna gidýär.

[1] Mengu kagan – Tuly hanyň ogly, Çingiz hanyň agtygydyr. Ol 1250-nji ýylda tagta geçip, 1250-nji ýylda aradan çykýar. Az wagt patyşalyk edenligine garamazdan, köp özgerişlikler girizýär. Adamlaryň islän dinine uýmaklaryna erk beripdir. Ol Hulagu hany ýurtlary basyp almak üçin ugradýar.

651[1]-nji ýylyň oraza aýynda Mengu kagan uly ordanyň birinden yzyna dolanan wagtlary Almalykda Rukneddin bilen tötänden duşuşýar. Gorky we howp-hatar nyşanlary Rukneddinden üstün çykyp, döwletiň we ykbalyň nury ondan gaýyp bolýar. Mengu kaganyň huzuryna ýetende, Kutbeddiniň ilçisi hem ýoldan gelýär we Rukneddiniň Bagdada tarap ýüzlenendigini habar berýär. Ilçiniň yzyndan Kutbeddiniň özi hem ýetip gelýär. Ikisindenem (Rukneddin we Kutbeddin) sorag-ideg edilýär. Ahyry, Rukneddini Kutbeddine tabşyryp, onuň takdyry we ykbaly maňlaýyna näme ýazan bolsa, şony oňa rowa görsün diýlip berilýär. Ol ony ýokluk gylyjyndan geçirýär.

Kutbeddin Kerman ýurduny sütem şübhesinden saplap bu dünýäni wepaly saýypdyr. Öz ýurduna yzyna dolanan wagty etraplary basyp alýar we birnäçe gezek Hulagunyň hyzmatyna gidýär. Mähirdir hoşamaýlygyň hemme görnüşine mynasyp bolýar. Birden durmuş bukusynda ýatan ajal peýda bolup, 656[2]-njy ýylda ol aradan çykýar.

Tutuş ömrüň näz-u nygmat bilen
sapada geçen bolsa-da,
Ömrüňde bar dünýä lezzetini
dadan bolsaň-da,
Işiň ahyry gitmekdir şonda—
Tutuş ömrüňde göreniň bir düýş bolar.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1253-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasabynda 1258-nji ýyla gabat gelýär.

## JANDEMIRIŇ ÖMÜR BEÝANY WE ONUŇ HORASANDAKY WE MAZANDERANDAKY ALADALARY

Horasanyň we Mazanderanyň emirligine bellenen Jandemir boldy. Bu adamyň asly garahytaýlylardandy. Tuşi Horezmi azat eden wagty, ony öz tarapyndan Horezmiň häkimi edip goýýar. Haçanda jahan patyşasy kagan Jurmaguny älemiň dört tarapyny dolandyrmak üçin bellände, her bir etrapyň dolandyryjylary we nökerleri käwagt Jurmaguna goşun we kömek ýollamaly diýlip ýarlyk çykarylýar. Jandemir Şähristan ýolundan, Horezmden ýola düşýär. Şazadalardan hem birnäçe emirler oňa hemra bolýarlar. Jurmagun şol permana esaslanyp, her patyşanyň we şazadanyň etrapyndan bir emiri Jandemire berdi. Şol döwürlerde Gülpolady kaganyň ülkesinden, Nowsaly Batynyň ülkesinden, Gyzylbukany Çagataý tarapyndan, Beki Serkewiti, şeýle hem Körgöz tarapyndan Beki Jandemiriň hyzmatyndadylar.

Jandemir golastyndaky Ýazyr, Nusaý, Kurkuh we Jeristan ýaly welaýatlaryň hemmesini boýun egdirýär we uruş-dawany halkyň gerdeninden aýyrýar we olary mähir bilen çoýýar. Emma käbir gozgalaň turzanlary we garşy çykanlary ol goşuny bilen ýok edýär.

Jandemir Horasanyň işini doly düzgüne salmandy, käbir ýerleri basyp alyp, ol ýerlerde öz nökerlerini goýdy, käbir ýerler bolsa oňa boýun egmändi. Netijede, gozgalaňçylar we türkler günde bir şäherde gozgalaň turzup, halka azar berýärdi we

käbir ýerler ogry-jümrüleriň elindedi. Olar Jandemire boýun egen welaýatlardaky halky hem başagaý edýärdiler. Soltan Jelaleddiniň ülkesinden bolan iki emir, ýagny Garaja we Ýagan Senkur Nyşapurda we onuň daş-töwereklerinde çapawulçylyk edýärdiler. Adamlar Soltan Jelaleddiniň at-owazasyndan dürli hyýallara düşýärdiler. Şol sebäpli ol ýerlerde ýagdaý durnukly däldi. Her etrapda bir emir tapylyp, her dagyň depesinde gala üstüne gala salýardy. Ol munuň üstüne çozýardy, bu bolsa onuň üstüne çozýardy we öldürýärdi.

Jurmagunyň her künjekde bellän salgytçylaryny Garaja we onuň türki esgerleri öldürýärler. Mongollara tabynlyk edýän her bir kişini tutýardylar. Şu sebäpden Jandemir birnäçe leşger bilen Gülpolady Garajaň garşysyna, Nyşapura ugratdy. Meniň kakam birnäçe ýaşulular we alymlar bilen Nyşapurdan çykyp gaçdylar we Tus şäherine gitdiler. Şol wagt Tus ülkesinde Täjeddin Piruzneýi diýen garakçy Tus şäheriniň galasyny basyp alypdy. Kakam ýaşulular we alymlar bilen Tusa gelmänkä, «Çölde ýeke taý köwüş tapmak hem gowudyr» diýip, ynamly adamlarynyň birini Täjeddine ýollap, Tusa gelenlerini habar berdi we ondan kömek isledi. Ýöne Täjeddin olara boş sözleri aýdyp olary ynandyrdy. Olar Täjeddiniň boş we owadan sözlerine ynanyp gala bardylar.

Gülpolat Garajany derbi-dagyn edip, gaýdyp gelende bu adamlaryň wakasyny eşidýär we Piruzynyň ýanyna ilçileri iberýärler we olary (kakamy we onuň ýanyndakylary) yzyna gaýtarmak isleýär. Piruzyny bu toparyň işi Gülpoladyň elinde tamamlanar diýen umyt bilen olary Gülpoladyň ýanyna iberýär. Gülpolat bolsa kakamy we alymlary hezzet-hormat bilen garşy alýar.

Horasandaky bidüzgünçilikleriň habary kagana ýetende, onuň gahar-gazaby lowlaýar welin, derrew: «Taýyr Bahadyr Bathyzdan ol ýere leşger çeksin, Garaja meselesini birýüzli etsin we gylyçdan aman galanlary ýok etsin hem-de Horasanda ýekeje-de janly-jandar goýmasyn. Ýaşaýan ýerleriniň suwuny kessin we hiç yz-sor we harabaçylyk galmasyn» diýip buýurýar.

Şeýle meşhur nakyl bar: «Möjege tikmekligi öwretmeli, ýyrtmagy özi bilýär». Şuňa görä mongol goşunlary ýer ýüzünde ýok etmelidi we talamalydy. Şu permana görä-de goşun derrew Bathyzdan ot kimin ýola düşýär. Orta ýolda Taýyr Bahadyra «Gülpolat Garajany derbi-dagyn etdi we ony Horasandan çykardy hem-de derrew Sistana gidip, galany özüniň ýaşaýyş mekanyna öwürdi» diýen habar gelýär. Taýyr Bahadyr ol galany basyp almaga gidýär we bu galany basyp alýança iki ýyla golaý köp kynçylyk we zähmet çekýär. Soňra Sistandan Jandemiriň ýanyna ilçi iberýär we aýdýar:

— Kaganyň höküm eden ýarlygyna laýyklykda, Horasan maňa tabşyryldy. Şonuň üçin sen bu ülkäniň meselelerinden eliňi çek.

Jandemir şeýle jogap berýär:

— Horasanyň permanlara boýun egmeýändikleri baradaky gürrüň aldawdyr. Ýöne nädip ýalan habar sebäpli we Garajanyň günäsi üçin şunça welaýata we adamlara ölüm şerbetini içirip bolar. Hiç bir delilsiz birnäçe ýylky azap-ejirlerden soňra, ýaňy bir rahatlaşan mekany hiç bir sebäpsiz ýene-de derbi-dagyn etmelimi?! Şu meseläni habar bermek üçin men bir ilçini paýtagta iberjek. Aňyrdan geljek permana görä iş ediler. Häzir bu diýaryň bir adamsyna-da zyýan ýetirmegine hiç bir jähtden rugsat bermerin.

Taýyr Bahadyryň ilçileri gahar-gazaply we gynançly gaýdyp gelýärler. Jurmagun Jandemire we emirlere goşunlary bilen Taýyr Bahadyra birikmekligi we Horasany we Mazanderany oňa goýmaklygy aýdyp, ilçi iberýär. Emir bolan adam nädip, ýene gullukçy bolsun?! Uly işlere ýolbaşçy bolan adam nädip şol işleri ýerine ýetiriji bolsun?! Nähili halda häkim gul bolsun?! Jandemir ähli dost-ýarlary bilen bu meseläni nähili ýol bilen çözmeklik barada maslahatlaşýar. Şeýle netijä gelýärler: Ýer ýüzüniň patyşasynyň, ýagny kaganyň ýakynlaryndan bolan Gülpolat orda gitmeli we Mazanderanyň we Horasanyň emirleriniň käbirlerini özi bilen äkitmeli.

Şol bir wagtda Mälik Seýit Bahaweddin Suluk öz doganynyň galadan çykarylmagyny şert edip goýýar. Ol: «Diňe şu şert ýerine ýetirilse, meni galadan çykaryp bilersiňiz we kaganyň huzuryna ibererersiňiz» diýýär. Bu sözler olaryň maksatlaryna laýyk gelýärdi. Jandemir Mazanderandan yzyna dolanýar. Horasanyň köp ýerleri emir Selugyň boýun egendigini eşidip, özleri hem boýun egýärler. Kimde kim boýun egmese, onda ol ýok edilipdir. Haçanda Mälik Nyzameddin gala ýetende, Mälik Bahaweddin ýöriş etdi. Jandemiriň ýanyna ýetende, hormat-sylagyň ähli görnüşi bilen ýüzbe-ýüz boldy. Jandemir Mazanderandan Isfahbat Nusrateddin Kebudjamany we Bahaweddini Gülpolat bilen hemra etdi, olar paýtagta gitdiler. Bu wakalar 630[1]-njy ýylda bolup geçdi.

Bahaweddiniň we Nasreddiniň özüniň huzuryna gulluk etmek üçin Mawerannahryň günbatar şäherlerinden gelen ilkinji emirlerdikleri üçin kagan begenip, toý berýär we olary myhman alýar. Jandemir we Gülpolat kaganyň dürli görnüşli sylagdyr hormatyna mynasyp bolýar. Kagan:

— Jurmagun gidende we köp sanly uly welaýatlary basyp alanda, hiç bir mäligi biziň ýanymyza ibermedi. Ýöne Jandemir adamsynyň we wagtynyň azlygyna garamazdan, bize gulluk etdi. Muny biz makullaýarys, Horasany we Mazanderany oňa dolandyrmaklyga berýäris. Jurmagun we başga emirler ol ülkelere elini ýetirmesinler – diýip perman berýär. Gülpolady hökmürowanlykda onuň bilen deň şärikdeş etdi. Isfahbada Kebudjamanyň serhedinden Temişäniň we Astrabadyň soňky çäklerine çenli bolan ýerleriniň emirligini berdi. Şol bir wagtda Horasany we Esferaýyny, Jüweýni we Jajremi, Jurbedi we Argeýany Bahaweddiniň eýeçiligine berýär. Şol döwürlerde Horasan şu ýerlerden ybarat bolupdyr. Kagan olaryň ikisiniň her birine altyn

[1] Milady ýyl hasabynda 1232-nji ýyla gabat gelýär.

paýza[1] we hökmürowanlyk möhürini berdi hem-de Horasan ilatyna mähribanlyk bildirip, diri galan halkyň janyny aman saklady. Hudaýyň pazylaty bilen: «Alla adamlar üçin haýsy bir rehmeti—merhemeti ýaýyp goýsa, bes, ony tutup galjak bolmaz we ol nämäni tutsa, bes, ol tutup galandan soň, ol närsäni bendelere iberjek ýokdur. Ol Alla gudrat we hikmet eýesidir»[2].

Horasan Jandemiriň kömegi we aladasy bilen hem-de Mälik Bahaweddiniň goldawy bilen zamananyň erbet hadysalaryndan aman galýar. Şuňa görä, birnäçe adamlar howpdan janlaryny halas etdiler, müň kynçylyk we jebir-jepa bilen kellelerini gylyçdan aman etdiler. Ýaşaýşa umyt baglap, başlaryny ykbala tabşyrdylar, gerdenlerini bolsa çarhypelegiň çarhyna goýdular.

Jandemir çykarylan ýarlyga laýyklykda durnukly işe girişýär we Şerepeddini uzaga çeken gullugy sebäpli Baty tarapyndan wezirlige belleýär. Kakamy hem sahyp diwan wezipesine goýýar. Beýleki emirleriň hersi diwan şazadalary tarapyndan diwana iberildi. Jandemir diwan işlerini düzgüne salansoň hem-de ugrukdyransoň, Körgözi ilçileriň başynda goýup, kaganyň köşgüne iberdi. Kakam hem Nyzameddini diwanda oturdyp, özi gidýär. Kaganyň huzuryna gelen wagtlary, olaryň her birinden sorag edildi. Körgözden welaýatyň ýagdaýyny soradylar. Ol patyşanyň häsiýetine laýyk jogap berdi. Kagan onuň çykyşyny we sözlerini halady. Kakama hem hoşamaýlyk bildirip, paýza, ýarlykdyr hökmürowanlyk möhürini berýär. Şeýle-de ülkeleriň sahyp diwany diýen ady oňa bagyş edýär.

Ordadan gaýdyp gelenlerinden soňra, Jandemir öldi hem-de patyşalykdan we hökümdarlykdan umydy kesildi. Bu waka 633[3]-nji ýylda bolup geçýär.

---

[1] Paýza – kiçijik dörtburçluk şekilinde ýasalyp, onuň ýüzüne patyşanyň keşbi çekilipdir. Paýza tylla, kümüş, mis ýa-da tagta görnüşinde bolupdyr. Islän ýeriňe barmaklyk we hukuk ýöretmeklik hem berlen paýzanyň görnüşine bagly bolupdyr.

[2] Gurhanyň 35-nji («Fatir») süresiniň 2-nji aýaty.

[3] Milady ýyl hasabynda 1235-nji ýyla gabat gelýär.

## NOWSALYŇ AHWALY

Jandemir aradan çykandan soňra, kagany habarly etmeklik üçin ilçi iberilýär. Ol Nowsalyň Jandemiriň ornunda oturmaklygy barada perman berýär. Nowsal gadymy mongol adamsy bolup, ýaşy ýüz töweregindedi. Bu permanyň yzýany diwanyň emirleri, ýazyjylary hem-de beýleki ýaranlary Jandemiriň öýünden onuň çadyryna geçdiler we diwan işlerini dowam etdiler.

Bu wakalardan soňra, Şerepeddin Batynyň köşgüne ugraýar. Körgöz adat boýunça baryp gelýärdi. Şu döwürlerde Mälik Bahaweddin Beýhak şäheriniň üstünde Sebzewaryň şasy Muhammet şa bilen dawalary we beýleki meseleler babatda ýene-de bir gezek kaganyň paýtagtyna gidýär we wakany habar berýär.

Kagan şeýle perman berýär:

— Dawasy edilýän kişi häzir ýok. Şonuň üçin bu barada kesgitli höküm berip bolmaz. Yzyňa dolan we dawalaşýan adamlaryň bilen bilelikde gel. Şondan soňra derňew we sorag kaganyň huzurynda amala aşyrylar.

Emma atam döwründe onuň gürrüň berşine görä, ýene bir gezek han permany çykarylypdyr. Ol Mälik Bahaýeddine tabşyrylýar. Herhal-da bolsa, Mälik Bahaýeddin gaýdyp gelende, han buýrugyny eşidýär. Körgözüň çakylygy Nowsala we Gülpolada ýaramaýar. Körgöz paýtagta gidende, Nowsal tä ol do-

lanyp yzyna gelýänçä, öz ornunda oturýar. Welaýat emirligi ondan daşlaşdyrylýar. Nowsal diňe leşgere emirlik etmek bilen kanagatlanýar. 637[1]-nji ýylda ol hem özüniň beýleki ýaranlarynyň yzyndan, ýagny yzyňa gaýdyp gelip bolmaýan ýere gidýär.

[1] Milady ýyl hasabynda 1239-njy ýyla gabat gelýär.

## KÖRGÖZÜŇ AHWALY

Ol Bäşbalykdan dört parsaňlykda ýerleşen uýgur şäherlerine degişli bolan Ýarlyk atly bir kiçijik obada dünýä inýär. Onuň günbatar tarapynda ýolagçylaryň geçiş güzergähi bolupdyr. Men 651[1]-nji ýylda ordanyň jahan patyşasy Mengu kaganyň ýanyndan gaýdyp geldim. Şol obada hem dynç almak üçin bir sagat düşledim. Ol ýeriň ilatyndan Körgözüň maşgalasy barada soradym. Aýtdylar:

— Onuň kakasy adaty adamlaryň biridi. Heniz ýaş wagty kakasy aradan çykýar we öweý enesinden başga ýakyny galmaýar. Öweý enesi oňa üns bermändir. Kakasy aradan çykyp, biraz wagt geçenden soňra, bir ýat adam öweý enesine gudaçylyga gelýär hem-de ol kişiniň eýeçilik penjesini açmagyna sähelçe pursat galanda Körgöz Eýdikutyň ýanyna gidýär we wakany gürrüň berýär. Mongollaryň we uýgurlaryň däp-dessurlaryna laýyklykda ogul atasynyň aýalyna höküm ýöredip, öweý enesiniň durmuşa çykmagy babatdaky meselä gatnaşyp bilýärdi. Şeýlelikde, ol däp-dessura laýyk hereket edip, gudaçylyga gelenden galyň alýar we öz razylygyny berýär.

Soňlugy bilen Körgöz uýgur hatyny öwrenmekligi özüne maksat edinýär. Biraz wagtdan bu ugurda kämilleşýär. Howalasy, ruhy belent bolup, peslige kanagaty ýokdy, gödeklige razy däldi. Ýöne özüni kynçylyk diýaryndan çykarar ýaly baýly-

[1] Milady ýyl hasabynda 1253-nji ýyla gabat gelýär.

gy, mal-mülki köp däldi. Ýoksuzlyk zerarly sapar üçin gerek-ýarag zatlaryny almaga hem mümkinçiligi ýokdy. Oňa kömek edere dogan-garyndaşy we hemaýatkäri-de ýokdy. Sowgat berýän ne dosty, ne-de karz berýän ýarany bardy.

Onuň Bäşkalaç atly daýysynyň ogly bolupdyr. Bu doganoglany Körgöz at almak üçin birinden karz pul alanda, arada durup kepil geçýär. Şol pula Körgöz at satyn alýar we orda, Batynyň ýanyna ýola düşýär. Ol ýere baryp, köşk emirleriniň biriniň hyzmatyna birigýär. Bu emir ony çopançylyga belleýär. Az wagt bu kärde bolýar we onuň başarnygy ýüze çykýar. Emir ony çopanlykdan öz ýanyna alýar. Biraz wagtyny bu ýerde geçirip, emire ýakyn bolýar.

Günlerde bir gün Körgöz öz emiriniň hyzmatynda Tuşi bilen bilelikde aw-şikara gidýär. Aw-şikar wagtynda Çingiz handan perman ýetýär. Ýöne permany okar ýaly sowatly kişilerden hiç biri ýokdy. Körgözi öňe çykaryp, ony Tuşiniň ýanyna getirýärler. Körgöz permany okaýar we özüni alyp barmagyň düzgünlerinden çykman ýerine ýetirýär. Onuň özüni alyp barşy we gürleýşi Tuşiniň göwnüne ýaransoň, ony kätipleriň hataryna goşmaklygy buýruk berýär.

Körgöz öz işine meşgul bolup, emirleriň wezipesindäki borçlaryny ýeňilleşdirýär. Gün-günden onuň haýyrly işleriniň alamaty äşgär bolýardy. Haçanda hat-ýazuw we söz sözleýiş işinden şöhrat tapanda, mongol oglanlaryna tälim bermeklige bellenilýär. Jandemiri Ürgenje iberen wagtlary, Körgöz hem onuň bilen bilelikde iberilipdi. Körgöz şol bir wagtda Tuşiniň hem hyzmatynda bolup, özüne tabşyrylan möhüm we zerur işleri paýhaslylyk bilen ýerine ýetirýär. Ähli adamlaryň ynamyna girýär we Tuşiniň hususy hyzmatkäri wezipesine ýetýär. Körgöz Tuşi tarapyndan kaganyň hyzmatyna iberilip, onuň galan işlerini ýerbe-ýer eden wagtlary, kaganyň oňa pisindi oturýar. Oňa kaganyň huzuryndakylar hem haýran galýar. Bir söhbet-

deşlikde Horasan sebitleri baradaky gürrüň edilýär. Onuň ýaýlagy, gyşlagy we öri meýdanlary barada sowal başlanýar. Körgöz aýdýar:

— Ol ýerde patyşa bendeleri nazu-nygmatda, köňül guşlary ýaşaýyş äleminde, uçuşda. Gyşyna edil bahar ýaly nerkes we beýleki al-elwan güller bilen edil behişdiň bagy ýalydyr. Onuň daglary tomsuna-da Erem bagyndan tapawudy ýok, dürli guşlaryň owazlary bilen gurşalandyr.

Körgöz şu tertipde sözlerini beýan eden wagty, şükür we minnetdarlyk lybasynda şöhle saçdy. Kaganyň onuň akyl-paýhasy, hoşamaýlygy we başarnygy babatda ynamy artdy. Özi uýgur bolan Körgöz entek kaganyň huzuryna barmanka, ony penalan emir Jinkaý hem kaganyň Körgöze bolan meýlini gören wagtynda, onuň sözüni goldady. Şeýdip Körgöz kaganyň ezizlemegi we mylaýym garaýşy bilen yzyna dolandy.

Körgözüň Mazanderana gelen wagty Jandemiriň ölümi bilen gabat gelýär. Jandemiriň ornunda oturan Nowsal Mälik Bahaýeddin kaganyň huzuryndan gelip, Körgözüň Horasana tarap hereket etmegi baradaky permany getirýänçä, Körgözüň ýanynda bolýar. Nowsal we Gülpolat onuň gitmegine razy däldi. Olaryň çaklaýşyna görä, eger-de ol ýene kaganyň hyzmatyna gitse, onda olaryň durmuşynyň gök ýapraklary harap bolar. Körgöz hem özüni nädip orda atmaklyk barada pikir edýär, mümkinçilikleri tapyp, taýýarlanmaga başlaýar. Günlerde bir gün ýagdaýlarynyň gidişinde, meniň kakam sahyp diwanyň ýanyna gelýär we aýdýar:

— Bagt bu bir döwlet guşudyr. Hiç kim bu guşuň haýsy şaha gonjagyny bilmeýär. Men öz takdyrymda näme ýazylandygyny hem-de çarhypelegiň näme isleýändigini bilmäge çalyşýaryn.

Herhal-da bolsa Nowsal bilen Gülpolat Körgözüň gitmegine razylyk berdi. Şol bir wagtda Mälik Bahaweddin, Mahmyt

şa hem-de Horasanyň han-beglerinden bir topary paýtagta gidýärler. Olar paýtagtda welaýatlardaky, esasanam, Horasandaky we Mazanderandaky salgytlar, bahalar we ilat ýazuwy barada gürrüňleşýärler. Henize çenli üzülmedik bergiler barada gürrüň açylýar. Danyşment hajyp we başga bir topar Jinkaýyň mähremliginiň tersine, Horasan hökmürowanlygyny Jandemiriň ogluna degişli etmek isleýärdiler. Horasanyň han-begleri we Körgözüň özi hem bar wagty, Körgöze mährem garaýan Jinkaý pursat tapyp, olaryň öz ýanynda kagana şeýle diýýär:

— Horasanyň han-begleri Körgözi isleýärler.

Kagan kabul edýär we onuň adyna perman çykarýar. Kagan aýdýar:

— Bir synagy berjaý edeliň, Körgözi ugradalyň. Goý, ol birnäçe ýylyň hasylyny her adamyň girdeji-çykdajysyny anyklasyn. Şeýle hem welaýatda ilat ýazuwyny geçirsin. Ýöne hiç kimiň onuň işine gatyşmaga haky ýokdur. Şonda biz onuň sap yhlasynyň netijesini aňarys.

Körgöz bu permany alandan soňra, asmanda ganatyny ýaýan guş kimin ordadan ýola düşýär we gysga wagtyň içinde Horasana we Mazanderana ýetýär. Hanyň permanyny adamlara okap berýär we ýazyjylardyr kätiplerini öz ýanyna çagyryp, döwlet işleri bilen meşgul bolmaklygy tabşyrýar.

Nowsal barada aýtsak, ol bir sada adam bolup, ýaşy ötüşendi we jedellerde özüni alyp çykyp bilmeýärdi. Eger-de akyllybaşly, tejribeli Gülpolat bir zatlar aýtmak islän wagtynda, onda Körgöz oňa permany görkezip:

— Permanda hiç kim meniň işime gatyşmaga haky ýok diýlip ýazylan. Sen bu meselede maslahat bermäge niçik hakyň bar! — diýýärdi.

Bu bolsa gutarnykly jogapdy. Şuňa görä ol Körgözüň işine goşulmaklygy bes edýär. Nowsal wezipesinden çetleşdirilse-de, işden aýrylmandy. Körgöz Horasan we Mazanderan işlerini

tertibe salýar, baýlyklary we ähli etraplardan patyşa laýyk sowgatlary toplaýar. Ol ilat ýazuwyny geçirip, salgytlara täzeden seredýär. Ussahanalary gurýar we halkyň arasynda deň hukuklylygy ýaýradýar. Hiç kim oňa hasabat bermän, hereket edip bilmeýärdi. Husytlar emläkden daşlaşdyrylýar. Paýhaslylar hem-de akylly-danalar nadanlardan we akmaklardan tapawutlandyrylýar. Şäherlerde ýene-de abadançylyga umyt döreýär.

Şerefedden Batynyň ordasyndan gaýdýar. Ol we beýlekiler Körgözüň başda durmagynda orunsyz galýarlar. Jandemiriň ölümi bilen onuň ýaranlarynyň käbiri tussag edilýär. Elbetde, bular hem wezipesinden boşadylypdyr. Bular: «Jandemiriň uly ogly Edgu Teýmiri kakasynyň ornunda oturmaly, eger-de ol bu işi soňa goýsa, onda Körgöz öz ornunda has mäkäm ornaşar. Şonda ony ýerinden gozgamak kyn düşer» diýýärdiler. Şuňa görä Körgöz öz hökümdarlygyny ýurtda ornaşdyrmanka işleri öz eline almak üçin Jandemiriň beýleki ogly Tunguz bilelikde Körgöz barada dürli görnüşli töhmetler we günäler paýtagta iberilýär.

Jinkaýyň işini bulaşdyrjak bolup ýören birnäçe adamlar pursat tapyp, onuň ýoklugyndan peýdalanyp, Edgu Teýmiriň sözlerini aýdýarlar. Şu sebäpli Emir Argun, Garabuka we Şemseddin Kemerker kagan tarapyndan şu sözleriň anygyna ýetmek üçin bellenilýär. Körgöz habarçylaryň ugradylandygyny aňyp, özüni taýýarlap başlaýar. Hut özi paýtagta gidýär we kakam sahyp diwany golastyndaky şäherleriň birinde oruntutar edip belleýär.

Körgöz Fenakete ýeten wagty meseläni yzarlamak üçin iberilen ilçiler onuň öňünden çykýar. Olaryň yza dolanmak baradaky teklibinden boýun towlan wagty Körgöz Tunguz bilen jedelleşýär we olaryň arasynda dawa başlaýar. Şu aralykda ol Körgözüň dişini döwýär. Gije Körgöz özüniň gana bulaşan

egin-eşigini Teýmirden[1] kagana iberýär. Körgöz mejbur bolup yzyna dolanýar. Haçanda öýüne ýetende Gülpolat, Edgu Teýmir we Nowsal ýaly mongol emirleriniň ählisi toplanyp, onuň ähli kätiplerini, emirlerini we ýaranlaryny güýç ulanyp, Körgözüň öýünden kowýarlar hem-de yzarlamaklyga başlan ýerleri bolan ordalaryna getirýärler. Körgöz Teýmir ilçi gaýdyp gelýänçä, wagt utmak niýeti bilen, ikuçly jogaplary berýärdi. Ýöne Mazanderanyň we beýleki ýerleriň akmak adamlary özleriniň howpsuzlygy barada aladalanman hem-de soňky döretjek kynçylyklary göz öňüne getirmän, mümkin bolmadyk gürrüňleri aýdyp başlaýarlar. Ikinji günde Teýmir ilçi kyrk bäş günlük ýoly Astrabadyň üstünden geçip Soltan Duwine ýetýär. Onuň gelendigi mälim bolansoň ähli emirlere we hökümdarlara ordada häzir bolmaklaryna we ol ýerde hiç bir söz soramazlyklaryna buýruk berilýär. Patyşa Körgözüň gana boýalan egin-eşikleri sebäpli gazaplanýar. Körgözüň ýaranlary ýene bir gezek diwan emeldarlaryny we häkimlerini Edgu Teýmiriň ordasyndan çykarýarlar. Edgunyň adamlary hem atlanyp, olary zor bilen gaýtarýarlar.

Umuman aýdanyňda, emeldarlar düşnüksiz bir ýagdaýa duçar bolýarlar. Eger-de olar Körgözi goldasalar, onda ilçiler olaryň üstüne çozýardylar. Eger-de olar bilen gowy gatnaşyk saklasalar, onda olar Körgözden hem gorkýardylar. Şerepeddin gijelerine Edgu Teýmir bilen aragatnaşyk saklaýardy. Gündizine bolsa Körgöze hemaýat edýärdi. Körgöz olara Teýmir ilçiniň gaýdyp gelýändigi barada habar iberip:

— Hemmäňiz onuň permanyny diňlemäge jem boluň – diýip, olaryň jogabyna garaşman, atlanyp öýüne ýetdi. Ol ýerden ol Horasanyň akylly-dana, öňdengörüji adamlary bilen ýola

[1] Teýmir — bu Jandemiriň ogly Edgu Teýmir däl. Belki-de, mundan soň ady birnäçe ýerlerde getirileän ilçi Teýmirdir.

düşdi. Onuň hereketiniň habaryny eşiden wagtlary ýerinde galmagy başarmaýarlar. Gülpolat we Edgu Teýmir şugulçylaryň birtopary bilen gidýärler we bilelikde Buhara ýetýärler.

Mälikşa atly Buharanyň hökümdary olary kabul edýär we ýer berýär. Gülpolat buşukmak üçin öýden daş çykýar. Uzak wagtdan bäri oňa garaşan Buharada galan ysmaýylylaryň bir topary dälizde bir çüňkde otyrdylar. Olar Gülpolat daşary çykan badyna ýanyndaky birki sany adamsy bilen bilelikde olary pyçaklap öldürýärler. Ol toparyň arkadaýanjy we medetkäridi. Bu ölümden olar göwni synyk, perişan bolup, sergezdan galdylar.

Herhal-da bolsa, olar orda ýetenlerinde, ilki bilen Jandemiriň ýasan çadyryny dikeltdiler. Kagan çadyra geldi we tagtda oturdy we baýramçylyk başlady. Kagan buşukmak maksady bilen daş çykdy. Ol aýagyny çadyrdan äden badyna, güýçli ýel gelýär we derrew onuň çadyryny ýyrtýar we onuň sütünleri-de ýykylýar. Bu hadysanyň zyýany bir kenize ýetýär. Bu ýalynly ýel sebäpli Edgu Teýmiriň bagt harmany ýanýar we abraýy ýere dökülýär. Kagan çadyry bölek-bölek etmekligi we ony hyzmatkärlere, düýe eýelerine paýlamaklygy buýruk berýär.

Bir hepdeden soňra Körgözüň ýasan çadyryny dikeldýärler we Körgözüň getiren dürli görnüşli sowgatdyr serpaýlaryny ol ýere eltýärler. Ol gün kaganyň şatlygy artýar. Körgözüň abraýy belende galyp, duşmanlaryna urgy bolýar. Sowgatlaryň içinde ýarkan daşy diýilýän göz monjugyndan bezelen bir kemer bardy. Şeýle hem bu kemer göwher bilen bezelip, Körgözüň hut özi tarapyndan oýlanyp ýasalypdy. Özem adatdan daşary gymmatdy we arzylydy. Kagan kemeri höwes bilen biline dakýar. Şol wagt onuň aşgazan hapalanmasy zerarly bilinde agyry bardy. Täze guşagy dakynmagy bilen onuň agyrysy aýrylýar. Ony ýagşylyga ýorup, «Şuňa meňzeş ýene-de birini ýasa» diýip aýdýar. Şol wagt Edgu Teýmire seredip:

— Sen kakaň bilen näme üçin şeýle üýtgeşik zatlary ýasamadyňyz? – diýýär.

Şeýle kesgitli deliller görkezilip, çynlakaý käýinçler edilse-de, Edgu Teýmir hem onuň topary entegem tabyn bolmaýardylar we özleriniň bähbitlerini bilmeýärdiler. Olar ornaşyp, birnäçe wagt geçenden soň, kagan Jinkaýa, Taýnala we emirlik mejlisiniň emirlerinden ýene-de bir topara olaryň ýagdaýyny derňemäge we barlamaga başlamaklaryna görkezme berdi. Körgözüň topary akyldarlardan we baýlardan hem-de Mälik Nyzameddin Esfaraýyn, Ygtyýareddin Abywert, Umydylmülk Şerepeddin Bistam ýaly emeldarlardan, Nezir Nyzameddin şa ýaly ýazyjylardan we beýlekilerden ybarat bolup, Körgözüň ýekelikde özi müň adama degýärdi. Körgöz bu adamlar bilen maslahat edýär we ähli pikirler bilen ylalaşmaklyga çalyşýar. Emma işiň ýagdaýyny hernäçe öwretse-de, esasy iş Şemseddinden örtülip saklanýardy.

Eger-de Edgu Teýmir barada aýtsak, ol heniz ýaşdy. Gülpoladyň ogullary hem entek çagalykdan saplanmandylar. Akylpaýhaslary ýerinde bolan iki-üç sany ýaranlary hem ýagdaýyň nähilidigini bilýärdiler. Şonuň üçin yza çekilip bolmajak işlere ellerini urmaýardylar. Mazanderanyň nadanlarynyň hem bir adamça iş bitirip bilmeýändigini aýtmak gerek. Ne özleri bir akylly söz aýdýardylar, ne-de özgeleriň akylly sözüni diňleýärdiler. Kazyýetde dawalaşýanlaryň her biri öz pikirine laýyklykda paý alýardy. Ýogsa emirleriň we şanyň kazyýetde mähirli garaýşy öz ýerinde täsirsiz bolmaýardy. «Kazynyň kömegi iki sany adyl şaýadyň şaýatlygyndan has ýokarydyr» diýip, aýdypdyrlar. «Namart we paýhassyz adamly toprakdan peýda ýokdur» diýip kim aýdanam bolsa, örän ýerlikli aýdypdyr. Iki tarapyňam wakasy dowam edýärdi. Körgöz tarapyndan pul we adam üpjündi. Duşman tarap bolsa garypdy. Birnäçe aýlap ýagdaý dowam edýär we soňy hem görünmeýär. Emirler maslahat-

dan ýadaýarlar. Kagan iki tarapa garyşyp-goşulyşmagy, iki-iki-den, ýagny birisi Körgözüň tarapyndan we beýlekisi Edgu Teýmiriň tarapyndan çadyrdaş, tabakdaş we ýassykdaş bolmaklyga buýruk berýär. Kagan şeýle-de olaryň ýanlarynda pyçakdyr we beýleki ýaraglarynyň bolmaklygyny gadagan edýär. Şoňa görä hem olardan pyçakdyr beýleki ýaraglar alynýar. Patyşanyň niýeti olary birek-birek bilen ýaraşdyryp, dawalaryny ýatyrmakdy.

Kagan bu çäreleri geçirmek üçin hernäçe dyrjaşsa-da, netijesi bolmady. Jinkaý, kätipler we gürrüňçiler wakalary habar berdiler. Bir gün kaganyň hut özi oturyp, hersini aýratynlykda sorag-ideg edip başlady. Nurin, doganlary hem-de Gülpoladyň ogullary, Edgu Teýmiriň beýleki yzyny eýerijileri bilen bilelikde dyzlaryna çökdürip sorag etdiler. Kaganyň nazary olara düşdi we gygyryp:

— Siz olaryň arasynda näme edýärsiňiz! Olaryň arasyndan çykyň we ýarag göterijileriň arasynda duruň — diýdi.

Şeýdip olaryň sözlerini kesdi we Edgu Teýmiri hem-de onuň ýaranlaryny günäli hasaplaýar. Soňra bolsa Edgu Teýmire aýdýar:

— Sen Batynyň adamsy bolanlygyň üçin men seni ol ýere iberjek. Seniň işiň Batynyň ygtyýarynda bolar.

Edgu Teýmir aýdýar:

— Kagan Batynyň hökümdarydyr. Meniň işim ara alnyp maslahatlaşylar ýaly men kim. Ýer ýüzüniň patyşasy kaganyň özi muny nätmelidigini hemmelerden gowy bilýändir.

Şu sözler sebäpli kagan ony jaýyndan gozgamady. Eger bu sözler Batynyň ýanyna ýeten bolsa, şol sözi aýdan adam onuň hernäçe eziz görýän dosty bolsa-da, onuň janyny aman saklamazdy.

Hernäme-de bolsa, kagan Edgu Teýmire hem-de onuň toparyna Körgözüň ýanyna gitmeklige buýruk berdi. Olaryň bir-

näçeleri ýenjildi, galanlary bolsa Körgözüň ygtyýaryna berildi. Körgöz olary germesatan edip öldürdi. Bu jezalandyrmalar bu toparyň özdiýenlilileriniň netijesidi. Galanlaryna onuň görkezmesi bilen müner ýaly eşek berip, Körgöz bilen yzyna gaýtardylar. Kagan şu jemagata düşündiriş bermek barada şeýle jogap berdi:

— Çingiz hanyň düzgünnamasy boýunça siziň ýalan-ýaşryk gybat sözleriňiziň jezasy ölümdi. Emma uzak ýol ýöräp, bu ýere gelipsiňiz hem-de siziň aýallaryňyz we çagalaryňyz gözleri ýolda, size garaşýandyrlar. Biz siziň maşgalalaryňyza siz barada erbet habar ýetirmeli däl diýip, siziň janyňyzy aman sakladyk. Mundan bu ýana göze-başa düşüp, bular ýaly hereketler etmäň we Körgöze aýdyň: «Olar biziň gullarymyzdyr. Biz olaryň günälerini geçdik. Eger sen hem öňki kineleriň üçin olara bir iş edäýseň, günäkär sen bolarsyň. Sen ýaly adamy öldürmeklik bolsa, biziň üçin kyn iş däldir».

Barlaglar tamamlanandan soň, Körgöz mülki dolandyryp, işine başlady. Möhüm we zerur meseleler onuň tebigatyna laýyklykda ugrukdy. Kagan Jurmagunyň leşgeri arkaly Amyderýanyň töwereklerinden näme eýelenen bolsa, Körgöze berdi hem-de ýarlyk we paýza çykardy.

Kagan adalat zamanynda we kazyýet mejlisinde şeýle aýtdy:

— Bu ähli pyssy-pujurlyklar şol täjikden[1] gaýdýar. Eger ol häzir Körgöz bilen bile bolsa, onuň başyny göni ýoldan sowar. Gowusy, onuň bilen gitmesin.

Şerepeddin hem Körgözüň kalbynda özüne bolan gahar-gazabyň bardygyny we haçan hem bolsa özünden aryny aljakdygyny aňyp, ondan daşlaşanyny gowy görýärdi.

Körgöz Jurmagunyň maslahatyna razylyk bermedi we:

---

[1] Körgöz bilen arasy gowy bolmadyk Şerepeddin göz öňünde tutulýar.

– Şerepeddin gatnaşmazdan birnäçe ýylyň hasabyny çözmek mümkin däl. Eger ol bolmasa, mal-emläk oljalaryny eýelänler we hasapçylar ähli kemçilikleri onuň boýnuna atarlar — diýip bahana etdi.

Bu sözler bilen Şerepeddiniň gaýtmagy üçin kagandan rugsat aldy we ony göwünsizlik bilen yzyna ugratdylar.

Horasanyň emeldarlary we mülkdarlary Körgözüň hyzmatyndadylar. Haçanda Körgözüň işi rowaç alanda, hersi özlerine emeldarlyk permanynyň berilmegini islediler. Körgöz Jinkaý bilen gizlin duşuşygynda şeýle diýdi:

— Eger her kim paýtagtdan hököm sürse, onda ikimiziň aramyzda nähili tapawut bolar.

Şol sebäpli hiç kim perman we paýza alyp bilmedi. Şeýlelikde, hemmeler yzyna dolandylar.

Körgöz bu hadysalar tamamlanandan soň, kaganyň mähir we muhabbetini hem-de duşmanlaryň boýnunyň omrulandygyny aýan etmek üçin ilçileri Horasana iberdi.

## KÖRGÖZÜŇ HORASANA GELMEGI WE ONUŇ BAŞDAN GEÇIRENLERI

Körgöz kagandan hoşamaýlyk tapyp hem-de öz duşmanlaryny gorkuzyp, yzyna dolandy. Ol Batynyň dogany Tengudyň hyzmatyna gitdi. Ol ýerden bolsa Horezme tarap ýola düşdi. Ony garşylamak üçin meniň kakam altyndyr kümüş gap-gaçlardan doly bir çadyry iberýär hem-de zerur dabaralary göz öňünde tutýar. Horasanyň ähli han-begleri bilelikde garşylaýarlar. Körgöz Şähristan ýolundan 637-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň üçünji aýynda öz öýüne gelýär. Şol bir wagtda beýleki han-begleri çagyrmaklyk üçin ilçiler iberilýär. Hemmeler gelýärler we şol bir wagtda mongol emirleri hem gelýärler. Meniň kakam kümüş we gyzyl esbaplardan ybarat bolan örän owadan bir çadyr gurdurýar. Günlerini meýlis gurap geçirýärler. Şol baýramçylyklar döwründe täzelikde çykarylan hökümlerdir permanlar okalyp, adamlara eşitdirilýär. Yragyň han-begleridir wezirleri hem gelýärler. Körgöz ogluny diwandaky kätipler bilen Yraga, Arrana we Genjä iberýär. San taýyndan garanyňda kätipler örän köpdi. Emma iş Nyzameddin şa üçin mynasyplygyna we iş başarjaňlygyna baglydy.

Täze topar Yrak, Arran we Genje döwletlerine gelen wagtlary we olaryň elinden ol welaýatlary alýançalar Jurmagunyň emirleri bilen duşmançylykda bolupdyrlar. Ol wagtlar mal-mülkleri paýlaşmaga şert goýýarlar. Sebäbi her bir welaýatyň öz täzelikleri, her şäheriň hem öz emiri bolup, diwana az möç-

berde paý töleýärdiler. Galanyny bolsa özlerine siňdirýärdiler. Hemmesini olardan yzyna gaýdyp alyp, olara az möçberde pul beripdirler. Körgöz Tusy özüniň ýaşaýyş mekanyna öwürýär we ol ýerde gurluşyklar başlaýar. Tusuň öňki ýagdaýyndan hiç zat galmaýar. Bütin şäheriň özünde jaýlaryň sany elliden geçmeýärdi. Olaryň hem her biri bir gyrada ýerleşýärdi. Geçelgeleri hatda iki eşek biri-biriniň ýanyndan geçende hem darlyk edýärdi. Çöp-çalamlyklar zerarly geçmesi kyn bazar geçelgelerinden nam-nyşan galmady. Körgöz hazyna jaýlarydyr seýilbaglary hem gurýar. Ähli wezirler, mülkdarlar hem-de hanbegler öý satyn alyp, bazarlaryň, ýaplaryň gurluşygyna we harap bolan ýerleri abadanlaşdyrmak işlerine başlaýarlar. Başda bir öýüň bahasy iki ýarym dinar bolsa, soňky hepde onuň bahasy iki ýüz elli dinara ýetipdir. Şäherler we etraplar abadanlaşdyrylýar. Dürli ýerlerde ilçiler kynçylyk çekmez ýaly atlardan hem-de gerekli esbaplardan ybarat çaparhanalary gurdurypdyr. Öňler hiç kimden heder etmän, kelle kesip ýören emirler indi towugyň kellesini almaga-da gorkupdyrlar. Raýatlaryň özlerine bolan ynamlary artypdyr. Ekerançylykda düşlän mongollaryň uly goşuny raýatlardan at diläp bilmän, indi diňe azyk önümlerini soramaga hukugy bolupdyr. Bu düzgün gidip gelýän ilçilere hem degişli bolupdyr. Körgözden ätiýaç etmek adamlaryň ýüreginde orun tutupdyr.

Bu işlerden soňra Körgöz Şerepeddini duzaga düşürmekligiň ugruna çykýar. Ruget obasyndan Asyl atly daýhanyň Körgözüň işleriniň netijesinde abraýy artýar. Körgöz Şerepeddine garşylyga başlan wagtynda hem Asyl bu işde özüni görkezýär. Şerepeddin ele salynýar hem zyndana taşlanýar. Şerepeddinden soňra rugetli Asyl diwanyň başynda oturýar. Asyl ilkibaşda misgär bolupdyr. Indi bolsa ol diwanda oturyp, çekinmän wezirleri we han-begleriň öňüne çykyp bilýärdi.

Körgöz Teýmir ilçini Şerepeddiniň habaryny ýetirmek üçin paýtagta iberýär we onuň yzyndan ugraýar. Ol ýolda wagty bir ilçi duşup kaganyň ölümi baradaky habary ýetirýär. Kaganyň aradan çykmaklygy bilen ähli adamlar perişan bolýarlar. Hanbegler biri-birleri bilen garpyşýarlar.

Ýolda Körgöz asly Çingiz hanyň neberelerinden bolan Çagataýyň baş emirleriniň biri bilen tersleşýär hem-de gomparyp, oňa gödek jogap berýär. Mongollar aslynda söze ähmiýet berip, ony saçyň taryndan inçe we gylyjyň tygyndan ýiti hasaplandyklary üçin onuň garşysyna dogry we nädogry sözleri ýagdyrýarlar. Körgöz bu hadysadan gorkup, yzyna dolanýar.

Çagataýyň emiri bu sözi ýetirýär. Şol wagt Şerepeddiniň gizlinlikde iberen ilçisi hem täsirli bolýar. Çagataýyň ogullary, aýallary we beýleki şazadalar Argun bilen Garabukany ele salmak üçin bellediler. Eger olar gelmese, onda tutup getirmeklik kararyna geldiler. Körgöz Tusa ýeten wagty ilçiler yzyndan ýetip, Şerepeddini talap edýärler. Körgöz mongol däp-dessurlarynyň garşysyna galanyň ortarasynda bir hazynahana gurdurýar we özi-de ol ýerde ornaşýar. Ilçileri iberip, emirlerden goşun hem kömek soraýar. Körgözden ýaňa emirleriň ýüreklerinde gaýgy-gam bardy. Mongollaryň birnäçeleri ýetip gelip, Şerepeddini Sebzewardan getirýärler. Körgöz ilçilerden ätiýaç edýärdi. Başga tarapdan Asyl oňa ilçileriň hyzmatyna gitmegine päsgel berýärdi hem-de oňa nädogry maslahatlary berip, olaryň toruna düşmekden saklanmagy duýdurýardy. Körgöz permanyň mazmunyndan habarly bolmansoň gorkdy hem-de tä ilçiler mongollar bilelikde atlaryna atlanyp we şulha geýimleri geýip derwezeden girýänçäler, hazynahanany goraýar. Körgöz hazynahananyň derwezesini ýapmaklygy buýruk berdi. Şu bahana bilen hem ellerini okdur ýaýa ýetirdiler. Körgöz:

— Men duşman däl – diýýär we derwezeleri açdyrýar.

Mongollar girýärler we Körgözi hem-de Asyly ele salýarlar. Soňra birnäçe adamy derwezelere iberip, onuň ähli ýaranlaryny we garyndaşlaryny öldürýärler. Ýöne Mälik Ygtyýareddine Abywerde gaçmak başardýar.

Bu hadysalardan soňra Horasanyň we Mazanderanyň mäliginiň işleri agyrlaşýar. Birnäçe günden soňra ilçiler Körgözi we Asyly tussag edip, yzlaryna dolanýar. Körgöz özüni ulumsylyk bilen alyp baryp, olara üns bermeýär. Haçanda orda ýeten wagtlary, emirler kazylyk mejlisine başlaýarlar. Körgöz olara bakyp aýdýar:

— Eger siz meniň işimi oňuna çözüp bilseňiz, söz aýdaýyn. Eger-de ol çözülmejek bolsa, gowusy, men hiç zat aýtmaýyn.

Edip biljek zadyňy aýt,
Aýdaňdan soň ol sözleri
gizläp bolmaýar.

Jedel togtaýar we aýdýarlar:

— Körgözi Turakina[1] hatynyň hyzmatyna alyp gitmeli.

Şerepeddin hem kazylyk mejlisine gelýär we Körgöz bilen gürleşmekçi bolýar. Ol Şerepeddine şeýle bir jogap berýär welin, hatda ol onuň sözlerini ret edip hem bilmeýär. Ordanyň emirleriniň biri Şerepeddine seredip aýdýar:

— Ony başga bir sebäp üçin tutdular. Eger ol boşadylaýsa, seniň ýalylar onuň öňünde nähili bolarlar! Ondan ötünç soramak sögüşmeklikden gowy bolar.

Soňra ordadan gaýdyp, Turakina hatynyň ýanyna gidýärler. Şol bir wagtda Jinkaý Turakina hatynyň gahar-gazabyndan gaçyp, Giwegiň hyzmatyna barýar. Jinkaýyň tarapdarlary bolan

[1] Turakina hatyn – Mengu kaganyň aýaly bolup, ol ölenden soň birnäçe wagt döwleti dolandyrýar.

Sahyp Mahmyt Ýalawaç we Körgöz Turakina az üns berýärdiler. Üstesine-de, Turakina hatynyň wezir-wekilleri öň döwlet işleri bilen meşgullanmadyk adamlardy. Körgöz olary sylamaýardy. Onuň gowy aragatnaşyklary ýola goýar ýaly mal-mülkide ýokdy.

Turakina hatynyň köp işleri elinde bolan Patma hatyn Şerepeddiniň abraýyny ýokary göterip, Emir Argunyň hyzmatyna Horasan we Mazanderan ýurtlaryny belleýär. Körgözüň Ulugif ordasynda aýdan şol sözi üçin perman berilýär. Ony ýene-de yzyna gaýtarýarlar we soňra sorag-ideg edýärler. Adatyna görä Körgöz sözüň netijesi barada pikirlenmän, gödek sözleşýär. Garaogul onuň agzyna daş dykyp öldürilmegi baradaky buýrugy berdi.

Körgöz ömrüniň ahyrynda musulman bolup, butparazçylyk dinini taşlaýar. Asyly bolsa Samarkantda zyndana oklaýarlar. Garaogul yzyna dolanjak wagty ony aç saklamaklyga buýruk berdi. Zyndan garawulyna onuň naharyna atyp öldürer ýaly zäher hem berdiler.

Bu dünýäniň aladalary tolkun kimin bir peýda bolýar, birde ýitirim bolýar ýa-da çüýşä goýberilen ýel ýalydyr. Eger-de ondan agzyňy aýyrsaň, onda ol ýerde hiç zat galmaz.

Eger ýüz ýyl ýa-da ýüz müň ýyl ýaşasaň hem,
Ýagdaý hem şeýledir, kär hem şeýledir.

## EMIR ARGUNYŇ WAKASY

Ol oýrat taýpasyna degişli bolup, kakasy müňbaşçylyk edipdir. Oýrat meşhur mongol taýpalaryň biri bolup, Çingiz hanyň maşgalalarynyň, perzentleriniň we onuň daýylarynyň köpüsi ol taýpadandyr. Şol sebäpli Çingiz ýokary göterilen wagty bu taýpa ony goldapdyr we kömek edipdir. Netijede, ol kowumyň eden ýagşylyklary üçin olaryň emirleriniň gyzlaryny Çingiz hanyň nesliniň ogullaryna çykarmaklyk barada perman berilýär. Çingiz han şol gyzlaryň birini, ýagny Jijekan bikäni ol taýpanyň hormatlylarynyň birine berýär. Şol sebäpli hem hemme şazadalar oýrat taýpasyndan öýlenipdirler.

Emir Argun uýgur ýazuwyny öwrenenden soňra, çagalygyndan ösüş ýoluny geçýär hem-de ykbalyň şowlulygy oňa hemra bolýar. Heniz çagalykdan saýlanmanka, paýtagta kaganyň ýanyna gidýär we kätipleriň hataryna goşulýar. Kaganyň oňa bolan hormaty gün-günden artýar. Entek ýaşka, bir iş bilen ony Kuban bilen Hytaýa iberýär. Ol ýerde birnäçe wagt galandan soňra, kaganyň hyzmatyna barýar. Ol ynamdar adam bolandygy sebäpli, Kurbuga we Şerepeddin Kemerker bilen baglanyşykly Edgu Teýmiriň we Körgözüň işini derňemeklige bellenýär. Emir Argun Horasana gelenden soňra bu işi derňemeklige girişýär. Ondan soňra permana laýyklykda olaryň ählisini paýtagta ýollaýar we özi yzyna dolanýar. Paýtagtda Körgöze ýardam berýär we onuň arkasyny alýar. Körgöz Horasan we Mazanderan döwletlerine bellenen wagty Emir Arguny Körgö-

züň nökeri edip belläpdiler. Körgöz her bir işi onuň geňeşi bilen ýerine ýetirip, onsuz hiç bir işe baş goşmandyr hem-de ony öz hökmürowanlygynda şärik we kömekçi edip goýýar. Körgözüň Horasana gelmegi bilen hem-de onuň garaşsyzlyk, özbaşdaklyk pikirini bilensoň, Emir Argun yzyna dolanýar. Orda ýetenden soňra Körgözi tussag etmeklik üçin Emir Argun ýene-de yzyna iberilýär. Şerepeddini zyndandan çykaryp, Körgözi tussag etmek üçin onuň ýany bilen Kurbuga bilelikde ilçileriň bir topary hem iberilipdi. Bu waka öň beýan edilipdi. Turakina hatynyň ordasyna ýeten wagtlary Körgöz aýdan sözi üçin tussag edilýär. Turakina hatyn Körgözüň dolandyran Amyderýadan tä Parsa çenli ýerlerini, ýagny Gürjini, Rumy we Mosuly Emir Arguna tabşyrýar hem-de Şerepeddini baş kätip edip, onuň hyzmatynda goýýar. Beýleki diwan işgärlerini-de belleýär.

641[1]-nji ýylda Emir Argun Horasana gelýär. Permanlary okaýar we döwlet işlerini düzgüne salýar. Şol wagtlar Syrakjyn ilçini Turakina hatynyň ordasyndan gelen ilçileriň beýleki bir topary bilen bilelikde galan salgytlary ýygnamak üçin Horasanda goýýar hem-de Nyzameddin şany hem olar bilen galdyrýar.

Emir Argun ýokary meselelere seredeninden soň, Yraga we Genjä gidýär. Dehistana ýeten wagty Şerepeddine paýtagtda Batynyň we bir toparyň onuň garşysyna dil birikdirendiklerini habar berýärler. Ol şol ýere gidýär. Emir Argun Töwrize giden wagty Emir Hüseýini, Hoja Fahreddini we kätipleriň birnäçesini öz ornuna Horasana we Mazanderana belleýär. Töwrize ýeten wagty Jurmagunyň, Taýjubyň we bu ýerleri özüniň hususy zady hasaplaýan uly han-begleriň ýaranlyklary zerarly dargan bu ülkeleri düzgüne salýar. Bar mal-mülklerini hasaba alýar.

[1] Milady ýyl hasabynda 1243-nji ýyla gabat gelýär.

Olar işlerden daşlaşdyrylýar we olaryň sütemdir adalatsyzlyklaryndan närahat bolýanlar Emir Argun arkaly olaryň penjesinden boşadylýarlar. Soňra bütin etrabyň işini eline alýar. Emir Argunyň dilewarlygy sebäpli uludan-kiçi ähli kişi onuň yzyny ýöredesi gelýärdi. Adamlaryň ýürekleri oňa duýgudaşlyk bildirýärdi. Rum, Şam we Halap soltanlary oňa ilçilerini iberip, ondan delalat isleýärdiler. Emir Argun salgyda seretmek maksady bilen ol ülkelere ilçi iberýär. Haçanda Şerepeddin Batynyň ordasyndan gelende, ol Töwriziň halkyndan we başgalardan köpräk mal-olja almaklyk baradaky permany çykarýar. Emir Argun bu höküme razylyk bermeýär we Şerepeddin hem öz diýeninden dänmeýär. Şu mesele sebäpli Emir Arguna halkyň kalbynda söýgi hem dostluk duýgusy ornaşýar.

Haçanda ilçiler Giwek hany tagtda oturtmaklyk üçin eýelenen sebitleri, soltanlyklary, oljalary jemlemek üçin gelenlerinde, Emir Argun ýola düşüp, sebitleriň patyşalaryna we ýer eýelerine olaryň gelýändiklerini habar bermäge ilçilerini ýollaýar. Soňra kakamy-sahyp diwany Genjede, Gürjüde we Rum döwletlerinde öz ornunda oturdýar hem-de Bukany onuň nökeri edip belleýär. Argun Tusa ýeten wagty Şerepeddin aradan çykýar. Emir Argun onuň girizen bikanun salgytlaryny ýatyrýar. Şol döwürlerde öz eline düşen mal-mülki döwlet dolanyşygyna siňdirýär we paýtagta ugraýar. Mülkdarlar, kätipler we häkimler hem onuň bilen bilelikde paýtagta hereket edýärler.

Kagan ölenden soň şazadalar we beýleki adamlar sebitlerde hem welaýatlarda eýemçilik edip başlapdylar. Baýlyklary bermegiň deregine töleg kagyzçalaryny berýärdiler ýa-da özgeleriň üstüne ýükleýärdiler. Öz ýanlaryndan ýarlyklary we paýzalar çykarýardylar. Bu işleriň ählisi mongollaryň hökümetiniň we kanunynyň tersinedi. Şu sebäpli Emir Argun kaganyň ölüminden soňra şazadalaryň oňa-muňa beren her bir paýzasyny we ýarlygyny ýygnamaklygy buýruk berýär.

Argun Giwek hanyň hyzmatyna baranda dürli görnüşli sowgatlary getirýär. Şazadalaryň her haýsynyň mertebesine laýyk sowgatlary bermek bilen olara ýakynlyk bildirýär. Köşk ululalaryna hem-de han-beglerine bahar buludynyň ýagyş seçişi ýaly, mal-mülki peşgeş edýär. Sowgat paýlamaklyk tamamlanandan soňra, möhüm meseleleri çözmeklige girişilýär. Ilki bilen ýygnanyşykda ýarlyklary we paýzalary beren we olary alan şol şazadalar onuň huzurynda peýda bolýar. Bu iş onuň ähli möhüm hyzmatlarynyň esasysy bolýar. Giwek Arguna köp etraplary we döwletleri dolandyrmagy tabşyrýar. Soňra şir kelleli paýzany we ýarlygy, ähli mälikleriň we beýlekileriň işlerini oňa tabşyrýar. Ondan başga hiç topara, hiç bir kişä ýarlyk we paýza bermeýär. Munuň üstesine-de, başga hiç bir häkim we hökümdar Giwegiň hyzmatyna goýberilmändir. Diňe Hytaýdan we Mawerannahrdan bolan Sahyp Ýalawaç we onuň ogly hem-de günbatar şäherlerinden bolan Emir Argun onuň huzuryna goýberipdirler. Ýene-de bir adam bilen Giwegiň hut özi duşuşypdyr. Ol hem Şerepeddin aradan çykanlygy sebäpli duşuşan Hoja Fahreddin Behişdidi. Bu adamyň doglan ýeri Horezm bolsada, Behişdi ady bilen meşhur bolmagy onuň ýagşy ahlaklylygyny subut edýärdi. Ol işeňňir hem-de hoşgylaw adam bolupdyr. Giwek oňa Ulug Bitikçi[1] derejesini beripdir.

Emir Argun paýtagtdan yzyna dolanandan soňra, ýaranlarynyň her birini derejesine görä möhüm işlerde başarjaňlygyny peýdalanyp biljek işlere belledi. Olar öz isleg-arazuwlaryna ýetdiler we hemmesi onuň bilen dostlaşyp, oňa tarapdar boldular. Şondan soňra göwnühoşluk bilen yza dolanmaga rugsat aldylar.

Emir Argun uzak ýolunda özüniň sahy ellerini irki bahar ýagşy kimin açdy. Türküstan we Mawerannahr şäherleriniň äh-

[1] Bitikçi – hat-petek gatnadýan ilçi.

lisi onuň rehim-şepagadyna duçar boldy. Onuň sahylygynyň we şan-şöhratynyň owazasy, hatda jahankeşdeleriň ýüreklerine-de ornaşýar. Öňinçä onuň gelendigini habar bermek üçin ilçilerini Horasana we ol döwletlere iberýär. Bu ýerleriň we şäherleriň ähli adamlary ony garşylamak üçin ýola düşýärler hem-de Merwde ýygnanyşýarlar. Emir Argun döwlet adamlary we ýaranlary bilelikde Merwiň Arzanakabat diýen ýerine gelýär. Birnäçe gün olar şa köşgünde meýlis gurýarlar. Emir Argun köşk seýilgäh gurdurmaga buýruk berýär. Ýaranlary hem onuň buýrugyna laýyklykda bagyň hem köşgüň gurluşygyna başlaýarlar. Emir Argun ol ýerden Tusa gidýär. Ol ýerde Mansuryýany we mundan öň hem könelip sandan çykan, nam-nyşan galmadyk köşkleri täzeden dikeltmekligi buýurýar. Şol işleri alyp barmagy abywertli Ygtyýareddine ynanýar we ol Radkan sähralygynda galýar. Birnäçe günläp deň-duşlary bilen keýp çekýär. Etraplardan han-begler oňa goşulýarlar. Döwlet meseleleri onuň islegine laýyk çözülýärdi. Her gün wezirler we döwlet adamlary gelip, oňa goşulýardy. Argun olaryň işini dogry ýola gönükdirýärdi. Güýz paslynyň tomusdan üstün çykyp, tomus günleriniň aradan aýrylan wagty, säheriň ýeňiljek şemalynyň täsirinde ýapraklaryň agaçlaryň depesinden gaçan wagtlary Emir Argun Mazanderan ýolundan Töwrize ýola düşýär. Her bir ýeten etrabynyň we welaýatynyň işlerini we möhüm meselelerini çözýär. Ýuwaş-ýuwaşdan ýoluny dowam etdirip, Amul serhedine ýeten wagtlary, kakam Genjeden getirilen we taýýarlanyp goýlan gymmatbaha zatlar we mal-mülk bilen Emir Arguny garşylamaga çykýar. Şeýle-de mejlis geçirer ýaly halylardyr gerekli esbaplary ýanlary bilen alyp, birki günläp meýlis guraýarlar.

Emir Argun ugramakçy bolanda Mengupolat Kodeknewin bilen bilelikde emirlere höküm edýän permany eline alypdyr diýen habar gelýär. Mengupolat mongol Jurmagunyň döwrün-

de Töwriziň häkimligine bellenipdi. Ol naýman taýpasyndan bolup, şol wagtlar öz taýpadaşy, ýagny Giwek hanyň döwlet işleriniň dolandyryjysy bolan Kodaknewiniň kömek bermegi bilen şu permana eýe boldy. Üstesine-de, Kodak şol döwürlerde biraz wagt gizlin ýaşandan soň, ýaňy-ýakynda Rumdan çykyp, halka görnüp başlan Atabeg Hamuşyň ogly Atabeg Nusraded-din üçin mälik Sadreddine garşy Töwriziň we Genjäniň tümenbaşylygy barada Giwekden hökümdarlyk permanyny alypdy.

Emir Argun bu wakalary bilip, göripleriň hem-de duşmanlaryň garaýşyndan habarlydy. Ol mekir hilelere geçirimlilik edip bilmedi we ýüregi gaýgy-gama batdy. Ol köşk salgytlaryny taýýarlamaklygy buýruk berdi. Soňra öňinçä Nyzameddin şany ilçi hökmünde dagynyklykdan habarly etmek üçin paýtagta iberdi. Özi bir aýdan soňra ýola düşdi. Mälik Sadreddin hem onuň permanyna laýyklykda, Töwrizden hereket etdi. Emir Argun paýtagta howlukdy. Bu saparda oňa Hoja Fahreddin Behişdi we kakam ýoldaş bolýar. Bu setirleri ýazyjy hem Emir Argunyň buýrugyna görä, oňa ýoldaş bolýar. Argun bilen olar bilelikde Teraza ýeten wagty Giwek hanyň ölümine we şol bir wagtda ol töwereklere Ilçik Taýyň gelmegine gabat gelýär. Emir Argun ýekelikde mongollaryň käbirleri bilen Ilçiktaýy garşylamaga gidýär. Ol öz emeldarlaryna we wezirlerine Kumkiçikde ýerleşmeklige buýruk berýär. Ilçiktaý uly goşun işlerini we onuň enjamlaryny Emir Argunsyz taýýarlamaklygyň mümkin däldigi sebäpli, Emir Arguny yzyna çagyrýar. Emir Argun hem yzyna dolanýar we Emir Hüseýini bolsa saparyň nähili bolandygyny, dolanmagynyň sebäplerini we beýleki meseleleri habar berer ýaly orda iberýär. Emir Hüseýin we Nyzameddin bu möhüm habary ýetirýärler hem-de ahyrynda islenilýän netije alýarlar.

Emir Argun Horasana ýeten wagty kiçijik buýruklary, ýagny aslyýetinde azyk önümlerini we dürli-dümen zatlary taýýar-

lamak üçin Ilçik Taýyň buýrugyny ýerine ýetirýär. Ýene bir tarapdan şazadalar ilçilerini her tarapa ýollap, permanlaryny ýaýradýardylar. Şol permana laýyklykda hazynadaky birnäçe ýyla ýetirilmeli serişdeler birbada boşap galýar. Yzly-yzyna gelip, uly möçberde salgyt alýan mongol salgytçylary hem-de Ilçik Taýyň islegleridir talaplary, halkyň hal-ýagdaýyny pese düşürýär. Emirleri, emeldarlary we kätipleri güýçden gaçyrýar.

Ilçiler ilkinji gezek ýetip gelenlerinde, Emir Argun Ilçıktaý bilen duşuşmak üçin Bathyz töwereklerine gidýär. Ol ýerden gaýdyp, Saragta gelýär. Gyş arkasyna öwrülip, bahar pasly ýüzüni açyp, howa ýylanda we guşlar baglarda owaz edip başlan wagtlary Emir Argun öňdengörüjilik bilen 647[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda ýola düşýär. Töwrizde permany täsir tapmanlygy sebäpli Mengupolat hem Emir Argunyň görkezmesi bilen Töwrizden gaýdýar we Giwegiň aýaly Ogulgaýmeşiň ordasyna ýetýärler.

Ordada birnäçe gezek kazylaryň mejlisi bolýar. Mengupoladyň işine seredilýär hem-de Mengupoladyň ýalan sözlerinden Emir Argunyň dogruçyllygy ýüze çykýar. Emir Argunyň delilleri duşmanyň boş delillerinden üstün çykýar. Mengupoladyň jöwheri ýumşap, palçyga batýar. Emir Argun Allatagalanyň kömegi bilen üstün çykýar. Ordada birnäçe wagt saklanyp, öz maksadyna ýetenden soňra, yzyna dolanmaga rugsat alýar. Ýene bir tarapdan bolsa, Emir Argun Beki[2] bilen Mengu kaganyň duşuşygy zerarly betgumanlyk alamatlary görner öýdüp gorkýardy we hut özi olar bilen didarlaşmaga gidip bilmeýärdi. Şuňa görä Beki tarapyndan Emir Argunyň şärikdeşi we kärdeşi hasaplanýan hormatlylaryň biri bolan Mälik Nasreddin Aly Mäligi we diwan kätibi Hoja Syrajeddin Şejaini sowgatdyr

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1249-njy ýyla gabat gelýär.

[2] Beki – ol Serkewitli Bekidir.

peşgeşler bilen bilelikde Bekiniň we Mengu kaganyň köşgüne ýollaýar. Şeýlelikde, özüniň eglenişiniň ötünjini beýan edip başlady. Şol bir wagtda Şerepeddinden soňra Batynyň dolandyrjysy tarapyndan bitikçi Nyzameddin şany paýtagta ýollaýar. Emir Argunyň özi bolsa yzyna dolanýar. Tötänden bu ýumuş buýrulan adam hem ordada ýogalýar.

Emir Argun yzyna dolanyp, Bisunyň ýanyndaky Almalygyň töwereklerine ýeten wagty, köşk emirleriniň biriniň gyzyna öýlenmek üçin saklanýar. Hoja Fahreddin we Mengupolat öňe gidýärler. Şu setirleriň ýazary hem Emir Argun bilen galýar. Argun ol mekany terk eden wagtlary gyş pasly bolup, düzlüklerdir daglara gar örtýär. Gar zerarly adamlara hereket etmek kyn bolýardy. On üç günüň dowamynda ahyry Merwe ýetýärler. Argunyň öz ornunda goýup giden emirleri Hüseýin we sahyp diwan Batynyň permanyna laýyklykda köşge gidipdiler. Birnäçe wagtdan soňra Hoja Nejmeddin Aly Jelabady ony Ulug Bitikçi hökmünde belleýän ýarlygy Batynyň paýtagtyndan getirýär. Uly ilçiler hem permany okamaklyk üçin onuň ýanyndady. Haçanda ilçiler Emir Arguny, han-begleri we dolandyrjylary çagyrmak üçin ýetip gelenlerinde Emir Argun Nakuny we Hoja Nejmeddini öz ornunda oturdýar we özi gurultaýa gidýär. Bu barada bolsa aşakda gürrüň berilýär.

## ULY GURULTAÝDA EMIR ARGUNYŇ BAŞDAN GEÇIRENLERI

649[1]-njy ýylda Argun paýtagta gurultaýa gitmek kararyna gelýär. Ilçiler hem permana laýyklykda mälikleri, emirleri we kätipleri çagyrmak üçin ýola düşýärler. Emir Argun Teraz töwereklerine ýetende, Mengu kaganyň tagta geçendigi baradaky şatlykly habary eşidýär. Soňra oňa galyň gar päsgel berse-de, ýoluny dowam etdirýär. Kenarbaşynyň gyrasyna ýeten wagtlary gar ähli peslikleri we belentlikleri düzläp, ýollary bekläpdi hem-de geçelgeleri doldurypdy. Gar atyň boýnuna barabardy. Şol gün olar ol ýerde galýarlar we Emir Argun ilçilere öňe gitmekligi buýruk berýär we ýollardan ägä bolup, derýadan geçýärler. Şondan soňra belent depeleri geçenlerinde atlylary ýollary oňat biler ýaly on-ondan öňe sürdi. Haýsy bir ýerde çukur bolsa, atlylar yzlaryndan gelýänlere geçmeklik aňsat bolar ýaly doldurýardylar. Geçmesi gaty kyn bolan ýerde bolsa özleri düşüp, atlaryny geçirýärdiler. Şol gün Hudaýyň rehmeti bilen gün çykypdy. Köp tagallalardan soň bir parsaň ýol geçilýär. Hudaýyň enaýaty bilen ol howply mekanda gorky dep edilýär. Şu görnüşde Emir Argun tä Bäşbalyga ýetýänçä özüne rahatlygy haram edýär. Emir Masut beg Mengu kaganyň paýtagtyndan yzyna dolanyp, ol ýere ýetipdi. Olar mähribanlygy biri-birine rowa görýärler. Bu görüşmeden soňra Argun ol ýerden ýola

[1] Milady ýyl hasabynda 1251-nji ýyla gabat gelýär.

düşýär we goş-golamlary daşamaklyk kynçylyklary barada habar ýetirmek üçin Mengu kaganyň huzuryna bir ilçini iberýär. Ilçi ýolda wagty oňa permany tizleşdirip ýetirmek baradaky habary ýetirýärler. Perman bilen birlikde Allatalagalanyň ýeňiljek şemalynyň ysy şol namada patyşanyň mähir-muhabbetiniň gunçasy açylan ýaly bolýar. Emir Argun permana laýyklykda işleri howlukmaç alyp barýar we 649[1]-njy ýylyň sapar aýynda paýtagta ýetýär. Ertesi gün onuň ýoldaşlary hem ýetip gelýärler. Sowgat-serpaýlary gowşurýarlar we olar gelip, Mengu kaganyň döwletiniň ýaşululary boldular.

Olaryň yzýany sowuk we gar sebäpli ýolda saklanan Mälik Sadreddin we Hoja Fahreddin Behişdi we beýleki han-begler ýetip gelýärler we sowgat-serpaýlar gowşurýarlar.

Sowgat-serpaý gowşurmaklyk tamamlanandan soňra, patyşa raýatlaryň we welaýatlaryň işine seredýär. Emir Boýagaýdan we emirleriň bir topary bilelikde sorag edýärler. Şol döwürler mäliklerden, emirlerden, wezirlerden hem sorag edip, hasabat alynýardy. Soňra Emir Argun Mengu kaganyň günäsi bilen bikanun salgytlar alnandygy we ilçileriň, salgytçylaryň başyna goýberilendigi sebäpli, işleriň bulaşandygyny we salgyt meselesinde goýberilen kemçilikleri sanady. Ol käbir işlerde ýetmezçilikleri anyklamak üçin wagt ýetmändigini hem boýun alýar. Haçanda işleriň pesligi Emir Argun tarapyndan anyk deliller bilen subut edilende ötünç soradylar. Jahan patyşasy şu ýörelgeleri makullady. Üstesine-de, Emir Arguny öňküdenem artyk hormatlady hem-de beýlekilerden artygrak onuň mähir-muhabbetinden peýdalandy.

Şol wagtlar Mengu kaganyň buýrugyna görä, şol ýerdäki wezir-wekilleriň ählisini çagyrýarlar. Ol raýatlaryň asudalygy, garyp-pukaralaryň hem rahat bolmagy şerti bilen, welaýatlaryň

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1251-nji ýyla gabat gelýär.

düzgün-tertibi dogrusynda mesele goýulýar we aýdýar: «Nädip şäherleri abat, raýatlary kalby rahat saklamaly?! Munuň üçin şu aşakdakylary bilmek zerurdyr, ýagny ähli ýurtlarda bar bolan sütemkärleriň hem-de ezijileriň elini adamlaryň hak-hukuklaryndan çekdirmeli. Allatagalanyň her bir bendesi öz ýurdunyň gün-günden artýan güýjüne düşünmegi hökmanydyr we onuň bereketi ömürlik galmalydyr. Her bir raýat ýurdunyň çüýrük kemçiliklerini bilmelidir we şu habarlaryň esasynda şol kemçilikleri ýeňip geçmekligi her bir musulman özüne maksat edinmelidir».

Mengu kagan bularyň yzýany her bir wezire her bir meseläni aýratynlykda çözmegi hem-de öz welaýatynda nähili dogrulyklaryň we nädogrulyklaryň ýol alandygyny beýan edýän we ol kemçilikleri nädip düzetmekçi bolýandygy baradaky beýannamasyny ýazmaklygy buýruk berdi.

Şulary aýtmak gerek. Bir başarjaň lukman bejerişe girişmezinden ozal keseliň alamatlaryny, başlanyşyny, güýjüni we gowşaklygyny soraýar. Ol derdiň sebäplerini we damar urgusyny derňeýär. Onuň sebäplerini we alamatlaryny bilen wagty bejermek oňa aňsat bolýar we näsagyň ýagdaýyna laýyklykda gerekli dermanlary belleýär.

Patyşanyň soraglary lukmanyňka meňzeş mähriban däldir. Ol sütemiň we kanunsyzlygyň alamatlaryny temmi bermek we gorkuzmak şerbeti bilen zamananyň durkundan sypyryp aýyrýar. Belki, mundan hem erbedräkdir. Ol Isa pygamberiň demine meňzeş bolup, adalatsyzlykdan ölenleri bir dem bilen direldýär.

Mengu kaganyň ýokarky buýrugyndan soňra, her kim öz pikirini ýazyp, döwrüň kynçylyklary barada arz edýär. Ertesi gün ähli jemagatyň köşge gelmegi baradaky perman çykýar. Olary köşge getirýärler. Mengu kagan şu usulda welaýatlaryň

we raýatlaryň peýdasyna çykyş edip başlaýar. Onuň pikirleriniň we gürrüňleriniň saýlantgysy şudy:

— Adamlaryň başyna dürli görnüşli salgytlar we talaplar salynýar. Olaryň dagynyklygy hem şu zerarlydyr.

Şuňa laýyklykda salgyt meselesinde Mawerannahrda «kupçur»[1] diýlip atlandyrylýan Sahyp Ýalawajyň salgyt meselesini çözmek üçin gelnen netijäni amala aşyrmaly. Adam başyna salynýan ýyllyk salgyt onuň başarnygyna hem-de baýlygyna bagly bolmalydy. Haçanda bu salgytlar wagtynda tölenilse, onda oňa tä indiki ýyla çenli ýüz tutmaly däldir hem-de ondan hiç zat talap etmeli däl. Haçanda salgyt almak meselesi şu usulda bellenilensoň, Mengu kagan şeýle perman çykardy: «Salgyt almaklygyň iň ýokary derejesi on dinar bolmaly. Şu möçberiň özi hem her kimiň ýagdaýyna seredilip, bir dinara çenli azaldylyp bilner. Şu usul bilen gazanylan serişdeler, salgytlar paç we zerur tölegler bahanasy bilen hiç para almazlygy ýaly goşuna, çaparhana we ilçilere sarp edilmeli».

Mengu kagan beýleki her bir iş üçin hem perman çykardy. Ol onuň tagta çykyşynyň beýanynda ýazylypdy. Hökümler we permanlar ýüze çykarylyp, ýurt işlerinde ulanylyp başlanda, öňküsi ýaly ol sebitler ýene-de Emir Arguna tabşyryldy. Ähli kynçylyklary düzetmeklik oňa ýüklenildi. Mengu kagan saýlama ýarlygy we paýzany Emir Arguna berdi. Naýymtaý bilen Terimtaýy hem onuň nökeri edip belledi. Mengu kaganyň doganlary, ýagny Keblaý, Hulagu, Erikbuka we Muka tarapyndan bir emir nökere degişli edildi. Mengu kagan raýatlaryň asuda ýaşaýşyny üpjün edýän buýruklary çykardy we Emir Argunyň hyzmatyndaky toparlara ýarlykdyr paýza berdi. Ýanyndaky häkimlerden Emir Argunyň höküm etmekde şärigi Nasreddin Aly Mälige ýurtlaryň tutuş hökümini, aýratynam, Nyşapuryň, Tu-

[1] Kupjur – mal-garalar bilen baglanyşykly salgydyň bir görnüşi.

suň, Yspyhanyň, Kumuň we Kaşanyň tümenbaşylygyny berdi. Ähli Arranyň we Genjäniň hökmürowanlygyny bolsa öz ygtyýaryndaky Mälik Sadreddine gaýtaryp berdi. Hyrat, Sistan, Balh we tä Hindistanyň serhedine çenli bolan ähli ülkeleri Mälik Şemseddin Mahmyt Kerata gowşurdy. Sikrany, Kermany hem Emir Mahmyda bagyşlady we olaryň ählisine saýlama paýzalary berdi. Beýlekileriňem her birisine öz derejesine laýyklykda altyn ýa-da kümüş paýza berdi. Olaryň hyzmatyndaky birnäçe kowumlara bolsa Hytaý matalaryny sowgat etdi. Hatda nökerler we düýebakarlar hem özlerine mynasyp sowgat-serpaýlary aldylar.

Mundan soňra hemmeler mähirli garaýyş tapdylar. Emir Argun we onuň ýanyndakylar gaýtdylar. Bu setirleri ýazyjy we Syrajeddin Şejaýy birnäçe gün paýtagtda galdylar. Şu aralykda atam sahyp diwanlyk derejesiniň ýarlygyny, Beki tarapyndan diwan kätibi, häzir bolsa onuň ol käri Arykbuka berlen Syrajeddin bolsa paýza aldy hem-de 651-nji ýylyň rejep aýynda ýola düşdüler.

Emir Argun Horasana ýetende, ähli ýaranlary we wezirleri häzir boldular. Şol wagt permanlar okaldy. Mengu kaganyň permanlary bilen dolandyrjylary we döwlet adamlaryny tanyşdyrdylar. Soňra işleri ýerine ýetirmeklik üçin hem-de işleriň gowşamazlygy üçin möhüm borçnamalar orta goýuldy. Soňra Emir Argun duýduryş berdi:

— Kimde-kim kanuny ýerine ýetirmese we raýatlara sütem etse, onda olar sorag edilmäge hem-de jeza çekmäge sezewar bolarlar.

Permana laýyklykda emirleri we kätipleri belledi. Birnäçe gün kupçur bellemeklik barada maslahat bolýar we ahyrynda şeýle karara gelýärler. Ilat ýazuwyndan soňra, her bir on adama ýetmiş dinar rukni bellenildi we ýylba-ýyl ony olardan almaklyk ýola goýuldy. Ilat ýazuwynyň meselesiniň we kupçur

usulynyň aýdyň bolmagy üçin Emir Argun emirleri we kätipleri belledi. Horasandaky we Mazanderandaky ýokarky adamlar şulardan ybaratdy: şazadalar tarapyndan gelen iki-üç sany mongol emirleri, Emir Argunyň öz emiri Naku, Ulug Bitikçi lakamly Hoja Behişti, Horasanyň we Mazanderanyň oruntutary Sahyp Yzzeddin Tahyr hasaba alyndy. Yrakdakylar we Ýeztdäkiler şulardan ybaratdy: Naýymtaý we kakam sahyp diwan. Kakam altmyş ýaşyna ýetipdi we dünýäniň mal-emlägine göz dikmän, dolandyryş işlerinden ýadap halys bolupdy. Ol galan ömrüni puşmanlyk derýasynda gark bolandan kanagatda ýaşap, arkaýyn bolmakçydy. Bu barada onuň bir molammag[1] görnüşinde goşgusy bardyr.

Haçana çenli nädürs işlere el uzadylar,
Haçana çenli çagalyk etegi tutular we çekiler.
Jüweýni arpa nany gözleseň taparsyň,
Näme üçin arzuwlaryň yzyndan beýle gyssanýarsyň.
Nadanlyk bilen özgelerden hasap soraýarsyň,
Hasabyňy soraýan Perwerdigäri unudýarsyň.
Aňyrsyna ýetip bolmaýan hasaby,
Özüňden aýyrsaň hasapsyz bolar.
Eger birden durmuş senden geçäýse,
Sen öz durmuşyňy iň erbet
şekilde kötekleýärsiň.
Gije-gündiz seniň çäksiz
erbet ýürekliligiňden,
Özüniň bet häsiýetinden ýaňa
towlam-towlamdyr.

[1] Molammag — bir beýdi ýa-da mysragy parsça, ikinji beýdi ýa-da mysragy arap dilinde ýazylan goşgular. Mysrag diýip beýdiň setirlerine aýdylýar.

Lowurdady garrylyk ýyllary,
Bulut deýin ýaşlyk çaltlyk bilen geçdi.
Juwanlyk ürkdi, garrylyk geldi,
Sen bu aldawdan edil ukuda ýaly arkaýyn.
Garrylyk çagy geldi, ýaşlyk ýüz öwürdi,
Garaňky günler artdy, toba et.
Garrylyk ornaşyp üzeňňisini berkitdi,
Näme üçin jylawuňy batyllyk ýoluna
ugrukdyrýarsyň?
Owadan ýüzlüler seni aldap bilmez,
Ýalpyldap duran dişlerini görmek azapdyr.
Indi şu başyňa kanagat et.
Kanagatlylyk aýyndan saňa şöhle düşer.
Şerap içmeklikde hetden aşmak
seni aldap bilmez,
Sebäbi diliňi salgymda gark
edäýmeseň başga zat ýok.
Mydam eger batyllygy dadyjy bolmasaň,
Näme üçin bulgur ýaly hemişe
şerabyň ýanyndasyň.
Sen özüňi genji-hazynanyň içinde
orun tutansyň öýdýäň,
Ýogsa, sen bir porsap duran kölüň içinde
gurçuklar bilen ýaşaýaň.
Pelegiň özeni ýaly gije-gündiz bikararsyň,
Ysmaz keseli ýaly ömürboýy gorkuda sen.

Emma onuň terkidünýäligine hem razy bolmansoňlar, bialaç Yraga tarap ugrady. Ol Yspyhana ýetende her hili kesellere sezewar boldy we janyny haka tabşyryp, wagtlaýyn öýünden ebedilik mekanyna göç etdi.

Emir Argun Tarmtaýy we Sarykbukany Mälik Sadreddine hemra edip, Hoja Mejdeddin Töwrizi bilen bilelikde ilat ýazuwynyň we kupçur salgydynyň meselelerini taýýarlamak üçin iberýär. Özi bolsa beýleki möhüm meseleler üçin Batynyň ýanyna, paýtagta gidýär. Hoja Nejmeddin hem onuň bilen bilelikde Batynyň ordasyna gidýär. Mengu kaganyň permanyna görä, oňa habar berlip, soragynyň jogaby berilýär. Soňra Derbent tarapdan Gürjüstan, Arran we Töwriz şäherlerine ýola düşýär hem-de ilat ýazuwynyň, kupçuryň işini we mal-mülkleri düzgünleşdirmek bilen bagly işleri tamamlaýar. Soňra Yraga gidýär. Emir Argunyň mübärek köşkde ýok wagty bir topar birleşip, betnebislik bilen Jemaleddin Has Hajybyň adyna köşkden gözegçilik etmek barada bir perman alypdylar. Jemaleddin Horasana ýetende we meýdany mertlerden boş görende, işini ugrukdyryp, hasaplaşyk işine girişýär we talaň elini açýar. Haçanda Emir Argun Yragyň we Töwriziň içki meselelerini çözensoň, Hulaguny garşy almaga howlukdy we Kitwuda onuň huzuryna gowuşdy. Onuň merhemeti we aladasy bilen Mengu kaganyň huzuryna girmäge howlukdy.

Argun yzyna gaýdanda onuň habary paýtagta ýetýär. Şu aralykda Jemaleddin Has Hajyp hem Hulagunyň paýtagtyna gitdi we ähli atly emirlere, ýaranlaryna, mäliklere hem-de ýolbaşçylara ýörite: «Meniň siziň hemmäňiz bilen sözüm bar. Siziň hemmäňiziň Mengu kaganyň huzurynda häzir bolmagyňyz zerur» diýip namalar ugradýar.

Hulagu aýdýar:

— Bu maslahat Arguna tabşyryldy we onuň gelen netijesine baglydyr. Bu Mengu kaganyň hökümidir. Biziň hemmämiz bu sebitleriň häkimligini oňa tabşyrmakda ylalaşdyk. Munuň üstesine-de, Jemaleddiniň ýazan sanawynda getirilen adamlaryň atlary maňa gelip ýetdi.

Patyşa buýurýar:

— Eger ol barada söz bar bolsa, biziň huzurymyzda beýan et. Hut şu ýerde derňew edilsin we karar kabul edilsin.

Ol bu sözüne puşman etdi we ötünç sorady. Ondan soň Merwe, Emir Argunyň hyzmatyna gelip ýetdi. Hoja Fahreddin bilen mundan öň ýok bolan dostlukly we ýoldaşlyk gatnaşygyna başlady hem-de paýtagta ugradylar.

Emir Argun 654[1]-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda ogly Keraý Mäligi we Emir Ahmedi we şu setirleriň ýazaryny Hulagu patyşanyň hyzmatynda işleri tertipleşdirmek we dolandyrmak üçin belleýär. Soňra özi jahan patyşasynyň ordasyna gidýär we Yrak, Mazanderan, Horasan döwletlerini olara tabşyrýar. Eýýäm gybatçylaryň bir topary onuň garşysyna bir iş ýa-da dildüwşük gurnamak üçin garaşyp otyrdylar. Şeýdip onuň bagtyna böwet etmekçidiler. Ýöne Perwerdigär onuň goragçysy bolýar. Has Hajyp we beýlekiler ol topara biridýärler. Beýannama ýazýarlar. Käbir Hytaý hasapçylary bolsa hasabat berip başlaýarlar. Mejlisiň emirleri Emir Argunyň işini yzarlamak bilen meşgul bolýarlar. Heniz Perwerdigär onuň tarapynda bolanlygy zerarly onuň garşydaşlary şermendelikden we puşmandan başga hiç bir netije almaýarlar. Ordadaky käbir topar ýolbaşçylary aradan çykýarlar. Has Hajyby we beýleki gybatçylary Emir Arguna tabşyrýarlar. Galanlaryny-da ordada öldürýärler. Käbirlerini bolsa haçanda Emir Argun Tusa ýetip gelende sorag-ideg edýärler.

Şol wagtlarda ilat ýazuwy hem tamamlanypdy. Jahan patyşasy olary öz garyndaşlarynyň arasyna belleýär. Olaryň her biri barada ýerinde aýdylar. Ýene bir tarapdan, Mengu kagan indi Hytaýyň uzakdaky şäherlerine hereket edenligi zerarly, ýene-de Emir Arguna emirleridir, mälikleri bilen öz golastyndaky şäherlere gaýdyp gelmekligine buýruk berilýär. Ol hezzet-hormat

[1] Milady ýyl hasabynda 1256-njy ýyla gabat gelýär.

bilen tapawutlandyrylýar. Bu gezekde paýza we ýarlyk almadyk her bir emir paýza we ýarlyga mynasyp bolýarlar. Hoja Fahreddin Behişti ordada aradan çykýar. Onuň orny ogullarynyň akyllyragy bolan ogly Hesameddin Emir Hüseýine tabşyrylýar. Çünki ol mongol dilini hem-de uýgur ýazuwyny bilipdir, ol zamanlarda bu hemmelere mahsus bolupdyr. Şol bir wagtda Hoja Nejmeddine Baty tarapyndan Ulug Bitikçi wezipesi berilýär hem-de kätiplerdir emirler we mälikler öň haýsy wezipede bolsalar, öz orunlarynda galýarlar. Hoja Nejmeddin paýtagta Batynyň ýanyna gidýär.

Emir Argun 656[1]-njy ýylyň oraza aýynda Horasana ýetende, paýtagtyň möhüm meseleleriniň içinde bolýar we bu işler bilen tanşyp tejribe toplaýar. Ol derňew-agtaryş işleri bilen hem tanyş bolýar. Diwan işlerini ýöretmekde adyndan belli bolşy ýaly, paýhasly, päk ahlakly häsiýeti bilen ähli halka mälim bolan Hoja Yzzeddin Tahyryny özüniň oruntutary edip belleýär. Ol bu işi bilen dostluk baglanyşygy berkidýär.

Her gezek ilat ýazuwy hem-de kupçur bilen bagly mesele ilki bilen Horasandan başlanýardy. Bu gezek işi ýeňilleşdirmek üçin Horasandaky ilat ýazuwy goýbolsun edilýär. Emir Argun Arran töwereklerine, Hulagunyň ýanyna gidýär Onuň huzuryna gidip, hasabat berýär. Gürjüstana gidip, ilat ýazuwyna we hezara[2] işine girişýär. Ilkinji gezekde kupçur her on adam başyna ýetmiş dinar bellenilipdi. Bu salgyt tertipsiz goşunyň, çaparhananyň we leşgeriň çykdajylaryna ýeterlik däldi. Mundan başgada, kupçur kanuny çeşme bolup, tabşyrylýan salgytlar şoňa görä hasaba alynýardy. Bu salgyt kanuny ýola goýulmazyndan öň, meselem, on ýerde maýa goýumlary bolan, aýry-aýry baý-

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1258-nji ýyla gabat gelýär.

[2] Bu söze hiç bir sözlüklerde düşündiriş berilmändir. Salgydyň bir görnüşi bolmagy mümkin, mysal üçin, müň sany adama ýa-da müň goýna degişli alynýan salgyt.

lyklary bar bolan baýlar we gurplular şol maýa goýumlaryna görä altyn töleýärdiler. Şuňa laýyklykda, her adamdan bäş ýüz ýa müň dinar alynýardy. Haçan salgyt hasaplaşygyň binýady on dinara karar edilensoň hem maýa goýumlar hernäçe köp bolsa-da, baýlara agram düşmän, ýene-de az girdejili adamlara köp agram düşýärdi.

Emir Argunyň ýokardaky agzalan salgyt ýagdaýyny düzgünleşdirmek üçin teklibi paýtagta hödürlenýär. Kupçur kanunyny täzeden düzüň we gurply adamlardan bäş ýüz dinar alyň hem-de adamlaryň girdeýjilerine degişli ýerini azaldyň. Goý, garyp-pukaralara bir dinardan ýetsin hem-de çykdajylary şu salgyt bilen düzgüne salyň» diýip, paýtagtdan perman gelýär. Bu täze düzgünler esasynda işi ugrukdyrýar we ilat ýazuwynda we salgyt almakda köp iş edýär.

Şu buýruklardan soňra, Emir Argun ilki bilen Gürjüstana gidýär. Şol wagtlar Gyzmäligiň ogly ol ýerde gozgalaň turzupdy. Hulagu uly mongollardan we musulmanlardan bir goşuny ol ýere iberýär. Emir Argun hem han-begleri bilen bilelikde Tiflis adamlaryndan bir topary ol tarapa ýollaýar. Olara etraplardan goşunlar biridýär we gürjüleriň köpüsini öldürýärler hem ýesir alýarlar. Soňra Emir Argun yzyna dolanýar we 657[1]-nji ýylyň oraza aýynyň ahyrlarynda patyşanyň Şam tarapyna hereketi döwründe Tiflis şäherinde onuň hyzmatyna ýetýär hem-de gürjüler babatda hasabat berýär. Patyşa mongollardan bir goşuny taýýarlamagy buýurýar we Yragyň serkerdelerini hem tertipsiz goşunyny, Gürjüstanyň ýesirlerini bu goşuna tabşyrýar we ol goşunlaryň ählisini Emir Argunyň gözastynda goýýar.

Emir Argun ikinji gezek Tiflise ýetende, beýik Dawut mälik galan baýlyklary talap, gozgalaň turuzýar.

---

[1] Milady ýyl hasabynda 1259-njy ýyla gabat gelýär.

## ŞEREPEDDIN HOREZMLINIŇ ÖMÜR BEÝANY

«Hiç bir sebäpsiz islänini kowýan we islänini yzyna çagyrýan» Allatagala adamy ýaradanda käbir adamlary bagtly ýaradyp, käbirlerini bolsa betbagtlyk zyndanynda döredipdir. Hamala bagtly adam ilkinji günden ömrüniň ahyryna çenli bagtly bolup, bagtsyz adam hem ilkinji gününden soňuna çenli hemişelik bagtsyzdyr. Ruhlar adamlaryň göwresine girip, ýürek bilen baglaşan wagtlary her kim belli bir wagtda takdyryna görä, belentlik höwürtgesinden aşaky dergähe gadam goýýar. Barlyk lybasy bagtlylyk bezegi bilen bezelen kişiniň haýyr-nyşanlary özüni kynçylyga oklamazdan, her bir sözünden we işinden äşgär ýüze çykýandyr. Eger ol bagtygara bolsa, onda ol betbagtlyk dagyna ýanar. Işi, hereketi hem şunuň bilen barabar bolar. Şu sözleri hem Muhammet pygamberiň göwher saçyjy sözleri tassyk edýär: «Käbir adamlaryň eline haýyr-ýagşylyk açary berler, käbirlerine ýamanlyk açary berler».

Şu sözleriň aýdyň mysaly Şerepeddiniň başdan geçirenleridir.

Ýaradyş öýüniň muhendisi[1] haçanda onuň hapa nahalyny erbet bozuklaryň galyndylaryndan döredende we hapa ynanjynyň galyndylaryny bozuk barlygynda ýadygär goýanda, adyny hem etmişine görä beripdir. «Atlar asmandan inýärler» diýen sözüň dogrudygyny subut bolmagy üçin onuň adynyň harplary-

[1] Muhendis – inžener.

ny «şin» we «ri» harpyndan, ýagny «şer» sözünden düzüp, oňa Şerri fiddin adyny goýýar. Bu bir ýörgünli zatdyr, ýagny «teşdidi» we ses berýän harplary bolan «ri» we «ýa» harplaryny aýryp bolýandyr. Şeýlelikde, Şerepeddin diýýärler. Şulary aýtmak gerekdir, onuň hapa we haýasyz tebigaty içki bozuklygy we hapysalygy bilen garyşandyr. Onda Hezreti pygamberiň «Bozuklygyň we nädürslügiň hakykatyny beýan ediň» diýen aňlatmasy göze ilýändir. Aňly adama umumy adamlar üçin betpygyllaryň erbet ahlagyny düşündirmekligiň peýdasyz däldigi görnüp durandyr. Bu işiň iki peýdasy bar.

Birinjiden-ä, ýygnaklarda we mejlislerde adamlaryň aýyplary we kemakyllyklary aýdylsa, akyl geýimi bilen bezelen adamlar öňki işlerinden daşlaşmaz we ýagşy işlerinden ýüz öwürmezler. Şol manylaryň şekilleri ýüreklerde nagyş bolar. Olar gowy adamlaryň hataryna goşularlar. Musulmanlaryň emiri Hezreti Alydan:

— Edebi kimden öwrendiň? diýip sorapdyrlar.

Hezreti Aly:

– Biedeplerden – diýip jogap beripdir.

Ikinjiden, eger aýyply adamlar ýagşylyklaryň ýagtysyny kabul etmäge taýýar bolsalar, onda beýleki adamlaryň diýýän sözlerini, şikaýatlaryny, melamatlaryny eşidip, öz huşuna gelerler. Netijede, kämil bagtlylygy hemme zatdan öňde diýip hasap ederler. Şeýlelikde, zamanada baky galjak masgaraçylykdan, binamyslykdan gorkarlar. Ýaramly gylyklary we saýlama häsiýetleri gazanmak bilen durkundan erbetlikleri kowar we ýagşylyklary ýerleşdirer. Biraz wagtyň içinde ol öz deň-duşlarynyň arasynda gowy adam diýlip hasap ediler. Emma eger Allatagala — öz penasynda aman saklasyn — haýsy bir kişini bagtsyz edip ýaratsa we onuň maňlaýynda garabagtlyk nyşanasy bolsa, hiç hili düşündiriş bilen gaflat pagtasyny gulagyndan aýyrmaz. Ol öz ýolundan gaýtmaz, belki, gün-günden öz ýörel-

gesinde berk durar. Şol işlerini öňküden hem köpräk ýerine ýetirer, aýak diräp durar.

Erbet zady ondan aýryp bolmaýar,
Hapalygy hapalykdan nädip aýryp bolar?!
Ol kine eder näme üçin meni garaladyň — diýip,
Aslynda garany nädip garalamak bolar?!

Günäkär Şerepeddin uly mertebä eýe bolmaklyga mynasyp däldi. Ol kepjebaş şekilli, içýan häsiýetlidi. Bet amallydy we bedroýdy. Erbet gylykly aýala meňzeşdi, ikiýüzli şugulçy, ýyrtyjylygyň, erbetlikleriň hemrasy, şum adamlaryň ýarany, ýagşy adamlardan uzaklaşan, zynagär, duşmanlykda we zulumda ötüşen, şöhratparaz, ýezide meňzeş bedroý, bedasyl, ulumsy, nimruda meňzeş ýoluny urduran, nadanlykda samutlylara şärik, pyrgauna meňzeş şöhratparaz, şäherleriň we adamlaryň arasynda gozgalaň turuzyjy, bozuk işleriň bozukçysy, din işlerinde gapyl, maksat eşegine münende daşýürekdi. Eger ol derejeden ýykylsa, onda ol eşek deý hammaldy. Ezilenleri ezýän we zalymlaryň garşysyna dymyjydy. Adam sypat şeýtan, ýagşy adamlara hyýanatçy, erbetlere ynanjaň, binamys, gödek, ala gözli, hemişe gaharly, her tarapdan sögünç we her dilde lagnat aýdylan (hakykatdan hem, ol şerri fiddindi, ýagny din şerçisidi) näletsiňendi. Ol iki elli, iki aýakly haýwan, adam şekilli şeýtan, döwe meňzeş şerçi, adam lybysyndaky doňuz, hokga çykarmakda şeýtan, örän hümmetsiz gysganç, adam sypatyndaky äpet wagşy, adama meňzeş was-was edijidi.

Bu zatlaryň hemmesi mugjyzadyr,
Adama meňzeş kän, ýöne adam däl.
Ýalançylykdan döwe meňzeşdir,
Erbetlikden we nejislikden boş däldir.

Elbetde, Hudaýtagaladan käbir dilimden çykýan sözler üçin ötünç soraýan. Şerepeddin nadanlyga baý we danalyga garypdy. Ýagşylyk wezipelerinden gaçýan namysdan başga zada sahawatlydy. Sabyrsyzdy. Eşek hamlydy, bigaýratdy. Ar-namysdan boşdy. Ol ýiti gözlüdi, ýöne pulhasaplamakda ýiti gözlüdi. Ol aňlydy, emma diňe haramzadalykda. Ol artykdyr, ýöne diňe nadanlykda artykdy. Nirede bolsa-da jeň-jedeli gözläp ýören adamdy. Ýaryş topuny her bir ykmandadan kakyp alandy. Allanyň permanlaryna gamly we etme diýen işlerini etmäge hemişe taýýardy. Haýyrdan gaçyp, şer tarapa baragan, zalym, ýyrtyjylykda hemmeden öňde, Allatagalanyň nygmatlaryny görmeýän kördi. Dünýä hapalyklarynda ite meňzeş tamakin, ahyret işinden dynçdy. Dünýä işine berkdi. Onuň maňlaýyna: «Allanyň mährinden umytsyz» diýlip ýazylan ýalydy. Gursagynyň gara sahypasy şek-şübhe perdesi bilen hakykat nury ýapylana meňzeýärdi. Ol barada hakykat sözler şulardan ybaratdyr.

Şeýtan eger sen bilen tanyş bolanda
Öz işinde seni mirasdüşer ederdi.
Adam ata seniň doguljagyňy bilen bolanda
Senden ar-namys edip, özüni agta ederdi.

Şeýlelikde, onuň şum aýagy Horasan iline ýetende, Deçjal gelen ýaly boldy. Belki, mundan hem erbedräk, ölüm şuglasy gelen ýaly boldy. Munuň gizlin syry bardy. Bu bir asylsyz, ylym-bilimden boş, Horezm obalarynyň birinde ýaşaýan hammalyň ogludy. Çagalyk döwri geçip, ýaşlyk döwrüne ýetende gowy howada, owadan jaýlarda terbiýelendi. Biline ýetip duran saçy, aýa meňzeş ýüzi, sadap ýaly dişleri, pisse ýaly agzy hemmeleriň ünsüni özüne çekdi. Köp adamlar onuň yşgynda aglaýardylar. Bir gezek Horezm häkimi ýoldan geçip barýarka ony görýär. Owadan ýüzli, syrdam bedenli oglan bolansoň, oňa ma-

ýyl bolýar. Onuň görmegeýligine aldanyp, öz ýanyna getirýär we haýa perdesini ýyrtýar. Biraz wagtdan hyzmat edeplerini ussatlyk bilen başaranyndan soň, Şerepeddin patyşanyň kätibi boldy. Belki-de, patyşanyň galamyna döwet, derdine derman, şerabynyň löderesine küýze bolandyr. Näme-de bolsa ýuwaş-ýuwaş öz galamyndan peýdalanyp, ak-garany tanap, Horezm häkiminiň kätibi boldy. Ýöne adamzadyň owadanlygy hemişelik däl. Ýetginjekleriň owadan ýüzleri käbir aýallaryň wepasy ýaly hemişelik däl.

Seniň gül ýüzüň hemişe bir
durkda galmandygy üçin,
Bu ýürek gaýgyly boldy,
ol köşeşmeýär.

Üstesine-de, şeýtan söýgüsi was-wasy bolup, akyl gözüne toprak urar hem-de şeýle höwes ody azajyk suw guýulmak bilen öçer we şemal ýaly geçer.

Yşk hiç haçan kemelmez,
Hernäme bolsa yza gaýtmaz.

Häkim diňe bir kesel bolman, garrylygam onuň üstesine boldy. Höwesiň ýerini gaýgy tutdy, çalasynlygyň ornuna agyrlyk tapyldy. Birnäçe wagt geçenden soň, paýtagtdan: «Jandemir Horezm goşuny bilen Horasana gitsin we Jurmagun bilen ol şäherleri azat etsin» diýen perman gelýär. Jandemire kätip gerek boldy. Şu iki delil bilen hiç kim şol sapara gitmek islemedi. Birinjiden, bu uruşda yslam şäherleri weýran bolmalydy. Ikinjiden bolsa, urşuň soňy geler diýen ynam ýokdy. Horezm häkimi Şerepeddini Jandemir bilen gitmäge mejbur etdi.

Eý, tikenli eli bilen güli girew alan,
Tiken ösüp başlady, ony ormaly.
Wagtyňda saňa gel diýdim,
Bu gün saňa aýdýan gidiber, eý, bedroý.

Oňa ýekegöz eşegi berdiler, ol Deçjal ýaly şol eşege münüp, ýola düşdi. Göýä içýanyň arkasyna münüp, ýylanyň hinine girýän ary ýaly, ýüz müň gynanç bilen ýola düşdi.

Şerepeddin birnäçe wagt Jandemir bilen ýoldaş bolup, türki dili öwrendi. Ondan başga terjimeçi bolmandan soň, onuň işi ugruna boldy. Horasanyň ýagdaýy öwerlikli däldi, bulam-bujardy. Topalaňlyk we perişanlyk şuglalary lowurdaýardy. Mongol leşgerleriniň aýaklarynyň astynda depelenen hem bolsa, ol ýeriniň ilaty doly güýç-kuwwatdan gaçmandy. Sebäbi her bir boýun bolýan oba we etrap mongollara azajyk azyk-bede, on gez, köp bolsa ýüz gez kerbas[1] töleýärdiler. Mongollar şoňa razy bolýardylar hem-de talaňçylyk ellerini çekýärdiler. Eger her obany uruşdyr jeň edip basyp alsalar, onda ol ýerdäki parçadyr ulaglaryň barysyny äkidipdirler. Ýöne gylyçdan sypanlaryň gulakdyr burunlaryny kesmeýärdiler. Ilkibaşda mongollar altyn we gymmatbaha daşlara üns bermeýärdiler. Ýöne Jandemir bu işe bellenenden soň, bu «alyjenap»[2] özüni görkezjek bolup, olaryň köňlünde mala we zada bolan söýgini gopdurdy. Bu şeýtan ýaly dünýäniň owadan zatlaryna ýürekden söýgi bildirmegi öwredip, ähli bela-beterleriň körügi boldy. Her bir ýeri zor bilen basyp alsalar-da, ol ýeriň adamlaryna ähli zadyny tapyp berýänçäler köp azap berýärdiler, soňra bolsa öldürýärdiler. Eger altyn berseler, onda aman saklaýardylar. Bu döwürde adamlar öz janlaryny altyn berip goraýardylar.

---

[1] Kerbas –pes hilli kendir mata.

[2] Jüweýni bu ýerde ýaňsy äheňinde Şerepeddini göz öňünde tutýar.

Ýuwaş-ýuwaşdan Horasan bilen Mazanderanyň adamlary bu döwürde uly degirmeniň bela daşynyň aşagynda ezildiler we ýazgytlarynyň aýak astynda toprak ýaly pes boldular. Jandemir ähli ýerlere häkim boldy. Şol wagtlarda ýuwaş-ýuwaşdan uruşlar ýatyp, gorky-hatarlar aradan aýrylyp, pitneler dep edilensoň, bu betpäl Şerepeddin garyplykdan baýlyga ýetip, ýetim oglanlaryň, dul hatynlaryň ýürek ganlaryndan peýdalanyp baýady. Hudaýtagala şeýle diýýär: «Ol günde kyýamatda şol altyn-kümşi jähennem odunda gyzdyryp, aýasyna we arkasyna tagma basylyp: «Ine, şu özüňiz üçin toplan zatlaryňyzdyr. Indi ýygnan zatlaryňyzyň mazasyny dadyp görüň diýler».[1] Hyzmat ediş döwrüniň uzaga çekenligi, mynasyp adamlaryň gizlenendigi ýa-da gaçandygy sebäpli, oňa Ulug Bitikçi derejesini berdiler. Ululyk we bilim gözi bu derejäniň oňa berilmeginden ýaňa aglady.

Ol her bir welaýata ugradylan ýa-da gelen harytlary şol harytlary satan adamlaryň beren kagyzlaryny tertip bilen hasaba alýardy. Jandemir ölüp, Nowsal onuň ornunda oturýança, Horasan ýolbaşçylary hasap kitabyny ýöretdiler. Bu gozgalaň turzujy Batynyň paýtagtyna baryp, bir wezipäni alyp, ol ýerden ýarlyk getirdi. Soňra tä Körgöze nobat ýetýänçä, şol möhüm iş bilen meşgul boldy. Ol gelensoň hem Şerepeddin şol iş bilen meşguldy. Körgöz köşkde örän hüşgär, ugurtapyjy adam bolanlygy sebäpli, Şerepeddin ondan birugsat bir iş etmäge hem-de birine sütem etmäge, ejize ganym bolmaga milt edip bilmeýärdi. Şerepeddin şu wagtlarda Jandemiriň ogly Edgu Teýmiri kakasynyň ornuny almaklyga höweslendirýärdi we gizlin Körgözüň aýdýan zatlaryny yzygiderli oňa ýetirýärdi. Şeýlelikde, onuň ýüreginde garşydaşlyk agajy ekildi. Ýöne göräýmäge Körgöz bilen Edgu Teýmiriň garşysyna pikirdeşdi. Ýa aýal

[1] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 35-nji aýaty.

aýal bolmaly, ýa erkek erkek bolmaly. Şerepeddiniň was-wasy Edgu Teýmiriň ýüreginde orun tutdy. Kaganyň köşgüne ilçi ugradyp, Körgözden sorag edilmegini haýyş etdi.

Jahan patyşasynyň paýtagtyndan Emir Argun nökerleriň birtopary bilen Körgözden hasap soramak üçin bellenildi. Olar Horasana ýetende hem Şerepeddin şonda-da ikiýüzlülik ýoluny tutup, göräýmäge Körgöz bilen pikirdeş bolan boldy. Haçanda iberilenler paýtagta gelip ýetende öňki ýoluna görä, Körgöze hemra boldy, emma ol hakykatdan-da Edgu Teýmiriň habarçysydy. Ýöne kaganyň Körgöz barada söýgi-hormaty subut edildi. Duşmanlar har boldular we Edgu Teýmiriň tarapdarlarynyň bir bölegine jeza berildi. Şol topardan biri Körgöze bir depderçe beripdi, onda şol ikiýüzliniň siňegiň bokuna meňzäp duran bulaşyk haty bilen ýazan namasy bardy. Onda käbir zatlar ýazylandy. Hyýal hakykat boldy. Şübhe aradan aýryldy. Şol gozgalaňlaryň köpüsi şu melgun, betkäriň sözi we küşgürmegi bilen bolan eken. Meseläniň hakykaty Emir Jinkaýyň dilinden adalatly şalar şasy kagana ýetenden soň, ol şeýle diýdi:

— Onuň daşky keşbi onuň erbet edim-gylymlaryndan habar berýär. Eger ol Körgöz bilen bile bolsa, onda ony hem dogry ýoldan çykarar we öz haramzadalygy bilen Körgözüň ygtyýaryndaky döwlet işleri kada-kanundan çykarar. Ony Horasan işlerinden uzakda bolar ýaly we Horasanda weýrançylyk etmez ýaly ýere ibermeli.

Şerepeddin bu wakany eşidip, Körgözüň ar almagyndan gorkýardy. Ýöne onuň buýrugyndan çykyp, ordada galandygyna begenýärdi. Käbir toparlar Körgöze «Şerepeddin şu wagt ejiz duşman, ondan aryňy al» diýýärdiler. Ýolbaşçylar şeýle adamlaryň işini wagt geçirmän birýüzli etmelidir. Bular ýaly işde haýal-ýagallylyk etmek akyldan we hüşgärlikden daşdadyr. Dünýä bir durkunda durmaýar. Ol özgerişliklerden boş däl. Eger ol galsa, ýene bir deşiklere girip, pursatdan peýdala-

nyp, uruş we alada sebäp bolmagy uzakda däl. Ýöne Körgöz onuň bir sebetden boşan ýylandygyny bilýärdi. Her kim tutsa, şonuňky bolar, goý, «erbetligi goýber, geçsin». Emma şol topar uzakdan görüjiligi we ätiýaçlylygy ündeýärdiler. Körgöz bularyň sözlerini kabul edýär. Şeýle bir bahana bilen göýä: «Horasanyň we Mazanderanyň hasap kitaplary doly ýerine ýetirilmändir. Eger Şerepeddin ol ýere barmasa, ondan welaýat häkimi we bularyň ynamdar adamlary girdejileri we diwan harytlaryny özleri üçin peýdalanyp, ony Şerepeddiniň adyna ýaparlar» diýip, ony yzyna getirmek isledi.

Şeýlelikde, bu görlüp-eşidilmedik zalymy ýarlyksyz perman arkaly, yzyna gaýtardy. Körgöz oňa gahar-gazap bildirmedi. Haçanda ol derýadan geçip, Horasanyň we Yragyň ýaşululary onuň öňünden çykanlarynda Şerepeddine üns bermediler. Ol ýönekeý atly ýaly gelip gidýärdi. Ýöne Tusa gelenden soň, Körgözüň haýyşy bilen orda ýaşululary bilen gezip ýörkä, hasap kitap soramaly diýen bahana bilen tutup, onuň el-aýagyny gandallaýarlar. Günäsini boýnuna alansoň, paýtagta ilçi ugradylýar. Ilçi ýolda wagty kagan ölýär. Ýollar ýapylýar we erbetlikleriň gapysy açylýar. Ilçi yzyna dolanyp, Körgözüň ýanyna gelýär. Ýöne Şerepeddin zyndanda saklanýar.

Şol zyndana oklanan wagty ol Abu Lähep ýaly azap çekýärdi. Hemmaletel Hatap[1], ýagny onuň aýaly Şerepeddiniň ýagdaýy barada paýtagtdaky şazadalara ilçi ugradýar. Bu ilçileriň käbirlerini ýolda tutýarlar. Netijede, olar maksatlaryna ýetmeýär. Şu ilçileriň biri orda barýar. Şol wagtlar birnäçe emirleri Körgözi getirmeklik üçin belläpdiler. Şerepeddiniň işini hem şolara tabşyrdylar. Ilçiler Tus şäherine gelip ýetdiler. Şol wagt Sebze-

---

[1] Bu ýerde «Läheb» süresiniň ilkinji iki aýatyna we dördünji aýatyna yşarat edilýär, ýagny «Abu Lähebiň iki eli gurasyn we heläk bolsun» hem-de «onuň aýaly Hemmaletel Hatap şol oduň odunçysy bolar».

waryň şasy Mahmydyň ýanynda Şerepeddin bendilikdedi. Mahmyt şa akylsyzlykda we Allatagalanyň buýrugyny ýerine ýetirmezlikde, erbet işlerde, musulmanlaryň ganyny döküp, malyny talamakda at gazanypdy. Şerepeddini oňa bermek bilen Körgöz şeýle maksady göz öňünde tutýardy: «Eger-de, Mahmyt şa ony öldürse, Körgöz öldürdi diýmezler. Mahmyt şanyň aýagyndan tutarlar». Şeýlelikde, Körgöz bir ok bilen iki awy aljak boldy. Bir pikir bilen iki gozgalaňy ýok etjek boldy. Emma Horasan ilatynyň başyndan gaýgy-gam sili geçmändi. Olaryň käsesinde bela şerbetinden birnäçe damja bardy. Körgözüň şol eden haýyrly pikiri amala aşmanka, ilçileriň gelenligi baradaky pikir ýetip gelýär. Körgöz ätiýaç bilen bir adamy Sebzewara ugratdy we: «Şerepeddiniň işine el urmaň, howlukmaň» diýip, haýyş etdi. Elbetde, işi soňa goýmaklykda belalar bar. Hezreti Aly şeýle diýýär: «Men Perwerdigärimi şu islegleri döwmekde we arzuwlary amala aşyrmazlykda tanadym».

Sebzewaryň häkimi Mahmyt şa töwerekdäki ýagdaýa seretdi. Wakalar Şerepeddiniň pikirine gabat geldi. Garşydaşlyk gylyjy zamananyň gynyndan çykdy. Uklap ýatan gozgalaňlar we erbetlikler oýandy. Durmuş çagalary parahatçylyk enesinden bizar boldular. Şerepeddine hormat goýlup başlandy. Ilçiler gelip, Körgözi tutanlaryndan soň, Şerepeddiniň yzyndan ilçi ugradýarlar. Ol şu pursatda zulum edip ugraýar we ýolbaşçylarydyr raýatlary ezip başlaýar. Nätsin, «Gan bilen giren, jan bilen çykar» diýlişi ýaly, ol şu zatlary ýörelge edinipdi. Ol ýekelikde oturan gijeleri, gaýgy-gamly wagtynda Allatagala beren sözlerini unutdy. Allatagala şeýle diýipdir: «Indi kim öz kasamyny bozsa, bes, ol diňe öz zyýanyna galar. We kim Alla bilen ähti-peýmanyna wepa kylsa, onda Alla oňa uly sowgat-sylag eda kylar».[1]

[1] Gurhanyň 48-nji («Nuh») süresiniň 10-njy aýaty.

Şerepeddin biraz wagtyň içinde birnäçe baýlyga eýe boldy we ilçiler bilen paýtagta gitdi. Ulug-if ordasyna ýeten wagty, Körgöze sorag edilip durlan mejlisde, onuň bilen jedel etmek isledi. Körgöz ony şeýle bir ýumşatdy welin, hatda onuň dili güň boldy, ruhy utançlyk perdesine büreldi. Emirleriň biri oňa ýüzlenip:

— Körgöz öz adyna ýöňkelen bir ýalňyşlyk sebäpli şeýle erbet hadysa sezewar boldy. Ýöne sen muňa dahylly däl, seniň üçin ötünç soramak gozgalaň etmekden amatly bolar. Sebäbi ol şu hadysadan gutulsa, onda sen onuň öňünde hakyky garşydaş bolup bilmersiň.

Şol ýerden çykyp, Turakina hatynyň ýanyna baransoň, Turakina hatyn gadymdan galan kinesi sebäpli Körgözüň işine üns bermeýär we Şerepeddiniň işini Emir Arguna tabşyrýar. Sebäbi oňa has ynamy we yhlasy bardy. Perman bilen Horasanyň we Mazanderanyň galan girdejisi bolan dört müň ýassyk zeri Şerepeddine tabşyrdy. Şeýlelikde, ol Emir Argunyň hyzmatyna gaýdyp geldi. Horasana baransoň, Şerepeddin ähli işleri öz ygtyýaryna aldy we Emir Argun oňa birnäçe işleri tabşyrdy.

Şerepeddin Dehistana gelensoň, Baty tarapyndan ony yzarlap geldiler. Emir Argunyň tagallasy we ygtybary sebäpli, birnäçe gezek onuň günäkärdigini subut etseler-de, hiç kim onuň garşysyna çykyp bilmänden soňra, ony azat etdiler. Şol wagtlar Emir Argun Töwrize geldi we Şerepeddin durman, onuň hyzmatyna bardy. Tä Körgöz ölinçä hiç bir işi başaryp bilmedi. Körgözüň öldi habaryny eşidip, «Küýzede näme bolsa, şol hem döküler» diýlişi ýaly, nejis işlerine başlap, ýene-de zulum oduny ýakdy. Ol salgyt alýan adamlary belläp, ýurduň ähli künjegine ugradyp başlaýar. Ellerine nama ýazyp berýär. Onda: «Hiç bir zatdan gorkmaň, baýlardan tylla alyň hem-de depdere ýazyp oturmaň» diýen setirler bardy.

Olar mümkin bolan zady aldylar. Onuň özi Töwrizde ýaşaýardy we şu meseläni yzarlaýardy. Ol «Ähli musulmanlardan, aşa güýç-gudratyndan aşan bolsun, ýa baştutan, ýa gullukçy, ýa erbet, ýa ýagşy, ýa garry, ýa ýaş – hemmesinden salgyt alynsyn» diýip perman berdi. Birnäçe adamlary bu işe gözegçilik etmäge belledi. Ýagşyzadalary horlady. Käbir hudaýparaz adamlary-da, dinsiz adamlary-da horlap başlady. Bir wagtlar olary salgyt bermekden boşadypdylar. Olar oňa hormat gözi bilen garap, nesihat we şäher ilatyndan uly-kiçä ýagşylyk etmegini haýyş edýärdiler. Emma ol olara peslik we harlyk gözi bilen seredýärdi. Ol hak sözüni eneden doglanda-da ker gulagy bilen eşitmedi. Tersine, olaryň salgytlaryny iki esse artdyrdy. Ony hökman tölesinler diýýärdi. Hudaýtagala Nuh alaýhyssalamyň dessanynda şeýle diýýär: «Hakykatda, her haçan men olary Seniň ýalkawyňa sebäp bolan ýoluňa çagyryp başlasam, olar meniň sözlerimi eşitmezlik üçin barmaklaryny gulaklaryna dykyp, ýüz-gözlerine geýimlerini oradylar we öz küfrlerinde aýak diräp durdular hem-de maňa etagat etmekden baş çekip, kibru-howa – men-menlik kyldylar».[1]

Köplenç, dul aýallara we ýetim çagalara şerigatda we Allatagalanyň kanunlarynda-da mejburlyk ýokdy. Çingiz hanyň kanunlarynda-da olara azar berilmeýärdi. Mätäçlik we zarynlyk bilen onuň ýanyna gelýärdiler. Olara kömek etmekden geçen, gargynyp olaryň hersiniň maňlaýyna «ýok» diýen eli bilen urýardy. Olar gorkup, yzlaryna gaýdýardylar. Emir Argun diýdi:

— Hazyna gerek bolan mukdarda salgyt alynsyn we berilsin diýlip talap edilýär. Emma aýallaryň, ýetim çagalaryň, garrylaryň, zulum astyndaky adamlaryň, derwüşleriň gargyş we ahy-nalasy asmana çykýar. Ýurduň çar künjeginde zulumsütem, her bir öýde bir bigäne we her jaýda bir garawul höwürtge ýasapdyr. Ne Allatagaladan gorkýarlar, ne-de adamlar-

[1] Gurhanyň 71-nji süresiniň 7-nji aýaty.

dan utanýarlar. Gargynçdyr, sögünç hem olara päsgel berip bilmeýär.

Seýit Muştewa (goý, Allatagala ony öz rehmetinden doýursyn!) şu ýagdaýy beýan edip şeýle diýýär:

Zynhar ar-namys üçin tagalla etmek gerek,
Bu gezegem ar-namysy üçin yhlas
etmek gerek.
Aman bermeýärdiler, altyn dileýärdiler,
Bialaç at-abraý üçin ýene-de yhlas
etmek gerek.

Şerepeddin Töwriz şäheriniň ähli zatlaryny syryp-süpüreninden soň, ýeke-täk Hudaýa iman getiren we yslamyň serhedi bolan Gazna şäherine bardy. Onuň ol ýere baran wagty 642[1]-nji ýylyň oraza aýydy. Mäligiň köşgüne bardy. Ýaşululary we alymlary getirdiler, her kime islese-islemese salgyt belledi. Olary köşgüň ýokarsynda suwsuz, azyksyz saklady. Agzaçarda-da olary çykardy, hatda olara çörek eltere hem rugsat bermedi. Her bir oba ýörite salgyt ýygnaýan adam iberdi. Olaryň baştutany edip bolsa, iki çörek üçin ýüz adamyny oda ýakyp bilýän we kellesini kesip bilýän bir kişini belledi. Şeýlelikde, her bir mert adam topraga garyldy. Adamlaryň at-abraýyny we malyny şemala sowurdy. Uly-kiçä güýjünden daşgary salgyt töletdi. Her hili azaplar, gulak-burun kesmeler başlandy. Garyplaryň ahyndan çykýan tüsseler asmany doldurdy. Dogan doganyň gaýgysyny edip bilmeýärdi. Dogany ýanyp durka, şol oda garamakdan başga çäreleri ýokdy. Ne kakasy oglunyň pikirini, ne dogan-garyndaş birek-biregiň aladasyny edip bilýärdi. Gözleriniň alynda olaryň ganlary dökülse hem seslerini çykaryp bilmeýärdiler. Ol birnäçe gün Gaznada bolanda şu

[1] Milady ýyl hasabynda 1244-nji ýyla gabat gelýär.

aýatyň manysyny gözleri bilen gördüler: «Ol günde kişi öz aga-inisinden hem, enesi we atasyndan hem, hatynydyr bala-çagasyndan hem gaçar»[1]. Adamlar hatda öz çagalaryny hem girew berýärdiler we özlerini satýardylar. Bir kişä ölmezinden öň salgyt salnypdyr. Ol ölenden soň ony gubruna salmaga taýýarlanyp oturan wagtlary salgyt ýygnaýjylar gelip, onuň salgydyny üzmegini talap edýärler. Emma hiç kimden ses çykmaýar. Salgyt ýygnaýjylar soňra onuň kepenini alyp gidýärler. Öli bolsa şol durşuna galýar. Garyplardan hem-de ýoksullardan birnäçe adamlar çäre tapman, yslam şyhy Jemaleddin Jiliniň ýanyna, metjide barýarlar (goý, Allatagala onuň saýasyny musulmanlara hemişelik etsin!) Adamlar: «Bu zalyma pent beriň» diýip, oňa ýüz tutýarlar. Şyh biraz pikir edenden soň, mübärek dilleri bilen şeýle sözleri aýdýar: «Şeýle daşlar bar ki, olardan çeşmeler atylyp çykar, ýene şeýleräkleri bar ki, ýarylyp, içinden suw çykýar, ýene şeýlesi bar ki, Alladan gorkusyna aşak gaçýar. Alla edýän amallaryňyzdan gapyl däldir»[2]. Onuň ýüreginde bagt we imanyň nury ýok. Şonuň üçin oňa pent-nesihat täsir etmeýär. Ýagmyryň hara daşyna[3] täsir etmeýşi ýalydyr. Emma siziň ýüregiňiz ir säherde atylan ok ýaly asuda bolsun. Zulum gören adamlaryň ahy-nalasy doga we ok bolup, onuň diriligine tarap atylar. Ýöne onuň ýarasy görnenok. Emma men hem şu hadysada siz bilen bilelikde we bu sütemde şärik bolanlygym üçin öz aýlygymdan, ýagny eziz diwandan berilýän puldan (goý, ol köşgüň yzzaty hemişelik bolsun!) bary-ýogy bäş dinar galypdyr. Şondan başga öýümde, diriligimde gizläp goýan zadym ýoklugy zerarly şolaryň baryny size berýärin».

Şerepeddin eline düşen zady aldy. Soňra ol ýerden Reýe gitdi. Ol ýerde hem musulmanlaryň malyny erbet ýol bilen talap alyp, olary yzygiderli horlady. Aýallaryň ýüzlerini açyp, er-

[1] Gurhanyň 80-nji («Abasa») süresiniň 34-35-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 2-nji («Sygyr») süresiniň 74-nji aýaty.
[3] Hara daşy – bu daşa hiç bir apy-tupan täsir etmeýär.

kekleri aýakýalaň edip, öýlerinden daş çykaryp, olaryň zadyny taladylar. Başga ýerlerden, şeýle-de Yspyhan, Kum, Keşan, Hemedan ýaly welaýatlardan salgyt alýan adamlar ýetip geldiler hem-de ol ýerden tapan zatlaryny aldylar. Şerepeddiniň görkezmesi bilen getirilen zatlary jemagat metjiniň töweregine ýygnadylar. Şol wagt mal-garalary-da metjide saldylar. Alnan zatlaryň üsti ýapylmandy. Şerepeddin metjidiň düşeklerini alyp, şol zatlaryň üstüne atmagy buýurdy. Bu wakalardan soňra, Damgan tarapyna gidýärler hem-de bir adamy özlerinden öňürti Damganyň häkiminden salgyt almaga ugradýarlar. Ýöne olaryň salan salgydy Damgan adamlarynyň mümkinçiliginden daşdady. Salgyt ýygnaýjylar ol ýere ýeten wagtlary erkekleri aýagyndan we aýallary synasyndan asýarlar. Damganyň adamlary şäheri olara tabşyryp, gaçyp gitmäge mejbur boldular. Dinsizler Damgana girýärler. Birnäçe adamlary öldürýärler we birnäçelerini bolsa dagyň ýanyndaky gala äkidýärler. Galanyň suw ýoluny bekläp, ony ýykyp-ýumrup, onuň ýerine galla ekýärler. Obalary we öýleri weýran edýärler. Amulyň, Astrabadyň we Kabudjamyň başyna hem şeýle belalary salýarlar.

Şerepeddin Mahmyt şany jebir-sütem bilen alynýan salgytlary almak üçin Esferaýyn, Jüweýn, Jajrem we Jurbat şäherlerine ugratdy. Ol ýerler Nyzamylmülke degişlidi. Mahmyt şa şaýy bilen sünni adamlaryň arasynda aç-açan duşmançylygyň bardygyny görüp, özüniň emirler bilen öňden galan duşmançylygy bardygy sebäpli, ol ýerde zulum oduny ýakypdyr welin, Hajjajyň[1] ýüzüni agardypdyr. Köp adamlary gara topraga gardy. Mal-mülküni elinden alyp, garyp-gasar etdi. Köpüsiniň atabraýyny dökdi.

Şerepeddin Mälik Ygtyýareddini tutmak üçin bir adam ugratdy. Onuň mal-mülküni elinden alyp, öldürmäge buýruk ber-

[1] Hajjaj – Beni Umeýe halypalaryndan bolan zalym patyşanyň ady.

di. Astewa diýen ýere ýetenlerinde Maşadyň ýanynda düşleýärler. Ol Maşadyň[1] hyzmatkäri Emir Argunyň ýanyna barýar.

Emir Argun onuň başynda sadaka bermek üçin bir sygry satyn almaga perman berdi. Emir Argunyň beren permany bu akylsyz we hudaýsyz adama ýetende, ol şu permany getiren hyzmatkäriň gulagyna birnäçe ýumruk urmaklygy buýurdy. Ol huşundan gidip ýykyldy.

Nowruzdan bir aý geçenden soň, mal-garalary bakyp, Tus şäherine geldi. Töwrizde tapylan kesel günbe-günden güýçlenip, onuň özi zordan aýaklarynyň üstünde durup bilýärdi. Ölüm perişdesi ajal dişlerini igeläp, kaza dilinde şeýle diýýärdi: «Ölüm penjeleri ýakaňdan tutan wagty hiç bir doga-dileg oňa çäre tapyp bilmez».

Ahyrynda bedeniň güýji gaçyp ýumrulyp barýardy. Keseliň güýji artyp, başy ýassyga ýetdi we ýiti gözi kör boldy.

Günäsizleriň ganyny käseläp içdiň,
Indi käsäni aýlamagyň wagty geldi.

Ol ölüm ýassygynda ýatan wagty hem gaflat pagtasyny gulagyndan aýyrmaýardy, kanagat garny doýmaýardy. Şeýle-de bolsa, agzyny açyp, dilini saýradyp, «pylanydan pylança alyň we pylança bersin» diýýärdi. Iň soňunda nobat öz maşgalasyna ýetdi. Ol öz aýalyndan hem on dinar almaklygy tabşyrdy.

Emma azap ony gurşap alypdy. Tebipler bu derdiň dermany ýok diýdiler, onuň öz içinde ölüm perişdesi haýbat atýardy. Ölüm duşmany bilen söweşmek we ýeňmek mümkin däldigini bilip, birnäçe adamlary ýanyna çagyryp, Emir Argunyň adyna wesýetnama ýazdy: «Iş jana ýetdi we dert dermandan geçdi. Men işiň kada-kanunlaryny düzdüm we her kime salgyt saldym. Eger şol salgytlardan başyň saçy ýaly az alynsa, onda iş-

[1] Bu ýerde Ymam Ryza Alynyň gubury göz öňünde tutulýar.

leriň düýbi ýykylyp-ýumrular. Şol geňeş edilen toparlary hiç hili ötünçlerini kabul etmän ýok etmeli». Bu habar Emir Arguna ýetmänkä, ol Allatagalanyň jähennem oduna tarap ylgady.

Emir Argun onuň salan sargytlaryny ýatyrdy. Bendileri boşatdy. Ähli adamlar Şerepeddiniň ölümini özleriniň ýeten asudalygy hasapladylar. Bu bela getiren adamyň aradan çykmagyna tebigatyň ýagşylyklarynyň öwezi diýip düşündiler.

Hudaýtagala diýýär: «Derýa-deňizler deň bolmaz — birisi süýji we içmäge ýaramly, başgasy bolsa şor-talhdyr».[1] Hudaýtagala arassadyr, ol her zat islese edip bilýär. Bir tarapdan Şerepeddin ýaly adamlary döredýär we adamlaryň lagnatyna duş edýär. Ýene bir tarapdan Sahyp Mahmyt Ýalawaç ýaly adamlary döredýär we bendeleriniň arzuw-höweslerini amala aşyrýar. Bir toparlaryna şolar ýaly bela, ýene bir toparlaryna gowy nygmatlary berýär.

Şol bedibagt Töwrizdäkä Yrak ýaşulularynyň beýikleriniň biri hasaplanýan Jemaleddin Aly Tefrişi oňa goşulýar. Käbir göripler, duşmanlar we husytlar bu adamyň hakykatdan-da şum aýagy bar diýýärdiler. Adamlar ony halamandyklary sebäpli, ol hemmelerden uzakda, bir çüňkde mesgen tutupdyr. Ýöne onuň bilen pikirdeş we ýardam berendigi üçin uly mertebä eýe boldy. «Elbetde, zalymlar bir-birine dost»[2].

Şerepeddin ölenden köp wagt geçmänkä, ol hem aradan çykýar. Bu zamana barada her kim şygyr ýazýar. Züzajy ady bilen meşhur bolan Töwriz şahyry şu kytgany ýazypdyr:

Eý, gadamlaryň mübärek, Aly jemally
Senden älem şadyman boldy
Tusa çenli sen gitdiň onuň yzyndan,
Ahyry hem senden jan alyp bilmedi.

---

[1] Gurhanyň 35-nji («Fatir») süresiniň 12-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 45-nji («Dyza çöküjiler») süresiniň 19-njy aýaty.

Seniň haýbatyňdan çykyp bilmez,
Eý, hökmirowan zamanaň patyşasy,
senden ýaňa
Töwrizden gaçyp gitdi,
Eý, akyldar jahanyň hojasy,
Eger ol asmana tarap gaçsa-da,
Hiç mahluk senden janyn gutarmaz.

Şerepeddini gören adamlar onuň edim-gylymyndan habarlydyrlar. Şu ýazylan zatlar onuň adatynyň bir mysaly. Müň etmişinden biri. Hudaýtagala pena bolsun! Belki, okyjy ýazyjy köpeldip ýazýar diýmegi hem mümkin. Ýa-da duşmanyň gaýgy-gamyna begenýär diýmegem mümkindir. Ýazyjynyň özi pes we pis adam diýmeklerem mümkin. Pygamber Hezretleri şeýle diýýär: «Duşmanyň gamyna şat bolmak peslikdir». Bu dogry, eger her bir kişi şeýle hatardan gutulsa, onda onuň şatlanmaga-da haky bar.

Ýöne üstünlik gazanýan kişi her bir zada seretse, ondan öz peýdasyny tapar. Şu wakadan hem tejribe almaly. Ýagşy işleriň başyny başlamaly. Eger diniňe, dünýäňe zyýan ýetirjek zat bar bolsa, şol zatlardan daşda durmaly we berhiz saklamaly. Şeýle-de eger Beýik Alla halasa, bu dünýäde atly-abraýly, o dünýäde myratly-maksatly bolmaly.

Sen şeýle ýaşa, ölеňden soň halas
bolaryň ýaly,
Sen beýle ýaşama, ölеňden soň
halas bolarlar ýaly.

## ASYRLARYŇ JÜMMÜŞINDEN ÇYKAN HAZYNA

*Türkmen halkyna ata-babalarymyz baý golýazma mirasyny galdyrypdyr. Ol taryhymyzy, ylmymyzy, medeniýetimizi öwrenmek boýunça gymmatly edebi çeşme we bahasyna ýetip bolmajak milli baýlykdyr.*

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň milli miras taglymaty mirasy öwreniji alymlaryň öňünde türkmen halkynyň geçmiş ruhy-edebi we medeni miraslaryny öwrenmek boýunça anyk wezipeleri goýdy. Bu babatda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama kitaplary, şadiwanlary özleriniň ajaýyp göreldeleri bilen nusgalyk hyzmaty ýerine ýetirýärler. Beýik Serdarymyzyň biziň öňümizde goýan wezipelerinden ugur alyp, halkymyzyň geçmişini açyp görkezýän taryhy eserleri neşir edip halka ýetirmeklik biziň uly borjumyz bolup durýar. Asyrlaryň jümmüşinden çykan taryhy eserleriň biri hem XIII asyryň ýazary Alaýeddin Atamälik Jüweýniniň (1226–1282) «Älem eýeleýjiniň taryhy» («Taryhy jahanguşa») atly kitabydyr.

«Älem eýeleýjiniň taryhy» atly kitap üç jiltden ybarat bolup, taryhy kitaplaryň iň ygtybarlylarynyň biridir. Bu kitap gündogarda gadymy we ýörgünli taryh kitaplarynyň biri hökmünde tanalýar.

Ilki bilen kitabyň ýazary Alaýeddin Atamälik Jüweýni barada aýtsak, onuň asly orta asyrlarda «Sahyp diwanlar maşgalasy» ady bilen meşhur bolan maşgaladandyr. Bu maşgalanyň wekilleri seljuklar hem-de horezmşalar döwründe nesilme-nesil Sahyp diwan wezipesini eýeläpdirler. Bu bolsa «diwan işleriniň ýolbaşçysy» diýmekligi aňladýandyr. Şonuň üçin hem bu wezipe derejesi olaryň atlarynda agzalypdyr.

Atamälik Jüweýniniň babasynyň babasy Müntejibeddin Bedig Kätip seljuklar nesilşalygynyň iň meşhur şasy Soltan Sanjaryň köşgünde kätip hem-de diwanbaşy bolupdyr. Öz kitabynda Jüweýni Müntejibeddin barada ýatlap, onuň gaçgaklyk döwründe Watwata öz öýünde gaçybatalga berip ony ölümden halas edişi barada ýazýar.[1] Atamälik Jüweýniniň garry atasy Şemseddin Muhammet Horezm şasy Alaýeddin Muhammediň Balhdan Nyşapura gaçan wagty hem onuň ýanynda ekeni. Imrüniň ahyrynda Muhammet şa ony Sahyp diwan wezipesine belleýär. Şol wezipede ol Soltan Jelaleddine-de gulluk edipdir. Onuň «Uzyn saçly» atly lakamy bolup, örän tejribeli we öňdengörüji adam bolupdyr. Çingiz han bilen bolan gazaply söweşlerde şowsuzlyga uçran Muhammet şa ýurtdan mejbury ýagdaýda gidip, 1220-nji ýylda Hazar deňziniň adalarynyň birinde aradan çykan wagty hem Jüweýniniň garry atasy onuň ýanynda eken.

Ýazar kakasy Bahaýeddin Muhammet bin Sahyp diwan barada öz eserinde giňişleýin gürrüň berýär. Ol hem öz döwrüniň bilimli adamlarynyň biri bolup, Hulagu hanyň döwründe gösgöni mongol şihneleri[2] tarapyndan şäherlere häkim bellenipdir. Bize gelip ýeten maglumata görä, Körgözden soňky günbatar şäherleriniň täze häkimi Emir Argun Giwegiň ordasyna gideninde Bahaýeddin Muhammet Sahyp diwany öz ornunda

[1] The history of the world-conqueror. By Ala-ad-Din Ata Malik Juweini. Transl. from persian by J.A.Boyle. Vol.1. p.11. Manchester, 1958.

[2] Şihne — şäher gözegçisi.

goýýar we ikinji saparynda Bahaýeddini özi bilen bilelikde orda äkidýär. 1253-nji ýylda Emir Argun ony Yrak we Ýezd ýurtlaryna häkim edip belleýär. Bahaýeddin altmyş ýaşynda aradan çykýar. [1]

Alaýeddin Atamälik Jüweýni, takmynan 1226-njy ýylda Nyşapuryň demirgazyk-günbataryndaky Jüweýn diýen ýerde eneden dogulýar. Ol «Taryhy jahanguşa» kitabyny 1252-nji ýylda, ýagny ýaňy 27 ýaşyndaka Garagurumda ýazyp başlaýar.

Jüweýni Emir Argunyň kätipleriniň biri bolup, ýazar köplenç onuň ýanynda bolupdyr. Emir Argun Jeýhunyň günbatarynda ýerleşen ähli welaýatlara, ýagny Horasana, Mazenderana, Hindistanyň bir bölegine, Yrak, Fars, Kerman, Lur, Arran, Häzirbeýjan, Gürjüstan, Mosul we Halap ýaly ýerlere hökümdarlyk edipdir. Emir Argun hökümdarlyk eden ýyllarynda bäşalty gezek mal-mülküni goýmak üçin mongollaryň baş paýtagty bolan Garaguruma sapara gidýär. Atamälik hem hemişe oňa hemra bolup, 1252-nji ýylda Argun bilen Mengu kaganyň gurultaýyna gatnaşýar. Ol bu sapar döwründe hökümdarlary, hanlary we şazadalary diňe bir daşdan görmek, synlamak bilen çäklenmän, eýsem, olaryň hersi bilen duşuşyp gürrüňdeş bolýar.

Jüweýni syýahat etmek bilen bir hatarda geljekki taryh kitaby üçin maglumat hem toplaýar. Syýahat tamamlanansoň ondan taryhy kitabyny ýazmaklygy haýyş edýärler. Çünki Alaýeddiniň taryhy wakalardan anyk we baý maglumatlary bardy. Ýazaryň seljuklaryň we horezmşalaryň köşgünde dürli wezipelerde işlän kowum-garyndaşlarynyň gürrüňleri we ýazyp galdyran maglumatlary oňa uly kömek berýär. Üstesine-de, ol öz döwrüniň akyldarlarydyr hanlary, danalarydyr ulamalary bilen ýakyn gatnaşykdady. Ol ähli kowumlaryň hekaýatlaryny we rowaýatlaryny, ýolda-yzda eşidenlerini we görenlerini bir ýere

[1] دکتر منصور ثروت " تاریخي جهانگشاي جویني " ایران ١٣٨٣ ص١٢

jemleýär. Şeýle-de, ol dost-ýarlarynyň gürrüňlerini diňläp, şol maglumatlaryň esasynda hem öz taryhy kitabyny döredýär. Atamälik Jüweýni Alamut galalarynyň iň möhümleriniň biri we Ysmaýyl patyşalarynyň şahsy mekany bolan «Meýmundaz» galasy boýun egdirilende, Hulagunyň buýrugyna laýyklykda parahatçylyk jarnamasyny ýazýar.[1]

Ol Alamut ýeňşinden soňra Hüseýin Sebah tarapyndan döredilen ýüz segsen ýaşly kitaphanadan köp sanly taryh kitaplary we beýleki nepis kitaplary ele salýar. Alamut kitaphanasynda saklanýan kitaplardaky möhüm maglumatlar bu eseriň döremegine uly hyzmat edýär. Şeýle-de ýazar öz kitabynda neberesiniň biri bolan Müntejibeddin Bedigiň ýazyp giden taryhy maglumatlaryndan has köp peýdalanýar. Ol Soltan Sanjaryň Horezme ýörişini hut şondan alan maglumatlary esasynda beýan edýär.

Jüweýniniň ýene-de bir salgylanan işi Muhammet Arslan Abbasy al-Horezminiň Horezme hem-de onuň ilatyna bagyşlap (1172) ýazan segsen jiltden ybarat bolan kitabydyr. Muhammet Nejep Bekranyň «Jahannama» atly kitaby Muhammet Horezmşa döwründe ýazylyp, onda Mawerennahr wakalary öz beýanyny tapýar. Ýazar bu kitabyny ýazanda şol çeşmelerden hem önjeýli peýdalanypdyr.[2]

Mongol basybalyşlarynyň ýörişleri Atamälik Jüweýniniň «Älem eýeleýjiniň taryhynda» («Taryhy jahanguşasynda») doly öz beýanyny tapypdyr. «Älem eýeleýjiniň taryhynyň» birinji kitaby «Mongol çozuşlary» ady bilen bellidir. Şeýle seredäýeniňde bu kitap Çingiz hana bagyşlanyp ýazylan ýaly. Dogrudan hem, Jüweýni ony «Älem eýeleýji» diýip atlandyrýar. Hakykatda bolsa, bu kitapda türkmen we beýleki türki halklar, XIII asyryň taryhy wakalary, döwrüň syýasy ýagdaýy barada gym-

---

[1] □ دکتر منصور ثروت " تاريخي جهانگشاي جويني " ايران ۱۳۸۳ ص۱۳

[2] Бартольд В.В. Туркестан в эпоху монгольского нашествия. Соч. т.2. стр.37. Москва, 1963.

matly maglumatlar saklanýar. Çünki, ata-baba sowatly maşgaladan bolan Jüweýni öz gözi bilen gören taryhy wakalaryny, däp-dessurlaryny beýan edipdir. Hut şonuň üçin hem ýazaryň öz ýazyşy ýaly, bu kitapda sapak alar ýaly hereketler, işler juda köp. Ýazar Çingiz hanyň şeýle derejä ýetmeginiň sebäplerini esaslandyrýar. Onuň durmuşy bilen baglanyşykly wakalary beýan edýär. Jüweýni Çingiz handan ozal mongol-tatarlaryň gözgyny durmuşda garyp ýaşandygyny nygtaýar. Çingiz hana dagynyk taýpalary birleşdirmek başardypdyr. Jüweýni Çingiz hanyň hiç bir mezhebe uýmandygyny, onuň ogullarynyň bolsa islän dini mezheplerine uýandyklaryny ýörite belleýär.

Jüweýni Çingiz hana aýratyn sarpa goýmandyr. Tersine, Abywert, Saragt, Köneürgenç, Mary ýaly şol döwrüň meşhur şäherleriniň weýran edilşi, günäsiz halkyň agyr durmuşy Jüweýnini gynandyrýar. Onuň mongol basybalyjylaryna bolan ýirgenjini gizlin setirleriň arasynda duýsa bolýar. Muňa, belki-de Jüweýniniň maşgalasynyň seljuk türkmenleri bilen baglanyşykly bolmagy sebäp bolandyr.

Kitapda Çingiz hanyň permanlarydyr ýörelgeleri barada hem gymmatly maglumatlar berilýär. Çingiz hanyň her hili hileler gurnap, Horezm şalarynyň ýurduna aralaşmagy Merwiň, Köneürgenjiň, Abywerdiň, Saragtyň, Täkiň mongol çapawulçylarynyň gylyjynyň astynda bolmagy Jüweýnini gynandyrypdyr. Kitapda Çingiz hanyň Soltan Jelaleddin bilen söweşi baradaky wakalar hem giň gerim alýar. Jüweýni diňe bir Jelaleddiniň söweşlerini, onuň mertligiň ajaýyp nusgasyny görkezişini nygtaman, eýsem Garaja, Gaýyr han ýaly türkmen emirleriniň hem mongol basybalyjylaryna garşy alyp baran gaýduwsyz söweşlerini ýatlaýar. Mongollar gaýduwsyz türkmen ýigidi Garaja özlerine gulluk etmegi teklip edýärler. Olaryň teklibine Garaja «Siz bize wepa berer ýaly, öz hojaýnyňyza bir wepa berdiňizmi? Biziň size birleşme niýetimiz ýok» diýip jogap berýär. Jüweýniniň «Älem eýeleýjiniň taryhy» atly bu eseri öz

döwründe giňden ýaýrapdyr. Atamälik Jüweýniden soňky taryhçylaryň köpüsi bu eserden peýdalanypdyrlar. Taryhçy Abdylla Fazlallah Wassafyň «Wassafyň taryhy» («Taryhy Wassaf»), Reşideddiniň «Umumy taryh» («Jowamygul taryh»), şeýle-de «Uly taryh» («Taryhy kebir») ýaly ençeme eserler soňra ýazaryň «Taryhy jahanguşasynyň» esasynda döredilipdir.

Eýranly alym doktor Mansur Serwet Atamälik Jüweýniniň «Taryhy jahanguşasyny» 2000-nji ýylda neşire taýýarlaýar.[1] Ol özüniň girişinden ýazar barada şeýle maglumatlar getirýär. «Hulagu han Bagdada hereket edip ýeňiş gazanan wagty (1257) Atamälik onuň ýanynda bolupdyr. Bagdat ýeňşinden bir ýyl soňra Bagdat häkimligi Hulagudan Jüweýnä geçýär. Ol Hulagunyň ömrüniň ahyryna çenli şu wezipede bolýar. Hulagu aradan çykan wagty onuň ogly Abaka wezirligi Atamäligiň dogany Şemseddin Jüweýnä berýär. Bagdat döwletini bolsa mongol emirleriniň birine tabşyrýar. Atamäligi hem onuň orunbasary edip goýýar. On sekiz ýyl (1264-1281) hökümdarlyk eden Abakanyň ömrüniň soňky ýyllarynda Atamälik Jüweýni resmi ýagdaýda garaşsyz Bagdadyň we bütin Arap Yragynyň emiri bolýar.

Alaýeddin Atamälik Jüweýni öz hökümdarlygy döwründe ähli güýç-gaýratyny şäherleriň abadançylygyna we adamlaryň asudalygyna bagyşlaýar. Daýhanlaryň we hünärmentçileriň gerdeninden köp salgytlary aýyrýar. Obalary, ekin meýdanlaryny, suw aryklaryny abadanlaşdyrmakda köp tagalla edýär. Şäheriň ammary bolup hyzmat eden Fyrat[2] suwundan emeli köl gurdurýar. Onuň gözbaşy Bagdadyň günbataryndan başlanyp, ahyry Kufede we Nejepde tamamlanypdyr. Bu işiň çykdajysy ýüz müň dinar gyzyl pula barabar bolup, onuň kenarynda ýüz

---

[1] Doktor Mansur Serwet metini kitabyň Eýranda saklanýan golýazma nusgasy esasynda taýýarlaýar. Ol golýazma 689-njy hijri ýylynda (1290) kätip Reşit Hafy tarapyndan göçürlip alnandyr.

[2] Fyrat — Ýewfrat.

elli sany oba döräpdir. Şeýlelikde, bu mekanlar häkim Jüweýniniň başda durmagy bilen gök ekin meýdanyna we al-ýaşyl öwsüp duran gür baglyga öwrülýär. Bagdat tiz özgerýär. Halyflyk döwründäki weýrançylykdan nam-nyşan galmandygyny şu ýerde aýtmaklyk ýerliklidir.

Atamälik göripler tarapyndan hemişe yzarlanypdyr. Bir gezek ol garşydaşlary tarapyndan hanjar urlup ýaralanýar. Onuň köp duşmany bolup, hökümdaryň öňünde hemişe oňa töhmet atylypdy. Alaýeddin Jüweýniniň maşgalasy öz döwrüniň iň abraýly hem-de meşhur maşgalalarynyň birisidi. Ahyry olaryň hem başyna gara günler gelýär. Atamälik bir-iki gezek gybatçylaryň töhmetine sezewar bolup, oňa zordan aman galmak başardýar. Emma, ahyrynda ýeňiş duşmanlar tarapynda bolýar. Atamäligiň duşmanlarynyň biri Sahyp diwanlar maşgalasynyň elinde terbiýe alan Mejdilmülk Ýezdidir. Ol Atamälik Jüweýnini toplanan baýlygy biderek ýere harç etmeklikde hem-de şol döwürde mongollaryň uly duşmany bolan Müsür hökümeti bilen gatnaşygynyň bardygynda günäkärleýär. Atamäligiň elinden wezipesini we ömürboýy toplan baýlygyny alýarlar.

Jüweýni ömrüniň soňky ýyllaryny örän galagoply geçirip, käte aklanylypdyr, käte bolsa ýene-de günäkärlenipdir. 1282-nji ýylda Alaýeddin Atamälik Jüweýni agyr kesele sezewar bolup aradan çykýar. Netijede, Jüweýniniň nebereleri Bagdatda orun tapmaýarlar. Onuň ýokary wezipeleri eýelän dogany Şemseddin Jüweýni hem jezalandyrylyp öldürilýär. Atamäligiň ogly Mansur bilen bilelikde Şemseddiniň ogullary Ferjola, Mesut, Ýahýa, Atabeg hem öz zamanalarynyň pidasy bolýarlar. Agtyklaryndan diňe Zekriýa atly gyzdan başgalary bir sebäp bilen aradan çykýarlar.

Töhmetçi Mejdilmülk Ýezdi köpçülik tarapyndan ýigrenilipdir. Adamlar ony gizlinlikde öldürýärler hem-de beýleki töhmetçilere sapak bolsun diýen niýet bilen, onuň bedeniniň her bir agzasyny bir ülkä iberipdirler. Kellesi Bagdada, dili Töwri-

ze, aýaklary Farsa iberilip, teniniň galan bölekleri bolsa kebap edilip iýlipdir».[1]

Mukaddes Ruhnamada Nuh aleýhyssalamdan gaýdýan türkmen halkynyň jemi 70-den gowrak döwlet döredendigi nygtalýar. Ine, «Älem eýeleýjiniň taryhynyň» «Horezmşalaryň taryhy» atly jildinde şol 70 döwletiň arasynda iň ulularynyň biri bolan Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň taryhy hakynda giňişleýin maglumat berilýär. «Horezmşalaryň taryhy» atlandyrylýan kitap «Taryhy jahanguşa» eseriniň göwrüminiň uly bölegini tutýar.

Mukaddes Ruhnamada Köneürgenç türkmenleriň döwleti hakynda şeýle diýilýär: «**Atsyz bu nesilşalygynda ilkinji hökümdar bolýar, ol garaşsyzlyga ymtylypdyr, ýöne 1138-nji ýyldaky gozgalaň üçin Soltan Sanjar oňa temmi berýär — Köneürgençden kowýar. Emma Atsyz birnäçe wagtdan yzyna dolanýar, şondan soň Köneürgenç şalary garaşsyz hökümdarlyk bolýar. Çingiz han bilen gazaply söweşlerde şowsuzlyga uçran Muhammet şa ýurtdan mejbury ýagdaýda gidip, 1220-nji ýylda Hazar deňziniň adalarynyň birinde aradan çykýar. Onuň ogly Jelaletdin mongol basybalyjylaryna garşy gaýduwsyz söweşip mertligiň ajaýyp nusgasyny görkezipdir**».[2]

Bu kitapda Horezmşalar döwletiniň düýbüni tutujylar Atsyz, Tekeş barada giňişleýin gürrüň açylyp, olaryň öz hökmürowanlyklaryny Seýhun derýasynyň boýunda ýerleşen Jende çenli ýaýradyşy, şeýle hem Horasany, Reýi we Yspyhany basyp alyşlary, Tekeşiň ogly Alaýeddin Muhammediň Garahytaý hanynyň garşysyna alyp baran uruşlary hem-de başdan geçiren wakalary jikme-jik beýan edilýär. Kitapda ünsüňi özüne çekýän pursatlaryň biri-de, Soltan Jelaletdiniň Çingiz hana garşy-

---

[1] دکتر منصور ثروت " تاريخي جهانگشاي جويني " ایران ۱۳۸۳ ص۷ □

[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. s.131. Aşgabat, 2001.

lyk görkezen söweşleri we onuň Gürjüstanda, Bagdatda, Hindistanda başdan geçiren wakalary barada giňişleýin durlup geçilmegidir. Çingiz han Soltan Jelaletdiniň boýun egmezekligini hem-de onuň çäksiz gaýduwsyzlygyny gören wagty ogullaryna: «Ine, atanyň ogly şeýle bolmalydyr» diýip, gyjalat berýär. Olaryň türkmeniň mertligine, gaýduwsyzlygyna, batyrgaýlygyna haýran galyşy buýsançly görkezilýär. Kitapda şeýle hem Köneürgenç türkmenleriniň Rukneddin, Gyýaseddin ýaly beýleki görnükli han-begleri barada-da giňişleýin gürrüň berilýär.

«**Köneürgençli şa Alaýeddiniň gullugynda duran Barak Hajyba 1222-nji ýylda Kermanda öz hökmürowanlygyny ykrar etdirmek başartdy. Bu sene Çingiz hanyň Köneürgenç türkmenleriniň döwletine zarba uran döwrüniň yzýanyna gabat gelýär**»[1] diýip Mukaddes Ruhnamada bellenişi ýaly, bu kitapda mongol Ugadeý tarapyndan Gutlug han derejesini alan Barak Hajybyň we Kermandaky Gutlug han türkmenleriniň taryhy barada hem maglumat berilýär.

Şeýle-de ýazar bu jildinde Horezmşalaryň soltanlarynyň, Garahytaýlylaryň Eýrandaky mongol häkimleriniň taryhyny ýazypdyr. Ýagny bu bölümde Horezmşalar döwletiniň döreýşi, onuň döwran sürüşi barada giňişleýin gürrüň berilýär. Üçünji jiltde, Hulagu hanyň Eýrana ýöriş edişi we Ysmaýyllylaryň taryhy hem-de Mengu kagan we onuň döwrüniň wakalary, Hulagunyň dowamy baradaky taryhy maglumatlar öz beýanyny tapýar.

Eýranly taryhçy doktor Mansur Serweti «Taryhy jahanguşa» diňe bir taryhy kitap däl-de, eýsem ol bir hasratnamadyr»[2] diýip, onuň hasratly kitapdygyny belleýär.

Sarpaly Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Atalyk aladasy bilen türkmen halkyna öz geçmişini, taryhyny,

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. s.133. Aşgabat, 2001.
[2] دکتر منصور ثروت " تاريخي جهانگشاي جويني " ايران ١٣٨٣ ص١١ □

edebi mirasyny öwrenmeklige giň mümkinçilik döredi. Onuň başda durmagynda bize, ýagny türkmen halkynyň golýazma mirasyny öwrenijilere hem giň ýol açyldy. Serdarymyzyň başda durmagy bilen türkmen halkyna degişli daşary ýurtlarda saklanylýan golýazmalary öwrenmeklige mümkinçilik döräp, ylmy döredijilik toparlarynyň ol ýurtlara iş saparlary bilen gitmekleri netijesinde türkmen taryhyna, medeniýetine degişli ýüzlerçe golýazmalaryň nusgasy getirildi. Elimizdäki kitap hem Hindistanyň Deli kitaphanasynda saklanýan Alaýeddin Atamälik Jüweýniniň «Älem eýeleýjiniň taryhy» («Taryhy jahanguşa») atly golýazma kitabynyň nusgasy esasynda taýýarlanyldy. Bu golýazma 698-nji hijri ýylynda (1299) göçürilipdir. Türkmeniň şöhratly taryhynyň uly bir bölegi bolan Atamälik Jüweýniniň bu eseri ilkinji gezek türkmen dilinde neşir edilýär.

Şu ýerde terjimeçi hökmünde bir zady belläp geçmekligi ýerlikli hasap edýäris. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyň Mukaddes Ruhnamada: «**Okamak, öwrenmek — durmuş hakynda has düýpli oýlanmakdyr**»[1] diýip, belläp geçişi ýaly, biziň taryhyň gatlaryndaky ýatan wakalary, maglumatlary öwrenip, ony halka ýetirmegimiz hökmanydyr. Okyjynyň Alaýeddin Atamälik Jüweýni mongollaryň Horezmşalary basyp alandan soňky goýup giden dikmelerine gulluk edipdir diýmekligi hem mümkin. Emma biz bu ýerde ýazyjynyň şahsy durmuşyny öwrenmek niýetimiz ýok-da onuň ygtybarly eserindäki türkmen taryhyna degişli wakalary öwrenip, ony halka ýetirmek niýetimiz bar.

**Aýgözel GELDIÝEWA,**
***Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan***
***Milli golýazmalar institutynyň***
***uly ylmy işgäri***

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. s.23. Aşgabat, 2001.

## MAZMUNY

Horezmşalar döwletiniň başlangyjy ........................................9
Atsyz ........................................................................11
Ilarslan .....................................................................22
Soltanşa ....................................................................25
Tekeş ........................................................................26
Sanjarşa ....................................................................31
Alaýeddin Muhammet Horezmşanyň tagta geçmegi...............52
Soltan Şyhabeddiniň öldürilmegi ..........................................61
Gur soltanlygynyň Soltan Muhammediň eline geçmegi .........63
Soltan yzyna dolanandan soňra Härmiliň başdan geçirenleri ..............................................................68
Gözli we onuň işleriniň netijesi ..............................................71
Mazanderanyň we Kermanyň azat edilmegi ..........................75
Mawerannahryň azat edilmegi...............................................77
Soltan Muhammet bilen Kör hanyň ikinji çaknyşygy .............86
Piruzkuha we Gazna ýöriş ....................................................89
Garahytaý hanlary we olaryň gozgalaňlary hem-de betbagtçylyklary ......................................................................91
Soltan Muhammediň başdan geçirenleriniň dowamy we onuň soňky betbagtçylyklary.............................................................98
Soltan Muhammediň möminleriň emiri Nasireddinylla Abu Apbas Ahmetden öýkesiniň sebäpleri .................................120

Soltanlaryň soltany Osmanyň alaçsyzlygy we onuň sebäpleri ........ 123
Soltan Jelaleddin ........ 127
Jelaleddin bilen mongollaryň ýüzbe-ýüz bolmagy ........ 132
Soltan Jelaleddiniň Hindistandaky ahwaly ........ 139
Soltan Jelaleddiniň Bagdada ýörişi ........ 147
Soltan we gürjüler, olaryň ýok edilmegi ........ 151
Soltanyň Gürjüstana dolanmagy ........ 160
Soltanyň Ahlata ýörişi we ol ýerdäki ýeňşi ........ 164
Soltanyň Rum soltanlygynyň garşysyna hereket etmegi ........ 167
Mongollar we soltan ........ 171
Soltan Jelaleddiniň işleriniň ahyrlamagy ........ 176
Ýemin Mälik, Agrak we olaryň işleriniň soňy ........ 178
Soltanyň ejesi Türkan hatyn ........ 183
Soltan Gyýaseddiniň wakasy ........ 186
Soltan Rukneddiniň wakasy ........ 192
Kermanyň azat edilmeginiň beýany we Barak Hajybyň wakasy ........ 194
Jandemiriň ömür beýany we onuň Horasandaky we Mazanderandaky aladalary ........ 200
Nowsalyň ahwaly ........ 205
Körgözüň ahwaly ........ 207
Körgözüň Horasana gelmegi we onuň başdan geçirenleri ........ 218
Emir Argunyň wakasy ........ 223
Uly gurultaýda Emir Argunyň başdan geçirenleri ........ 231
Şerepeddin Horezmliniň ömür beýany ........ 242

*A. Geldiýewa*, Asyrlaryň jümmüşinden çykan hazyna ........ 260

**Alaýeddin Atamälik Jüweýni**

# Älem eýeleýjiniň taryhy
# (Horezmşalaryň taryhy)
**II jilt**

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahabda B. Owganowyň çeken suraty**
**Korrektor G. Annaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 21.12.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 17.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №0000.
A-21611

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.